**B.Karaýew**

# GEOSYÝASY SELJERIŞ WE STRATEGIKI MEÝILLEŞDIRIŞ

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

Türkmenistanyň Bilim ministrligi
tarapyndan hödürlenildi

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 32.001:378
K 26

**Karaýew B.**
**K26 Geosyýasy seljeriş we strategiki meýilleşdiriş.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017

«Geosyýasy seljeriş we strategiki meýilleşdiriş» okuw kitabynda geosyýasy seljeriş we meýilleşdiriş işleriniň ylmy-usuly esaslary, mazmuny we esasy ugurlary açylyp görkezilýär. Geosyýasy çäklerde bolup geçýän ýagdaýlary öwrenmek we olara baha bermek, çaklamalary öňe sürmek we degişli teklipler esasynda uzak möhletleýin maksatnamalary işläp düzmek daşary syýasatda we diplomatiýada strategiki ähmiýetli çäreleri durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýär.

Bu okuw kitaby daşary syýasatda geosyýasy seljeriş we strategiki meýilleşdiriş meselelerini nazary we amaly taýdan özleşdirmek üçin niýetlenendir we onda bu ugurdaky ylmy ýörelgelerden we taglymatlardan gelip çykýan garaýyşlar, şeýle hem geosyýasy seljerişi we strategiki meýilleşdirişi iş ýüzünde amala aşyrmak boýunça zerur maglumatlar ýerleşdirilendir.

Okuw kitaby halkara gatnaşyklaryny we diplomatiýany, hususan-da «Geosyýasy seljeriş we strategiki meýilleşdiriş» dersini öwrenýän ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin niýetlenip, ondan mugallymlar we aspirantlar hem peýdalanyp bilerler.

TDKP № 277, 2017 KBK 66. 01 ýa 73

© B.Karaýew, 2017



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ
# DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim - janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal - ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim - janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň çuňňur paýhasy, başarnykly döwlet syýasaty we tutanýerli işleri netijesinde ösüşiň we bagtyýarlygyň ak ýoly bilen barha öňe tarap barýan Türkmenistan bu gün dünýäde abraýly we uly hormat goýulýan döwlet hökmünde giňden tanalýar. Bitaraplyk, parahatçylyksöýüjilik, deňhukuklylyk we özara bähbitlere hormat goýmaklyk, öz üstüne alan halkara-hukuk borçlaryna gyşarnyksyz eýermeklik Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň esasy ýörelgeleri bolup durýar.

Türkmenistanda Parahatçylyk we bitaraplyk ýyly diýlip yglan edilen 2015-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan hemişelik bitaraplyk halkara-hukuk derejesiniň biragyzdan ykrar edilmeginiň 20 ýyllyk şanly baýramynyň dabaraly bellenmegi türkmen döwletiniň parahatçylyksöýüjilikli daşary-syýasy strategiýasynyň dünýäde uly abraýa eýe bolýandygynyň ýene bir aýdyň şaýady bolup durýar. Türkmenistan özüniň daşary syýasatdaky esasy ýörelgeleriniň biri hökmünde Birleşen Milletler Guramasy bilen oňyn we hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk hem dowam etjekdigini yglan edýär. Bu gün biziň döwletimiz BMG-niň birnäçe ýokary derejeli we ýolbaşçylyk wezipeli düzümleriniň hataryna saýlandy. Olara gatnaşmak bilen, Türkmenistan Milletler Bileleşiginiň çäklerinde bilelikdäki tagallalaryň netijeli bolmagyna, şol sanda parahatçylygyň we howpsuzlygyň, dünýäde durnukly ösüşiň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmakda we çözgütleri kabul etmekde özüniň mynasyp goşandyny goşýar.

Türkmenistanyň wajyp halkara başlangyçlarynyň hatarynda, ilkinji nobatda, parahatçylygy berkitmek we howpsuzlygy üpjün et-

mek, aýratyn hem Merkezi Aziýa we Hazar sebitlerinde hoşniýetli goňşuçylyk hem-de hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny yzygiderli ösdürmek, gapma-garşylyklaryň öňüni almak we olaryň syýasy-diplomatiki ýollar bilen çözülmegine işjeň gatnaşmak, goňşy we doganlyk Owganystandaky ýagdaýy parahatçylykly we syýasy ýollar bilen kadalaşdyrmak, bu ýurdy durmuş-ykdysady taýdan dikeltmäge ýardam bermek, sebitiň energiýa, ulag-aragatnaşyk, ekologiýa meseleleri babatynda öňe süren teklipleri we başlangyçlary barha giň goldawa eýe bolýar.

Türkmenistanyň Prezidenti ýurdumyzyň daşary-syýasy strategiýasynyň üstünlikli amala aşyrylmagynda maglumat-seljeriş işleriniň düýpli we ylmy esasda alnyp barylmagynyň uly ähmiýete eýe bolup durýandygyna aýratyn ünsi çekýär. Milli Liderimiz bu işiň netijeli ýollarynyň biri hökmünde halkara maglumatlary babatda oýlanyşykly we jogapkärli döwlet syýasatyny amala aşyrmak, daşary ýurt köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, bilermenler bileleşigi, seljeriş we syýasatşynaslyk merkezleri bilen arkalaşykly hyzmatdaşlyk etmegiň döwrebap, şu günki günüň talaplaryna laýyk gelýän usullaryny döretmek wezipesini öňde goýýar. Bu babatda Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň netijeli işlemegi boýunça uly talaplar bildirilýär.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynyň ähli ugurlarynda gazanýan üstünliklerinde yzygiderli geçirilýän seljeriş işleriniň we strategiki meýilleşdirişiň mynasyp orny bardyr. Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» žurnalynyň 2011-nji ýylda çykan ilkinji sanyndaky «Türkmen diplomatiýasynyň wezipeleri» atly makalasynda seljeriş işiniň wajyplygyna ünsi çekmek bilen şeýle diýýär: *«Türkmenistanyň daşary syýasatynyň dürli taraplaryny, biziň halkara başlangyçlarymyzy aýdyň görkezýän hakyky we ygtybarly maglumatlary dünýä jemgyýetçiligine ýetirmek babatyndaky zerur bolan işleri ýerine ýetirmek we degişli şertleri üpjün etmek aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Bu wezipäni çözmegiň netijeli usullarynyň biri hem halkara maglumatlar ulgamynda oýlanyşykly we jogapkärli döwlet syýasatyny amala aşyrmak, daşary ýurtly köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, bilermenler*

*bileleşikleri, seljeriş we syýasaty öwreniş merkezleri bilen gatnaşyk etmegiň döwrebap, häzirki zamanyň talaplaryna laýyk gelýän gurallary döretmek bilen bagly bolup durýar. Türkmenistan içeri we daşary syýasatyň ähli jähtleri boýunça ýetýän belent sepgitlerine daýanmak bilen, özüni okgunly ösýän, durnukly, parahatçylyk söýüji we açyk döwlet hökmünde dünýäniň maglumatlar giňişliginde ulgamlaýyn we uzakmöhletleýin esasda has işjeň görkezip bilýär we görkezmeli*».

Milli Liderimiz bu işe döwlet derejesinde badalga bermäge we Türkmenistanyň halkara maglumat giňişliginde özüniň mynasyp ornuny eýelemegi üçin şertleri döretmäge gönükdirilen anyk ädimleriň amala aşyrylmagynyň zerur bolup durýanlygyny nygtamak bilen: «*Türkmenistanda halkara we sebit ylmy-barlaglarynyň Milli syýasaty öwreniş merkezini döretmek hakyndaky meselä jikme-jik garamak zerur. Syýasy bilermençilik babatynda halkara durmuşyna işjeň gatnaşmak we politologik hem-de žurnalistik toparlarda ýokary hünär ussatlygy görkezmek arkaly dünýä we sebit syýasatynyň ol ýa-da beýleki meseleleri boýunça Türkmenistanyň çemeleşmelerini daşary ýurt jemgyýetçiliginiň dykgatyna ýetirmeklik bu Merkeziň esasy wezipesi bolmalydyr*» diýip özüniň ýokarda agzalan makalasynda belledi.

Hormatly döwlet Baştutanymyz zerur halatlarda öňdengörijilik bilen hereket etmegi, halkara ulgamynda bolup geçýän wakalardan hemişe habarly bolmagy, şoňa görä-de, seljeriş işlerini düýpli güýçlendirmegi talap edýär. Türkmenistanyň Prezidenti 2012-nji ýylyň 10-njy dekabrynda geçirilen ýurdumyzyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda «*Häzirki döwürde biziň öňümizde giň gerimli, möhüm wezipeler durýar. Şol wezipeler halkara giňişliginde Türkmenistanyň milli bähbitlerine anyk düşünmegi, dünýäde bolup geçýän wakalara häzirki we geljek döwrüň nukdaýnazaryndan baha bermegi, her bir ýurduň, her bir sebitiň aýratynlyklaryny düýpli öwrenmegi we bilmegi hem-de olara düşünmegi talap edýär*» diýip, aýratyn nygtap geçdi.

Hemmetaraplaýyn we düýpli seljeriş işlerini geçirmezden, şeýle hem hemmetaraplaýyn esaslandyrylan strategiki meýilleşdirişi taýýarlamazdan daşary syýasaty we degişlilikde diplomatiýa maksatnamalaryny durmuşa geçirmekligi göz öňüne getirip bolmaýar. Şunuň bilen baglylykda, geosyýasy seljeriş we strategiki meýilleşdiriş daşary syýasatyň üstünlikli we maksada okgunly alnyp barylmagynyň esasynda durýar.

# BIRINJI BÖLÜM

# HALKARA GATNAŞYKLARY ULGAMYNY GEOSYÝASY WE STRATEGIKI NUKDAÝ-NAZARDAN SELJERMEK

## §1. Geosyýasy seljerişiň we strategiki meýilleşdirişiň ylmy-usuly esaslary

Geosyýasy seljerişiň we strategiki meýilleşdirişiň ylmy-usuly esaslary barada aýdylanda, ilki bilen taryh, filosofiýa we syýasy ylymlaryň binýatlyk orny göz öňünde tutulsa ýerlikli bolar. Sebäbi islendik sebitdäki geosyýasy ýagdaýlara göz ýetirmek we olary seljermek üçin bolup geçýän wakalaryň düýp sebäplerini, taryhy köklerini we ulgamlaýyn arabaglanyşyklaryny öwrenmek zerurdyr. Mundan başga-da, geosyýasy seljerişi netijeli alyp barmak üçin akyl ýetiriş we logika, jemgyýeti öwreniş, sosiologiýa, geografiýa, takyk ylymlar ýaly ugurlardan hem baş alyp çykmak gerek.

Meşhur taryhçy A.Toýnbiniň (iňlisçe: Arnold Joseph Toynbee, 1889–1975) belleýşine görä, adamzat jemgyýetiniň gurluşy we hereket ediş kanunalaýyklyklary gurşap alýan tebigatdan köp derejede tapawutlydyr. Şonuň üçin hem, adamzat jemgyýetini öwrenmek üçin ilkinji nobatda, ynsanperwerlik ylymlarynyň usullary ulanylýar. Onuň aýtmagyna görä, adamzat jemgyýetini öwrenmekde taryh ylmyna ilkinji orun degişlidir. Sebäbi asyrlar we ýyllar bilen ölçenilýän taryh dürli wakalaryň yzy kesilmeýän dowamlylygyna eýedir. Hereketiň bu görnüşi bolsa, köplenç halatda, öňünden çaklamasy kyn bolan häsiýete eýedir.

Gadymy grek akyldary, taryhyň atasy hasaplanýan Gerodotyň eserleri mundan 2500 ýyla golaý ozal ýazylan hem bolsa, olar häzirki zamanyň köp meselelerine düşünmeklige kömek edýär. Onuň meşhur

«Taryh» atly kitabynda gadymy dünýäniň ençeme künjeklerinde, şol sanda häzirki Türkmenistanyň çäklerinde hem bolup geçen wakalar beýan edilýär. Olarda geosyýasy taýdan uly ähmiýeti bolan seljerişler hem berilýär.

Geosyýasy seljerişiň esasynda duran ylymlaryň biri hem filosofiýadyr. Mysal üçin, halkara gatnaşyklary ulgamynda, şol sanda onuň geosyýasy çäklerinde bolup geçýän wakalaryň gelip çykyşy, olaryň sebit we dünýä syýasatyna täsiri filosofiýanyň «sebäp-netije» kanunynyň logikasyny görkezýär. Mundan başga-da, filosofiki nukdaýnazardan, geosyýasy seljerişiň we strategiki meýilleşdirişiň aýrylmaz bölegi bolup durýan çaklaýyş işinde «taryhy wagt» we «geosyýasy giňişlik» düşünjelerine örän ähmiýetli orun degişlidir. Şu nukdaýnazardan, «wagtyň yza gaýtmagy», «wakalaryň öz döwründen öňe gitmegi», «wagt oky», «taryhyň gaýtalanmagy», «geosyýasy giňişligiň daralmagy» ýaly düşünjeler hem üns bererlik bolup durýar. Şu nukdaýnazardan, dürli sebitlerdäki siwilizasion we syýasy-jemgyýetçilik gurluşlar, ykdysady-tehnologiki ösüş we ýaşaýyş-durmuş derejeleri özara deňeşdirilende olara laýyk gelýän we dogry häsiýetlendirýän düşünjeler ulanylýar.

A.Toýnbiniň «Siwilizasiýa akyl ýetirmek» kitabynda nygtaýşy ýaly, käbir geosyýasy ýagdaýlaryň esasynda ýatan sebäpleriň on-onbäş ýyllyk taryhy bolsa, düýpli geosyýasy akymlary emele getirýän kökleriň gözbaşlary müňýyllyklaryň jümmüşine çenli uzap gidýär. Belli türk alymy Oral Sanderiň «Syýasy taryh» eserinde belleýşine görä, geçmişde bolup geçen wakalar baradaky maglumatlary toplamak, seljermek we ulgamlaşdyrmak arkaly taryhy ösüşe baha berilýär.

Halkara syýasatynyň ösüş taryhyny we häzirki zaman kanunalaýyklyklaryny geosyýasy nukdaýnazardan öwrenmek we seljermek örän wajyp ähmiýete eýedir. Onuň çäklerinde dürli sebitlerdäki döwletleriň jemgyýetçilik-syýasy gurluşlary, olaryň geosyýasy täsirleri hasaba alynýar. Soňky onýyllyklaryň dowamynda global ösüşiň çaltlaşmagy bilen, halkara syýasy ösüşiň diskret özgerişi baradaky düşünje has hem derwaýys häsiýete eýe boldy. Diskret özgeriş, ewolýusion ösüşden tapawutlylykda, bellibir sebitdäki ýa-da ulgamdaky wakalaryň gysga wagtyň içinde çür.t-kesik üýtgemegi bilen bag-

lydyr. Olara seljeriş bermek we öňünden çaklaýyş işini geçirmek şu günki döwrüň möhüm talaby bolup durýar.

Halkara syýasatynyň häzirki zaman ösüşiniň esasy aýratynlyklarynyň biri hem dünýäde bolup geçýän globallaşma ýagdaýlarynyň dürli yklymlardaky geosyýasy şertlere täsir etmegi bolup durýar. Globallaşma halkara ulgamynda umumylaşmak hadysalary bilen bilelikde dürli gapma-garşylyklaryň hem artmagyna alyp barýar. Olar ýurtlaryň, sebitleriň we yklymlaryň ykdysady we tehnologiki deňsizligi, medeni we ahlak gymmatlyklarynyň özara tapawutly bolmagy we başga-da ençeme sebäpler bilen utgaşyp gidýär. Haýsydyr bir ýerde bolup geçýän wakalar global derejede öz täsirini çalt ýaýradýar we munuň özi ilki bilen söwda-ykdysady, maliýe we maglumat-aragatnaşyk ulgamynda aýdyň ýüze çykýar. Sebitleriň we ýurtlaryň içki ýagdaýlaryna daşardan basyş edýän güýçleriň täsiri artýar.

Ýokarda aýdylanlar bilen baglylykda, halkara syýasatynyň taryhyny öwrenmek hem-de olara filosofiki taýdan baha bermek düýpli geosyýasy seljeriş üçin wajyp ähmiýete eýedir. Mälim bolşy ýaly, halkara syýasatynyň taryhy dünýä taryhy bilen kybapdaş bolup, özüniň köklerini örän gadymy döwürlerden bäri alyp gaýdýar. Halkara syýasatynyň taryhy ösüşi iki sany esasy güýjüň özara arabaglanyşygyny görkezýär. Bu ýagdaýa kähalatlarda «syýasy taryhyň iki ýüzi» hem diýilýär. Onuň manysy obýektiw we subýektiw faktorlaryň özara utgaşykly gelmegi bilen baglydyr, ýagny:

1. Durmuş hakykatyndan we höküm sürýän şahsyýetleriň syýasy garaýyşlaryndan, isleg-bähbitlerinden emele gelýän syýasat;

2. Beýik akyldarlaryň paýhasy bilen döwlet we jemgyýet, syýasat we adalatly hukuk tertibi baradaky adamzat ideallaryna tarap gönükdirilen syýasat baradaky garaýyşlaryň ösmegi we kämilleşmegi.

Taryhy öwrenmek meselesi diňe bir bolup geçen wakalary beýan etmek bilen çäklenmeýär. Oral Sanderiň häsiýetlendirmesine görä, taryhçy alym asyrlarboýy bolup geçen wakalary hronologiki we ulgamlaýyn esasda ylmy-barlagdan geçirmelidir. Onuň netijeleri soňra seljerişden geçirilýär we teswirlenilýär. Taryhy wakalaryň arasyndan wajyp ähmiýetli we ikinji derejeli faktlar tapawutlandyrylýar. Şeýle çemeleşmek bilen alnan täze bilimler taryh ylmyny baýlaşdyrmak bilen

bilelikde, şu günki günüň derwaýys meselelerine hem jogap bermäge hem köp babatda ukyplydyr. Şeýlelik bilen, taryhy öwrenmekligiň özi, ilkinji nobatda, öň bolup geçen wakalara seljeriş bermekdir we olaryň sebäplerini hem-de kanunalaýyklyklaryny anyklamakdyr. Bu babatda, filosofiýanyň ýokarda ýatlanan «sebäp-netije» kanuny hem herekete girýär.

Häzirki zamanyň geosyýasy gapma-garşylyklarynyň birnäçe esasy sebäpleri seljerilende, XIX-XX asyrlaryň çylşyrymly wakalarynyň jümmüşine ser salmaly bolýar. Olary hemmetaraplaýyn öwrenmek bilen, şu günki bolup geçýän ençeme dawaly ýagdaýlaryň taryhy köklerini yzarlamak bolýar. Täze müňýyllygyň başynda hem halkara güýç deňagramlylygy köp babatda geçen asyryň geosyýasy akymlarynyň täsiri astynda bolmagyny dowam edýär. Mysal üçin, aşakda görkezilen ýagdaýlar dünýäniň käbir ýerlerinde ýüz berýän geosyýasy dartgynlyklarynyň esasynda durup biler:

1. Dünýäde tebigy gorlara, aýratyn hem energiýa çeşmelerine eýe bolmak ýa-da olary golastyna geçirmek ugrundaky global bäsdeşligiň ýitileşmegi;

2. «Sowuk urşuň» tamamlanmagy netijesinde ABŞ-nyň global täsiriniň aňrybaş derejä çykmagy hem-de täze dörän «güýç merkezleriniň» özara gatnaşyklarynyň çylşyrymlaşmagy;

3. Ýewropa Bileleşigi ulgamynda merkezleşdiriji hereketleriň güýçlenmegi bilen birlikde, onda maliýe-ykdysady we ynsanperwerlik meseleleriniň ýitileşmegi;

4. Dünýäniň ösüp gelýän iri döwletleriniň, ykdysady kuwwatlyklarynyň artmagy bilen bilelikde, olaryň geosyýasy ymtylmalarynyň güýçlenmegi.

Geosyýasy seljeriş üçin örän köp dürli daşary-syýasy ýagdaýlary we olaryň esasynda durýan şertleri hasaba almaly bolýar. Şunuň bilen baglylykda, öwrenilýän sebitdäki wakalaryň arasyndan wajyplaryny seljeriş üçin saýlap almak we olary ulgamlaşdyryp ylmy-barlagdan geçirmek uly ähmiýetli wezipedir. Her bir taryhy döwürde emele gelýän halkara-syýasy akymlary öwrenmek geljekki döwrüň keşbini emele getirmekde bellibir tapgyr bolup hyzmat edýär. Şeýlelik bilen, häzirki zaman geosyýasy wakalarynyň astynda düýpli taryhy sebäpleriň duranlygyna ünsi çekmek zerurdyr.

Ol sebäpleri seljermek esasynda geosyýasy kanunalaýyklar ýüze çykarylýar. Bu örän çylşyrymly meseledir, sebäbi jemgyýetçilik we taryhy ösüşi öwrenmekde binýatlyk ýa-da takyk ylymlaryndaky ýaly göze gürnüp duran kanunlary anyklamak kyndyr. Mysal üçin, fizikada bar bolan Arhimediň ýa-da Nýutonuň kanunlary ykrar edildi we olar dürli teoremalar arkaly subut edilendir. Emma döwleti we jemgyýeti herekete getirýän kanunlary gysga matematiki aňlatmalar arkaly beýan etmek mümkin däldir. Muny bir mysal arkaly has aýdyň görkezip bolar. Mysal üçin, ýeriň dartyş güýji kanunyna laýyklykda, bir alma ýokary zyňylsa, onuň wertikal ugur boýunça ýere düşjek nokadyny kesgitläp bolýar. Emma edil şonuň ýaly synagy guş ýelegi bilen geçirmek aňsat däldir. Howada ýeňillik bilen ýokardan aşak gaýmalap gelýän ýelegiň ýere düşjek soňky nokadyny anyk kesgitläp bolmaýar we bu barada diňe takmynan aýdyp bolar.

Eger-de tebigy ýa-da takyk ylymlarda dürli kanunlar we teoremalar ýörite hasaplamalar we synag-tejribe esasda açylýan bolsa, jemgyýetçilik-syýasy ylymlarynda bu ýol bilen ylmy açyşlary amala aşyrmak mümkin däl diýen ýalydyr. Sebäbi syýasy ösüşde synag ýa-da eksperiment işleri uly töwekelçilik bolup durýar we olar gönüden-göni jemgyýetçilik we döwlet, halkyň ýaşaýyş-durmuşy bilen baglydyr. Şu munasybetli hem geosyýasy ýagdaýlar öwrenilende, taryhda bolup geçen ähmiýetli wakalar, olaryň sebäpleri we emele gelen dürli geosyýasy akymlar özara aýrylmaz arabaglanyşykda seljerilýär.

Şeýlelik bilen, geosyýasy ýagdaýlaryň kanunalaýyklyklaryny ýüze çykarmakda bolup geçen wakalaryň, olaryň sebäpleriniň, emele gelen netijeleriň özara baglanyşyklarynyň yzygiderli logikasyny yzarlamak arkaly seljeriş geçirmek köp babatda zerur bolup durýar. Wakalaryň netijeleri bolsa bir ugra gönükmek bilen geosyýasy akymlary emele getirýär. Olaryň gözbaşyny we döreýiş şertlerini anyklamak dürli sebitlerdäki geosyýasy ýagdaýlaryň taryhyndan şu güne çenli, şu günden bolsa ertire tarap ösüş ugruny kesgitlemäge ýardam berýär.

A.Toýnbiniň nygtaýşy ýaly, taryhy herekete getiriji güýçler milli derejelerden has ýokarda durýandyr we olaryň çeşmeleri çuňňur sebäpler bilen düşündirilýär. Şonuň üçin hem olar milli derejeden has giň çäklerde - tutuş adamzat jemgyýetiniň ösüşi nukdaýnazaryndan öwrenilmelidir. Şol bir wagtda hem ol güýçleriň her bir aýratyn

alnan milli çäklerde dürli görnüşde ýüze çykýanlygyna üns bermek zerurdyr.

Geosyýasy seljerişde syýasaty öwreniş ylymlarynyň hem tutýan orny uludyr. Bu jähtden dürli sebitlerde ýa-da sebitara giňişliklerde ýerleşen döwletleriň jemgyýetçilik-syýasy gurluşlary, milli-medeni aýratynlyklary we başga-da olara mahsus häsiýetnamalary öwrenilýär. Şeýle hem, her bir döwletiň özboluşly taryhy-siwilizasion, milli-medeni, dini-ahlak we jemgyýetçilik-syýasy aýratynlyklary bardyr. Olar ençeme ýyllaryň dowamynda emele gelen binýatlara daýanýarlar we geosyýasy ýörelgelerde hem öz beýanyny tapýarlar.

Bir sebitiň çäklerinde dürli medeni-siwilizasion görnüşe degişli we özara tapawutly ösüş derejesinde bolan döwletleriň özara ýanaşyk ýerleşmekleri hem geosyýasy babatda çylşyrymly ýagdaýlaryň emele gelmegine sebäp bolup biler. Aýratyn-da, iri siwilizasiýalaryň özara galtaşýan sebitlerine degişli geosyýasy seljerişi geçirmek meselesi özboluşly talaplary öňe sürýär.

Mälim bolşy ýaly, siwilizasiýa düşünjesi adamzat jemgyýetiniň bellibir taryhy tapgyrda ýeten syýasy-jemgyýetçilik we medeni-ynsanperwerlik, şeýle-de ykdysady-önümçilik derejesi bilen baglydyr. Taryhdan görnüşi ýaly, dürli döwürlerde bellibir siwilizasiýalar we olara degişli iri döwletler dünýäniň syýasy sahnasyna çykýarlar. Siwilizasiýalar olara mahsus bolan häsiýetlere görä atlandyrylýar we bu babatda milli, geografiki, dini, döwlet gurluşy, ýaşaýyş medeniýeti ýaly aýratynlyklara esasy orun berilýär. Mysal üçin, müsür, şumer, hytaý, maýa, minoý, gadymy grek we rim, musulman we hristian ýa-da Gündogar we Günbatar siwilizasiýalarynyň dürli taryhy eýýamlarda adamzadyň ösüşini kesgitländiklerini aýdyp bolar.

Global derejedäki kuwwatly döwletleriň bähbitleriniň özara çapraz gelmegi bilen döreýän geosyýasy gapma-garşylyklar halkara ýagdaýyna we güýç deňagramlylyk ulgamyna düýpli täsir edýärler. Munuň şeýledigini subut etmek bilen meşhur amerikan alymy Samuel Hantington özüniň «siwilizasiýalaryň çaknyşygy» atly konsepsiýasyny öňe sürdi. Bu konsepsiýa barada geljekki bölümlerde has giňräk gürrüň ediler. Dünýä syýasatyndaky siwilizasion häsiýetli aratapawutlar aýratyn hem XX asyryň ikinji ýarymynda globallaşma ýagdaýlarynyň çürt-kesik çaltlaşmagy bilen has-da aýdyň ýüze çy-

kyp ugrady. Bu babatda harby-syýasy nukdaýnazardan mälim bolan «sowuk urşy» we dini-medeni nukdaýnazardan häsiýetlendirilen Ýakyn we Orta Gündogarda emele gelen «günbatarlaşma garşy» hereketleri görkezip bolar.

Soňky ýyllarda Ýewropa kontinentiniň ýurtlary bilen Ýakyn Gündogar we Demirgazyk Afrika sebitleriniň arasyndaky dini-siwilizasion gatnaşyklar çylşyrymly häsiýete eýe bolýar. Globallaşma şertlerinde dünýäniň ösen döwletleri we «üçünji dünýä» atlandyrylýan topluma degişli ýurtlaryň arasyndaky durmuş-ykdysady we milli-medeni tapawutlar hem geosyýasy derejelere göterilýän gapma-garşylyklara sebäp bolup bilýärler.

Geosyýasy seljerişde we strategiki meýilleşdirişde dünýäde harby-syýasy tertibiň gurluşyna hem üns bermek zerur. Bu ýerde «harby» sözüniň ilkinji orunda goýulmagynyň sebäbini görkezýän bir hakykat bar. Harby-syýasy tertip düşünjesi dünýä syýasatynda güýç faktorynyň agdyklyk edýänligini aňladýar we onuň esasynda hem harby kuwwatyň durýanlygyndan gelip çykýar. Köplenç halatda, dünýäniň harby-syýasy tertibi özara gapma-garşy duran we güýç deňeçerligine eýe bolan taraplaryň gatnaşygyny aňladýar. Deňagramlylygyň dürli taraplaryny görkezýän güýç merkezleri bolsa «polýuslar» düşünjesi arkaly beýan edilýär. Mysal üçin, imperiýalaryň ýa-da global döwletleriň, iri siwilizasion merkezleriň özara gatnaşyklara girişmegi bilen emele gelen dünýä tertibi adatça iki ýa-da köp polýarlylyk nukdaýnazaryndan seredilýär. Meşhur rus alymy we diplomaty Ý.M.Primakowyň (rusça: Е.М.Примаков, 1929–2015) pikirine görä, käbir global merkezleriň ýeke polýarlylyk dünýä tertibi baradaky garaýyşlara eýerýänligine garamazdan, dünýä tertibi soňky ýyllara çenli, esasan, köp polýarly ýa-da iki polýarly görnüşde dowam edip geldi.

Şeýlelik bilen, birnäçe jemleýji netijeleri görkezip bolar, ýagny:

1. Her bir sebitiň ösüşine we onuň çäklerinde şu günki bolup geçýän ýagdaýlara göz ýetirmek üçin olaryň esasynda ýatan taryhy-siwilizasion kökleri seljermek zerur;

2. Geosyýasy giňişlikdäki dürli bileleşikleriniň we ýaranlyklaryň döremeginde hem olaryň uzak asyrlaryň dowamynda emele gelen umumylyklaryna uly orun degişlidir;

2. Sargyt № 850

3. Halkara ulgamynda bolup geçýän wakalary filosofiýanyň «sebäp-netije» kanuny nukdaýnazaryndan hem seljermek zerur. Munuň özi köp babatda şu günki ýagdaýlara göz ýetirmeklige we olaryň geljekki ösüşi baradaky çaklamalary işläp düzmeklige mümkinçilik berýär;

4. Geosyýasy giňişligiň düzümi ony emele getirýän döwlet, medeni-siwilizasion we jemgyýetçilik-syýasy gurluşlary nukdaýnazarynda birmeňzeş däldir;

5. Geosyýasy giňişlik dünýädäki harby-syýasy tertibiň täsiri astynda bolýar we gapma-garşylykly polýuslaryň ortasyna düşende dartgynly ýagdaýa eýe bolýar.

***Barlag üçin soraglar we ýumuş***

*1. Binýatlyk ylymlar hakynda näme aýdyp bilersiňiz?*
*2. A.Toýnbiniň taryhy logikasy barada aýdyp beriň.*
*3. Tebigatyň we jemgyýetiň kanunlarynyň özara tapawudy barmy we ol nämede ýüze çykýar?*

## §2. Halkara gatnaşyklarynyň geosyýasy ölçegi

Dünýä syýasatyna syn berlende, ilkinji nobatda, halkara gatnaşyklary ulgamynyň geosyýasy ýagdaýyna seljeriş bermek zerurdyr. Bu ýerde «halkara syýasaty», «dünýä syýasaty» we «global syýasat» diýen düşünjeleri hem özara tapawutlandyryp geçmek ýerliklidir. *Halkara syýasaty* bu, esasan, döwletara gatnaşyklarynyň syýasatydyr. Onuň çäklerinde ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklar alnyp barylýar. *Dünýä syýasaty* bu has giň mazmuna eýe bolmak bilen, ol ähli halkara gatnaşyklary ulgamy üçin umumy bolan syýasaty öz içine alýar. Muňa hökümete degişli bolmadyk we dünýä derejesinde hereket edýän halkara guramalary, transmilli we transkontinental aktorlar, ýagny gatnaşyjy taraplar, hem girýärler. *Global syýasat* bolsa has umumy we jemleýji häsiýete eýe bolmak bilen, ol halkara we dünýä syýasatyny öz içine alýar.

Geçen asyryň 80-nji ýyllaryndan başlap dünýäniň syýasy sahnasynda hereket edýän güýçleriň özara gatnaşygy we halkara gatnaşyklary ulgamynyň geosyýasy gurluşy üýtgäp ugrady.

Degişlilikde dürli sebitlerdäki geosyýasy ýagdaýlar hem düýbünden diýen ýaly özgerdi.

Bu ýagdaýlara düşünmek üçin, ilki bilen, Ikinji Jahan urşunyň netijelerine syn bermek zerur. Hususan-da, bu uruşdan soňra halkara gatnaşyklary ulgamy, esasan üç sany iri topara bölündi. Olar degişlilikde «birinji dünýä», «ikinji dünýä» we «üçünji dünýä» diýlip atlandyryldy. *Birinji dünýä* Günbatar Ýewropa, Demirgazyk Amerika, Ýaponiýa we Awstraliýa döwletleri girdi. Olar syýasy we ykdysady taýdan dünýäde iň ösen döwletler bolup durýardylar. Şeýle hem bu topar iň ýokary «deňiz kuwwatyna» eýe bolan döwletlerden durýar. Birinji dünýäniň ýurtlary Demirgazyk ýarymşardaky Atlantik ummanyň iki kenaryna agalyk etmek bilen Ýuwaş ummanyň hem esli bölegini öz gözegçiligi astynda saklaýardylar. Şunuň bilen baglylykda, olar deňiz gatnawlarynyň we aragatnaşyklarynyň, deňiz söwdasynyň ol sebitlerde ýerleşen ähli çäklerini öz ellerine geçiripdiler.

*Ikinji dünýä* toparyna, esasan, kommunistik gurluşly döwletler, şol sanda öňki Sowet Soýuzy we Gündogar Ýewropa döwletleri, şeýle hem Hytaý, Günorta-Gündogar Aziýanyň käbir ýurtlary we Kuba girýärdi. Bu döwletlerde merkezleşdirilen dolandyryş we ykdysadyýet esasy orunda durýardy. Geosyýasy taýdan baha berlende Ikinji dünýäniň merkezi Ýewraziýa yklymynyň giňişligini öz içine alýardy.

Birinji we Ikinji dünýäniň arasyndaky gatnaşyklar, ilkinji nobatda, ideologiki gapma-garşylyk häsiýetine eýedi we olaryň mazmuny taryhda «sowuk uruş» ady bilen belli boldy.

*Üçünji dünýä* toparyna Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy yklymlarynyň ösüp barýan ýa-da ösüş taýdan gowşak bolan ýurtlary girýärdi. Olar, esasan, Ikinji Jahan urşundan soňra dünýä syýasy sahnasynda kolonializmden azat bolan we senagat-tehnologiýa babatynda ösüşden yza galan ýurtlardy. Üçünji dünýäniň ýurtlary dünýä bazaryna, ilkinji nobatda, çig mal we arzan işçi güýjüni teklip ediji bolup durýardylar.

Geosyýasy nukdaýnazardan, şol wagtky dowam eden halkara gatnaşyklary ulgamyna «iki merkezli» ýa-da «bipolýar» ulgam diýilýärdi. Ol merkezler hökmünde bolsa ABŞ we Sowet Soýuzy çykyş edýärdiler. XX asyryň 90-njy ýyllarynyň başynda sowet döwletiniň dargamagy bilen «sowuk uruş» hem tamamlandy hasap-

lanýar. Munuň özi bolsa geogasyýasy taýdan Amerikany ýeňiji hökmünde yglan etmäge we bir polýarly global ulgamyň emele gelenligini tassyklamaga esas döretdi. Mysal üçin bu garaýyş Z.Bzežinskiniň (iňlisçe: Zbigniew Brzezinski, 1928-2017) «Uly küşt tagtasy» (iňlisçe: The Grand Chessboard: American Primacy and Its Geostrategic Imperatives. Basic Books. 1997) atly kitabynda aýdyň öňe sürüldi.

Emma soňky 10–15 ýylyň dowamynda dünýäde, aýratyn hem onuň aýgytlaýjy sebitlerinde, bolup geçen wakalar köp polýarly ulgamyň emele gelýänligini görkezdi. Ýewgeniý Primakow özüniň eserlerinde we dürli çykyşlarynda bu ýagdaýy subut etdi. Onuň pikiriçe, şu günki dünýä asla bir polýarly bolup bilmez we siwilizasion ösüşi diňe köp polýarly halkara ulgamy üpjün edip biler. Ol öňki Sowet Soýuzynyň ýykylmagynda ABŞ-nyň täsirinden beter, kommunistik düzgüniň içinden ýumrulmagyna iteren sebäpleriň esasy orun alandygyny düşündirdi.

Şeýlelik bilen, XXI asyryň başynda eýýäm düýbünden başgaça geosyýasy ýagdaý emele geldi. Käbir bilermenleriň garaýyşlaryna görä täze ýüzýyllykda «köp merkezli» dünýä ýa-da «multipolýar» güýç deňagramlylygynyň ilkinji alamatlary döräp ugrady.

Şeýle merkezler hökmünde ABŞ, Hytaý we Russiýa, olardan başga-da Ýewropa Bileleşigi, Uzak Gündogardaky, Günorta-Gündogar Aziýadaky iri birleşmeler hasap edilýär. Bu ýagdaý ilki bilen BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşinde «weto» hukugyna eýe bolan bäş döwletiň şu günki dünýä syýasatynyň ugruny kesgitlemekdäki aýgytlaýjy ornuny görkezýär.

Köp polýarly ulgamda, gürrüňsiz, ABŞ öňdeligi saklamagyny dowam edýär. Ol dünýäniň harby-syýasy taýdan iň kuwwatly, tehnologiki taýdan iň ösen, baý we täsirli döwlet bolmagynda galýar. Şol bir wagtda-da, Ýewropa Bileleşiginiň döwletleri, aýratyn hem Germaniýa Federatiw Respublikasy halkara meselelerini çözmeklige işjeň gatnaşýar. Munuň özi bolsa, Ýewropanyň däp bolan täsirli ornunyň saklanyp galýanlygyna, hatda, bellibir derejede güýçlenýänligine şaýatlyk edýär. Aslynda, Ýewropa yklymy adamzat taryhynda, ilki bilen dünýä syýasatynyň ösüşinde aýratyn orny eýeleýär we ol geosyýasat babatynda hem dogrudyr. Mälim bolşy ýaly, geografiki taýdan Ýewropanyň çäkleriniň 25% ýarymadalar tutýar (Skandi-

nawiýa, Pireneý, Appennin we beýlekiler). Bu bolsa Ýewropanyň käbir döwletlerine ösen deňiz flotuny döretmäge esas boldy. Mysal üçin, Beýik Britaniýa, Ispaniýa we Portugaliýa deňizde uly kuwwata eýe boldular.

Geçen asyryň 80–90-njy ýyllarynda bolup geçen wakalar netijesinde Ýewropanyň geosyýasy kartasynyň düýbünden üýtgemegi hem tutuş dünýä syýasatynyň täze keşbiniň emele gelmegine uly täsir etdi.

Geosyýasy nukdaýnazardan Ýewropa dürli häsiýetnamalar berilýär we olar dürli konsepsiýalaryň esasyny emele getirdiler. *Birinji konsepsiýa* görä Ýewropa hususan-da ösen we kuwwatly Günbatar Ýewropa nukdaýnazaryndan seredilýär we onuň taryhy kökleri IX asyrdaky Beýik Karlyň döreden imperiýasyna tarap uzap gidýär. Häzirki zaman görnüşinde bu yklymyň syýasy giňişligi, esasan, Ýewropa Birleşiginiň çäkleri bilen düşündirilýär. Beýik Britaniýanyň 2016-njy ýylda geçirilen referendumyň netijesine görä Ýewropa Bileleşiginden çykmak barada karara gelmegi dürli çaklamalaryň döremegine getiren hem bolsa, yklymyň geosyýasy kuwwatynyň peselmejekligi barada aýdylýar. Russiýanyň günbatar bölegi geografiki taýdan Ýewropa girýän hem bolsa, bu yklymyň geosyýasy ölçeginde oňa uly orun berilmeýär.

*Ikinji konsepsiýa* görä Ýewropa Polşadan Portugaliýa çenli uzaýar. Bu konsepsiýa Russiýa döwletini Ýewropa syýasy giňişliginden daşgary çäklere tutuşlygyna çykarýar. Ýewropa işlerinde uly täsiri bolan ABŞ-ny hem hasaba almaýanlygy üçin bu konsepsiýa köp geosyýasy meseleleri seljermekde kynçylyklary döredýär.

*Üçünji konsepsiýa* 1958–1969-njy ýyllarda Fransiýanyň prezidenti bolan Şarl de Gollyň (Fransuzça: Charles de Gaulle) öňe süren «Atlantikadan Urala çenli» diýen garaýşyndan ugur alýar. Şarl de Gol Ýewropada ABŞ-nyň agalyk etmegine garşy çykýardy we hatda ol 1966-njy ýylda Fransiýany NATO-nyň harby düzüminden aýyrmagy başarypdy.

*Dördünji konsepsiýa* «Helsinki Ýewropasy» adyny aldy we ol 1975-nji ýylda kabul edilen Helsinki Jarnamasyna esaslanýar. Bu konsepsiýa «sowuk uruş» döwründe gapma-garşy duran taraplaryň arasyndaky dartgynlygy gowşatmaga uly ýardam beripdi.

Umuman aýdylanda, häzirki taryhy döwürde köp polýarly halkara syýasy ulgamynyň döreýänligi barada anyk aýdyp bolar we

ol Amerika, Ýewropa we Aziýa yklymlarynyň öňdebaryjy syýasy merkezleriniň işjeňliginiň artmagy bilen düşündirilýär.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Halkara syýasatynyň we dünýä syýasatynyň umumylyklary we özara tapawutlary nähili ýüze çykýar?*
*2. Dünýä syýasatynda dürli döwletler nähili häsiýetlendirilýär?*
*3. Ýewropa barada haýsy konsepsiýalar bar?*

## §3. Merkezi Aziýa sebitiniň geosyýasy aýratynlyklary we strategiki taýdan özüne çekijiligi

Dünýäniň geosyýasy keşbi barada aýdylanda, Merkezi Aziýanyň strategiki taýdan wajyp sebit bolup durýanlygyny ýatlamak ýerliklidir. Bu sebit geografiki taýdan hem, geosyýasy taýdan hem asyrlarboýy dünýäniň özüne çekiji giňişlikleriniň biri bolup durýar.

«Merkezi Aziýa» düşünjesiniň birnäçe ölçegleriniň bardygyny bellemek gerek we olaryň arasynda taryhy, geografiki, ykdysady we syýasy ölçegler aýratyn ähmiýete eýedir.

Häzirki günlerde täze keşbe eýe bolan we ösüş ýoly bilen barýan Merkezi Aziýa sebiti taryhy nukdaýnazardan çarwa halklaryň döreden siwilizasiýalarynyň ojagydyr. Munuň subutnamasy hökmünde beýik imperiýalaryň paýtagt şäherleriniň ýadygärlikleri, Hytaýdan Rime çenli uzap giden Ýüpek ýolunyň geçen ugurlaryny görkezip bolar. Merkezi Aziýanyň ençeme syýasy-medeni we söwda merkezlerinde, şol sanda gadymy Ürgençde, Merwde, Nusaýda, Abiwerdde, Şährislamda, Ýewraziýanyň dürli künjeklerinden gelen adamlar duşuşypdyrlar. Mongol basybalyjylygyna çenli Merkezi Aziýa dünýäniň iň ösen ykdysady we medeni merkezi bolup hyzmat edipdir.

Merkezi Aziýanyň, şol sanda Türkmenistanyň çäkleri gadymy döwürlerden bäri halkara gatnaşyklarynda we dünýä syýasatynda özüne çekiji häsiýete eýe bolup gelipdir. Bu barada gadymy grek taryhçylary Gerodotyň, Ksenofontyň we beýlekileriň eserlerinde hem ýatlanylyp geçilýär. Merkezi Aziýa babatyndaky geosyýasy bäsleşik aýratyn hem XIX asyryň ortalarynda we ikinji ýarymynda ýüze beren «Uly oýun» döwründe has ýiti ýüze çykdy. Bu babatda, Londonda

1879-njy ýylda ilkinji gezek we 1977-nji ýylda gaýtadan çap edilen «Türkmenleriň ýurdy. Patyşalygyň geografiki jemgyýetiniň barlaglarynyň antologiýasy» (iňlisçe: «The Country of the Turkomans. An anthology of exploration from the Royal Geographical Society») atly ýygyndyda, meşhur britan žurnalisti we taryhçysy Piter Hopkirkiň (iňlisçe: Peter Hopkirk, 1930–2014) «Uly oýun. Merkezi Aziýada imperiýa ugrundaky göreş» («The Great Game. The struggle for Empire in Central Asia») atly kitabynda aýdyň görmek bolýar.

Aslynda «Uly oýun» düşünjesini ilkinji gezek britan Ost-Ind kompaniýasynda işlän harby gullukçy Artur Konolli (iňlisçe: Arthur Conolly, 1807–1842) dolanyşyga girizipdi. Ol Bombeýiň gubernatoryna iberen hatynyň nusgasynyň gyrasynda «The Great Game» sözüni owadanlap ýazypdyr. «Uly oýun» jümlesiniň giňden ýaýramagy bolsa meşhur iňlis ýazyjysy Redýard Kiplingiň (iňlisçe: Joseph Rudyard Kipling, 1865–1936) döredijiligi bilen baglanyşdyrylýar. Ol özüniň 1901-nji ýylda çap edilen «Kim» atly eserinde şeýle sözleri galdyrypdyr: «Indi men Uly oýny oýnamak bilen hindi topragyndan Demirgazyga tarap barha we barha uzaklaşýaryn».

Geografiki nukdaýnazardan Merkezi Aziýanyň çäklerine meşhur german alymy Fridrih Gumbolt (nemesçe: Friedrich Wilhelm Heinrich Alexander Freiherr von Humboldt, 1769–1859) ilkinji gezek ylmy kesgitleme berdi. Ol özüniň bu sebitdäki ylmy-barlaglarynyň netijelerini «Merkezi Aziýa» atly 3-tomluk eserinde beýan etdi. Häzirki wagtda, UNESCO-nyň kesgitlemesine görä, Merkezi Aziýa sebitiniň geografiki giňişlikleri Mongoliýany, Günbatar Hytaýy, Penjaby, Kaşmiri, demirgazyk Hindistany we demirgazyk Pakistany, demirgazyk-gündogar Eýrany, Owganystany, Russiýanyň günorta tokaýlyk böleginiň Aziýa çäklerini, öňki Orta Aziýa girýän Türkmenistany, Özbegistany, Gazagystany, Gyrgyzystany we Täjigistany öz içine alýar.

Syýasy nukdaýnazardan bolsa Merkezi Aziýa diýlende Türkmenistanyň, Gazagystanyň, Özbegistanyň, Gyrgyzystanyň we Täjigistanyň çäkleri göz öňünde tutulýar. Amerikan alymy Frederik Starryň öňe süren garaýyşlaryna görä, soňky döwürlerde geosyýasatçylar tarapyndan «Uly Merkezi Aziýa» düşünjesi hem ýörgünli häsiýete eýe boldy. Uly Merkezi Aziýanyň çäklerine Owganystan we Pakis-

tan hem girizilýär. ABŞ-nyň Döwlet departamentinde birnäçe bölüm birleşdirilip «Merkezi we Günorta Aziýa» atly bölüm hem döredildi. Şol bir wagtda, Merkezi Aziýa bilen Hazar deňzi basseýniniň hem ýakyn arabaglanyşygyny bellemek zerur. Mysal üçin, durnukly ösüşi we halkara howpsuzlygyny üpjün etmek meseleleri babatynda Merkezi Aziýa sebitiniň we Hazar deňziniň kenarýaka döwletleriniň çäkleri bilelikde we özara aýrylmaz baglanyşykly häsiýetde seredilýär.

Ykdysady taýdan Merkezi Aziýa dünýä derejesinde wajyp ulag-aragatnaşyk ähmiýetli yklymara çatryk bolup hyzmat edýär. Munuň şeýledigine ençeme iri taslamalaryň, şol sanda Türkmenistanyň başlangyçlary bilen amala aşyrylýanlygyny mysal getirip bolar. Merkezi Aziýanyň möhüm ulag-üstaşyr çatrygynda ýerleşmegi we ägirt uly energiýa çeşmelerine eýe bolmagy onuň geosyýasy taýdan ähmiýetiniň barha artmagyna esas bolup durýar.

Sebitde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek wezipesi häzirki döwürde halkara gün tertibiniň derwaýys meselesi bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidenti ýakyn ýyllarda Owganystanda uzakmöhletleýin parahatçylygy, durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmek boýunça tagallalaryň birleşdirilmegine, bu goňşy döwletiň içki gapma-garşylyklaryny parahatçylykly syýasy-diplomatiki serişdeler bilen kadalaşdyrmaga, ykdysadyýeti we durmuş ulgamyny dikeltmäge, ynsanperwer meseleleri çözmäge gönükdirilen has ysnyşykly halkara utgaşdyryş çäreleriniň zerur boljakdygyny aýratyn nygtaýar. Türkmenistanyň teklibi bilen ştab-kwartirasy Aşgabatda döredilen BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasynyň Sebit merkeziniň hem işiniň esasy ugurlarynyň biri owgan meselesiniň çözgüdini tapmak bolup durýar. Türkmenistan Owganystanda ykdysadyýeti we durmuş ulgamyny dikeltmäge, ynsanperwer meseleleri çözmäge gönükdirilen has ysnyşykly halkara utgaşdyryş başlangyçlary bilen çykyş edýär we bu ugurda ähli zerur tagallalary amala aşyrýar.

Türkmenistanyň Lideri sebit howpsuzlygy babatynda çynlakaý garaýyşlary öňe sürýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Şanhaý hyzmatdaşlyk guramasynyň agzalary bolup durýan döwletleriň baştutanlarynyň Geňeşiniň 2012-nji ýylyň 7-nji iýunynda Pekin şäherinde bolan mejlisinde eden çykyşynda

şeýle diýdi: «*Türkmenistan Beýik Ýüpek ýolunyň edil merkezinde ýerleşmek hem-de Ýewropa bilen Aziýany baglanyşdyrýan ýurt bolmak bilen, bu ugurda taryhy taýdan möhüm orny eýeläpdir. Häzirki döwürde, biziň günlerimizde Beýik Ýüpek ýoluna, onuň mynasyp geljegine aýratyn ähmiýet bermek üçin syýasy hem-de ykdysady mümkinçilikler bar. Ol biziň ýurtlarymyzyň häzirki we geljekki ösüşini baglanyşdyrýan kuwwatly gural bolmalydyr*».

Hazarýaka döwletleriniň Baştutanlarynyň 2014-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda Astrahan şäherinde bolan IV sammitindäki çykyşynda hem Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow sebit meseleleri barada aýratyn nygtamak bilen şeýle diýdi: «*Häzirki wagtda Hazar sebitiniň Ýewraziýa yklymyndaky uly ulag ulgamy hökmündäki ähmiýeti has-da artýar. Munuň özi strategiki ugur bolup, Hazarýaka ýurtlarynyň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklary has-da ösdürmek, şeýle hem bu ýurtlaryň dünýä bazarlaryna çykmagy boýunça oňaýly mümkinçilikleri döredýär. Şunda ulag ulgamy boýunça Hazarýaka döwletleriniň arasyndaky gatnaşyklaryň düýpgöter täze ulgamyny döretmek barada gürrüň gidýär. Biziň ýurtlarymyzyň çäkleri Aziýany Ýewropa bilen baglanyşdyryp, «Gündogar – Günbatar» we «Demirgazyk – Günorta» ugurlary boýunça ulag – üstaşyr we söwda geçelgeleriniň netijeli peýdalanylmagyny üpjün edýän tebigy geografiki giňişlik bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, ýakyn wagtda biziň döwletlerimiz Hazar, Gara we Baltika deňizleriniň arasynda täze ulag geçelgelerini döretmek üçin öz tagallalaryny birikdirmeli bolar diýip hasaplaýaryn*».

Şeýlelik bilen, Merkezi Aziýa sebiti dünýäde özüne çekiji we geosyýasy taýdan örän uly ähmiýetli sebit bolup durýar. Bu sebitde parahatçylygy berkitmek we howpsuzlygy üpjün etmek ýaly derwaýys wezipäni berjaý etmekde bitarap Türkmensitan hem özüniň mynasyp goşandyny goşýar.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Merkezi Aziýa geografiki we syýasy taýdan nähili häsiýetlendirilýär?*
*2. «Uly oýun» düşünjesiniň manysy nämede?*
*3. Merkezi Aziýanyň geosyýasy wajyplygy nähili ýüze çykýar?*

## §4. Türkmenistanyň geosyýasy artykmaçlyklary we olaryň ähmiýeti

Merkezi Aziýa, şol sanda Türkmenistan geosyýasy we geoykdysady nukdaýnazarlardan häzirki zaman dünýä syýasatynda örän möhüm ähmiýete eýedir. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow «Bitaraplyk we öňüni alyş diplomatiýasy: parahatçylygyň we howpsuzlygyň esaslary» atly 2012-nji ýylyň 11-nji dekabrynda Aşgabatda bolup geçen halkara maslahatynda edilen çykyşda bu barada aýratyn nygtap geçdi. Hususan-da, milli Liderimiz Türkmenistanyň bitaraplygynyň parahatçylykly hereket edýän guralyna öwrülendigine ünsi çekmek bilen şeýle diýidi: «*Wagt Türkmenistanyň bitaraplyk derejesiniň parahatçylyk we howpsuzlyk şertlerinde Birleşen Milletler Guramasynyň uzak-möhletleýin maksatlaryna hem-de dünýäniň döwletleriniň we halklarynyň ösüşiniň bähbitlerine laýyk gelýändigini görkezdi. Türkmen bitaraplygy biziň sebitimizde halkara parahatçylyk we döredijilik tagallalarynyň möhüm şertine öwrüldi*».

Türkmenistan sebitdäki dawaly ýagdaýlary onyň çözmeklige we dartgynlygy gowşatmaklyga uly goşant goşýar. Bu babatda aýratyn hem geçen asyryň 90-njy ýyllarynda paýtagtymyz Aşgabatda BMG-niň howandarlygynda parahatçylygy dikeltmek baradaky halkara gepleşikleriň birnäçe tapgyrynyň geçirilendigini ýatlamak zerurdyr. Hususan-da, Täjigistanda parahatçylygy we milli ylalaşygy gazanmakda möhüm orun eýelän gepleşikleriň birnäçe tapgyrynyň Aşgabatda geçirilmegi bu döwletde soňlugy bilen parahatçylygy gazanmaga barýan ýeňil bolmadyk ýolda geçilen esasy tapgyrlaryň biri boldy. Goňşy Owganystanyň içindäki gapma-garşylyklary kadalaşdyrmak boýunça Türkmenistanda geçirilen gepleşikler hem biziň döwletimiziň parahatçylygy döredijilik güýjüniň netijeli ulanylmagynyň mysaly boldy.

Türkmenistan sebitde syýasy durnuklylygy saklamak, hoşniýetli goňşuçylygy, dostlugy we hyzmatdaşlygy ösdürmek işinde BMG-niň ygtybarly we netijeli hyzmatdaşyna öwrüldi. Munuň özi BMG-niň Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Merkezi Aziýa üçin sebit merkezini Aşgabatda açmak baradaky çözgütde hem öz beýanyny tapdy.

Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň bu Sebit merkezini döretmek başlangyjy bilen çykyş etdi we onuň ştab-kwartirasynyň ýerleşjek ýeri hökmünde Aşgabady teklip etdi. Şunuň bilen baglylykda, iki sany düýpli delile üns bermek zerurdyr.

*Birinjiden*, munuň özi dünýä bileleşiginiň Merkezi Aziýadaky parahatçylyk döredijilik tagallalarynyň yzygiderli häsiýetli bolmagyny üpjün etmek, olary BMG-niň derejesinde berkitmek zerurlygy bilen baglanyşyklydyr. Bu Merkez sebitde gapma-garşylyklaryň öňüni almak we olary aradan aýyrmak babatda degişli halkara-hukuk derejesine hem-de ygtyýarlyklara eýe bolan täsirli we netijeli syýasy-diplomatiki gural bolup durýar.

*Ikinjiden*, şeýle merkeziň döredilmegi bitaraplyk daşary syýasatynyň we öňüni alyş diplomatiýasynyň maksatlarynyň umumylygyna, sebit we ählumumy derejede parahatçylygy hem-de howpsuzlygy saklamagyň möhüm şertleri hökmünde olaryň biri-biriniň üstüni ýetirýändigine şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň çäkleriniň taryhyň asyrlarça jümmüşinden bäri geosyýasy taýdan özüne çekiji bolup gelendigini we häzir hem şeýle bolmagynda galýandygyny bellemek ýerlikli bolar. Bu barada gadymy hytaý we arap, grek we rim taryhçylarynyň we serkerdeleriniň ýylýazgylaryndan we ýolýazgylaryndan görmek bolýar. Mundan başga-da, Ýewropanyň giçki orta asyrlarda halkara syýasatyna işjeň girişmegi bilen düşündirilýän Merkezi Aziýa babatynda gyzyklanmalaryň ösendigini hem ýatlamak gerek. Dürli ýewropaly syýahatçylaryň, şol sanda, rus, britan we fransuz diplomatlarynyň, Rim papasynyň wekilleriniň, söwdagärleriň, alymlaryň we ýazyjylaryň, inženerleriň we harbylaryň ýazgylaryndan hem türkmen topragy we halky baradaky gyzykly ýazgylara duşmak bolýar. Meşhur britan alymlarynyň we syýasatçylarynyň türkmen topragyna we onuň geosyýasy ähmiýetine bolan gyzyklanmalary dürli makalalarda, ylmy işlerde we analitiki-seljeriş resminamalarynda öz beýanyny tapdy. Olaryň bir bölegi hem aýratyn neşir görnüşinde çap edildi. Bu barada ýokarda ýatlanylyp geçilen 1879-njy ýylda Londonda neşir edilen «Türkmenleriň ýurdy» atly uly möçberli kitaby mysal getirip bolar. Ol kitap 1977-nji ýylda Londonda gaýtadan çap edildi.

Britaniýada Merkezi Aziýa baradaky käbir maglumatlar 1558-nji ýylda bu sebitlere gelip gören kapitan-general Entoni Jenkinsonyň (iňlisçe: captain-general Anthony Jenkinson) ýolýazgylaryndan mälim bolupdyr. Ol Londondan Russiýa tarap Ak deňziň üsti bilen ugran Britaniýanyň Moskwa bilen hyzmatdaşlyk etmäge niýetlenen kompaniýasyna ýolbaşçylyk edipdir. Jenkinson Russiýada bolmak bilen, onuň günorta çäklerinden geçip Hazar deňzine ýetipdir. Ol bu ýerden türkmen topragyna aýlanyp, soňra Hywa we Buhara bazarlaryna çenli barypdyr. Mundan başga-da, Pýotr Birinjiniň hyzmatyna giren iňlis deňizçisi Piter Brýus (iňlisçe: Peter Bruce) 1722-nji ýylda Hazar deňziniň türkmen kenarlaryna barypdyr we ol ýerdäki türkmen taýpalary barada giňişleýin hasabat ýazyp galdyrypdyr.

Gündogary öwreniji meşhur britan alymy ser Genri Roulinson (iňlisçe: Henry Creswicke Rawlinson, 1810–1895) özüniň «Merwe tarap ýol» atly ýolýazgylarynda Hazar deňziniň günorta-gündogar sebitiniň örän gadymy döwürlerden bäri syýasy we geografiki taýdan özüne çekiji bolanlygyny belläp geçýär. Roulinson, ilkinji nobatda, bu sebitleriň Ýewropa bilen Aziýanyň arasyndaky iň gysga ýol bolup durýanlygy barada nygtaýar. Gerodotyň «Taryh» eserine salgylanmak bilen ol Hazar deňziniň, Garagum çölüniň, şeýle hem Amyderýanyň (gadymy grek: Oksus) we Syrderýanyň (gadymy grek: Araksus) töwerekleriniň Beýik Aleksandryň egindeşi bolan serkerde Selewk tarapyndan hem öwrenilendigini belleýär. Selewkiň deňiz serkerdesi Patroklyň barlaglaryna görä, Amyderýadan we Syrderýadan suwlanýan Aral deňzinden gözbaş alyp gaýdýan Uzboý derýasy Hazar deňzine gelip guýýan eken. Bu derýanyň uzynlygy gadymy grek ölçegi bilen 80 parsaň ýa-da 2400 stadiýa, iňlis ölçegi bilen 240 mil ýa-da 400 kilometre golaý bolupdyr.

Häzirki zaman şertlerinde Türkmenistanyň geosyýasy taýdan artykmaçlyklary we dünýäde özüne çekijiligi barha artýar. Sebäbi Türkmenistan Ýewropa bilen Aziýa yklymlarynyň birleşýän ýerinde örän oňaýly geografiki merkezde ýerleşendir. Ýurduň çäkleri «Gündogar-Günbatar» we «Demirgazyk-Günorta» ugurlary boýunça geçýän global ähmiýetli ulag-aragatnaşyk we söwda-ykdysady ýollarynyň çatrygy bolup hyzmat edýär.

Häzirki döwürde Türkmenistan dünýäde abraýly we uly hormata mynasyp bolan döwletleriň biridir. Biziň ýurdumyz sebitde durnukly ösüşi we howpsuzlygy üpjün etmekde esasy orunlaryň birini eýeleýär. Öz saýlap alan ösüş ýoly bilen ynamly öňe barýan Türkmenistanyň alyp barýan daşary syýasatynyň esasy maksady üýtgewsiz bolmagynda galýar. Bu parahatsöýüjilikli syýasat Türkmenistanyň içerki ösüşini üpjün etmek, döwlet garaşsyzlygyny we howpsuzlygyny pugtalandyrmak, ýurdy ykdysady taýdan ösdürmek, halkyň abadançylygyny we ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmak üçin amatly daşarky şertleri döretmäge gönükdirilendir.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Türkmenistanyň geografiki ýerleşişini nähili häsiýetlendirip bolar?*
*2. Türkmenistanyň geosyýasy ähmiýetine nähili baha berip bolar?*
*3. Geosyýasy seljerişde taryhy ýazgylaryň nähili ähmiýeti bar?*

## §5. Seljeriş işinde we strategiki meýilleşdirişde geosyýasy konsepsiýalaryň orny we ähmiýeti

Halkara gatnaşyklary, dünýä we sebit syýasaty, dürli sebitlerdäki döreýän ýagdaýlar babatynda seljeriş işleri geçirilende geosyýasy düşünjeler we konsepsiýalar binýatlyk orny eýeleýärler. Umumy kabul edilen garaýyşlara görä, degişli döwletiň geosyýasaty ýa-da sebitleriň geosyýasy şertleri ilki bilen tebigy-geografiki faktorlar arkaly düşündirilýär. Şeýle faktorlaryň hatarynda ýurduň ýa-da sebitiň geografiki ýerleşişi, onuň daşary syýasaty we halkara gatnaşyklaryny alyp barmak üçin oňaýly we oňaýsyz şertlere täsiri, serhetleriň geometriki keşbi we tebigy häsiýetnamasy, ýerasty we ýerüsti baýlyklar we gorlar, ýer-suw we howa-klimat şertleri, strategiki häsiýetli guryýer, suw we howa ýollary baradaky maglumatlar bolup biler.

Geosyýasat düşünjesi özüniň etimologiki gelip çykyşy boýunça gadymy grek köki bolan «geo» - *ýer* we «politike» - *syýasat* sözleri bilen aňladylýar. Geosyýasat daşary syýasatyň düzüm bölegi bolup durýar hem-de ol geografiki giňişliklerde halkara syýasatyny alyp barmagyň ýollaryna düşünmekde, olary beýan etmekde, strategiki çaklaýyş we meýilleşdiriş işinde uly esas bolup durýar. Geosyýasat

ylmy düşünje hökmünde öz içine geostrategiýa, sebitleri öwreniş, klimat we topografiýa, demografiýa, tebigy gorlar we beýleki meseleler boýunça amaly ugurlary öz içine alýar. Iş ýüzünde amala aşyrylýan ugur hökmünde geosyýasatyň üns merkezinde döwletiň ýa-da sebitiň syýasy kuwwatynyň geografiki giňişliklere bolan gatnaşygy we täsiri durýar.

Däp bolşy ýaly, geosyýasat geografiki giňişligiň döwletiň syýasy maksatlaryna we bähbitlerine edýän täsirini öwrenýän ylym hökmünde düşündirilýär. Wagtyň geçmegi we täze taryhy şertleriň ýüze çykmagy bilen, geosyýasat hususan-da halkara syýasatynyň özeni ýa-da ideologiki esasy hökmünde hem beýan edilip ugrady. Şu nukdaýnazardan, geosyýasat döwletleriň arasyndaky syýasy-diplomatiki, ykdysady, medeni we beýleki gatnaşyklary özgerdiji giňişlik kuwwady hökmünde hem kabul edilýär.

Geosyýasatyň ilkinji ylmy esaslarynyň döräp ugramagy XIX asyryň ahyry we XX asyryň başlary hasap edilýär. «Geosyýasat» düşünjesiniň awtory bolan şwed alymy Rudolf Çelleniň (şwedçe: Johan Rudolf Kjellen, 1864–1922) garaýyşlaryna görä, haýsydyr bir döwletiň gurluşy we onuň serhetleriniň şekili onuň ýerleşýän tebigy-geografiki şertlerine görä kesgitlenýär. Belli german alymy Karl Haushoferiň (iňlisçe:Karl Haushofer,1869–1946) esaslandyran «Geosyýasat žurnalynda» (nemesçe: «Zeitschrift fur Geopolitik») şeýle kesgitleme berilýär: «Geosyýasat – ýeriň we syýasy ýagdaýlaryň özara gatnaşyklary baradaky ylymdyr. Ol geografiýanyň, ilkinji nobatda, syýasy geografiýanyň esaslaryna daýanýar. Syýasy geografiýa bolsa öz gezeginde giňişlikdäki syýasy organizmler we olaryň gurluş düzümleri baradaky ylymdyr. Geosyýasatyň esasy maksady syýasy hereketlere baş ugry görkezmek we degişli maslahatlary bermek bolup durýar. Şeýlelik bilen, geosyýasat sungat derejesine çykýar, has dogrusy ol iş ýüzündäki syýasaty dolandyrmak sungaty bolup durýar. Geosyýasat bu döwletiň geografiki aňydyr».

Karl Haushofer harby general bolmak bilen, Germaniýanyň dünýädäki, ilkinji nobatda – Ýerwopadaky ornunyň (latynça: Conditia Germaniae) berkidilmegini geosyýasy nukdaýnazardan esaslandyrýan meşhur alymlaryň hatarynda durýar.

Mälim bolşy ýaly, Birinji Jahan urşundan soňra Weýmar Respublikasy ägirt uly kynçylyklara duçar bolýar. Olary ýeňip geçmek üçin Haushofer iki kuwwatly tarapyň gapma-garşylygy baradaky konseptual garaýşy öňe sürýär. Bu babatda ol deňiz kuwwatyny «talassokratiýa», guryýer kuwwatyny hem – «tellurokratiýa» diýip atlandyrýar. Tellurokratiýa döwletleriniň nusgalary hökmünde ol Germaniýany we Russiýany mysal getirýär. Şonuň üçin hem Haushofer Berlin–Moskwa–Tokio kontinental ýaranlygynyň döredilmegini ileri tutýar.

Nusgawy geosyýasatyň döremegi «geosyýasatyň atasy» diýlip atlandyrylan german alymy Fridrih Ratseliň (nemesçe: Friedrich Ratzel; 1844–1904) ady bilen baglanyşyklydyr we ol geosyýasat ylmynyň düýbüni goýujylaryň hatarynda durýar. Emma F.Ratsel öz eserlerinde «geosyýasat» sözüni ulanmandyr we ol «syýasy geografiýa» düşünjesini ileri tutupdyr. Şeýle bolsa-da, ylmy konsepsiýalaryna berilýän baha mynasybetli, hakykatdan hem, F.Ratseliň garaýyşlarynyň şu günki düşünilýän geosyýasat taglymatynyň binýadynda durýandygyny ýatlamak ýerliklidir.

1882-nji ýylda Ştutgart şäherinde F.Ratseliň «Antropogeografiýa» atly eseri çapdan çykdy. Onda awtor özüniň şu esasy garaýyşlaryny beýan edýär:

1. Halklaryň ösüşiniň we demografiki taýdan köpelişiniň geografiki şertlere bagly bolmagy;

2. Ýerli geografiki şertleriň halklaryň medeni we syýasy taýdan ösüşine täsir etmegi.

F.Ratsel döwletiň çäk möçberleriniň onuň kuwwatyny şertlendirýänligi barada özünden öňki döwürlerde ýaşan we döreden Monteskýe, Gerder we Ritter ýaly akyldarlar bilen birmeňzeş pikirleri ýöretse-de, ol tebigy giňişligiň syýasy-geografiki şert bolup durýanlygy baradaky garaýşy ilkinji bolup öňe sürüpdir. Has anyk aýdylanda, F.Ratsel hususan-da geografiki giňişligiň hut özüniň syýasy güýç bolup durýandygy baradaky netijä gelipdir.

Şeýlelik bilen, Ratseliň giňişlik baradaky kesgitlemesi ýönekeý fiziki-geografiki düşünjäniň çäklerinden has daşgary çykýar. Ratseliň aýtmagyna görä, giňişlik barada her bir halkyň özüne mahsus düşünjesi bardyr we ol şeýle häsiýetdäki giňişligi eýelemäge we doldurmaga ymtylýar.

Ratsel özüniň eserlerinde «Weltmacht», ýagny «Agalyk ediji döwlet» diýen düşünjä esaslanýan geosyýasy konsepsiýanyň ilkinji kesgitlemelerini berýär. Uly ýurtlaryň mümkin boldugyça has giň – tutuş ýer ýüzüniň geografiki çäklerine eýe bolmaga ymtylýanlygyny Ratsel düşündirýär. Bu pikire laýyklykda, haýsydyr bir döwletiň geosyýasy kuwwatynyň çäkleri giňelmek bilen, olar beýleki döwletiň geosyýasy bähbitleriniň çäkleri bilen kesişýär. Şunuň bilen baglylykda, Ratsel Germaniýanyň iri kontinental döwlete öwrüljekdigini we geosyýasat babatda çylşyrymly gatnaşyklara girişmeli boljakdygyny aýdypdyr. Ratsel özüniň «Völkerkunde», ýagny «Halklary öwreniş» (1893) atly kitabynda jemgyýetiň syýasy durmuşynyň geografiki taýdan şertlendirilýändigini öňe sürmek bilen, döwletiň ösüşinde daşary syýasatyň ähmiýetiniň artyşyna ünsi çekipdir.

Döwletiň gurluşyna biologiki nukdaýnazaryndan seretmek bilen, Ratsel her bir halkyň milli häsiýetiniň we däp-dessurlarynyň hem ýurduň geografiki ýerleşişine baglydygyny görkezipdir. Şeýle hem ol geografiki giňişligiň ilat taýdan gürlügini hem döwletiň ösüşi üçin wajyp şertleriň hataryna goşupdyr.

Ratsel özüniň «Politische Geografik», ýagny «Syýasy geografiýa» atly 1897-nji ýylda çapdan çykan esasy eserinde her bir halkyň taryhy ykbalynyň onuň ýerleşýän topragy we döwletiň çäkleri bilen baglydygyny görkezýär. Ol adamzat taryhynyň ony gurşap alýan tebigy şertlere uýgunlaşmagyň taryhydygyny tekrarlamak bilen, döwletiň janly organizmdigi we onuň öz topragyndan boý alýandygy baradaky pikiri öňe sürüpdir. Şundan ugur almak bilen, Ratsel «Syýasy geografiýa» atly kitabynda döwletiň bellibir derejede biologiki ösüş we özgeriş kanunlaryna görä ýaşaýandygyny we ösýändigini aýdýar. Şeýlelik bilen, Ratsel döwletiň üstünlikli ösüşiniň köp babatda onuň tebigy şertlere uýgunlaşmagyna baglydygyny görkezýär.

Geosyýasat ylmyny esaslandyryjylaryň arasynda tanymal britan alymy we syýasy işgäri Ser Helford Jon Makkindere (iňlisçe: Sir Halford John Mackinder; 1861–1947) aýratyn orun degişlidir. Ol Beýik Britaniýanyň resmi wekiliýetiniň düzüminde Birinji Jahan urşunyň jemlerine bagyşlanan Wersal şertnamasyny taýýarlamaga hem gatnaşypdy. Bu şertnamanyň mazmunynda Makkinderiň geosyýasy garaýyşlary öz beýanyny tapdy. Geosyýasy nukdaýnazardan, Wer-

sal şertnamasy Günbatar Ýewropada deňiz kuwwatyny berkitmek we Germaniýa bilen Russiýanyň arasynda limitrof, ýagny serhetleri bölüji bufer döwletleri döretmek maksatlaryna laýyk getirildi.

1904-nji ýylyň 25-nji ýanwarynda Makkinder Britan patyşalygynyň geografiki jemgyýetinde «Taryhyň geografiki oky» atly ylmy hasabat bilen çykyş etdi. Ol öz çykyşynda halklaryň we döwletleriň geografiki ýerleşişiniň olaryň ykballaryny kesgitleýji esaslaryň biri bolup durýanlygyny öňe sürdi. Makkinderiň pikirine görä, dünýä syýasatynyň we taryhynyň oky hökmünde ägirt uly Ýewraziýa kontinenti bolup durýar. Bu kontinentde agalyk etmek dünýäde agalyk etmegi aňladýar diýip ol tekrarlapdyr.

Makkinder özüniň ýazgylarynda taryhyň ösüşinde geografiki ýagdaýlaryň görnetin täsiriniň duýulýandygy barada aýdýar. Mysal üçin, Ýewraziýanyň giň düzlükleri çarwaçylyk bilen meşgullanýan göçme halklaryň çalt hereket edýän kuwwatly goşunlarynyň döremegine sebäp bolupdyr. Ol goşunlar okgunly ýörişleri we üstünlikli söweşleri amala aşyrmak bilen, uly geografiki giňişlikleri eýeläpdirler. Makkinderiň nygtaýşyna görä, guryýer kuwwatyna eýe bolan islendik kontinental döwlet (mysal üçin, Russiýa, Germaniýa ýa-da Hytaý) deňiz kuwwatyna eýe bolan döwletiň daşyndan aýlanyp, onuň ýeňsesinden urup biler. Şonuň üçin hem ol rus-german ýaranlygyna ýol bermezlige çagyrypdyr. Onuň deregine ol Germaniýa garşy gönükdirilen iňlis-rus hyzmatdaşlygyny berkitmegiň tarapdary bolupdyr. Makkinderiň garaýyşlaryna görä, dünýäniň merkezini eýelemek iň uly geografiki artykmaçlyga eýe bolmagy aňladýar. Dünýäniň merkezi bolsa Ýewraziýadyr diýip ol aýdypdyr. Ýewraziýa kontinentiniň merkezini bolsa ol «Heartland», ýagny «Ýeriň ýüregi» diýip atlandyrypdyr. Ýeriň ýüregi, ýagny Heartland günbatarda Wolga derýasy we gündogarda Ýantzy derýasy, günortada Gimalaý daglary we demirgazykda Arktika bilen gurşalandyr. Mundan başga-da, Makkinder «World Island», ýagny «Dünýä adasy» diýlen düşünjäni öňe sürýär we oňa üç kontinenti – Aziýany, Afrikany we Ýewropany degişli hasaplaýar. Şeýlelik bilen, Makkinder dünýä giňişligini özara töwerekleýin ýerleşen böleklere bölýär. Bu konsentrik töwerekleriň merkezinde «taryhyň geografiki oky» ýa-da «binýatlyk meýdan» (iňlisçe: pivot area) bolan «Ýeriň ýüregi» ýerleşdirilýär.



***1-nji surat.*** *Makkinderiň geosyýasy modeli:*
*I – Ýeriň ýüregi – Ýewraziýa; II - Içki ýarymaý – Orta Gündogar, Günorta Aziýa;*
*III - Daşky ýarymaý - Amerika, Afrika, Awstraliýa*

Ýeriň ýüregini gurşap alýan giňişlik «Içki ýarymaý» diýlip atlandyrylýar. Bu özboluşly guşak Ýewraziýa kontinentiniň ummana çykýan kenarýakalary bilen gabat gelýär we ol ýerlerde çalt siwilizasion ösüşi görmek bolýar. Bu pikire görä guryýer bilen suw giňişliginiň kesişýän ýeri mydama-da siwilizasion ösüşiň gözbaşy hasaplanýar. Bu bolsa siwilizasiýalaryň döreýşiniň «potamiki teoriýasyna», ýagny kenarýaka teoriýasyna laýyk gelýär.

Üçünji gurşawy Makkinder «Daşky ýarymaý adasy» diýip atlandyrýar. Ol Dünýä adasyny gurşap alýan umumy giňişligi emele getirýär.

Ýokarda aýdylan garaýyşlara daýanmak bilen, Makkinder dünýäniň geosyýasy taryhyny üç sany esasy döwre bölýär:

1. *Hristofor Kolumba çenli döwür*. Ol döwürde Dünýä adasynyň gyrasynda ýaşaýan halklar, mysal üçin, rimliler, «Ýeriň ýüreginden» çykýan güýçleriň basyşy astynda bolupdyrlar. Rimliler üçin bu şol wagtky germanlaryň, hunnylaryň, alanlaryň, parfýanlylaryň we ş.m. basyşy bolup durýar. Orta asyrlarda bolsa ol basyş Altyn Orda tarapyndan amala aşyrylýar.

2. *Kolumb döwri*. Bu döwürde «Içki ýarymaýyň», ýagny kenarýaka halklaryň wekilleri nämälim we uzak ýerlere ýüzüşlere ugraýarlar we üýtgeşik garşylyga sezewar bolmaýarlar.

3. *Kolumbdan soňky döwür*. Bu döwür eýýäm kolonial basyp alyşlaryň tamamlanan wagtyna gabat gelýär we siwilizasiýalaryň özara çaknyşyklary bilen häsiýetlendirilýär.

Geosyýasatda «Deňiz kuwwaty» (iňlisçe: «Sea Power») konsepsiýasynyň emele gelmegi ABŞ-nyň harby-deňiz flotynyň admiraly Ser Alfred Taýer Meheniň (iňlisçe:Alfred Thayer Mahan, 1840–1914) ylmy işleri bilen baglydyr. Mehen «geosyýasat» sözüni gönüden-göni ulanmasa-da, onuň seljeriş usulyýeti we esasy netijeleri tüýs geosyýasy çemeleşmeler bolup durýar. Meheniň esasy ylmy konsepsiýasy «Deňiz kuwwaty» düşünjesini esaslandyrmaga bagyşlanandyr. Eger-de Ratsel, Makinder we Haushofer kontinental döwletleriň artykmaçlyklaryny öwrenmäge üns beren bolsalar, Mehen deňiz we umman giňişliklerinde höküm sürýän kuwwatly döwletleriň artykmaçlyklary baradaky garaýyşlary öňe sürýär.

Mehen döwletiň geografiki ýerleşişiniň, milli häsiýetiniň we deňiz kuwwatynyň özara gönüden-göni arabaglanyşygyny subut etmäge çalşypdyr. Onuň tassyklamagyna görä, kenarýaka halklaryň taryhy, ilkinji nobatda, olaryň ýerleşýän kenar çäkleriniň uzynlygy, ýerleşişi we geometriki keşbi, şeýle hem ilat sany we milli häsiýeti bilen kesgitlenýär.

Mehen geosyýasatyň esasy guraly hökmünde daşary syýasaty we halkara söwdasyny öňe çykarýar. Hatda harby hereketler hem söwdany ösdürmek üçin amatly şertleri döretmeklige gönükdirilendir. Şu nukdaýnazardan, Mehen ykdysady ösüşi üç tarapdan häsiýetlendirýär:

1. Önümçilik (harytlaryň we hyzmatlaryň suw ýollary arkaly dolanyşygy);

2. Nawigasiýa, ýagny suw yollarynyň ösüşi (harytlaryň we hyzmatlaryň suw ýollary arkaly dolanyşygyny üpjün edýän şert hökmünde);

3. Koloniýalar (haryt alyş-çalyşlygyny dünýä derejesinde amala aşyryjylar hökmünde).

Haýsydyr bir döwletiň tutýan ornuny we onuň geosyýasy taýdan täsiriniň derejesini seljermek üçin Mehen 6 sany görkezijini esas hökmünde öňe sürýär:

1. Döwletiň geografiki ýerleşişi, onuň deňze çykyş ýollarynyň açyklygy, beýleki ýurtlar bilen aragatnaşyk etmek üçin deňiz ýollarynyň ösen bolmagy. Guryýer serhetleriniň uzynlygy, strategiki taýdan wajyp sebitleri öz täsirinde we gözegçiligi astynda saklap bilmegi.

2. Döwletiň kenarýaka serhetleriniň geometriki keşbi, portlaryň mukdary we olaryň oňaýly ýerleşmegi. Bu şertler söwdanyň pajarlap ösmegini we ýurduň strategiki goraglylygyny üpjün ediji esas bolup durýar.

3. Deňze çykýan serhet çákleriniň uzynlygy. Ol görkeziji kenar çyzygynyň dowamlylygy bilen kesgitlenýär.

4. Ýurtdaky durnukly (statiki) ilat sany. Bu görkeziji döwletiň zähmetkeşlik ukybyny, şol sanda uly deňiz gämilerini gurmak we olara hyzmat etmek ukybyny kesgitleýär.

5. Milli häsiýet. Halkyň söwda bilen meşgullanmaga bolan ukyby. Sebäbi parahatçylykly we giň möçberdäki söwda deňiz kuwwatyny şertlendirýär.

6. Dolandyryşyň syýasy häsiýeti. Munuň özi iň oňat tebigy we adam serişdelerini deňiz kuwwatyny döretmek üçin gönükdirmekligi şertlendirýär.

Ýokarda aýdylanlardan görnüşi ýaly, Meheniň geosyýasy garaýyşlary «deňiz kuwwaty» konsepsiýasyna we ondan gelip çykýan bähbitlere esaslanýar. Deňiz kuwwatyna eýe bolan döwletleriň nusgasy hökmünde Mehen gadymy Karfageni, XVII we XIX asyrlardaky Britaniýany mysal getirýär.

Şeýlelik bilen, Mehen «deňiz kuwwaty» düşünjesini deňiz söwdasynyň erkinligine bagly edýär we harby-deňiz flotynyň baş wezipesi hökmünde ol söwdany üpjün etmekde görýär. 1890-njy ýylda Mehen özüniň uly meşhurlyga eýe bolan «Deňiz kuwwatynyň taryha täsiri, 1660–1783» atly ilkinji kitabyny çapdan çykarýar. Bu eserinde ol Ýewropanyň we Amerikanyň taryhy ösüşiniň, ilkinji nobatda, olaryň kuwwatly harby-deňiz flotuna eýe bolmagy bilen

şertlendirilendigini subut etmäge çalyşýar. Meheniň nygtaýşy ýaly, dünýä syýasaty her bir taryhy döwrüň özüne mahsus ruhuna, onuň dowamynda agalyk süren hökümdarlaryň häsiýetlerine we öňdengörüjilikli paýhaslaryna görä üýtgeýär. Emma kenarýaka milletleriniň taryhy diňe ýokarda aýdylanlar bilen çäklenmeýär. Şeýle döwletler üçin taryhy ösüşiň mazmuny, olaryň geografiki ýerleşýän şertleri, kenarlarynyň geometriki keşbi we uzynlygy, ilat sany, umuman tebigy şertler bilen hem kesgitlenýär.

Tebigy taýdan deňiz suw ýollarynyň ugrunda ýerleşen döwlet özüniň kuwwatly harby-deňiz flotuny döretmäge çalyşýar. Bu beýik wezipäni amala aşyrmagyň özi bolsa, Meheniň nygtamagyna görä, milletiň ykbalyny kesgitleýji ädim bolup durýar. Netijede, milletiň kuwwatynyň artmagy we taryhy ösüşdäki orny onuň deňiz kuwwatyna eýe bolmagy bilen şertlendirilýär. Munuň aýdyň mysaly hökmünde Mehen Beýik Britaniýany görkezýär we onuň deňiz kuwwatynyň esasy hökmünde şu faktorlary ileri tutýar:

1. Ýurduň oňaýly geografiki we howa şertleriniň bolmagy;
2. Döwletiň tebigy gorlara baý bolmagy;
3. Döwletiň çākleriniň giňligi;
4. Ilat sany;
5. Milli häsiýeti we döwlet gurluşy.

Ýokarda agzalan şertleriň özara utgaşyk gelen ýagdaýynda Mehen şu formulanyň işläp ugraýanlygyny aýdýar: N+MM+NB=SP, ýagny: Harby-deňiz floty (**N**avy)+ Söwda floty (**M**erchant **M**arine)+Harby-deňiz bazalary (**N**aval **B**ases) = Deňiz kuwwaty (**S**ea **P**ower).

Bu formuladan görnüşi ýaly, döwletiň deňiz kuwwaty harby-deňiz flotunyň, deňiz-söwda flotunyň we strategiki taýdan ähmiýetli ýerlerde ýerleşen harby-deňiz bazalarynyň toplumyndan emele gelýär.

ABŞ-nyň 1823-nji ýylyň 2-nji dekabrynda yglan eden Monro doktrinasynyň tarapdary bolan Mehen kontinental güýçler bolan Russiýany, Hytaýy we Germaniýany «anakonda gysajynda» saklamagy ündäpdir. Munuň üçin bolsa ol Ýewraziýanyň gyrak-bujaklaryndaky çäkleri, strategiki ähmiýetli adalary eýelemek bilen, olary ummana

çykyş mümkinçiliklerinden mahrum etmek gerekdigini aýdypdyr. Mälim bolşy ýaly, bu doktrina görä ABŞ-nyň prezidenti Jeýms Monro Ýewropany Amerika yklymynyň işlerine goşulmazlyga çagyrdy. Öz gezeginde ABŞ-nyň hem Ýewropa işlerine goşulmajakdygyny aýan edipdi.

Meheniň garaýyşlaryna görä, Demirgazyk kontinental ýarymşar dünýäde agalyk etmek üçin aýgytlaýjy ähmiýete eýedir. Şunuň bilen baglylykda, ol Aziýadaky 30-njy we 40-njy parallelleriniň arasyndaky zolagy Russiýanyň guryýer kuwwatynyň we Beýik Britaniýanyň deňiz kuwwatynyň özara gapma-garşylykda bolup durýan konflikt zolagy hökmünde hasaplapdyr.

Nikolas Spaýkman (iňlisçe: Nicholas John Spykman, 1893–1943) amerikan geosyýasatynyň realistik ganatynyň görnükli wekilleriniň hatarynda durýar. Ol «Dünýä syýasatynda Amerikanyň strategiýasy» (1942) we «Parahatçylyk geografiýasy» (1943) atly iki sany meşhur kitabyň awtorydyr. Spaýkman ABŞ-nyň dünýä syýasatynda öz-özüni aýrybaşgalamak ýoluna garşy bolupdyr we bu strategiýanyň şowly bolmajakdygyny tekrarlapdyr. Ol Ýewrasiýada geosyýasy deňagramlylygyň berkarar edilmeginiň Amerikanyň howpsuzlygy bilen bagly bolup durýandygyny delillendiripdir. Şeýle hem Spaýkman geografiki determinizmi konsepsiýasynyň tarapdary bolup çykyş edipdir. Bu konsepsiýa döwletiň kuwwatynyň esasynda onuň geografiki şertleriniň durýanlygyny aňladýar. Ol Makkinderiň deňiz kuwwaty baradaky garaýyşlaryna howa faktoryny hem goşupdyr. Mundan başga-da, döwletiň daşary syýasatynyň onuň goňşy ýurtlarynyň ýagdaýlaryna köp derejede bagly bolýandygyny hem esaslandyrypdyr. Deňiz kuwwatyna eýe bolan beýik döwletleriň ösmegi bilen, olaryň umman giňişlikleriniň üstünden has uzaklara aşyp gidýän giň çäklere agalyk ediji imperiýalara öwrülýänligini Spaýkman aýdypdyr. Spaýkman Makkinderiň dünýä gurluşy baradaky garaýyşlaryny paýlaşypdyr we ony şu görnüşde görkezipdir:

- Heartland, ýagny Ýeriň ýüregi;
- Rimland, ýagny Makkinderiň «Içki ýarymaý» kesgitlemesi ýaly manyda;

- Ofşor adalar we kontinentler (Offshore Islands & Continents), ýagny Makkinderiň «Daşky ýarymaý» kesgitlemesi ýaly manyda.

Şeýlelik bilen, biz geosyýasy konsepsiýalaryň, esasan, Günbatar alymlarynyň we syýasatçylarynyň eserlerinde öz beýanyny tapandygyny görýäris. Olardaky binýatlyk garaýyşlar soňlugy bilen beýleki ýurtlaryň ylmy jemgyýetçiliginde giňden öwrenildi. Şu esasda hem milli we sebit şertleriniň aýratynlyklaryny hasaba almak bilen geosyýasy garaýyşlaryň çäkleri giňeldildi we ösdürildi.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Geosyýasat düşünjesi näme?*
*2. Geosyýasy konsepsiýalaryň haýsy esasy awtorlaryny aýdyp bilersiňiz?*
*3. Deňiz kuwwaty düşünjesiniň manysy nämeden ybarat?*

## §6. Geosyýasy garaýyşlaryň häzirki zaman şertlerindäki ösüşi

XX asyryň tutuş ikinji ýarymynda dowam eden «sowuk uruş» döwründe we ondan soňky wagtlardan häzirki güne çenli geosyýasatçylar hökmünde Genri Kissinjeriň (iňlisçe: Henry Kissinger, 1923) we Zbignew Bzežinskiniň eserleri meşhurlyga eýe boldy. Kissinjeriň esasy eserleriniň biri bolan «Diplomatiýa» (iňlisçe: Diplomacy, 1994), «Dünýä tertibi» (iňlisçe: World order, 2014) hem-de Bzežinskiniň «Uly küşt tagtasy» (iňlisçe: The Grand Chessboard, 1997) we «Strategiki nazar» (iňlisçe: Strategic vision, 2013) kitaplarynda ABŞ-nyň dünýä syýasatyndaky täsirli ornuna we onuň geosyýasy strategiýasyna çuňňur seljeriş berilýär. Bu kitaplarda anglo-amerikan geosyýasy konsepsiýalary gaýtadan seljerilýär we olaryň häzirki zaman häsiýetnamalary beýan edilýär.

Kissinjeriň «Diplomatiýa» kitabynda belleýşi ýaly, her bir ýüzýyllykda diýen ýaly halkara gatnaşyklarynyň ulgamy özüniň durkuny täzeleýär. Onda öňdebaryjy we kuwwatly döwlet öňe çykýar. Bu döwlet dünýä gymmatlyklaryny özüniň milli gymmatlyklaryna laýyk getirmäge ýeterlik erkiniň barlygyna ynanýar. Şeýle döwlet

özüniň intellektual we ahlak gymmatlyklarynyň iň ýokary häsiýetine esaslanmak bilen, hususy geosyýasy strategiýasyny ynamly öňe sürýär.

Mysal üçin, XVII asyryň görnükli döwlet işgäri kardinal Rişelýe (fransuzça: Armand-Jean du Plessis, duc de Richelieu, 1585–1642) Fransiýanyň mysalynda halkara gatnaşyklary üçin ählumumy häsiýete eýe boljak täze çemeleşmäni yglan etdi. Fransiýanyň döwlet sekretary, soňra bolsa hökümet ýolbaşçysy bolup işlän Rişelýe halkara gatnaşyklarynda hökümdaryň erkinden ötri, döwlet bähbitleriniň ýokarda durýanlygyny yglan etdi. Hökümdar öz adyndan däl-de, döwletiň adyndan çykyş etmelidi. Döwlet bolsa ony döreden milletiň adyndan höküm ýöretmelidi. Halkara gatnaşyklarynda ileri tutulýan baş ýörelge hökmünde bolsa özygtyýarly döwletleriň deňligi hem-de olaryň milli bähbitlerine hormat goýmak bolup durýardy.

XVIII asyrda deňiz kuwwatyna doly eýe bolan Beýik Britaniýa özüniň geosyýasy strategiýasyndan we taryhy tejribesinden gelip çykýan güýç deňagramlylyk konsepsiýasyny öňe sürdi. Bu konsepsiýa iş ýüzündäki hereket edýän ulgam görnüşinde iki asyryň dowamynda öz täsirini saklady.

XIX asyrda «Ýewropa konserti» modeline esaslanan geosyýasy ulgam halkara gatnaşyklarynda esasgoýujy häsiýete eýe boldy. Mälim bolşy ýaly, «Ýewropa konserti» Napoleon uruşlaryndan soňra dörän halkara gatnaşyklarynyň Wena ulgamyna esaslanýardy. Onuň kadalary 1814–1815-nji ýyllarda birnäçe tapgyrda geçirilen Wena kongresiniň netijesinde berkidilipdi. Bu kongresiň işine 1809–1848-nji ýyllarda Awstriýanyň daşary işler ministri bolan knýaz Klemens fon Metternih (nemesçe: Klemens Wenzel Lothar von Metternich-Winneburg-Beilstein, 1773–1859) baştyklyk edipdi. Bu ulgamyň çäklerinde köptaraplaýyn diplomatiýa gutarnykly keşbe eýe boldy. Halkara tertibiniň özeni bolsa ilkinji gezek «beýik döwletler» diýen düşünjede öz beýanyny tapdy. Şeýle döwletleriň hataryna şol wagt Russiýa, Awstriýa we Beýik Britaniýa girýärdi. Şol bir wagtda-da, bu ulgama kollektiwleýin, ýagny bilelikdäki howpsuzlygyň ilkinji nusgasy hökmünde hem baha berilýär. «Ýewropa konserti» ulgamy 35 ýyllap – Krym urşunyň başlanmagyna çenli dowam etdi.

Wena kongresiniň taryhy netijeleriniň ýene biri hem döwletara diplomatik gatnaşyklarynyň ulgamlaýyn kadalarynyň berkidilmegi bilen baglydyr. Hususan-da diplomatik derejeler (ilçi, wekil we işleri ynanylan) we konsullyk edaralarynyň dört görnüşi halkara hukugynda kabul edildi, diplomatik immunitet we diplomatik waliza baradaky kesgitlemeler berkidildi.

XX asyryň birinji ýarymyndan başlap Amerikanyň Birleşen Ştatlary dünýä syýasatyna aýgytly girdi we halkara gatnaşyklarynyň täze keşbiniň emele gelmeginde esasy orny eýeledi. Bu ýagdaýyň özi Birinji Jahan urşundan soňra döränçylşyrymly halkara şertlerde bolup geçipdi. Beýik döwletler dünýäni gaýtadan paýlaşmak meselesinde özara barlyşyksyz syýasata girişdiler. Şunuň bilen baglylykda, ABŞ özüniň eýerip gelen «Monro doktrinasyna» we Ýewropa işlerindäki bitaraplygyna gaýtadan seretdi. Dünýä syýasatyna aýgytly girişen Amerika özüniň öňden gelýän bitaraplyk ýörelgelerini täze şertlerdäki geosyýasy bähbitleri bilen hukuk taýdan we iş ýüzünde utgaşdyrmaly bolupdy.

G.Kissinjer ABŞ-nyň şol wagtky duçar bolan geosyýasy gapma-garşylygyny esasy iki sebäp bilen düşündirýär. *Birinjiden*, ýewropa dawalaryndan daşda duran ABŞ dünýäniň beýleki ýurtlary we halklary üçin özüne çekiji nusga hökmünde çykyş edýär. *Ikinji tarapdan* bolsa, ABŞ öz gymmatlyklaryny bütin dünýäde iş ýüzünde berkarar etmäge ymtylýar we aýgytly hereketlerden hem gaýtmaýar. Amerikan geosyýasatynyň şu häsiýetiniň häzirki günlerde hem saklanyp galýandygy üns bererlikdir.

Şeýlelik bilen, Kissinjeriň garaýşyna görä, ABŞ bir tarapdan demokratiýanyň dabaralanýan ýurdy hökmünde, beýleki tarapdan bolsa, demokratik gymmatlyklary tutuş adamzat jemgyýetinde ornatmak ugrunda göreşiji hökmünde çykyş edýär. Munuň üçin kuwwatly amerikan ykdysadyýetine hem ähmiýetli orun degişlidir. Mysal üçin, Ikinji Jahan urşunyň tamamlanan wagty, ýagny 1945-nji ýylda dünýäde haryt öndürilişiniň 35%-i ABŞ degişli bolup durýardy. Amerikan ykdysadyýeti şu günki gün hem dünýäde şeýle ýokary derejedäki öňdeligi saklap gelýär.

Şeýlelik bilen, Kissinjeriň garaýşyna görä, ABŞ bir tarapdan demokratiýanyň dabaralanýan ýurdy hökmünde, beýleki tarapdan

bolsa, demokratik gymmatlyklary tutuş adamzat jemgyýetinde ornatmak ugrunda göreşiji hökmünde çykyş edýär. Munuň üçin kuwwatly amerikan ykdysadyýetine hem ähmiýetli orun degişlidir. Mysal üçin, Ikinji Jahan urşunyň tamamlanan wagty, ýagny 1945-nji ýylda dünýäde haryt öndürilişiniň 35%-i ABŞ degişli bolup durýardy. Amerikan ykdysadyýeti şu günki gün hem dünýäde şeýle ýokary derejedäki öňdeligi saklap gelýär.

G.Kissinjer amerikan geosyýasy strategiýasynyň global derejä göterilmegini taryhyň logikasyna laýyklykda yzarlaýar. Onuň belleýşine görä, Birinji Jahan urşunyň tamamlanmagy mynasybetli 1919-njy ýylda geçirilen Pariž parahatçylyk maslahatynda amerikan daşary-syýasy garaýyşlary we Ýewropanyň geosyýasy däpleri çaknyşdylar. Bu gapma-garşylygyň esasynda asyryň başynda bolup geçen dünýä urşunyň sebäplerine we netijelerine hakyky baha bermek, geljekki halkara tertibini kesgitlemek wezipesine bolan dürli garaýyşlar durýardy.

Taryhdan belli bolşy ýaly, XIX asyryň ahyrynda birleşen Germaniýa döwleti emele geldi we ol dünýäniň geosyýasy sahnasynda özüniň mynasyp ornuny eýelemek üçin herekete girdi. Ol wagt bu sahnanyň kadalaryny Beýik Britaniýa, Fransiýa we Russiýa ýaly iri döwletler kesgitleýärdiler. Olar bilelikde Germaniýany Aziýadaky we Afrikadaky kolonial mülklere hem-de beýleki gözgyzdyryjy giňişliklere goýbermezlik ýoluny saýlap aldylar.

Kissinjeriň pikiriçe, ýewropalylar XX asyryň ilkinji ýyllarynda emele gelen bu dartgynly ýagdaýy öň däp bolan we öwrenilişilen usullar arkaly kadalaşdyrmaklyga çalyşdylar. Ýewropalylaryň petige diränn geosyýasy dawalarynyň netijeleri bolsa Birinji Jahan urşunyň başlanmagyna getirdi.

ABŞ-nyň prezidenti Wudro Wilsonyň 1918-nji ýylyň 8-nji ýanwarynda öňe süren «14 ýörelgesi» Wersal ýaraşygynyň esasynda goýuldy. Onda Ýewropada däp bolan güýçleriň deňagramlylygyny üpjün ediji geosyýasy konsepsiýanyň möwritiniň ötendigi barada aýdylýar. Täze asyrda ýewropalylara bilelikdäki howpsuzlyk garaýyşlary teklip edildi. Bu ýagdaýy beýan etmek bilen G.Kissinjer Amerikanyň we Ýewropanyň geografiki hem-de kontinental şertlerine ünsi çekýär. Ýewropa döwletleriniň ulgamy asyrlarboýy içki uruş-dawalardan halas bolup bilmedi we ol dürli ýaranlyklaryň

özara göreşleri esasynda emele geldi. ABŞ-ny esaslandyryjylar bolsa Günbatar ýarymşarynda özlerine garşy duran uly güýje duçar bolmadylar. Olar geosyýasy ýa-da döwlet güýçlerinden boş bolan kontinental giňişlikleri özleşdirmekden başladylar. Şeýle hem, Amerikada Täze dünýäni döreden ABŞ bir ýarym asyr diýen ýaly Köne dünýäniň işlerine çynlakaý goşulmady we ýewropalylaryň içki dawalaryndan daşda durdy.

Ýewropada dowam edip gelen güýç deňagramlylyk ulgamy ählumumy howpsuzlygy doly üpjün etmäge ukyply bolmasa-da, döreýän dawalary we uruşlary çäklendirmäge ýardam berýärdi. Şeýle hem bu ulgamyň wezipesi, esasan, geosyýasy durnuklylygy üpjün etmeklige, bir döwletiň çendenaşa beýgelmegine we onuň beýleki döwletleriň üstünden agalyk etmegine ýol bermezlik bolup durýardy. Kissinjeriň pikirine görä, halkara syýasatynda güýç deňagramlylygy ulgamy soňky taryhy döwürlerde emele gelen ýagdaýdyr. Adamzat taryhynyň dowamynda siwilizasiýanyň ösüşi, köplenç, imperiýa gurluşynyň çäklerinde bolup geçipdi. Imperiýalar bolsa özlerini dünýäniň merkezi hasaplaýardylar we olar üçin halkara gatnaşyklarynyň ulgamy baradaky düşünjeler öň hatarda durmaýardy.

Şeýle bolsa-da, Günbatara mahsus bolan güýç deňagramlylygy ulgamynyň ir döwürdäki nusgalary hökmünde gadymy Gresiýanyň şäher-döwletleri (polisleri) we Italiýanyň Gaýtadan dikeliş eýýamyndaky (Renessans) şäher-döwletleri mysal bolup bilerler. Şeýle hem 1648-nji ýyldaky Westfal parahatçylyk şertnamasyndan soňra Ýewropada dörän we bir asyr töweregi dowam eden halkara gatnaşyklary ulgamy olaryň has ösen keşbini emele getirýär. Ýokarda ýatlaýşymyz ýaly, Napoleon uruşlaryndan soňra 1815-nji ýylda dikeldilen Ýewropa deňagramlylygy XIX asyryň ahyrynda halkara gatnaşyklarynda ileri tutulan güýç syýasatyna orun berip ugrady. Bu hem 1914-nji ýylda Birinji Jahan urşunyň başlanmagyna getirdi.

H.Makkinderiň garaýyşlaryny häzirki zaman şertlerine görä ösdüren alymlaryň hatarynda Ž.Bzežnskini görkezip bolar. Onuň «Beýik küşt tagtasy» atly kitabynda ABŞ-nyň geosyýasy kuwwaty we onuň Ýewraziýa babatyndaky bähbitleri seljerilýär.

Onuň garaýyşlaryna görä, XXI asyryň geosyýasy bäsleşiginde Ýewraziýa giňişligi «Iň uly geosyýasy baýrak» hökmünde hasap-

lanýar we oňa eýe bolmaklyk Amerika üçin esasy maksat hökmünde öňe sürülýär.

Z.Bzežinski öz eserlerinde geosyýasatyň we geostrategiýanyň özara arabaglanşygyny görkezýär we şu iki wezipäni öňe sürýär:

1. Geostrategiki nukdaýnazardan okgunly hereket edýän we güýç deňeşdirmesinde düýpli öwrülişigi döredip biljek döwleti anyklamaly. Şunuň bilen birlikde-de şeýle döwletiň çendenaşa güýçlenmegine garşy öňüni alyş strategiýasyny amala aşyrmaly. Munuň üçin hem garalýan döwletiň hüküm sürüji gatlaklarynyň meýillerini anyklamaly.

2. ABŞ-nyň global agalygyny üpjün etmek üçin anyk maksatlary işläp düzmeli we onuň global çäklerdäki bähbitlerini goramaklygy üpjün etmeli.

Geostrategiki taýdan aýgytly hereket edýän döwletler özleriniň hususy serhetlerinden has uzaklarda – global giňişliklerdäki bäsdeşlige girişýärler. Olar bu babatda harby-syýasy, söwda-ykdysady, senagat-tehnologiýa taýdan kuwwatly hem-de milli bähbitlerini dünýä çäklerinde üpjün etmäge ymtylýan döwletlerdir. Şu nukdaýnazardan, ABŞ-nyň geostrategiki wezipesi Ýewraziýa giňişliklerindäki global meýilli döwletleri üns merkezinde saklamak bolup durýar.

Geosyýasy merkezler barada aýdylanda, Z.Bzežinski olaryň özeni bolup durýan döwletleriň ähmiýetine ünsi çekýär. Şunuň bilen baglylykda ol şeýle döwletleriň kuwwatlyklary ýa-da meýilleri bilen bilelikde, olaryň strategiki taýdan wajyp ýerlerde ýerleşmekleriniň hem uly ähmiýete eýedigini nygtaýar. Olaryň geografiki ýerleşişi şu babatlarda ähmiýetlidir:

- Dünýädäki strategiki ähmiýetli söwda-aragatnaşyk ýollaryny gözegçilik astynda saklamak.

- Bäsdeş bolup durýan we basyş edýän iri geosyýasy merkezlere gaýtargy bermegi başarmak.

Ýokarda agzalan faktorlara Z.Bzežinski ABŞ-nyň kuwwaty nukdaýnazaryndan baha berýär we onuň bilen bäsdeşlik edip bilýän 5 sany geosyýasy taýdan işjeň döwletleri tapawutlandyrýar, ýagny: 1.Fransiýa; 2. Germaniýa; 3. Russiýa; 4. Hytaý; 5. Hindistan. Şeýle hem wajyp syýasy merkezler hökmünde Bzežinski ABŞ-nyň ýakyn ýaranlary bolan Beýik Britaniýanyň we Ýaponiýanyň dünýädäki geosyýasy täsirleriniň güýçli bolup galýandygyna ünsi çekýär.

Ýokarda aýdylanlar Z.Bzežinskiniň «Strategiki nazar» atly kitabynda hem üsti ýetirilen we has giňişleýin mazmunda beýan edilýär.

Amerikan alymy Samuel Hantington (iňlisçe: Samuel Phillips Huntington, 1927–2008) hem geosyýasat ylmy nukdaýnazaryndan möhüm ähmiýete eýe bolan eserleriň awtorydyr. Aýratyn hem onuň uly meşhurlyga eýe bolan «Siwilizasiýalaryň çaknyşmagy» (iňlisçe: The Clash of Civilizations and the Remaking of World Order, 1996) atly kitaby giňden tanalýar.

Hantington «sowuk uruşdan» soňky dünýäde dörän iri möçberli konfliktleri we lokal uruşlary döwletleriň däl-de, eýsem medeniýetleriň, dinleriň we umuman siwilizasiýalaryň arasyndaky gapma-garşylyk bilen düşündirýär. Bu konsepsiýa görä, Hantington häzirki taryhy zamanadaky 7 sany siwilizasiýany kesgitleýär: 1) Günbatar; 2) Latyn Amerikan; 3)Yslam;4) Hytaý; 5) Hindi; 6) Ortodoks; 7) Ýapon; 8) Afrikan.

S.Hantington global gapma-garşylyklaryň esasynda hem medeni-siwilizasion we dini garaýyşlaryň arasyndaky tapawutlaryň sebäp bolup biljekdigi barada ýazýar. Siwilizasiýalaryň çaknyşygy barada aýtmak bilen, Hantington ilkinji nobatda «musulmanlaryň» we «musulman dälleriň» arasyndaky gapma-garşylyklary ileri tutýar.

Şeýle hem S.Hantington siwilizasiýalaryň çaknyşygynyň esasy şu aşakdaky sebäpleriniň delillendirýär:

1. Siwilizasiýalaryň arasyndaky hiç haçan ýitip gitmeýän tapawutlary emele getirýän taryhy, dil, medeni, däp-dessur we dini özboluşlyklar;

2. Globallaşma sebäpli dünýäniň «daralmagy» we siwilizasiýalaryň köp babatda özara gatnaşyklarynyň ýygylaşmagy netijesinde çylşyrymly meseleleriň ýüze çykmagy;

3. Ykdysady döwrebaplaşmak netijesinde we ýaşaýyş-durmuş ýagdaýlarynyň düýpli üýtgemegi zerarly millionlarça adamlaryň özleriniň oturymly ýerlerinden uzaklara gitmekleri, milli-etniki endikleriň we däpleriň kütelmegi we şol bir wagtda-da adamlaryň milli, medeni we dini düýgularynyň ýitileşmegi;

4. Günbatar siwilizasiýasynyň we oňa degişli bolmadyk beýleki sebitleriň arasyndaky tapawutlaryň ösmegi we garşylyklaryň ýitileşmegi bilen baglylykda Günbatara garşy bolan meýilleriň güýçlenmegi.

Häzirki zamanyň görnükli alymlarynyň hataryna girýän Ýoşihiro Frensis Fukuýamanyň (iňlisçe: Yoshihiro Francis Fukuyama, 1952) eserlerinde hem geosyýasat ylmy babatyndaky binýatlyk meseleler gozgalýar. Ol häzirki zaman adamzat siwilizasiýasy, global ösüş we dünýä syýasatynyň strategiki ugurlary barada ençeme eserleriň awtory bolup durýar. F.Fukuýamanyň uly meşhurlyga eýe bolan kitaby «Taryhyň soňy we iň soňky adam» (iňlisçe: The End of History and the Last Man, 1992) diýlip atlandyrylýar. Fukuýama özüniň bu eserinde dünýädäki liberal akymyň, ilkinji nobatda, Günbataryň, «sowuk uruşda» ýeňiş gazanmagy bilen, global gapma-garşylygyň tamamlanýanlygyny yglan edipdi. Emma soňky çärýek asyrdan gowrak döwrüň içinde bolup geçen uly global özgerişlikleri seljermek bilen, Fukuýama özüniň ilkibaşdaky garaýyşlaryna täzeden seretdi we ýene-de birnäçe işleri çap etdi. Olaryň arasynda «Syýasy tertibiň soňy» (iňlisçe: The End of Order, 1997), «Syýasy tertibiň döreýşi» (iňlisçe: The Origins of Political Order: From Prehuman Times to the French Revolution, 2012) we «Syýasy tertip we syýasy çüýreýiş» (iňlisçe: Political order and political decay, 2014) atly eserlerini görkezmek bolar.

F.Fukuýamanyň esasy pikir-garaýyşlaryna görä, liberal demokratiýanyň sosialistik ulgamdan global derejede üstün çykmagy bilen täze – «taryhdan soňky» döwür başlanýar. Şol bir wagtda-da, soňky wagta çenli dowam edip gelen we gapma-garşylykly häsiýete eýe bolan öňki – «taryhy döwür» hem bellibir derejede saklanyp galýar. «Taryhdan soňky» döwürde liberal demokratiýa höküm sürýär we bu ulgama degişli döwletleriň arasynda harby çaknyşyklar ýa-da uruşlar bolmaýar. Köne dünýäden galan «Taryhy döwürde» ýaşamagyny dowam edýän dürli syýasy tertipdäki ençeme döwletleriň arasyndaky yzy kesilmeýän dawalar uruş ýagdaýyna çenli alyp barýar. Bu babatda F.Fukuýama

yslam ideologiýasyna eýerýän syýasy gurluşly ýurtlary we olaryň ýerleşýän sebitlerindäki ýagdaýlary mysal hökmünde görkezýär.

Şeýlelik bilen, häzirki zaman geosyýasy konsepsiýalaryň agramly böleginiň amerikan alymlarynyň döredýänligine ünsi çekmek zerur bolup durýar. Elbetde, Ýewropada, Russiýada we beýleki ençeme döwletlerde hem özboluşly geosyýasy konsepsiýalar işlenilip düzülýär. Şeýle bolsa-da, olaryň köp babatda, ýokarda syn berlen awtorlaryň garaýyşlaryna ugurdaş ýa-da olar bilen konseptual esasda baglanyşykly görnüşde bolup durýanlygyny bellemek zerur.

***Barlag üçin soraglar***

*1. G.Kissinjeriň geosyýasy garaýyşlarynda dünýä we sebit deňagramlylygy barada haýsy pikirler aýdylýar?*
*2. S.Hantingtonyň we Z.Brzežinskiniň konsepsiýalaryndaky esasy pikirleriň geosyýasy ähmiýeti nämeden ybarat?*
*3. F.Fukuýama geosyýasy gapma-garşylyklara nähili baha berýär?*

## §7. Geosyýasy seljerişde hasaba alynýan faktorlar

Geosyýasy ýagdaýlaryň emele gelmegine, ösmegine we üýtgemegine düýpli täsir edýän sebäplere we şertlere geosyýasy faktorlar diýilýär we olar seljeriş işinde aýratyn hasaba alynýar. Ol faktorlar dürli ugurlary öz içine alýar we şu aşakdaky esasy toparlara bölünýär.

***I. Geografiki faktorlar***

**1. Ummanlar** geosyýasy nukdaýnazardan ilkinji hatarda durýarlar. Ummanlarda ýerleşen strategiki ähmiýetli adalar we ýarymadalar, deňiz portlary halkara söwda ýollarynyň wajyp çatryklary bolup hyzmat edýärler. Doňaklykdan azat deňiz we umman giňişlikleri geosyýasy taýdan örän özüne çekijidir. Şonuň üçin hem her bir döwlet doňmaýan deňizlere çykalga gözleýär.

**2. Deňizler** özleriniň ýerleşişi boýunça kontinentdäki we ondan daşarky görnüşlere bölünýärler. Kontinental şelflere girmeýän daşarky deňizler halkara suwlary bolmak bilen, haýsydyr bir döwletiň çäklerine degişli däldirler. Şol bir wagtda, haýsydyr bir döwletiň çäklerinde ýerleşen deňizleriň hem halkara ähmiýetiniň artmagy bilen, olar

halkara gözegçiliginiň astyna düşüp biler. Adatça, içerki deňizler geosyýasatda aýgytlaýjy orny eýelemeýärler. Emma gyşyna doňmaýan deňizleriň harby-deňiz, halkara-söwda we ulag-aragatnaşyk nukdaý nazaryndan ähmiýeti artýar. Şu sebäpli hem dürli ýurtlar doňmaýan deňiz çykalgalaryna ýetmäge ymtylýarlar.

**3. Köller** döwlet serhetlerine görä içerki we daşarky köller bolup bilerler. Halkara derejesine eýe bolan we ulag-aragatnaşykda möhüm ähmiýete eýe bolan daşarky kölleri golastyna almak maksady şeýle kölleriň kenarynda ýerleşen döwletleri mydama-da gyzyklandyryp gelýär. Şol bir wagtda-da, halkara ähmiýetine eýe bolmadyk içki köller geosyýasy nukdaýnazardan özüne ünsi çekiji bolmaýar.

**4. Adalarda** ýerleşen döwletler guryýer serhetlerini gurnamaga çykdajy etmeýärler we suw giňişlikleri olar üçin tebigy gorag bolup hyzmat edýärler. Kontinental kenara ýakyn adalary eýelemek harby-strategiki artykmaçlyklary döredýär we sebitde geosyýasy täsiri artdyrýar. Şol bir wagtda-da, tutuşlygyna adalardan durýan arhipelagda ýerleşýän döwlet üçin bolsa milli möçberde dolandyryş ulgamyny sazlaşykly alyp barmak esasy wezipeleriň hatarynda durýar.

**5. Ýarymada** sebitlerinde özbaşdaklyga bolan ymtylmalar has-da göze ilginç bolýar. Eger-de döwletiň çäklerinde ýarymada sebiti bolsa, onda bu döwletiň çäk bitewüligini üpjün etmek wezipesi öň hatarlarda durýar.

**6. Kenarýakada** ýerleşen döwletler serhet goragy ulgamyny döretmekdäki ençeme çykdajylary tygşytlaýarlar. Şol bir wagtda-da, deňiz kuwwatyna eýe bolan döwletler has uly giňişlikleri özleşdirmäge we halkara söwdasyny ösdürmäge döwtalap bolýarlar. Şeýle hem deňiz portlary we dürli syýahatçylyk-turistik zolaklar örän uly girdeji çeşmesi bolup durýarlar.

**7. Bogazlar** deňizleri ýa-da derýalary özara birikdirýän tebigy suw geçelgeleridir. Halkara derejesindäki we strategiki häsiýetli bogazlara eýe bolan ýurtlar dünýä deňiz söwdasyndan ägirt uly girdeji alýarlar.



***2-nji surat.*** *Strategiki ähmiýetli Bosfor we Ormuz bogazlary*

**8. Derýalar esasy iki wezipäni ýerine ýetirýärler:** a) administratiw-dolandyryş hem-de döwlet araçäkleri; b) gämi gatnaw ýollary. Birnäçe döwletiň içinden akyp geçýän derýalar goňşy ýurtlaryň arasynda ýakyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlyga ýardam berýän faktor bolup durýarlar. Şol bir wagtda transmilli derýalaryň ýokary, orta we aşaky akymlarynda ýerleşýän döwletleriň arasynda suw serişdeleri bilen bagly dawalaryň döremek ähtimallygy ýokarydyr.



***3-nji surat.*** *Ýewropadaky Dunaý derýasy we onuň halkara ýüklerini daşamakdaky ähmiýeti*

4. Sargyt № 850




***4-nji surat.*** *Afrikanyň birnäçe döwletiniň üstünden akyp geçýän Nil derýasy*

**9. Kanallar** hem deňizleri we derýalary özara birikdirýän suw ýollaryny emele getirýärler. Ulag-aragatnaşyk nazaryndan, kanallar içerki we halkara ýük we ýolagçy gatnawlarynda doly möçberde ulanylýar. Içerki kanallar daşary-syýasy artykmaçlyga esas bolmasa-da, milli ykdysadyýetiň infrastrukturasyny ösdürmekde we ýurduň dürli sebitlerini özara baglaşdyrmakda uly ähmiýete eýedir.







***5-nji surat.*** *Panama we Sues kanallarynyň global söwda we ulag-aragatnaşyk ýollaryndaky ähmiýeti*

**10. Daglar** özboluşly tebigy päsgelçiligi döretmek bilen, olar içki ýa-da daşky serhetleri emele getirýärler. Içki serhetler goňşylykda ýaşaýan dürli halklaryň özara gatnaşyklaryny we garylyp-gatyşmagyny bökdäp bilerler. Şu sebäpli, daglyk sebitlerde ýaşaýan halklaryň etniki we dil taýdan köp dürli bolmagy geň däldir. Dag gerişleriniň zynjyry daşky serhet hökmünde goňşy ýurtlaryň özara araçägini emele getirýär we bellibir derejede tebigy diwar görnüşinde gorag wezipelerini ýerine ýetirýär. Şu nukdaýnazardan, dag zynjyrlary döwletiň serhet-gorag çäreleriniň harajatlarynyň hem tygşytlanmagyna ýardam berýär. Daglar ýerüsti aragatnaşyklarda, turbageçirijileri we elektrikgeçirijileri çekmekde, awto-demir ýollary gurmakda hem uly kynçylyklary döredýärler. Şeýle hem, dag belentlikleri olaryň töweregindäki giňişlikleri gözegçilik astynda saklamak üçin harby-strategiki ähmiýete eýedir.

**11. Düzlükleriň** geosyýasy faktor hökmündäki ähmiýeti goşun üçin giň gerimli hereketlere mümkinçilik berýänligindedir. Adatça, düzlükler çarwadarçylyk üçin has ýaramly bolýar we suwarymly ekerançylyk ol ýerlerde ösmeýär. Çöllerde bolşy ýaly, eger-de tebigy gorlaryň ýerasty ýataklary tapylan ýagdaýynda düzlükleriň geosyýasy ähmiýeti has hem artýar.

**12. Çöl giňişlikleri** üsti çäge bilen örtülen ummasyz meýdanlardyr. Ýaşaýyş-durmuş üçin uly kynçylyklary döredýän we ekerançylyk üçin ýaramsyz bolan çöllükler harby ýörişler üçin kän bir özüne çekiji bolup durmaýar. Çöller, adatça, serhet wezipesini hem ýerine ýetirýärler, sebäbi ony kesip geçmek aňsat iş däldir.

**13. Tokaýlar** araçäkleri goramak nukdaýnazaryndan kynçylyklary döredýärler we serheti berkitmekde köp çykdajylary talap edýär. Tokaýlar faktory, ilkinji nobatda, ykdysady we agaç-sellýuloza önümçiligi babatynda ähmiýetlidir we geosyýasatda çynlakaý häsiýete eýe bolmaýar.

**14. Ekerançylyk üçin ýaramly ýerleriň möçberleri** hem döwletiň azyk üpjünçiligi meselesinde wajyp orun tutýar. Bu aýratyn hem ýaňy ösüp barýan ýa-da yzagalak ýurtlar üçin möhüm ähmiýete eýedir.

**15. Tebigy gorlar** we baýlyklar, aýratyn hem gazylyp alynýan we öwezini dolup bolmaýan energiýa serişdeleri häzirki zaman şertlerinde

örän wajyp geosyýasy faktor bolup durýar. Olaryň hatarynda nebit we gaz, uran we beýleki agyr metallaryň magdanlary, şonuň ýaly-da gymmat bahaly metallaryň we daşlaryň ýataklary degişlidir. Şeýle gorlara we baýlyklara eýe bolan döwlet mydama halkara syýasatynyň üns merkezinde bolýar we işjeň geosyýasy hereketlere gatnaşýar.

***II. Milli-administratiw we demografiki faktorlar***

**1. Awtonomiýalar** – bu döwletiň içindäki goşmaça administratiw-dolandyryş gurluşlarydyr. Awtonomiýalaryň emele gelmeginiň esasynda ýurduň içindäki iri milli-etniki düzümleriň bolmagy we olara bellibir derejede syýasy-ykdysady we öz-özüni dolandyryş babatynda özygtyýarlylyk berilmegi sebäp bolýar. Globallaşmak şertlerinde käbir awtonomiýalar özbaşdaklyk we aýratyn döwlet bolmak meýillerine has-da ýykgyn edýärler we munuň özi bolsa ýurt içindäki dawalaryň, hatda ýaragly çaknyşmalaryň hem tutaşmagyna getirýär.

**2. Döwlet derejesindäki megapolis şäherleri** dünýä we sebit syýasatynda hem-de ykdysadyýetinde ähmiýetli orny eýeleýärler. Olaryň harby-goranyş güýçleri ýokdur ýa-da örän çäklidir. Olaryň hatarynda Watikany ýa-da Singapury görkezip bolar. Hatda, Hytaý Halk Respublikasyna girýän Gonkong hem sebit we global söwda-ykdysady gatnaşyklaryna işjeň gatnaşýar.

**3. Diasporalar** bir ýurduň içinde kowçum bolup ýaşaýan milletleri aňladýar. Olar bellibir derejede özleriniň ata watany bolan ýurdy bilen ýaşaýan ýurtlarynyň arasyndaky gatnaşyklary has ysnyşykly alyp barmakda oňyn orny eýeleýärler. Emma şeýle iki ýurduň arasyna dawa düşen ýagdaýynda bolsa ilkinjileriň hatarynda kynçylyklara sezewar bolýarlar.

**4. Komplimentar etnoslar** medeni, etniki, lingwistiki we dini taýdan özara ýakyn etnoslary aňladýar. Olaryň bolmagy bilen milletara sazlaşyk has gowy üpjün edilýär we oňşuklylyk saklanýar. Komplimentar döwletleriň özara goňşy bolup durmagy hem sebit parahatçylygy üçin uly ähmiýete eýedir.

**5. Lingwistiki taýdan özara ýakyn** halklar we döwletler üçin sebit hyzmatdaşlygyny alyp barmak köp babatda ýeňil düşýär. Kähalatlarda, şeýle döwletler umumy maksatlara we bähbitlere laýyk gelýän bileleşikleri hem döredýärler.

### *III. Häkimiýeti dolandyryş we harby-syýasy faktorlar*

**1. Güýçli ýerine ýetiriji häkimiýet** öz döwletiniň çäklerinde hukuk we kanunçylyk ýagdaýyny üpjün edýär we jemgyýet asudalygyny saklaýar, separatizme we terrorçylyk hereketlerine ýol bermeýär. Ýurduň ösüşine we ilatyň mynasyp durmuş-ýaşaýşyny üpjün etmäge gönükdirilen çäreleri amala aşyrýar. Milli bähbitleri, şol sanda geosyýasy bähbitleri goraýar. Eger-de gowşak ýerine ýetiriji häkimiýet bolsa ol öz döwletiniň çäklerinde hukuk we kanunçylyk ýagdaýyny doly üpjün edip bilmeýär. Dürli toparlaryň ýurtda agalyk etme ugrundaky özara dawalary netijesinde jemgyýetde bölünişikler emele gelýär we döwletiň bütewüligi howp astynda galýar.

**2. Harby kuwwat** örän möhüm geosyýasy faktoryň hatarynda durýar. Bu babatda, düzüminde ýadro komponenti bolan strategiki-goranyş we strategiki-hüjüm ediş ýaraglary, guryýer we harby-deňiz floty kontinentde we ummanlarda artykmaçlyga eýe bolmagyň ilkinji esasy hasaplanýar. Harby-howa güýçleri garşydaşyň içki infrastrukturasyny we ykdysadyýetini sanlyja günüň içinde dargadyp biljek faktordyr. Hereket edýän harby goşun we zerur wagty goşuny giňeldip bolýan ätiýaçlyklar döwleti daşky agressiýadan goramagyň esasy faktorydyr. Harby bloklara we ýaranlyklara gatnaşmak bilen degişli döwletler geosyýasy ýaranlyk babatynda öz üstlerine goşmaça borçlary alýarlar.

**3. Terrorçylyk hereketleri** häzirki zamanyň iň esasy howplarynyň biri bolup durýar. Olaryň netijesinde parahat ýaşaýan ilat ejir çekýär we bikanunçylyk höküm sürýär.

### *IV. Sebitiň daşary-syýasy gurşawy bilen bagly faktorlar*

**1. Anklawlar** adatça başga döwletiň içinde ýerleşen we harby güýje eýe bolmadyk döwletlerdir. Olar geosyýasy taýdan üns merkezinde durmaýarlar.

**2. Bufer zolaklar** adatça iki sany özara gapma-garşy ýa-da duşmançylykly döwletleriň arasynda emele gelýärler. Bufer zolakda ýerleşýän döwletlere limitrof döwletler hem diýilýär. Olar oňaýsyz ýagdaýda galmak bilen uruş hereketlerinin astyna düşmek howpuna sezewar bolýarlar.

**3. Gyrak-çetde ýerleşen ülkeler** uly bolmadyk döwletlerden durýarlar we olar harby taýdan gowşakdyrlar. Olar dünýä ykdysadyýetine doly goşulyp bilmeseler-de, ählumumy çökgünlikden sowa galyp bilýärler.

**4. Tranzit** zolaklarda ýerleşen döwletler söwda-ykdysady babatda artykmaçlyklara eýedirler. Olaryň üstaşyr ulag-aragatnaşyk ýollaryndan alýan girdejileri durnuklydyr we halkara söwdasynda möhüm orun eýeleýärler. Şonuň üçin hem olar ýol-ulag ulgamlaryny ýokary hil derejesinde saklaýarlar.

**5. Merkezi** sebitlerde ýerleşen döwletler harby-strategiki we ulag-aragatnaşyk babatynda uly artykmaçlyklara eýe bolýarlar.

Ýokarda beýan edilenleriň mysalynda biz geosyýasy faktorlaryň ençeme görnüşleriniň bardygyny görýäris. Olaryň sanawyny has hem uzaldyp bolar we olara häzirki zamanyň derwaýys meseleleri bolan ýokary tehnologiýalar, maglumat alşygy we internet taýdan üpjünçilik, kosmos kuwwaty, adam kapitalynyň ösüş derejesi we beýlekileri hem goşup bolar. Ýöne syn berilýän faktorlar özara utgaşykly gelýärler we arassa görnüşde bolmaýarlar.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Geosyýasy faktorlary näme üçin hasaba almaly bolýar?*
*2. Guryýer bilen baglanyşykly haýsy faktorlary aýdyp bolar?*
*3. Adalaryň we ýarymadalaryň geosyýasy ähmiýeti barada näme aýdyp bolar?*

## §8. Dünýä tertibi we daşary-syýasy deňagramlylygyň üpjün edilişi

Halkara gatnaşyklary ulgamynyň sazlaşykly hereket etmegi köp babatda onuň deňagramly häsiýetde bolmagyna baglydyr. Geosyýasat, dünýä tertibi hem-de güýç deňagramlylygy özara örän ýakyn arabaglanyşykly bolan düşünjelerdir. Halkara gatnaşyklar teoriýasyna görä, daşary-syýasy deňagramlylygy baradaky düşünje dünýä halkara-syýasy tertibinden gelip çykýar. Adatça tertip düşünjesi bellibir merkezden ugur alýan we dolandyryş bilen bagly düşünjedir. Eger-de halkara gatnaşyklary ulgamynyň esasy elementi hökmünde döwlet

hasap edilse, onda olaryň her biri deň hukukly we biri-birine garaşly däl bolan subýektlerdir. Olaryň üstünden garaýan bir «halkara häkimiýeti» ýok.

Şu nukdaýnazardan, dünýä tertibi halkara hukugy we güýçleriň deňagramlylygy esasynda döreýär. Halkara howpsuzlygy baradaky däp bolan garaýyşlar klassyky, ýa-da nýutonçylyk ýörelgelerine eýerýän ylymlarda ulanylýan hereket we oňa garşy hereket düşünjelerinden ugur alýarlar. Mälim bolşy ýaly, meşhur iňlis fizigi we filosofy Nýutonyň kanunyna görä, herekete garşy hereket bar. Bu dünýä döwletleriniň arasyndaky deňagramlylygy saklamagyň hem iň esasy kanuny bolup durýar diýilse hakykatdan daşda bolmaz. Hut şu esasdaky deňagramlylyga daýanmak bilen dünýäniň syýasy ulgamy döredilýär we hereket edýär. Şu esasda hem parahatçylygy saklamaga ymtylyş edilýär.

Daşary syýasatyň realizm garaýyşlaryna görä bolsa, halkara ulgamy «duşmançylykly» bolup, onda uzak wagtlaýyn parahatçylyk mümkin däldir diýlip hasaplanýar. Şu ýagdaýda dünýä tertibi we onuň howpsuzlyk derejesi esasy iki faktora bagly bolup durýar: güýçleriň deňagramlylygyny saklamak we global urşa ýol bermezlik. Güýçleriň deňagramlylygy baradaky konsepsiýa görä, halkara howpsuzlygyny üpjün etmek üçin ýörite guramalary döretmek, ähli ýurtlaryň içki syýasy gurluşyny birmeňzeş görnüşe getirmek, ýagny institusional hyzmatdaşlyk ileri sürülýär. Bu garaýyş bellibir derejede halkara gatnaşyklarynyň liberal teoriýasyna hem ugurdaş bolup durýar. Şu nukdaýnazardan, institusional laýyklyk – bu döwlet gurluşynyň, döwlet ideologiýasynyň we jemgyýetçilik-syýasy dolandyryş tejribesiniň özara gabat gelmegini ýa-da meňzeş bolmagyny aňladýar. Şunuň bilen baglylykda, Günbatarda berkarar bolan demokratik ýurtlar özara uruşmaýarlar diýen konsepsiýa ýörgünlidir.

Realizm teoriýasyna görä, dünýä tertibiniň binýadynda güýçleriň deňagramlylygy durýar. Ýöne, beýleki tarapdan, «tertip we deňagramlylyk» hem-de «uruş» düşünjeleri özara bir ýere sygyşmajak ýaly görünýär. Hakykat ýüzünde güýç deňagramlylygynyň bozulmagynyň netijesinde dürli bähbitleriň özara çaknyşygy global häsiýete eýe bolýar. Barlyşyksyz ýagdaýdan çykmagyň ahyrky serişdesi hökmünde garşydaş taraplar uruş hereketlerine başlaýarlar. Şonuň üçin

hem, deňagramlylyk ulgamynyň esasy wezipesi urşa ýol bermezlik bolup durýar. Şeýlelikde, uruş howpunyň öňüni almak wezipesi deňagramlylygy saklamaga bolan tagallalaryň esasynda durýar. Global uruş howpy halkara tertibiniň deňagramlylygyny saklamak üçin özboluşly geosyýasy faktor hökmünde hem bolup durýar. Oňa köplenç «Ýadro böwedi» hem diýilýär.

Halkara ulgamynda güýçleriň deňagramlylygy baradaky düşünjäniň çuňňur taryhy kökleri bardyr. Gadymy Rimde ýörgünli bolan «Agzyny alart-da höküm sür!» (latynça: Divide et impera!) ýörelgesi güýçleriň deňagramlylygy düşünjesiniň taryhy kökleriniň biri bolup durýar. Sebäbi Rim imperiýasy ony gurşap alýan giňişliklerde ýaşan warwar taýpalaryna üstünlikli garşy durmak üçin olaryň arasynda birleşdiriji güýjüň emele gelmegine ýol bermändirler. Warwarlaryň özara agzala bolmagy bilen olaryň özboluşly güýç deňagramlylygy saklanypdyr. Netijede, Rime howp salmak wehimi hem aradan aýrylypdyr.

Rimlileriň bu ýörelgesini XIX asyrdaky daşary syýasatynda ulanan Angliýanyň döwlet işgäri bolan lord Palmerston hem şeýle diýipdir: «Biziň baky ýaranymyz ýa-da baky duşmanymyz ýok. Biziň hemişelik baky bähbitlerimiz bar we biz olara eýermelidiris!»

XV asyryň ikinji ýarymynda Italiýadaky ownuk döwletleriň özara gatnaşyklary hem güýç deňagramlylygy ulgamynyň özboluşly mysaly bolup biler. Ol döwürlerde Appennin ýarym adasynda dört sany öz wagtynyň güýçli döwleti bolan Wenesiýa, Florensiýa, Milan we Neapol özara bäsdeşlikde ýaşapdyrlar. Köplenç babatda has uly kuwwata eýe bolan hem-de agalyga ymtylýan Wenesiýany gowşatmak maksady bilen onuň garşysyna beýleki üç döwlet birigip hereket edipdirler. Şeýlelik bilen, güýç deňgramlylygy saklanypdyr. G.Kissinjer özüniň «Diplomatiýa» kitabynda Ýewropada güýç deňagramlylygynyň gelip çykyşyna çuňňur seljeriş berýär. Ol Ýewropa gatnaşyklary ulgamynda dörän döwlet bähbitleri, ýagny «raison d’etat» konsepsiýasyny hemmetaraplaýyn düşündirýär. Bu konsepsiýa görä, orta asyrlarda döwlet bähbitleriniň üpjün edilmeginde islendik serişdäni hem ulanmakdan gaýtmaly däl diýlen makiawellistik ýörelgeler agdyklyk edipdir. Bu bolsa syýasatda ahlak gymmatlyklarynyň teswirlenişiniň köpugurly häsiýetini esaslandyrýar. Şunuň bilen bag-

lylykda, her bir döwlet öz bähbitlerine eýermek bilen bir wagtda umumy bähbitlere alyp barýan ýola goşulýar we netijede ählumumy howpsuzlyk ulgamy emele gelipdir.

Dünýä syýasy ulgamynyň taryhy ösüşinde güýç deňagramlylygynyň şu aşakda görkezilen esasy görnüşleri tapawutlandyrylýar:

1.*Yzygiderli häsiýete eýe bolmadyk, ýagny irregulýar güýç deňagramlylygy*. Munuň özi örän gadymy döwürlerde ýüze çykan we XV-XVI asyrlara çenli dowam eden halkara tertibiniň keşbini görkezýän mysaldyr. Döwletleriň özara güýç deňagramlylygyny üpjün etmek synanyşyklary guramaçylyksyz we başly-barat tertipde amala aşyrylypdyr.

2. *Güýç deňagramlylygyny üpjün etmeklige gönükdirilen halkara-syýasy gatnaşyklarynyň ulgamy*. Bu halkara gatnaşyklarynyň subýekti bolan döwletleriň ilki Ýewropa kontinentinde, soňra bolsa bütin dünýäde agalyk etmek ugrundaky özara göreşi netijesinde emele gelipdir. Bu göreşiň barşynda gazanylan ýaranlyk we ýaraşyk ylalaşyklary, köptaraplaýyn we döwletara derejelerinde baglaşylan şertnamalar bellibir halkara-hukuk ulgamy görnüşinde berkidilipdir. Olaryň hatarynda iň wajyp we taryhy ähmiýetli ulgamlaryň binýatlyk esasyny döreden şertnamalar hökmünde şu aşakdakylary görkezip bolar:

- Westfal ýaraşygy (1648);
- Utreht ýaraşygy (1713);
- Wena Kongresiniň General akty (1815);
- Wersal-Waşington şertnamalar ulgamy (1919–1922);
- Ýalta-Potsdam ylalaşyklary (1945).

3. *Bähbitleriň deňagramlylygy ulgamy.* Bu ulgam XX asyryň ahyrynda ýüze çykyp ugrady we dünýä syýasy hereketleriniň ulgamy döredilende bähbitleriň ileri tutulmagy bilen baglydyr. Emma bähbitleriň ýiti gapma-garşylygy emele gelende, güýç deňagramlylygyny saklamak barha çylşyrymlaşýar.

Güýje garşy güýç konsepsiýasynyň aýdyň mysallarynyň biri hem taryhda mälim bolan «Ýewropa konsertidir». Mälim bolşy ýaly, Napoleon uruşlaryndan soňraky Ýewropada parahatçylygy we durnuklylygyny üpjün etmek tagallalary Wena konferensiýasynyň esasy maksady bolupdy. Şu esasda hem şol wagtky monarhiýalaryň

hökmürowanlygyny üpjün etmeklik göz öňünde tutulýardy. Dowamly we çylşyrymly gepleşikleriň hem-de «geosyýasy söwdalaryň» netijesinde ýokarda aýdylan «Ýewropa konserti» emele gelipdi. Ýewropa konsertiniň düýp manysy köp ýurtlaryň çäkleriniň we araçäkleriniň üýtgedilmegi bilen bir wagtda geosyýasy güýçleriň deňagramlylygyny saklamak bilen bagly bolupdy. Bu güýç deňagramlylygy beýik döwletleriň we imperiýalaryň agalyk ediji ýagdaýlaryny saklamak we kanunlaşdyrmak esasynda guruldy we 40 ýyl dowamynda hereket etdi. Ýewropa konsertine girýän uly döwletler kiçi döwletleriň daşary syýasatyny we halkara giňişligindäki hereketlerini güýçli basyşa daýanýan gözegçilik astynda saklapdyrlar.

XX asyryň ikinji ýarymynda dörän we dowam eden geosyýasy garaýyşlarda, ilkinji nobatda, «sowuk uruş» we ondan soňraky döwürde emele gelen geosyýasy ýagdaýlar bilen bagly «polýar ulgamy» düşünjesi giňden ýaýrady. Biz ýokarda bir polýarly we köp polýarly ulgamlara häzirki zaman dünýä tertibi nukdaýnazaryndan gysgaça seredip geçipdik. Olaryň çäklerinde güýç deňagramlylygynyň bir we ondan köp polýarly ulgamlary tapawutlandyrylýar. Bir polýarly ulgamda deňagramlylyk bir güýç merkezine daýanmak bilen üpjün edilýär. Şeýle merkez hökmünde iň kuwwatly döwlet çykyş edýär hem-de şeýle döwlete «gegemon» diýilýär. Bir polýarly ulgam 1990-njy ýyllaryň dowamynda ýüze çykdy we onda ABŞ gegemonlyk ornuna geçdi. «Sowuk uruş» döwründäki iki polýarly ulgam 1950-nji ýyllaryň başyndan 1991-nji ýyla çenli dowam etdi. Ol mazmun taýdan ABŞ we öňki Sowet Soýuzynyň gapma-garşylygyndan gelip çykan Günbataryň we Gündogaryň arasyndaky özara global garşy duruşlary bilen häsiýetlendirildi. Ikipolýarlylyk özara gapma-garşy duran ýaranlyklaryň arasyndaky gatnaşyklary hem aňladyp biler. Munuň mysaly hökmünde Ikinji Jahan urşunda «ABŞ–SSSR–Beýik Britaniýa» ýaranlygynyň we «Germaniýa–Italiýa–Ýaponiýa» ýaranlygynyň arasyndaky gapma-garşylyk bolup durýar.

Köp polýarlylyk – bu «sowuk uruşdan» soňra emele gelen düşünje bolmak bilen häzirki zaman halkara gatnaşyklary ulgamyndaky birnäçe güýç merkeziniň emele gelmegini aňladýar.

Şeýlelik bilen, geosyýasy seljerişde dünýä tertibi we deňagramlylyk düşünjelerine ähmiýetli orun degişlidir. Olaryň esasynda geosyýasy ýagdaýlaryň döreýiş sebäpleri we ösüş ugurlary öwrenilýär.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Dünýä tertibi düşünjesiniň mazmuny nämede?*
*2. Halkara gatnaşyklaryna realizm taýdan nähili baha berilýär?*
*3. Polýar ulgamyna nähili düşünýärsiňiz?*

## §9. Global ähmiýetli geosyýasy deňagramlylyk

Dünýä tertibini saklamak we ählumumy tagallalar arkaly howpsuzlygy üpjün etmek babatynda geosyýasy deňagramlylyk meselesi özüniň derwaýyslygy bilen öňe çykýar. Şonuň üçin hem muňa has giňişleýin seretmeklik zerurdyr. Mälim bolşy ýaly, häzirki zaman halkara gatnaşyklary ulgamynyň binýatlyk ýörelgeleri 1648-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda Westfal parahatçylyk şertnamasynyň baglaşylmagy netijesinde emele geldi diýlip hasaplanýar. Westfal ulgamynyň esasy sütünleri hökmünde güýçleriň özara deňligi, diplomatiýa we halkara hukugy ýörelgeleriniň berkidilmegi bolup durýar. Halkara gatnaşyklarynyň Westfal ulgamy 1648-nji ýylda Ýewropada dowam eden otuzýyllyk urşuň tamamlanmagy bilen emele geldi. Bu uruş turuwbaşdan raýat we dini agzalalygyň ýüze çykmasy görnüşinde Germaniýanyň we Çehiýanyň çäklerinde protestantlaryň we katolikleriň gapma-garşylygyndan başlandy. Soňra bu iki dini akymlaryň arasynda tutaşan giň göwrümli dawa uly urşa öwrüldi. Ýaranlyklaryň biri Gabsburglara garşy bolup, ol Demirgazyk Germaniýanyň döwletlerini, Daniýany, Şwesiýany we Fransiýany öz içine alýardy. Beýleki ýaranlyga bolsa Gabsburglaryň tarapynda duran Günorta Germaniýanyň katoliki döwletleri, Awstriýa we Ispaniýa girdi. Bu urşuň tutaşmagy bilen Ýewropanyň taryhyndaky Reformasiýa, ýagny Özgeriş eýýamy tamamlanypdy.

Otuzýyllyk urşuň düýp mazmuny Ýewropada agalyk etmek ugrundaky göreş bolupdy we onuň netijesinde emele gelen Westfal ulgamyna «güýçleriň deňagramlylygy ulgamy» diýlip hem aýdylýar. Bu ulgamyň esasynda halkara gatnaşyklarynda döwlet özygtyýarlylygyny ykrar etmek ýörelgesi durýar. Oňa laýyklykda, her bir döwlet özüniň territorial çäklerinde häkimiýeti amala aşyrmak boýunça hökmürowanlygyny doly suratda berkarar edýär. Şeýle hem, bu ýörelge halkara syýasatynyň mazmunyndan dini faktory gapdala aýyrýar. Sebäbi köp asyrlaryň dowamynda katoliki buthananyň agalyk edýän ýurtlarynda Rim papasynyň hem örän güýçli, dünýewi häkimiýete höküm ediji güýje eýe bolan hukugy hereket edýärdi. Özygtyýarly döwletiň ykrar edilmeginiň esasy dört sany öňkülerden tapawutly şertleri öňe sürülýär:1. Döwlet çäkleriniň bolmagy; 2. Ol çäklerde ýaşaýan raýat ilatyň bolmagy; 3. Ilaty kanuny esasda dolandyrmak; 4. Ol döwletiň beýleki milli döwletler tarapyndan ykrar edilmegi.

Westfal deňagramlylyk ulgamy haýsydyr bir döwletiň çendenaşa güýçlenmeginiň we onuň beýleki döwletleriň üstünden agalyk etmeginiň öňüni almaklyga gönükdirilendir. Bu ulgama girýän özygtyýarly döwletler bolsa halkara gatnaşyklarynyň esasy subýektleri hökmünde çykyş edýärler. Halkara gatnaşyklarynyň subýekti bolan döwletleriň özara gatnaşyklaryna esaslanan halkara ulgamynyň esasynda «döwlet bähbitleri» (raison d’etat) düşünjesi hem goýuldy we ol döwletara gepleşiklerinde ileri tutulýan ýörelgä öwrüldi. Sebäbi özara barlyşyksyz bolan dini ýa-da ideologiki garaýyşlardan tapawutlylykda, döwlet bähbitlerini ileri tutýan bu ýörelge özara ylalaşyklara gelmäge esas döredip bilýärdi.

Westfal şertnamasynyň 2-nji bölüminde ony baglaşan kuwwatly döwletler halkara ulgamynyň iň täsirli özeni hökmünde hasaplanýar. Şol bir wagtda özygtyýarly döwletleriň üstünden höküm sürüji üçünji tarapyň bolmaly däldigi nygtalýar. Şu kada esaslanmak bilen ilkinji gezek döwletiň milli howpsuzlygy düşünjesiniň hem binýady goýuldy.

Westfal ulgamyndan ozal daşary-syýasy maksatlarda agdyklyk eden dini ýa-da ideologiki gymmatlyklar özara garşylykly taraplaryň arasynda barlyşygyň mümkinçiligini aradan aýyrýardy. Şonuň üçin hem, olar dürli dini ynançlara eýerýän taraplaryň «doly ýeňşe çenli» surnukdyryjy uruşlarynyň uzak ýyllaryň dowamynda

alnyp barylmagyna sebäp bolýardylar. Westfal ulgamynyň çäklerinde döwletleriň geosyýasy garaýyşlary has realistik häsiýete eýe boldular we «güýçleriň tebigy deňagramlylygyna» ýykgyn edilip ugraldy. Döwletara gatnaşyklary has çeýe we pragmatik häsiýete eýe bolup ugradylar. Netijede, ýaran taraplaryň öz bähbitlerine we döreýän geosyýasy ýagdaýlara görä daşary-syýasy ugurlaryny üýtgedip durmaklary adaty häsiýete eýe boldy.

Westfal ulgamynyň birýarym asyrlyk dowam eden deňagramlylygy Fransiýanyň Ýewropada agalyk etmäge gönükdirilen hereketleri bilen bozuldy. Korol Lýudowik XIV dört urşy başdan geçirdi we netijede ýeňlişe sezewar boldy. 1713-nji ýylda baglaşylan Utreht parahatçylyk şertnamasyna laýyklykda Ýewropa deňagramlylygy dikeldildi. Emma indi Ýewropada täze syýasy durnuklylygyň kepilleri hökmünde Awstriýa we Beýik Britaniýa çykyş etdiler. 1700-1721-nji ýyllyrda Şwesiýa garşy dowam eden Demirgazyk urşunda ýeniji bolan Russiýa hem beýik döwletleriň hataryna girdi.

Napoleon uruşlaryndan soň, 1814-nji ýylyň sentýabr aýy--1815-nji ýylyň iýun aýy aralygynda Wena şäherinde Wena kongresi bolup geçdi we onda Ýewropadaky ýagdaýlary parahatçylykly kadalaşdyrmak meselelerine seredildi. Ýeňlişe sezewar bolan, emma gepleşiklere goýberilen Fransiýanyň wekiliýetine meşhur diplomat we syýasatçy Taleýran baştutanlyk edýärdi. Onuň esasy maksady Fransiýanyň uruşdan öňki çäklerini saklap galmakdy. Bu maksady halkara-hukuk taýdan delillendirmek üçin ol legitimizm ýörelgesini öňe sürdi. Bu ýörelge öňki monarhlaryň kanuny hukuklarynyň gaýtadan dikeldilmegini talap edýärdi. Şeýle hem, bu ýörelgäniň ýene bir maksady ýeňlen döwletiň çäkleriniň ýeňen döwletler tarapyndan olja hökmünde paýlaşylmagyna ýol bermezlikdi. Legitimizm Wena kongresinde goldaw tapdy we ol ýörelge köp babatda ideýa-hukuk çözgütleriniň esasyny tutdy. Şol bir wagtda-da Germaniýanyň öňki ownuk döwletlere bölünen ýagdaýy hem saklanyp galdy we Prussiýanyň bitewi german döwletini döretmek meýilleri başa barmady. Netijede, 38 döwletden, şeýle hem Awstriýadan we Prussiýadan durýan German bileleşigini döretmek kararyna gelindi.

1815-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda Russiýa, Prussiýa we Awstriýa Parižde Mukaddes ýaranlyk baradaky şertnama gol çekdiler. Hristian monarhiýalaryň bu ýaranlygy Ýewropada durnuklylygy üpjün etmek maksatlaryny göz öňünde tutýardy, şeýle hem rewolýusiýalara garşy göreşmekde legitimizm ýörelgesini ulanmaga gönükdirilendi. Üç imperatoryň bu ýaranlygy 40 ýyldan gowrak dowam etdi we rus-türk uruşlarynyň (1877–1878) netijesinde bolan Berlin kongresinde (1878) dargady.

1870-nji ýylda franko-prus urşy bolup geçdi hem-de ol Fransiýanyň ýeňilmegi we bitewi Germaniýanyň döremegi bilen tamamlandy. 1871-nji ýylyň 10-njy maýynda Frankfurt parahatçylyk şertnamasyna gol çekildi we ondan soňra Ýewropada güýçli Germaniýany öz içine alýan halkara gatnaşyklary ulgamy emele geldi.

Geçen taryhy döwürlerden tapawutlylykda, häzirki eýýamyň geosyýasy taýdan ähmiýetli giňişliklerinde global we sebit döwletleriniň özara baglanyşyklarynyň täze mazmunly görnüşleri emele gelýär. Şeýle geosyýasy arabaglanyşyklara halkara daşary-syýasy gatnaşyklarynyň koordinatalary nukdaýnazaryndan seretmek bilen, olary şu ugurlara bölmek bolar:

1. ABŞ we Latyn Amerikasy ýurtlarynyň arasyndaky syýasy we ykdysady gatnaşyklaryň täze ölçegleriň emele gelýän ugry. Bu babatda Latyn Amerikasy ýurtlarynyň, aýratyn hem, Braziliýa, Argentina, Çili ýaly döwletleriň ähmiýetiniň barha artmagy aýdyň göze ilýär;

2. Transatlantika çäklerinde ABŞ-Ýewropa gatnaşyklarynyň güýçlenmegi we ABŞ-nyň Ýewropa syýasatyndaky täsiriniň artmagy;

3. ABŞ we Hytaýyň arasynda söwda we geostrategiki bäsdeşlikleriň täze häsiýete eýe bolmagy;

4. Aziýa kontinentinde beýik döwletleriň arasyndaky bäsleşigiň güýçlenmegi.

Aziýanyň geosyýasy giňişliklerinde hem özara gyzyklanma esasynda, ýöne seresaply gatnaşyklaryň görnüşleri emele gelýär. Bu ýerde Russiýa, Hytaý, Hindistan, Ýaponiýa, Eýran ýaly ýurtlaryň arasynda hyzmatdaşlyk bilen bir hatarda bäsdeşlik ýagdaýlary hem döreýär.

Ýakyn Gündogar tutuş dünýä syýasatynda iň çylşyrymly sebit bolmagynda galýar. Onda dowam edýän gapma-garşylyklaryň esasy ugurlaryny Pars aýlagy sebitinde saklanyp gelýän dartgynlyklar, Arap dünýäsiniň wakalary, Afrika kontinentindäki ýagdaýlar we beýleki faktorlar bilen düşündirip bolar. Şunuň bilen baglylykda, Ýakyn we Orta Gündogar, Günorta Aziýa we Demirgazyk Afrika, Ýuwaş umman ýaly strategiki häsiýetli zolaklaryň geosyýasy ähmiýeti hem artýar.

G.Kissinjer özüniň «Amerika üçin daşary syýasata zerurlyk barmy?» (iňlisçe: «Does America need a Foreign policy?», 2001) atly kitabynda Aziýa howpsuzlyk ulgamy barada söz açmak bilen, bu yklymyň çäklerinde XX asyryň 40-njy ýyllaryndan başlap ABŞ-nyň birnäçe urşa, hususan-da Ýaponiýa, Koreýa we Wýetnam uruşlaryna gatnaşandygyny, emma olaryň Ýewropadaky ýaly netijeleri bermändigini belleýär. Onuň pikirine görä, Aziýadaky döwletler birek-birege strategiki garşydaş ýa-da bäsdeş hökmünde garaýarlar. Bu ýagdaý olaryň ýaranlyk ýa-da hyzmatdaşlyk ýagdaýlarynda hem üýtgemän galýar. Olaryň arasynda urşuň bolup bilmek ähtimallygy aradan aýrylmaýar. Şonuň üçin hem Aziýadaky syýasy tertip XIX asyrdaky Ýewropany ýada salýar.

G.Kissinjer Aziýanyň içki gapma-garşylyklary barada aýtmak bilen, onuň çäklerindäki döwletleriň öz aralarynda birek-birege bolan şübheli garaýyşlaryň entäk hem saklanyp galýandygyna ünsi çekýär. Olardan tapawutlylykda, ABŞ bilen ýakyn egindeşlikde durýan Ýewropa ýurtlary özara duşmançylykly garaýyşlardan azatdyrlar, diýip G.Kissinjer belleýär.

Häzirki zamanyň geosyýasatynda energiýa howpsuzlygy we energiýa çeşmelerine eýelik etmek ugrundaky bäsdeşlik barha güýçlenýär. Şu sebäpli, halkara syýasatynda öň hatarda duran derwaýys meseleleriniň biri hem energiýa çeşmelerini golastynda saklamak meselesi bilen bagly bolup durýar. Uzak möhletli strategiki nukdaýnazardan, energiýa gorlarynyň esasy çeşmeleri hökmünde Ýakyn Gündogar, Arktika we Barens deňziniň ýalpaklygy, Merkezi Aziýa we Hazar deňziniň basseýni ýaly sebitler üns merkezinde durýar.

Ýokarda aýdylanlary jemlemek bilen, häzirki zamanyň global deňagramlylyk ulgamynyň çuňňur mazmunly taryhynyň bardygyny aýtmak gerek. Ol ulgam, esasan, hem iri uruşlaryň tamamlanmagy bilen, parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak maksady bilen döredildi. Şu günki hereket edýän ulgam Ikinji Jahan urşundan soňra emele gelmek bilen, birnäçe taryhy tapgyryň dowamynda kämilleşse-de, dürli geosyýasy şertlere görä mazmun taýdan barha çylşyrymlaşýar.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Legitimizm düşünjesiniň mazmuny nämeden ybarat?*
*2. Güýç deňagramlylygy näme?*
*3. Sebit we global gatnaşyklaryň nähili geosyýasy aýratynlyklary bar?*

## § 10. Dünýä uruşlarynyň geosyýasy netijeleri

XX asyrda adamzat ösüşi tehniki-tehnologiki nukdaýnazardan görlüp-eşidilmedik derejede çaltlaşdy. Munuň özi bolsa dürli sebitleriň we döwletleriň ösüş depginleriniň arasynda uly tapawutlary döretdi hem-de geosyýasy meseleleri has-da çuňlaşdyrdy. Geçen asyrda global bäsdeşligiň we halkara tertibiniň derwaýys meselelerini çözmek synanyşyklarynyň petige diremegi bilen iki sany jahan urşy we ençeme lokal uruşlar ýüz berdi.

XX asyryň başynda Ýewropa döwletleriniň arasynda başlanan Birinji Jahan urşy global häsiýete eýe boldy. Oňa täze-industrial eýýamyň ilkinji ählumumy urşy hökmünde hem baha berilýär.

Öňki uruşlardan tapawutlylykda, XX asyryň jahan uruşlary harby-syýasy we ideologiki taýdan örän çuňňur taýýarlyklydy we olaryň tutaşmagynyň esasynda geosyýasy doktrinalar ýatyryldy. Käbir geosyýasy konsepsiýalar täze dünýä tertibini güýje daýanmak bilen döredip boljakdygyny subut edýän esas hökmünde ulanyldy.

Iňlis alymy Halford Makkinderiň 1904-nji ýylda çap edilen «Taryhyň geografiki esaslary» atly eserinde her bir döwletiň ykbalynyň onuň geografiki taýdan ýerleşişine baglydygy

görkezilýärdi. Ol bu ýagdaýy «geografiki inersiýa kanuny» diýip atlandyrypdy.

1910-njy ýylda Ýewropa özüniň içki serhetleriniň we kolonial mülkleriniň gaýtadan paýlaşylmagynyň öňüsyrasynda durdy. Britan imperiýasynyň hem kuwwatly imperiýa zamanasy ahyrlapdy, ABŞ we Russiýa bolsa, esasan, öz içki işleri bilen gümradylar. Ýewropada bolsa göze görnüp duran lideriň bolmazlygy sebäpli, iki sany harby-syýasy blok emele geldi: bir tarapdan – Antanta (Angliýa we Fransiýa), ikinji tarapdan bolsa – Üçleriň ýaranlygy (Germaniýa we Awstriýa-Wengriýa)

Şol döwürde hem şwed alymy Rudolf Çellen özüniň «Beýik döwletler» atly kitabyny çapdan çykarýar. Onda Çellen ilkinji gezek «geosyýasat» düşünjesini girizýär we Ýewropanyň geosyýasy gurluşyny beýan edýär. Onuň garaýşyna görä, «ownuk ýurtlar» özleriniň çäkleriniň kiçiligine we geografiki ýerleşişlerine görä «beýik döwletlere» boýun bolmalydylar we bir bitewi ykdysady-syýasy topluma birikmäge borçludylar. Şeýle birleşdiriji güýç hökmünde Çellen, ilkinji nobatda, Germaniýany öňe sürýärdi. Kontinental Ýewropanyň daşky çäklerinde ýerleşen döwletler bolan Britaniýadan we ABŞ-dan tapawutlylykda, Germaniýa kontinentiň merkezinde ýerleşendi. Çellen Germaniýanyň kuwwatynyň Atlantika ummanynyň, Baltikanyň, Pars aýlagynyň we Adriatiki deňziniň arasynda ýerleşen ähli ýurtlary hem güýç bilen birleşdirmäge ýetjekdigini tekrarlaýardy.

Birinji Jahan urşy taryhda ilkinji industrial taýdan ösen ýurtlaryň gapma-garşylygyndan döredi. Mysal üçin, harby-deňiz flotunda energiýa çeşmesi hökmünde bugdan nebite geçilipdi we uruş meýdanynda telegraf aragatnaşygy, zäherleýji himiki serişdeler, köpatar tüpeňler, tanklar hem-de aeroplanlar ulanylýardy. Uruşýan duşmançylykly taraplar «Merkezi döwletler» we «Antanta» diýlip atlandyryldy. Merkezi döwletleriň hataryna Germaniýa, Awstro-Wengriýa, Osman imperiýasy we Bolgariýa girdiler. Antanta bolsa Russiýany, Fransiýany, Beýik Britaniýany, Serbiýany, Ýaponiýany, Italiýany, Rumyniýany, ABŞ-ny we beýlekileri goşmak bilen jemi 34 döwleti öz içine aldy.

5. Sargyt № 850

Mälim bolşy ýaly uruş hereketleri 1914-nji ýylyň 28-nji iýulynda awstro-wenger şa mirasdüşeri ersgersog Frans Ferdinandyň janyna kast edilmegi bilen başlanýar. Bu waka urşy başlamaga bahana bolupdy we onuň hakyky sebäpleri has düýpli esaslara daýanýar. Bu urşuň düýpli geosyýasy sebäpleriniň hatarynda Beýik Britaniýa bilen Germaniýanyň arasyndaky barlyşyksyz gapma-garşylyklar durýar. Olaryň bähbitleri Aziýada, Afrikada, Ýakyn Gündogarda we beýleki yklymlarda çaknyşýar. Taraplaryň geosyýasy bähbitleri dünýä bazaryny ele almak, koloniýalary basyp almak hem-de global derejede agalyk etmek bilen baglydy.

Birinji Jahan urşunyň tamamlanmagy bilen Pariž parahatçylyk konferensiýasy (1919–1920 ýý.) geçirildi hem-de Wersal parahatçylyk Şertnamasyna gol çekildi (28.06.1919ý.). Pariž konferensiýasynyň dowamynda Germaniýa bilen (Wersal parahatçylyk şertnamasy), Awstriýa bilen (Sen – Žermen şertnamasy), Wengriýa bilen (Trianon şertnamasy), Bolgariýa bilen (Neýis şertnamasy), Osman döwleti bilen (Sewr şertnamasy) degişli halkara şertnamalary baglaşyldy.

Bu şertnamalar toplumy Wersal-Waşington halkara ulgamyny emele getirdi we onuň täsiri global derejä eýe boldy. Netijede, Beýik Britaniýa, Fransiýa we ABŞ özleriniň beýik döwletler hökmündäki derejelerini ýene bir gezek tassykladylar. Birinji Jahan urşunyň netijesinde Awstro-Wengriýa, Osman, Russiýa ýaly birnäçe imperiýa öz ýaşaýşyny bes etdi we dünýäniň syýasy kartasy täze görnüşe eýe boldy. ABŞ dünýä syýasatyna we Ýewropa işlerine ymykly girişdi hem-de onuň teklibi bilen Pariž konferensiýasynda Milletler Ligasy döredildi. Munuň özi bolsa öňki Ýewropa konsertiniň gurluş bölekleriniň gutarnykly darganlygyny aňlatdy.

XIX asyrdaky Ýewropa konsertiniň sütünleri dünýäde agalyk ediji kuwwatly döwletleriň özara ylalaşykly güýç deňagramlylygy bilen saklanýardy. Milletler Ligasy bolsa şeýle güýç deňagramlylygynyň ýerine kollektiw, ýagny halkara gatnaşyklarynyň subýektleri bolan ähli döwletleriň gatnaşmagynda bilelikdäki tagallalar bilen howpsuzlygy üpjün etmek baradaky garaýşy öňe sürdi. Onuň awtory hökmünde şol wagtky ABŞ-nyň prezidenti Wudro Wilson hasap edilýär. Kabul edilen tertibe görä, Milletler Ligasynyň hatary diňe Ýewropa

bilen çäklenmän, eýsem dünýä döwletlerini agzalyga almak bilen giňelip bilýärdi.

XX asyryň iň uly we tozduryjy uruşlarynyň biri hem Ikinji Jahan urşy (01.09.1939–02.09.1945) boldy. Bu urşy başlaýjylar hökmünde Germaniýa, Italiýa we Ýaponiýa hasaplanýar. Bu üç ýurduň garşysyna ýaranlyk baglaşan Sowet Soýuzy, ABŞ, Beýik Britaniýa bilelikde uruş alyp bardylar beýik ýeňşi gazandylar. Netijede, «ýeňijiler» diýlip atlandyrylan bu döwletleriň başda durmagynda 1945-nji ýylyň 26-njy iýunynda San-Fransiskoda uniwersal mandatly täze halkara guramasyny – Birleşen Milletler Guramasyny döretmek baradaky Tertipnama gol çekildi.

Ikinji Jahan urşunyň netijesinde dünýäniň global geosyýasy keşbi düýpli özgerdi we onuň halkara-hukuk esaslary Ýalta (4-11.02.1945) we Potsdam (17.07-02.08.1945) konferensiýalarynyň kararlary bilen berkidildi. Uruşdan soňraky dünýäniň syýasy giňişliginde iki sany beýik döwlet orta çykdy. Soňlugy bilen SSSR we ABŞ her biri degişlilikde sosialistik we kapitalistik ulgamlara lider boldular hem-de «Sowuk uruş» adyny alan uzak wagtlyk gapma-garşylyga girişdiler. 1946-njy ýylyň mart aýynda Uilýam Çerçilliň Fultonda çykyşy bilen «Sowuk uruş» başlandy hasap edilýär. Ýarym asyr töweregi (1946–1991ýý.) dowam eden «Sowuk uruş» Sowet Soýuzynyň dargamagy bilen tamamlandy.

«Sowuk urşuň» düýp mazmuny BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň esasy agzalary bolan ABŞ we SSSR arasyndaky barlyşyksyz gapma-garşylyk bilen düşündirilýär. Şeýle bolsa-da, uzak wagtlaýyn we global häsiýete eýe bolan bu gapma-garşylygyň dowamynda güýç deňagramlylygyny üpjün etmek mümkin boldy we dünýä möçberindäki uly urşa ýol berilmedi. Şol bir wagtyň özünde-de 1945–1982-nji ýyllar aralygynda dünýäde 255 sany lokal, ýagny ýerli uruşlaryň we harby konfliktleriň bolandygyny ýatlamak ýerlikli bolar. «Sowuk urşuň» has güýçlenen döwründe, ýagny geçen asyryň 60-njy ýyllarynda Günbatar ýurtlaryň golastyndaky koloniýalaryň azat edilmegi, ýagny de-kolonizasiýanyň başlanmagy, soňra bolsa 90-njy ýyllarda Sowet Soýuzynyň dargamagy bilen, täze garaşsyz post-sowet

döwletleriniň emele gelmegi bilen baglanyşykda dünýäniň syýasy kartasy täze görnüşe eýe boldy.

«Sowuk uruşdan» soňky has-da güýçlenen globallaşma ýagdaýlary bolsa dünýä ösüşine we dürli sebitlerdäki geosyýasy ýagdaýlara özüniň uly täsirini ýetirdi. Onuň netijelerini şu aşakdaky ugurlarda has aýdyň görmek bolýar:

1. Globallaşma öňden däp bolup gelýän milli özboluşlyklara garşy uly basyş edip ugrady. Bu ähli babatda görünýär: halkara syýasaty, maliýe we söwda, medeni we ruhy gymmatlyklar we ş.m.

2. Köp döwletler dürli böleklere bölündi we täze ýurtlar emele geldi. Olaryň aglabasy ykrar edildi. Ençemesi bolsa jedelli ýagdaýda galýar.

3. ABŞ ägirt uly kuwwatly döwlet hökmünde has hem güýçlendi. Onuň kuwwaty dünýäniň iň ösen on döwletiniň bilelikdäki kuwwatyndan hem agdykdyr.

Geçen asyryň geosyýasy netijeleriniň biri hökmünde umumy gymmatlyklary we umumy dolandyryş-syýasy düzümleri bolan täze Ýewropanyň emele gelendigi barada aýdylýar. Günbatar gymmatlyklary bilen yslam we beýleki garaýyşlaryň arasyndaky gapma-garşylyk güýçlendi. Umumy global howplar döredi. Halkara jemgyýetçiligini alada goýýan ekologiki meseleleriň möçberi artdy we bu aýratyn hem howa, suw we energiýa çäklerde aýdyň ýüze çykdy. Şunuň bilen baglylykda, üçünji müňýyllygyň başyny başlaýan häzirki eýýamda globallaşmak netijesinde geosyýasy gapma-garşylyklar barha ýiti häsiýete eýe bolýar we däp bolan Westfal ulgamyndan bäri gelýän binýatlyk ýörelgeleriniň gowşaýanlygy barada pikirler aýdylýar. Ol pikirler şu mysallar bilen esaslandyrylýar, ýagny:

1. Döwletleriň arasyndaky ägirt uly tapawutlylyk (syýasy, ykdysady kuwwatlylyk, global täsir we ş.m.);

2. Global dolandyryşyň «ýazylmadyk kanunlarynyň» giňelmegi we güýçli döwletleriň uly orun eýelemegi;

3. Global çözgüt kabul edilende, ynsanperwerlik bilen deňeşdirilende, tehnokratiki çemeleşmeleriň agdyklyk etmegi.

Netijede, ösen Günbatar ýurtlarynyň söwda-ykdysady we tehniki-tehnologiki taýdan üstün gelmegi bilen, ol Gündogary hem öz yzyna düşürmegi başardy. Emma köp babatda global çagyryşlara jogap berip bilmedik öňki Gündogar bloguň ýurtlary ençeme kynçylyklary başdan geçirmeli boldular.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Dünýä we kontinental uruşlaryň umumylygy we özara tapawudy nämede?*
*2. Birinji we Ikinji Jahan uruşlarynyň geosyýasy netijeleri nähili boldy?*
*3. «Sowuk urşuň» geosyýasy ölçegleri barada näme aýdyp bolar?*

## §11. Globallaşmagyň täze şertlerinde ählumumy howpsuzlyk meseleleri

«Sowuk urşuň» tamamlanmagy bilen, halkara jemgyýetçiliginiň umydy ählumumy ylalaşyk esasynda hereket edýän dünýä syýasy ulgamynyň täze görnüşiniň emele gelendigine bolan ynanç bilen baglydy. Gündogar Ýewropadaky öňki sosialistik ýurtlar täze – demokratik ösüş ýoluny saýlap aldylar we Ýewropa Bileleşiginiň düzümine girdiler. Möwrüti ötüp, çagşan Sowet Soýuzynyň ýerinde hem Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy emele geldi we oňa girýän döwletler demokratiki syýasy-jemgyýetçilik gurluşy saýlap aldylar.

F.Fukuýamanyň hasaplamalaryna görä, 1970–2010-njy ýyllar aralygynda dünýäde demokratik döwletleriň sany görlüp-eşidilmedik derejede köpeldi.

Bu elbetde, dünýäde agzybir gatnaşyklaryň berk esasyny döretmäge ýeterlik bolmady. 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda Nýu-Ýork şäherinde amala aşyrylan terrorçylyk hüjümleri global gapma-garşylygyň täze taryhy tapgyrynyň başlanýanlygyny aňlatdy. «0-njy ýyllar» diýlip atlandyrylan 2001–2010-njy ýyllar, esasan, Al-Kaýda terrorçylyk guramasyna garşy ählumumy göreş şygary astynda geçdi. Emma 2008-nji ýylda emele gelen

global maliýe-ykdysady çökgünliginiň we energiýa göterijileriň nyrhynyň çürt-kesik artmagynyň geosyýasy netijeleriniň biri hökmünde «Arap bahary» atlandyrylan Demirgazyk Afrika, Ýakyn we Orta Gündogar sebitlerindäki birnäçe döwletde bolup geçen tolgunyşyklary boldy.

Bolup geçýän global ýagdaýlara we geosyýasy dartyşmalara düýpli seljeriş bermek üçin ilki bilen adamzat ösüşiniň siwilizasion aýratynlyklaryna ünsi çekmek zerurdyr.

A.Toýnbiniň taglymatyna görä, adamzat jemgyýetiniň taryhy dürli siwilizasiýalaryň döreýşi, ösüşi we dargamagy bilen baglydyr. Taryhyň şeýle logikasyna görä siwilizasiýalar «çagyryş-jogap», «täze ösüşe bat alyş», «taryhy sahnadan gidiş we oňa gaýdyp geliş», «döwülmeklik» we «dargamaklyk» ýaly tapgyrlar bolup geçýär. Olar siwilizasiýanyň emele gelşiniň, ösüşiniň we dargamagynyň kanunalaýyklyklaryny görkezýärler.

Bu garaýyşdan tapawutlylykda, L.Gumilýow (rusça: Лев Никола́евич Гумилёв (1912–1992) etniki köklere daýanýan milletiň we milli esasda döreýän döwletiň ösüşinde şahsyýetiň ornuna, oňaýly tebigy faktorlara, geografiki landşafta, howa ýagdaýlaryna esasy ähmiýet berýär.

Dünýäde emele gelen täze şertlerde beýik döwletleriň arasyndaky geosyýasy üstünlik ugrundaky bäsleşik mazmun taýdan üýtgeýär. Indi esasy üns ýurtlaryň içki durmuşyna we syýasatyna täsir etmeklige gönükdirilýär. Bu aýratyn hem maglumat eýýamynda internet ulgamlarynyň giňden ýaýramagynda aýdyň görünýär. Mysal hökmünde geosyýasy çäklerdäki özara garşydaş döwletleriň ýokary tehnologiýalary ulanmak bilen amala aşyrýan internet ulgamyndaky kiber-hüjümlerini görkezip bolar. Ilki bilen milli bähbitleri amala aşyrmaga gönükdirilendir. Milli bähbitler, ilkinji nobatda, ýurduň durnukly ösüşini üpjün edýän daşary-syýasy şertleri üpjün etmek maksady bilen, has pragmatik häsiýete eýedir. Bu bolsa geosyýasy bäsdeşligiň dartgynlygyny peseldýär. Şu nukdaýnazardan, ykdysady, durmuş-ýaşaýyş, medeniýet we ylym-bilim, ýokary tehnologiýalar, global möçberde ýüze çykýan howplara garşy göreşmek, ekologiýa, saglygy goraýyş ýaly wajyp ugurlarda halkara hyzmatdaşlygy ýaýbaňlanýar. Daşary syýasatyň mazmunynyň we maksatlarynyň düýpli özgermegi

onuň emele getirilmegine paýhasly çemeleşilýändigini, milli bähbitlere esaslanýan ösüş ýollaryna dogry baha berilýändigini we ol wezipeleri berjaý etmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň anyk kesgitlenilýändigini aňladýar.

Globallaşma şertlerinde dürli siwilizasiýalaryň we medeniýetleriň özara ýakyn täsirleri artýar. Şol bir wagtda, ösen ykdysady merkezleriň global bähbitleri dürli ugurlarda özara gapma-garşylyga gelýärler. Mundan başga-da, geosyýasy bähbitler we ymtylyşlar global derejede garşy durmak bilen ugtaşyp gidýär. Global gapma-garşylygyň netijesinde dürli döwletler, transmilli korporasiýalar, milli-etniki we dini ulgamlar, syýasy jemgyýetler we beýleki halkara ulgamyndaky taraplar özleriniň bähbitleriniň utgaşmagy ýa-da çaprazlygy mynasybetli dürli toparlara bölünýärler.

Globallaşma eýýamynyň häzirki zaman howplarynyň hatarynda, ilkinji nobatda, uruş howpuny göz öňünde tutmak zerur. Uruşlaryň täze görnüşleri döreýär we olaryň häsiýeti üýtgeýär. Gibrid uruşlary, kiber-uruşlary baradaky maglumatlar metbugatda has giňden ýaýraýar. Şunuň bilen birlikde, däp bolan çäklerdäki ýaragsyzlanmak tagallalary, aýratyn hem ýadro ýaragyny ulanmak howpynyň öňüni almak ýaly meseleler aýratyn derwaýys häsiýete eýe bolýarlar.

Howanyň global üýtgemegi bilen ekologiki meseleler hem örboýuna galýar. Bu babatda dünýä döwletleri, şol sanda Türkmenistan hem işjeň tagallalary amala aşyrýarlar. Türkmenistanyň wajyp halkara başlangyçlary we teklipleri giň çäkleri, şol sanda Aral we Hazar meselelerini, çölleşmä garşy göreşi, howanyň hapalanmagynyň öňüni almak we «arassa tehnologiýalar», energiýanyň alternatiw çeşmelerini ösdürmek ýaly meseleleri öz içine alýar.

Geosyýasy seljeriş nukdaý nazaryndan dürli sebitlerde, şol sanda Merkezi Aziýada hem, suw-energetika meseleleri derwaýys häsiýete eýedir. Bu babatda Türkmenistan giň goldaw tapýan energiýa başlangyçlary bilen çykyş edýär. Energiýa serişdelerini ygtybarly üstaşyr geçirmek boýunça 2008-nji we 2013-nji ýyllarda BMG-niň Baş Assambleýasy Türkmenistanyň başlangyjy bilen ýörite rezolýusiýalary kabul etdi. Olar:

- Bilermenler toparyny döretmek;

- Halkara resminamasyny işläp düzmek;

- Halkara resminamasynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän düzümi döretmek;

- Gözegçiligiň maglumat binýadyny döretmek ýaly meseleleri öz içine alýar.

Mundan başga-da, Türkmenistan halkara we sebit howpsuzlygynyň meseleleri, geosyýasy deňagramlylygy we parahatçylygy saklamak, Owganystanda parahatçylygyň dikeldilmegi boýunça ençeme teklipler bilen çykyş edip gelýär.

Howpsuzlyk düşünjesi dürli taryhy döwürlere görä we bar bolan geosyýasy ýagdaýlardan ugur almak bilen, ençeme nukdaýnazardan beýan edilýär. Sözüň düýpli we giň manysynda howpsuzlyk düşünjesi esasy adamzat gymmatlyklaryna wehim salýan howplardan berk goragly bolmak manysynda teswirlenýär.

Däp bolşy ýaly döwletiň howpsuzlygyny üpjün ediji esasy faktory hökmünde onuň harby kuwwaty, daşary syýasaty, ykdysady-geografiki mümkinçilikleri we geosyýasy ýerleşişi hasaplanýar.

Amerikan alymy Barry Buzanyň «Adamlar, döwletler we gorky» (iňlisçe: «People, States and Fear», 1983) atly kitabynda howpsuzlyk meselesine has giňişleýin garalýar. Ol howpsuzlyk düşünjesiniň mazmunyny harby kuwwat bilen bilelikde, syýasy, ykdysady, jemgyýetçilik, daşky gurşaw we tebigat ýaly ugurlar bilen doldurýar. Howpsuzlyk düşünjesiniň çákleriniň giňelmegi bilen bu babatdaky halkara hyzmatdaşlygynyň ugurlary hem giňelýär.

Howpsuzlygyň halkara çákleriniň giňelmegi bilen, milli howpsuzlyk, sebit we global howpsuzlyk özara berk baglanyşykda bolýar. Geosyýasy ýagdaýlaryň täze görnüşleriniň emele gelmegi bilen bilelikde, häzirki zaman uruşlarynyň, şol sanda döwletara çaknyşmalaryň häsiýetiniň we mazmunynyň üýtgeýänligi barada aýdylýar. Ýokarda bellenilip geçilişi ýaly, globallaşmagyň güýçlenmegi bilen dürli görnüşdäki howplar hem köpelýär (halkara terrorçylygy, internet-hakerçilik, deňiz we guryýer garakçylygy we ş.m.). ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäherinde 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda bolup geçen we gysgaça «9/11» görnüşde

aňladylýan pajygaly wakadan soňra global howpsuzlyk meselesine bolan garaýyşlar konseptual taýdan üýtgedi. Adamzada wehim salýan terrorçylyga garşy göreşi güýçlendirmek strategiýasy ileri tutuldy.

Globallaşmak ýagdaýynda sarp ediş we önümçilik ählumumy häsiýete eýe bolýar. Şunuň bilen baglylykda, kömürturşy gazynyň çykarylyşy, howanyň hapalanmagy, önümçilik galyndylary, sarp edişden galan zyňyndylar we zibiller uly arassaçylyk meselesine öwrülýär. Mundan başga-da, önümçilik maksatlary bilen tebigy gorlar (tokaýlar, süýji suw çeşmeleri, ýerasty baýlyklar, arassa howa we ş.m.) çalt depginler bilen harç edilýär we üsti doldurylmaýar.

Soňky döwürde «info-ekologiýa» meselesi hem derwaýys häsiýete eýe bolýar. Bu adamlaryň töweregindäki sagdyn daşky maglumat gurşawy bilen baglydyr, sebäbi, globallaşmanyň adam psihologiýasyna, aýratyn hem ýaşlara täsiri uly bolup durýar.

1992-nji ýylda BMG-niň Daşky gurşaw we Ösüş maksatly «Ýer sammiti» atlandyrylan halkara maslahaty boldy. Bu maslahatda daşky gurşaw meseleleri global derejä göterildi. Onda birnäçe resminama, şol sanda «Howanyň üýtgemegi we bioköpdürlüligi goramak baradaky» halkara Konwensiýasy kabul edildi. Onuň ýerine ýetirilişine bolsa 2012-nji ýylda bolan BMG-niň durnukly ösüş boýunça ýokary derejedäki «Rio+20» maslahatynda seredildi.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow bu forumda çykyş etdi we geçen iki onýyllyk möhlete baha bermek bilen şeýle diýdi: «*Şeýle derejedäki öňki duşuşykdan geçen ýigrimi ýyl ýerine ýetirilen işleriň netijelerine baha bermek üçin ýeterlik möhletdir. Şol işleriň netijeleri bolsa uludyr we täsirlidir. Olar kabul edilen strategik maksatlaryň hem-de alnan ugurlaryň, umuman, dogrudygyny görkezdi. Ýöne wagt bir ýerde durmaýar. Dünýä bileleşiginiň öňünde ähli zady öz içine alýan şertler, häzirki günüň ýagdaýy we ösüşiň uzakmöhletleýin geljegi bilen şertlendirilen täze wezipeler ýüze çykýar. Şu jähtden durnukly ösüşiň maksatlaryny durmuşa geçirmegiň dünýä, sebitleýin we milli gurallarynyň sazlaşygy hem-de olaryň biri-biriniň*

*üstüni ýetirip durmagy häzirki wagtda ileri tutulýan ugur bolup durýar. Öz nobatynda, munuň özi umumy abadançylygyň bähbidine hyzmatdaşlyk etmäge taýýarlyk babatda berk syýasy erki talap edýär. Halklaryň, döwletleriň, sebitleriň we yklymlaryň ählisiniň hukugynyň we gymmatlyklarynyň aýrylmazlygy hökmünde ösüş ählumumy häsiýete eýe bolmasa, ol hakykat ýüzünde durnukly we uzakmöhletleýin bolup bilmez. Türkmenistan şu maslahatyň giňişleýin gün tertibine çemeleşmelerinde hut şundan ugur alýar. Biziň ýurdumyz milli ösüş meýilnamalaryny ýerine ýetirmäge jogapkärli çemeleşip, olary ykdysady, durmuş we ekologiki ugurlarda Müňýyllygyň Maksatlaryna laýyk getirýär*».

Ýokarda aýdylanlary jemlemek bilen, globallaşmak hadysalarynyň dünýädäki geosyýasy ýagdaýlara gönüden-göni tasir edýänligi barada aýdyp bolar. Halkara jemgyýetçiliginiň esasy wezipesi bolsa şeýle şertlerde parahatçylygy saklamak, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmek bilen baglydyr.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Globallaşma nähili düşünýärsiňiz?*
*2. Globallaşmanyň geosyýasy ölçeglerini nähili häsiýetlendirip bolar?*
*3. Globallaşma bolan garaýyşlar nähili?*

# IKINJI BÖLÜM

# GEOSYÝASY SELJERIŞ WE ONUŇ YLMY-USULY ESASLARY

## §1. Seljeriş işi we analitika barada düşünje

Daşary-syýasy strategiýany netijeli we talabalaýyk durmuşa geçirmekde seljeriş işiniň ähmiýeti örän uludyr. Hormatly Prezidentimiz bu işiň wajyplygy barada aýratyn nygtamak bilen, 2012-nji ýylyň 10-njy dekabrynda geçirilen ýurdumyzyň Hökümetiniň giňişleýin mejlisinde şeýle diýdi: «*Biziň alyp barýan daşary syýasatymyz we diplomatiýamyz işjeň häsiýete eýe bolmalydyr, biz möhüm ähmiýetli başlangyçlary öňe sürmelidiris. Zerur halatlarda bolsa, öňdengörüjilik bilen hereket etmelidiris, biz bolup geçýän wakalardan hemişe habarly bolmalydyrys. Şoňa görä-de, Daşary işler ministrliginiň alyp barýan seljeriş işlerini düýpli güýçlendirmek zerurdyr. Türkmenistanyň ilçihanalary we konsullyklary, şeýle hem halkara guramalarynyň ýanyndaky wekilhanalary dünýädäki syýasy we ykdysady ýagdaýy öz wagtynda seljermelidirler. Şol seljermeleriň netijeleri bolsa döwlet derejesinde çözgütleri kabul etmek üçin esas bolmalydyr*».

Türkmenistanyň Prezidenti ýurdumyzyň daşary işler ministrliginiň düzüminde dogry netijeleri çykarmaga we hemmetaraplaýyn esaslandyrylan teklipleri bermäge ukyply bolan kämil seljeriş gullugyny döretmekligi maksadalaýyk hasaplaýanlygyny aýan etdi. Şunuň bilen baglylykda, döwletimiziň ykdysadyýetiniň we alyp barýan daşary syýasatynyň meselelerini, aýratyn-da, abraýly daşary ýurt köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde beýan edilýän, bilermenler tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylýan pikirleri hem-de berilýän bahalary düýpli öwrenmegi wajyp wezipe hökmünde kesgitledi.

Seljeriş – bu gurşap alýan dünýä ylmy we tejribe taýdan aň ýetirişiň esasy usullarynyň biri bolup durýar. Seljeriş işiniň esasynda haýsydyr bir meseläni öwrenmek we çözmek bilen bagly zerurlyk

durýar. Şeýle meseläniň häsiýeti we görnüşi seljeriş işiniň özbolușly usullaryny kesgitleýär. Seljerişiň esasynda öwrenilýän predmeti hyýaly ýa-da real görnüşde düzüm böleklerine bölmek we olary aýratynlykda öwrenmek ýörelgesi ulanylýar. Netijede, ol düzüm bölekleriň özara baglanyşyklary ýüze çykarylýar we bitewüligiň häsiýetleri öwrenilýär. Seljeriş arkaly obýektiň içki gurluşy we bitewi hereket ediş kanunalaýyklyklary öwrenilýär.

Seljeriş düşünjesi has giň manyda haýsydyr bir ýagdaýy synlamak we öwrenmek bilen baglydyr. Ylmy nukdaýnazardan seljeriş ylmy-barlagyň esasy usullarynyň biri bolup durýar we bitewi zady aýratyn böleklere bölüp öwrenmekligi aňladýar. Seljeriş ol bölekleriň özara baglanyşyklygyny görkezmek bilen, olaryň häsiýetlerini, hereket ediş kanunalaýyklyklaryny we başga-da köp taraplaryny aýylsaýyl etmeklige mümkinçilik berýär.

Öz gezeginde, geosyýasy seljeriş daşary syýasy we diplomatiki işiň möhüm bölegi bolup durýar we onuň manysy, ilkinji nobatda, «syýasat», «geosyýasat» we «seljeriş» düşünjeleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Seljeriş maksady bilen amala aşyrylýan işe «analitiki iş» diýilýär we ol hususan-da «analizi» hem-de «sintezi» öz içine alýar. Analitiki iş netijesinde seljerilýän obýekt ýa-da ýagdaý barada täze maglumatlar alynýar. Ol maglumatlar logiki taýdan bir toplumy emele getirmek bilen täze bilim berýärler.

Halkara ylmy tejribede kabul edilişine görä, seljerişe iňlis dilinde «analysis» diýilýär we ol etimologiki gelip çykyşy boýunça gadymy grek dilinde «bitewi zady düzüm böleklere bölmekligi» aňladýar. Ol düzüm bölekleri bolsa «element» ady bilen bellidir. Analiziň netijesinde seljerilen elementleri gaýtadan özara birleşdirip täze bitewüligi emele getirmek usulyna «sintez» diýilýär. Sintez arkaly bitewüligiň kanunalaýyklyklary öwrenilýär. Sintez bitewi ulgamdaky her bir elementiň tutýan ornuny görkezýär we beýleki elementler bilen arabaglanyşygyny aýdyň edýär. Has giň manyda aýdylanda, seljerişiň esasynda duran analiz bilen sintez analitiki-sintetiki usulyň özara aýrylmaz baglanyşykly iki tarapydyr.

Seljeriş has giň filosofiki manyda akyl ýetirişiň esasy usullarynyň hatarynda durýar. Seljerişiň baş maksady öňden mälim bolan ýa-da mälim bolmadyk maglumatlary toplamak, olary ulgamlaýyn rejele-

mek we çuňňur öwrenmek esasynda täze bilimi işläp taýýarlamak bilen baglydyr. Netijede, öwrenilýän obýekt ýa-da garalýan ýagdaý babatynda täze hakykata aň ýetirilýär.

Filosofiki nukdaýnazardan, seljerişiň binýatlyk esaslary umumy aň ýetiriş teoriýasyna daýanýar. Aň ýetiriş teoriýasy ählumumy häsiýete eýe bolmak bilen, adamyň aň ýetiriş paýhas hereketlerini we olaryň asyl tebigatyny öwrenýär. Aň ýetiriş teoriýasynyň esasy bölegi hem täze bilimleri ýüze çykarmak bilen baglydyr we ol gnoseologiýanyň çäklerinde öwrenilýär. Bu ýerde seljerişiň iki çägine üns bermek zerur:

1. Seljeriş arkaly hakyky ýagdaýa göz ýetirmek;

2. Seljeriş pursatlaryndaky aňyýet we usulyýet hereketlerini öwrenmeklik.

Mälim bolşy ýaly, Platon hakyky bilime alyp barýan ýol hökmünde dialektikany hasaplapdyr. Aristotel bolsa logiki usula daýanypdyr we onuň binýatlyk pikir-garaýyşlary «Organon» diýlip atlandyrylan eserler toplumynda beýan edilýär. Onuň içine girýän «Birinji analitika», «Ikinji analitika», «Kategoriýalar hakyndaky traktat», «Paýhasly çözgütler hakynda» iki traktat, «Teswirlemeler hakynda» we «Topika» ýaly ähmiýetli traktatlary görkezip bolar.

Aristoteliň meşhur «Metafizika» eseri «Ähli adamlarda bilime bolan dogabitdi ymtylyş bar» diýen sözler bilen başlanýar. Aristotel özüniň bu eserinde aň ýetirmegiň iň ýönekeýden has çylşyrymly derejelerine çenli yzygiderliligini dürli tapgyrlar görnüşinde beýan edýär. Ilkinji tapgyrda duýgylar arkaly aň ýetiriş durýar. Ikinji tapgyr tejribe (empiriýa) derejesinde dowam edýär. Aň ýetirişiň üçünji tapgyry onuň sungat (tehno) derejesine çenli göterilmegidir diýip Aristotel belleýär. Ol şu mynasybetli «Sungatyň çeşmesi – tejribedir!» diýip ýazypdyr. Tejribeli adamlardan tapawutlylykda, öz hünärini sungat derejesine ýetiren kişiler täze alnan bilimlere paýhas nukdaýnazaryndan çemeleşýärler we olaryň sebäplerine hem çuňňur göz ýetirýärler. Aň ýetirişiň iň ýokary derejesi hökmünde Aristotel ylmy hasaplaýar we ylymlaryň naýbaşysy hökmünde filosofiýany ileri tutýar.

Hakyky bilimi almak üçin delillendiriş induksiýa bilen, analiz bolsa sintez bilen birleşmelidir diýip Aristotel nygtapdyr.

Aristoteliň aň ýetiriş taglymatyny çuňňur öwrenmek bilen ony ösdüren akyldarlaryň ilkinjileriniň hatarynda Abu Nasr Muhammad ibn Tarhan ibn Uzlag al-Faraby, gysgaça – al-Faraby (872–950ýý.) durýar. Ol akyl ýetirişiň maksady bolan hakykaty tapmakda logikanyň ähmiýetini hemmetaraplaýyn açyp görkezýär.

Al-Faraby ylmy barlagyň, şol sanda seljerişiň logikasy barada aýtmak bilen onuň şu tapgyrlaryny tapawutlandyrýar:

1. Öwrenilýän temany onuň tutuş taryhy bilen bilmeli we öň amala aşyrylan ylmy-barlaglary we gazanylan bilimleri tankydy göz bilen hemmetaraplaýyn paýhas eleginden geçirmeli;

2. Alnan bilimleriň teoretiki esaslaryny işläp düzmeli we beýleki ylmy-barlaglarda olara eýermeli;

3. Ylmy ýörelgeleri tejribede alnan netijeler bilen deňeşdirmeli we olary kämilleşdirmeli.

XVIII asyrda ýaşap geçen meşhur filosof Immanuil Kantyň (1724–1804) taglymaty hem seljeriş işiniň binýatlyk esasynda durýar. Kantyň garaýyşlaryna görä, aň ýetiriş işi bu ilkinji nobatda paýhas ýörelgelerini aňladýan düşünjelere, ýagny kategoriýalara baglydyr. Kant şeýle kategoriýalaryň 12 sanysyny esaslandyrýar:

1. Seljerilýän ýagdaýyň ýa-da wakanyň mukdar düzümini aňladýan üç sany kategoriýa – ýekelik, köplük we böleklik.

2. Hil taýdan aňladyjy bolan üç sany kategoriýa – real hakykat, çäklilik we inkär etmek.

3. Gatnaşyklary aňladýan üç sany kategoriýa – degişlilik, sebäplilik we özara arabaglanyşyk.

4. Hökmanylygy aňladýan üç sany kategoriýa – mümkin bolmazlyk, bar bolmaklyk we zerurlyk.

Şeýlelik bilen, seljeriş işiniň çuňňur filosofiki we ylmy-teoretiki esaslarynyň bardygyny görmek bolýar.

### ***Barlag üçin soraglar***

*1. Seljeriş barada Aristoteliň konseptual garaýyşlary haýsylar?*
*2. Platonyň, Aristoteliň we Farabynyň garaýyşlarynyň umumylyklary we aýratynlyklary barada näme aýdyp bolar?*
*3. I.Kant seljeriş we aň ýetiriş barada haýsy ýörelgeleri öňe sürüpdir?*

## §2. Syýasy seljerişiň konsepsiýalary we olaryň teoretiki esaslary

Adamzat jemgyýetiniň ösmegi we çylşyrymlaşmagy bilen onuň syýasy durmuşyny we gurluşyny çuňňur öwrenmek meselesi hem has derwaýys ähmiýete eýe bolýar. Şunuň bilen baglylykda, geçen XX asyryň başlarynda syýasy filosofiýanyň, tebigy we takyk ylymlaryň gazananlarynyň binýadynda täze ylmy ugurlar döräp ugrady. Aýratyn hem, syýasy institutlaryň hereket etmeginde adam faktorynyn orny we ähmiýeti, häkimiýetleriň dürli görnüşleriniň jemgyýetçilik ösüşine we döwletara gatnaşyklaryna täsiri ýaly meselelere has aýratyn üns berlip başlandy.

Syýasy ylymlarda däp bolan filosofiki we ahlak-etiki meseleler bilen bir hatarda analitiki, amaly we funksional ylmy-barlaglar has-da işjeň ösüp ugrady. Bu täze ugurlar iş ýüzünde alnyp barylýan syýasatyň talaplaryna jogap bermelidi we ilkinji nobatda kabul edilýän çözgütleri we syýasy maksatnamalary ylmy taýdan esaslandyrmalydy.

Geçen asyryň 30-njy ýyllaryna çenli geosyýasy garaýyşlarda syýasy institutlar, döwlet dolandyrylyşy, häkimiýetiň gurluşy we işleýşi, territoriýalary dolandyrmak ýaly meseleler üns merkezinde boldy. Şol döwürlere çenli syýasy ylymlaryň esasy predmeti hökmünde döwlet hakyndaky taglymaty ösdürmek, döwleti dolandyrmagyň we edara edişiň netijeliligi bilen bagly meseleleri ylmy taýdan öwrenmek we esaslandyrmak diýlip hasaplanýardy.

Geçen asyryň 30-njy ýyllarynda syýasat ylmynyň, şol sanda geosyýasy garaýyşlaryň hem täze jähtleri peýda bolup ugrady. Däp bolan ugurlar bilen bir hatarda syýasat we şahsyýet meselesi derwaýys häsiýete eýe boldy. Şunuň bilen baglylykda, şahsyýet we onuň syýasy hereketleri, syýasy toparlaryň işjeňligi we olara baştutanlyk edýän şahslaryň liderlik häsiýetleri, jemgyýet durmuşynyň dürli şertlerinde syýasy äheňleriň ýüze çykmasy ýaly meseleler syýasy seljerişiň üns merkezine çykdy.

XX asyryň ikinji ýarymynda, ilkinji nobatda, Ikinji Jahan urşunyň sapaklary zerarly, dünýä syýasaynda adam gymmatlyklary meselesi öň hatarlara çykyp ugrady. Bu babatda ilkinji syýasy resminamalaryň

biri hökmünde BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen «Adam hukuklarynyň Jarnamasy» bolup durýar.

Şol döwürlerden başlap syýasy seljerişiň esasy üç ugry peýda boldy:

1. Syýasy maksatnamalary kesgitlemek we olaryň arasyndan netijeli görnüşini saýlap almak wezipesine gönükdirilen seljeriş işi;

2. Syýasy çözgütleri kabul etmegiň we olary amala aşyrmagyň görnüşlerini we usullaryny seljeriş etmek;

3. Syýasy gurluşlary öwrenmek we döwleti dolandyryşyň görnüşlerini üýtgetmek meselelerine seljeriş bermek.

Syýasy seljeriş işiniň hususan-da seljeriş-usulyýet binýadyny kämilleşdirmek we seljerişiň täze, has netijeli ugurlaryny işläp taýýarlamak hem üns merkezinde boldy. Bu babatda filosofiýa, takyk we tebigaty öwreniş ylymlarynyň gazananlary has işjeň ulanylyp başlandy. Geçen asyryň 60-njy ýyllaryndan başlap syýasy seljerişiň hususy teoretiki we usulyýet binýadynyň döredilmeginiň zerurlygy baradaky pikirler we garaýyşlar öňe sürlüp başlandy. Şol bir wagtda-da, tejribede toplanan empiriki maglumatlaryň agdyklyk etmegi bilen olary seljermek üçin matematika, statistika ýa-da fizika ýaly ylymlaryň usullaryny ulanmaklyga uly üns berlip başlandy. Seljerişiň obýekti hökmünde syýasy ýagdaýlar, hereketler we akymlar, syýasy institutlar has içgin öwrenilip ugraldy. Halkara syýasatynda derwaýys mesele hökmünde syýasy täsir edişiň usullaryna, onuň kuwwatlylygyna we netijelerine üns çekilip ugraldy.

Şeýlelik bilen, syýasy seljerişiň analitiki teoriýasynyň şu esasy binýatlyk ugurlary emele geldi diýip bolar, ýagny:

1. *Seljerişiň umumy teoriýasy.* Bu teoriýa uniwersal häsiýete eýe bolmak bilen, onuň ýörelgeleri umumy ylmy-teoretiki esaslara daýanýar. Bu teoriýa syýasy filosifiýa, logika, ulgamlar teoriýasy ýaly ylymlaryň çäklerinde ösýär.

2. Hususan-da seljerişiň özüne mahsus aýratyn teoriýalary bar. Olar ylmyň dürli pudaklarynda toplanan tejribä esaslanýarlar. Bu teoriýalar analitiki ugurlar boýunça ulanylýar we olaryň çäklerinde hem ösdürilýär. Olaryň mysalyny matematika, fizika, himiýa, kibernetika, ykdysadyýet, geologiýa, meteorologiýa we başga-da ençeme ylymlaryň gazananlarynda görmek bolýar.

3. *Seljerişiň amaly teoriýalary*. Olar teoretiki barlaglaryň we empiriki tejribäniň netijesinde döredilmek bilen, analitiki ylmy-barlaglarda giňden ulanylýar.

Häzirki zaman syýasy seljeriş tejribesinde ulanylýan usullaryň we çemeleşmeleriň onlarçasyny mysal getirip bolar. Olar esasy üç sany topara bölünýärler: 1.Umumy ylmy çemeleşmeler; 2.Umumy logiki çemeleşmeler; 3. Empiriki çemeleşmeler.

Umumy ylmy çemeleşmeler şu aşakdaky esasy ugurlary öz içine alýar:

- *Sosiologiki ugur.* Bu ugur boýunça syýasatyň jemgyýet bilen baglanyşygy, syýasy ösüşe jemgyýet gurluşynyň we hadysalarynyň täsiri öwrenilýär.

- *Syýasatyň medeniýeti*. Bu ugur boýunça medeni däpleriň syýasata täsiri, şol sanda döwlet işgärliniň we syýasatçylaryň özlerini alyp baryşlary, şahsy medeniýeti we ahlak häsiýetleri öwrenilýär.

- *Syýasat we adamzat gymmatlyklary*. Bu ugur boýunça syýasatyň ýokary adamzat we her bir halkyň özüne mahsus milli gymmatlyklaryna laýyklygy öwrenilýär. Bu babatda aýratyn hem jemgyýetçilik agzybirligi we abadanlygy, adalatlylyk, erkinlik, adam şahsyýetine hormat goýmak we beýleki gymmatlyklar üns merkezinde bolýar.

- *Funksional çemeleşme*. Bu ugurda dürli syýasy ýagdaýlaryň we bolup geçýän wakalaryň özara baglanyşygy öwrenilýär. Bu ýerde faktlara uly ähmiýet berilýär we olaryň esasynda syýasy gurluşyň berkligi hem-de işjeňligi, dürli partiýalaryň özara bäsdeşligi ýaly meseleler üns merkezinde bolýar.

- *Bihewioristik çemeleşme*. Bu çemeleşmäniň ady «behavior» – özüňi alyp baryş manyny aňladýan iňlis sözünden gelip çykýar. Bu çemeleşme arkaly aýratyn alnan syýasatçylaryň şahsy häsiýetleri we hereketleri, syýasy işjeňligi, özüne çekijiligi ýaly taraplary öwrenilýär. Mundan başga-da, dürli syýasy toparlaryň hereket edişi hem olaryň has meşhur baştutanlarynyň mysalynda öwrenilýär.

- *Struktur-funksional çemeleşme.* Bu çemeleşmä laýyklykda, syýasat bitewi ulgam hökmünde garalýar we onuň ýerine ýetirýän wezipelerine seljeriş berilýär.

- *Institusional çemeleşmäniň* çäklerinde döwletiň, partiýalaryň we jemgyýetçilik-syýasy hereketleriň we toparlaryň alyp barýan işleri seljerilýär.

- *Social-psihologiki çemeleşmäniň* çäklerinde jemgyýetçilik-social gatlaklaryň we toparlaryň syýasy hereketleri, psihologiýasy öwrenilýär.

- *Deňeşdirme çemeleşmesinde* birmeňzeş syýasy gurluşlar özara deňeşdirilýär we degişli netijeler çykarylýar.

- *Taryhy çemeleşmede* geçen döwürlerde bolan we häzirki zamanda bolup geçýän syýasy wakalara, hereketlere seljeriş berilýär we olaryň geljege ukyplylygyna üns çekilýär.

- *Ulgamlar teoriýasyna esaslanan çemeleşmelerde* syýasata ulgam hökmünde garalýar we onuň dürli bölekleriniň özara arabaglanyşygy, hereket ediş sebäpleri ýüze çykarylýar.

Ýokarda agzalanlardan başga-da, birnäçe syýasy-filosofiki we taryhy taglymatlarda hem syýasy seljeriş üçin ýaramly garaýyşlar beýan edilýär. Mysal üçin, meşhur filosof we taryhçy K.Popper «açyk» we «ýapyk» diýlip atlandyrylýan syýasy režimleri tapawutlandyrýar. Onuň pikirine görä, haýsydyr bir jemgyýetiň ýa-da döwlet gurluşynyň açyklygy ýa-da ýapyklygy onuň taryhy ösüşde ýeten derejesine bagly bolup durýar. Jemgyýetiň ösmegi bilen ol barha açylýar we onuň içki gapma-garşylyklary tapgyrlaýyn çözülişýär.

***Barlag üçin soraglar***

1. *Syýasy seljerişiň esasy konsepsiýalaryny nähili häsiýetlendirip bolar?*
2. *Syýasy seljerişiň analitiki teoriýasynyň haýsy binýatlyk ugurlary bar?*
3. *Esasy çemeleşmeleriň haýsy görnüşleri bar?*

## §3. Seljerişiň usulyýet esaslary we çemeleşmeleri

Ýokarda aýdylanlardan gelip çykyşy ýaly, seljeriş meseleleri, esasan, iki bölege bölünýär: teoretiki we amaly-tejribe meseleleri. *Teoretiki meseleler* umumy akyl ýetiriş we seljerilýän wakalaryň kanunalaýyklyklaryny ýüze çykarmak bilen baglydyr. *Amaly-tejribe meseleleri* anyk we aýratyn alnan obýektleriň, wakalaryň ýa-da syýasy

ýagdaýlaryň seljerilişini öz içine alýar. Mundan başga-da, geosyýasy seljeriş öwrenilýän sebitdäki ýurtlaryň we halklaryň jemgyýetiň öşüşi bilen bagly meseleleri hem öz içine alýar.

Teoretiki bilim we amaly-tejribe bilimi özara tapawutlydyr. Teoretiki bilim üçin şu häsiýetler mahsusdyr:

– Ylmy-barlaglar netijesinde alnan maglumatlar syýasy ýagdaýlaryň we akymlaryň giň toplumyny öz içine alýar hem-de olaryň esasyny düzýän umumy kanunalaýyklyklary ýüze çykarýar. Bu ugur bilen, esasan, syýasy ylymlar meşgullanýar we olaryň çäklerinde ulgamlaýyn bilim emele gelýär.

– Teoretiki bilim uzak möhletleýin häsiýete eýe bolmak bilen, onýyllyklar, hatda, asyrlarboýy dowam edýän syýasy ýagdaýlary düşündirmekde derwaýys we zerur bolup durýar.

– Teoretiki bilimleriň toplanmagy tutuş jemgyýetiň bähbitleri üçin hyzmat edýär.

– Teoretiki bilim strategiki ähmiýetli syýasy ýagdaýlary we akymlary öwrenmekde hem-de olara baha bermekde zerur bolup durýar. Aýratyn alnan syýasy waka ýa-da ýagdaý üçin amaly-tejribe seljeriş usullary ulanylýar. Ol usullaryň esasynda hem teoretiki bilimler durýar.

Seljerişiň teoretiki esaslary şu ylmy-barlag ýörelgelerinden ugur alýar:

– Ylmy-barlagyň alnyp baryş usullary we kadalary aýdyň we düşnükli bolmaly;

– Ylmy-barlag ulgamlaýyn esasda, ýagny wakalaryň sebäp-netije arabaglanyşygyny açyp görkezmek bilen alnyp barylýar;

– Ylmy-barlag kadalarynyň takyk ýerine ýetirilmegi hökmany bolup durýar.

Syýasy seljerişiň meşgullanýan meseleleriniň ikinji topary syýasata gatnaşyjy taraplar we olaryň hereketleri bilen bagly bolup durýar. Bu babatda, geosyýasy derejedäki täsirli güýçler, dürli döwletleriň daşary-syýasy strategiýasynyň amala aşyrylyşy, syýasy, maliýe-ykdysady we maýa goýum, harby we ş.m. toparlaryň orny, ähmiýeti ýaly meseleler öwrenilýär.

Meseleleriň üçünji topary hususan-da jemgyýetçilik ösüşi we siwilizasion-taryhy ugurlary öz içine alýar.

Ýokarda agzalan ikinji we üçünji topara degişli meseleleri öwrenmekde amaly bilimleriň ähmiýeti uludyr. Amaly bilimler teoretiki bilimlerden tapawutlylykda, bellibir geosyýasy şertlerde we kesgitli wagt aralygynda bolup geçýän anyk ýagdaýlary hem-de hereketleri öwrenýär. Amaly bilimler we olara esaslanýan usullar, adatça, degişli meseleler babatynda «Näme etmeli?» diýen soraga jogap bermeli bolýarlar we dürli syýasy çozgütleri kabul etmeklige hyzmat edýärler. Esasy netije hökmünde işlenilip taýýarlanan teklipler we konsepsiýalar bolup durýar.

Amaly bilimlere şu häsiýetler mahsusdyr:

– Öňde goýlan anyk wezipeleri ýerine ýetirmeklige gönükdirilmek bilen, kesgitli soraglara jogap bermeli;

– Gysga möhletleýin esasda ulanylýar we alnan netijeler hem-de hödürlenýän teklipler bellibir maksatlar üçin ulanylýar;

– Amaly bilim anyk meselä bagyşlanan bolmaly. Ol aýratyn alnan geosyýasy wakalara we ýagdaýlara degişlidir;

– Alnan maglumatlar we taýýarlanylan teklipler, kabul edilýän çözgütler aýratyn alnan geosyýasy ýagdaýlarda hereket etmek we olary ugrukdyrmak üçin ulanylýar. Onuň esasynda syýasy ýagdaýlary dolandyrmak boýunça wezipeler ýerine ýetirilýär.

Seljerişiň teoretiki we amaly derejeleri özara ýakyndan baglanyşykly bolup durýar we birek-biregi şertlendirýär. Munuň şeýledigi seljerişiň usulyýetinde görünýär. Geosyýasy seljerişiň usulyýeti bilen bagly meseleler hem aýratyn toplum bolup durýar. Bu ýerde, ilkinji nobatda, maglumat we ony ulgamlaýyn öwrenmek üçin zerur bolan ylmy-amaly usullary işläp düzmek we olary geosyýasy seljerişde ulanmak wezipeleri ileri tutulýar.

Geosyýasy seljeriş nukdaýnazaryndan, usulyýet ylmy-barlaglary alyp barmak ýörelgeleriniň ulgamyny emele getirýär. Ol ýörelgeler gyzyklandyrýan maglumatlary gözden geçirmek we seçip almak, olary ýygnamak we häsiýetnamalaryna görä rejelemek, deslapdan işlemek, seljermek we degişli netije çykarmak üçin hyzmat edýärler.

Geosyýasy seljeriş amala aşyrylanda öwrenilýän sebitde we onuň töwereklerinde bolup geçýän ýagdaýlar bilen baglanyşykly örän uly we köpdürli häsiýetdäki maglumatlar bilen iş salyşmaly bolýar. Ol maglumatlary deslapdan saýgarmak we rejelemek, olardan diňe

zerurlaryny saýlap almak möhüm bolup durýar. Mundan başga-da, häzirki zaman geosyýasy ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn öwrenmek üçin syýasy ylymlar bilen bir hatarda, beýleki ylymlaryň hem usullaryny ulanmaly bolýar. Olaryň arasynda, mysal üçin, gumanitar we binýatlyk ylymlary, takyk ylymlary görkezmek bolar.

Bu ýerden görnüşi ýaly, geosyýasy seljeriş hem öz gezeginde her bir ýurduň daşary syýasatyny üstünlikli we netijeli amala aşyrmak üçin geosyýasy jähtden bolan ýagdaýlary seljermek we daşary-syýasy çözgütleri kabul etmek üçin esaslandyrylan teklipleri işläp düzmek bilen baglydyr. Bu babatda, döwlet ýolbaşçylygy tarapyndan dürli wezipeler öňde goýulýar we teklipler talap edilýär. Hususan-da, Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow biziň ýurdumyzyň Ýewropa bilen Aziýanyň çatrygynda ýerleşendigini we bu geografiki şertlerden oňaýly peýdalanmagyň zerurdygyny nygtaýar.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Syýasy seljerişiň meşgullanýan meseleleriniň haýsy toparlary bar?*
*2. Syýasy seljerişiň esasy üç ugrunyň mazmuny nämeden ybarat?*
*3. Teoretiki we empiriki çemeleşmeleriň özara tapawutlary barmy?*

## §4. Geosyýasy seljerişiň esasy wezipesi, predmeti we maksatlary

Seljerişiň esasy wezipesi, has giň manyda alnanda, hakykata aň ýetiriş bilen baglydyr we ol öňden bar bolan ylmy-amaly maglumatlara täze maglumaty goşup, olary baýlaşdyrmakdan ybaratdyr. Biz bu barada geçilen bölümlerde ýatlap geçipdik. Filosofiki nukdaýnazardan seljeriş gnoseologiýa ylmy bilen baglydyr. Seljeriş esasynda haýsydyr bir mesele boýunça öňden mälim bolan maglumatlaryň üsti ýetirilýär. Şeýlelik bilen, nämälimligiň derejesi peselýär we has doly garaýyş emele gelýär.

Geosyýasy ýagdaýlar babatynda aýdylanda, seljeriş usullary arkaly wakalaryň döreýşi we ösüşi, olaryň çylşyrymlaşmagy, dürli ugurlarynyň özara arabaglanyşygy we başga-da köp meseleler babatda täze maglumatlar ýüze çykarylýar.

Bu ýerde düşündiriş berip bolýan we heniz düşündiriş berip bolmaýan ýagdaýlary we wakalary özara tapawutlandyrmak uly ähmiýete eýedir. Mysal üçin, teoretiki nukdaýnazardan «A» belgili geosyýasy ýagdaýyň ösüşi «G» ugur boýunça gitmeli. Emma hakykat ýüzünde «A» ýagdaýyň düzüm bölegi bolup durýan «b» umumy kabul edilen kanunalaýyklyga laýyk gelmeýän terzde üýtgeýär we «A» ýagdaýyň «G» ugur boýunça gütmegine päsgelçilik döredýär. Netijede, wakalar güman edilmedik «$G^1$» ugur boýunça hereket edýär. Munuň özi düşnüksizligi emele getirýär we onuň sebäbini anyklamak üçin goşmaça ylmy-barlag usullaryny ulanmak zerur bolýar.

Geosyýasy seljerişiň obýekti, ilkinji nobatda, geosyýasy ýagdaýy, ony emele getirýän şertleri we sebäpleri öz içine alýar. Olaryň hatarynda sebit we ondan daşarky döwletleriň, halkara guramalarynyň we başga-da dürli düzümleriň hereketleri we bähbitleri, syýasy-geografiki gurşaw hem-de beýleki ýagdaýlar bolup biler.

Geosyýasy seljerişiň predmeti hökmünde öwrenilýän obýektiň anyk tarapy, onuň mazmuny we dürli häsiýetleri, tapawutly aýratynlyklary, ösüş ugruny şertlendirýän sebäpler bolup biler.

Seljeriş işini geçirmek üçin düýpli taýýarlyk görmek hökmandyr. Ol esasy iki tapgyry öz içine alýar:

1. Seljerişiň maksatnamasyny düzmek;
2. Seljerişiň iş meýilnamasyny düzmek.

Seljerişiň maksatnamasy öňde duran işiň ylmy-usuly we konseptual esasy bolup durýar. Ol aşakda görkezilen birnäçe esasy soraglara jogap bermelidir:

1. Haýsy meseläni öwrenmeli?
2. Seljerişiň maksady näme?
3. Öňde goýlan maksada ýetmek üçin nähili aralyk tapgyrlar bar hem-de olaryň netijeleri nämeden ybarat bolmaly?
4. Netijeli seljerişi amala aşyrmak üçin onuň strategiýasy nähili bolmaly we haýsy usullary ulanmaly?
5. Usullary nähili yzygiderlilikde ulanmaly we haýsy çeşmelere daýanmaly?

Seljeriş meýilnamasy analitiki işi alyp barmagyň guramaçylyk çärelerini yzygider beýan edýän resminamadyr. Onda seljeriş maksatnamasyny ýerine ýetirmegiň anyk çäreleri we möhletleri kesgitlenýär.

Seljerişiň maksadyna laýyklykda, meýilnamany iş ýüzünde ýerine ýetirjek hünärmenler hem bilermenler, zerur serişdeler we beýleki şertler göz öňünde tutulýar.

*Seljeriş maksatnamasy şu iki sany esasy bölümden durýar:*

1. Usulyýet toplumy; 2. Amaly-tejribe işleriň toplumy.

Usulyýet toplumynda şu meseleler öz beýanyny tapýar, ýagny:

1. Seljerilmeli meseläni, seljerişiň obýektini we predmetini kesgitlemek;

2. Seljerişiň maksadyny we wezipelerini kesgitlemek;

3. Seljerişiň taglymat esasyny we çemeleşmeleriň paradigmasyny kesgitlemek bilen, ylmy-teoretiki çeşmäni saýlap almak;

4. Ulanyljak düşünjeleri we kesgitlemeleri mazmun taýdan anyklamak, olara düşündiriş bermek ;

5. Seljerişiň gipotezasyny öňe sürmek.

*Amaly bölüm şu wezipeleri göz öňünde tutýar:*

1. Maglumat toplamagyň usullaryny kesgitlemek we maglumat üpjünçiligine häsiýetnama bermek;

2. Maglumatlary seljerişiň usullaryny kesgitlemek we olaryň ulanyş yzygiderliligini takyklamak.

Seljeriş maksatnamasy işlenilip düzülende goşmaça meseleler we wezipeler hem ýüze çykyp biler. Munuň sebäbi hem häzirki zamanyň çalt özgerýän çylşyrymly halkara ýagdaýlary bilen baglydyr. Geosyýasy ýagdaýlar bir ýa-da birnäçe aýyň dowamynda çürt-kesik üýtgäp biler we muňa ençeme mysallary getirip bolar. Kähalatlarda, seljerişiň geçirilýän dowamynda hem geosyýasy ýagdaýlaryň täze öwrümine görä öňde goýlan maksatlaryň üýtgedilmegine garaşyp bolar. Maksatnamany işläp düzmek boýunça meýilleşdirilen çäreleriň käbirleri yzygiderli, birnäçesi bolsa şol bir wagtyň özünde gyradeň ýerine ýetirilip bilner.

Seljeriş wezipesini kesgitlemek hem möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Öňde goýlan wezipä görä syýasy seljerişi geçirmegiň anyk maksatnamasy işlenilip düzülýär. Seljeriş wezipesini işläp düzmeklige birnäçe talaplar bildirilýär we olaryň hatarynda şu aşakdakylary görkezip bolar:

1. Syýasy seljerişiň çäklerini anyklamaly.

2. Öwrenilýän çäklerdäki ýagdaýlaryň talap edilýän ýa-da islenilýän ýagdaýa laýyk getirilmeginiň şertlerini kesgitlemeli.

3. Öwrenilýän çäklerdäki hakyky ýagdaýlary anyklamaly we olaryň talap edilýän ýa-da islenilýän derejeleri bilen aratapawudyny seljermeli. Hakyky we islenilýän ýagdaýlaryň aratapawudynyň möçberine görä çözmeli mesele anyklanýar. Aratapawut azaldygyça meseläniň çözülişi hem şonça oňuna bolýar.

4. Seljerişiň çäklerinde geosyýasy ýagdaýlary oňyn tarapa ugrukdyrmak babatyndaky çözülmeli meseleler öwrenilýär. Eger ol meseleler çözülmän galan ýagdaýynda ýüze çykmagy mümkin bolan ýaramaz ýagdaýlary çaklamaly we öwrenmeli. Olaryň arasyndan wajyplyk derejesine görä has derwaýys meseläni anyklamaly.

Seljerişi ulgamlaýyn alyp barmagyň logikasy şu tapgyrlary göz öňünde tutýar:

1. Çözülmeli meseläni kesgitlemek;
2. Onuň derwaýyslyk derejesini anyklamak;
3. Meseläni çözmek üçin bar bolan mümkinçilikleri öwrenmek;
4. Meseläni çözmek bilen bagly maksatlary esaslandyrmak;
5. Çözgütleriň bolup biljek dürli görnüşlerini işläp düzmek;
6. Hakykata has ýakyn bolan çözgüdi kabul etmek;
7. Kabul edilen çözgüdi iş ýüzünde amala aşyrmak;
8. Çözgüdi amala aşyrmak bilen gelnen netijelere seljerme bermek.

Tejribeden belli bolşy ýaly, islendik çylşyrymly meseläni ýönekeýleşdirip bolýar we has kiçi meseleleriň çözgütlerini tapmak arkaly umumy meseläni çözmegi hem ýeňilleşdirmek mümkin.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Geosyýasy seljerişiň nähili wezipeleri bar?*
*2. Seljeriş maksatnamasynyň haýsy esasy bölümleri bar?*
*3. Seljerişi ulgamlaýyn alyp barmagyň tapgyrlary nähili?*

## §5. Dünýä ýagdaýlarynyň çalt özgerýän şertlerinde geo-syýasy seljerişe bildirilýän talaplar

Häzirki zaman dünýä ösüşi özüniň köpugurly häsiýeti we çalt-lygy bilen geçen eýýamlardan tapawutlanýar. Munuň şeýledigine birnäçe görkezijiler arkaly göz ýetirip bolýar. Olaryň arasynda syýasy, söwda-ykdysady, durmuş-ýaşaýyş, medeni-siwilizasion we dini çäklerdäki ölçegler esasy orna eýe bolup durýarlar.

Dünýä ösüşiniň syýasy ölçegleriniň çäklerinde şu ýagdaýlary görmek bolýar:

– Halkara gatnaşyklarynyň subýektleriniň, şol sanda garaşsyz döwletleriň hatarynyň artmagy. Şunuň bilen birlikde, garaşsyzlygy yglan edilen, emma doly ykrar edilmedik döwlet gurluşlarynyň emele gelmegi;

– Halkara we sebit guramalarynyň hem-de beýleki bileleşikleriň dünýä syýasatyndaky we diplomatiýasyndaky täsiriniň güýçlenmegi;

– Global we sebit derejesindäki dawalaryň we gapma-garşylyklaryň çylşyrymlaşmagy. Şunuň bilen birlikde, köptaraplaýyn diplomatiýanyň ähmiýetiniň artmagy;

– «Doňdurylan» diýlip atlandyrylýan dawalaryň çözülmezligi we täze dawalaryň emele gelmegi;

– Häzirki zamanyň dürli howplaryna garşy durmakda halkara tagallalarynyň ulgamlaýyn häsiýete eýe bolmagy;

– Ýokary tehnologiýaly ýaraglanyşygyň artmagy, terrorçylaryň eline häzirki zaman tehnologiýalarynyň düşmegi bilen bagly we beýleki wehimleriň artmagy.

Söwda-ykdysady görkezijiler ilkinji nobatda dünýädäki globallaşma ýagdaýlarynyň giňden ýaýraýandygyny görkezýär. Söwda-ykdysady gatnaşyklaryň kämilleşmegi we çylşyrymlaşmagy bolup geçýän wagtynda, dünýä bazarynyň täze ugurlary emele gelýär we däp bolan çäklerinde düýpli üýtgeşikler bolup geçýär.

Ýaşaýyş-durmuş, medeni-siwilizasion we dini çäklerde hem uly özgerişler bolup geçýär. Dünýäniň dürli sebitlerinde demografiki ösüşler ýa-da yza gaýdyşlyk, migrasiýa we bosgunlar, milli we dini duýgylaryň güýçlenmegi, ýaşaýyş-durmuş standartlarynyň ösmegi, maglumat tehnologiýalarynyň we aragatnaşygyň, şol sanda internetiň çürt-kesik ösmegi ähl umumy ýagdaýlara köp babatda täsir edýär.

Türkmenistanyň Prezidenti halkara gatnaşyklarynyň we daşary syýasatyň derwaýys meseleleri barada aýtmak bilen, seljeriş işleri barada ýokary talaplary bildirýär. Milli Liderimiz Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2012-nji ýylyň 10-njy dekabrynda geçirilen giňişleýin mejlisinde çykyş etmek bilen, häzirki wagtda dünýäde çylşyrymly, käbir ýerlerde bolsa dartgynly ýagdaýlaryň ýüze çykýandygyna ünsi çekdi. Türkmenistanyň halkara giňişliginde ählumumy howpsuzlygyň üpjün edilmegine hemmetaraplaýyn ýardam bermek başlangyjy bilen çykyş edýänligini aýtmak bilen, olary hemmetaraplaýyn üpjün etmek wezipesini öňe sürdi. Şunuň bilen baglylykda, milli Liderimiz ählumumy howpsuzlyk we parahatçylykly ýaşamak garaýyşlaryny işjeň durmuşa geçirmek boýunça ulanýan usullarymyzy, ýörelgelerimizi we kadalarymyzy doly derejede we dogry amala aşyrmak üçin dünýäde bolup geçýän wakalardan ugur alyp, çalt hem-de netijeli hereket etmelidigimiz barada aýratyn nygtady.

Türkmenistanyň Prezidenti ýurdumyzyň Hökümetiniň 2013-nji ýylyň 20-nji dekabrynda geçirilen giňişleýin mejlisinde çykyş etmek bilen, diplomatik wekilhanalaryň öňünde möhüm wezipeleri goýdy. Şol sanda daşary ýurtlar bilen giň gerimli hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň mümkinçiliklerini düýpli seljermek, hyzmatdaşlygyň anyk ugurlaryny we görnüşlerini görkezmek bilen, degişli tekliplerini taýýarlamak barada anyk tabşyryklary berdi. Olary ýerine ýetirmekde statistiki işläp taýýarlamalary geçirmegiň usullaryny we alnan maglumatlara berilýän seljermeleri kämilleşdirmek, bu usuly halkara talaplaryna laýyk getirmek boýunça alnyp barylýan işleri yzygiderli dowam etlmelidigi barada aýdyldy.

Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2013–2017-nji we 2017–2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýalary barada aýtmak bilen, bu düýpli we möhüm resminamalaryň esasynda çuňňur seljerme netijeleriniň goýlandygyna üns bermek zerurdyr. Konsepsiýalarda Türkmenistanyň alyp barýan daşary syýasatynyň esasy ýörelgeleri we maksatlary kesgitlenýär, strategiki döwür üçin anyk ugurlar we wezipeler beýan edilýär, ýurdumyzyň Daşary işler ministrliginiň we diplomatik wekilhanalaryň gönüden-göni durmuşa geçirmeli işleri

kesgitlenýär. Türkmenistanyň beýleki döwlet edaralary bolsa, halkara hyzmatdaşlygy bilen bagly meseleler boýunça öz gündelik we geljek döwür üçin niýetlenen meýilnamalaryny işläp taýýarlanlarynda bu resminamadan ugur alýarlar.

Türkmenistanyň Prezidenti ýurdumyzyň diplomatik gullugyna hem bu babatda ýokary talaplary bildirýär. Olaryň arasynda şu ugurlar aýratyn derwaýys häsiýete eýedir:

• Türkmenistanyň alyp barýan daşary syýasaty we diplomatiýasy işjeň häsiýete eýe bolmalydyr we olar möhüm ähmiýetli başlangyçlary öňe sürmelidir.

• Zerur halatlarda bolsa, öňdengörüjilik bilen hereket etmelidir we bolup geçýän wakalardan hemişe habarly bolmalydyr. Şoňa görä-de, Daşary işler ministrliginiň alyp barýan seljeriş işlerini düýpli güýçlendirmek zerurdyr.

• Türkmenistanyň ilçihanalary we konsullyklary, şeýle hem halkara guramalarynyň ýanyndaky wekilhanalary dünýädäki syýasy we ykdysady ýagdaýy öz wagtynda seljermelidirler. Şol seljermeleriň netijeleri bolsa döwlet derejesinde çözgütleri kabul etmek üçin esas bolmalydyr.

• Daşary işler ministrliginiň düzüminde dogry netijeleri çykarmaga we hemmetaraplaýyn esaslandyrylan teklipleri bermäge ukyply bolan kämil seljeriş gullugyny döretmek maksadalaýyk bolar.

• Türkmenistanyň diplomatiýasy döwletimiziň ykdysadyýetiniň we alyp barýan daşary syýasatynyň meselelerini, aýratyn-da, abraýly daşary ýurt köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde beýan edilýän, bilermenler tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylýan pikirleri hem-de berilýän bahalary düýpli öwrenmelidir. Şoňa görä-de, biziň wekillerimiz dürli halkara maslahatlaryna has işjeň gatnaşmalydyrlar.

### *Barlag üçin soraglar*

*1. Dünýä ösüşiniň nähili köpugurly häsiýetleri bar?*
*2. Türkmenistanyň Prezidenti seljeriş barada haýsy wezipeleri öňde goýýar?*
*3. Dünýä ösüşiniň nähili syýasy ölçegleri bar?*

## §6. Daşary-syýasy ulgamda seljeriş işiniň guramaçylyk esaslary

Daşary-syýasy ulgamda seljeriş işiniň zerurlygy birnäçe derwaýys wezipeleri ýerine ýetirmek bilen baglydyr. Olaryň arasynda şu esasy ugurlary görkezmek bolar:

– Halkara ýagdaýlaryndan we bolup geçýän wakalardan habarly bolmak;

– Halkara gatnaşyklary ulgamynda we dünýä syýasatynda bolup geçýän ýagdaýlary, emele gelýän esasy akymlary öwrenmek;

– Degişli daşary-syýasy çözgütleri kabul etmek;

– Daşary syýasaty we diplomatiýany netijeli alyp barmak;

– Degişli jogaplary we gaýtargylary bermek;

– Döwletiň halkara gatnaşyklary ulgamyndaky milli bähbitlerini goramak;

– Döwletiň dänýädäki abraýly ornuny, ähmiýetini we abraýyny berkitmek;

– Daşary ýurtlar bilen dostlukly gatnaşyklary alyp barmak we özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek;

– Daşary-syýasy wezipeleri ýerine ýetirmek üçin uzak, orta we gysga möhletleýin maksatnamalary we meýilnamalary taýýarlamak;

– Amala aşyrylýan daşary syýasatyň netijeliligini barlamak we işleriň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek.

Ýokarda agzalan ugurlary ýene-de dowam etmek mümkin we olaryň ählisini üpjün etmek boýunça degişli guramaçylyk çäreleri amala aşyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, seljeriş işiniň aşakda görkezilen guramaçylyk esaslary üpjün edilýär:

• Daşary işler ministrliginiň düzüminde degişli bölüm seljeriş işini alyp barýar.

• Ilçihanada seljeriş işlerini alyp barýan esasy diplomatik işgär bellenilýär we ol wezipesi boýunça geňeşçi derejesinde durýar.

• Ýörite seljeriş maksatly analitiki merkezler hem döredilýär. Olar, adatça, iňlis dilinde kabul edilen «think-tank» ady bilen atlandyrylýar.

Diplomatik wekilhanalarda seljeriş üçin zerur maglumatlar dürli çeşmelerden toplanýar. Olaryň arasynda köpçülikleýin habar

beriş serişdeleri, internet-saýtlar, resmi habar çeşmeleri (döwlet we hökümet beýanatlary, metbugat-brifingleri we ş.m.), ylmy çeşmeler (ylmy neşirler, žurnallar, kitaplar we ş.m.), halkara maslahatlary, diplomatlaryň şahsy maglumat çeşmeleri, gürrüňdeşlikler we ş.m. bolýar.

Seljeriş üçin zerur maglumatynyň derwaýyslyk derejesine hem üns bermek möhümdir. Maglumatyň derwaýyslygy şu görkezijiler bilen kesgitlenýär:

1. Wagt babatyndaky derwaýyslygy: gündelik; orta möhletleýin; uzak möhletleýin we strategik taýdan ähmiýetli bolmagy.

2. Wajyplygy boýunça gyssagly ýetirmeli habarlar we çuňňur seljerişden geçirmeli maglumatlar tapawutlandyrylýar.

3. Maglumatlaryň hakykata laýyklygyny barlamak zerurlygy nukdaýnazaryndan habarlar çesmesiniň ygtybarly bolmagy talap edilýär. Munuň üçin bolsa şol bir maglumaty birnäçe çeşmelere görä deňeşdirmek we ortaça many çykarmak talap edilýär. Hakykata laýyk däl maglumatyň ýetirýän zyýany uly bolýar we munuň üçin örän jogapkärçilikli çemeleşmeli bolýar.

4. Taýýarlanýan seljeriş maglumatlarynyň niýetleniş derejesi boýunça ilçihananyň işinde ulanmak, Merkeze ibermek, hasabatlary taýýarlamak, umumy gözýetimi giňeltmek we dürli duşuşyklara we saparlara, gepleşiklere taýýarlyk görmek üçin maglumatlar tapawutlandyrylýar.

5. Seljerişde maglumatlaryň gizlinlik derejesini üpjün etmek wezipesi boýunça gullukda ulanmak üçin, gizlin we örän gizlin derejeler kesgitlenýär. Bu maglumatlar Merkeze iberilende ýörite şifrlenýär.

Seljerişiň netijeleri boýunça degişli teklipler taýýarlanylýar we olara şu talaplar bildirilýär:

• Taýýarlanylýan teklipler ýeterlik esaslandyrylan bolmaly;

• Olaryň her biriniň möçberi anyk we kesgitli häsiýetde bolmaly;

• Pikir öwürmeler we abstrakt sözlemler, mümkin boldugyça, az ulanylmaly;

• Bir mesele boýunça çözgüt kabul etmek üçin hödürlenýän teklipleriň sany 3 den köp bolmaly däl hasaplanýar;

• Gümürtik häsiýetli teklipler bolmaly däl.

Seljeriş teklipleri esasynda dürli çözgütler kabul edilýär. Çözgütleriň kabul ediliş derejeleri we resmi görnüşleri olaryň derwaýyslyk we wajyplyk, şeýle hem milli bähbitler nukdaýnazaryndan kesgitlenýär. Daşary-syýasy çözgütleriň kabul edilişiniň şu derejelerini görkezmek bolar:

- Iň ýokary döwlet we hökümet derejesinde;
- DIM ýolbaşçylygy derejesinde;
- DIM bölümi derejesinde;
- DIM işgäri derejesinde;
- Ilçihana ýa-da beýleki ygtyýarlandyrylan diplomatik wekilhana derejesinde;
- Ilçi derejesinde we diplomatik personal derejesinde.

Şeýlelik bilen, diplomatik gullugyň ulgamynda seljeriş işleriniň guramaçylyk taýdan amala aşyrylýandygyny görmek bolýar. Mundan başga-da seljeriş işleri dürli ýöriteleşdirilen düzümleriň çäklerinde hem alnyp barylýar. Ol düzümler ylmy-barlag, amaly-tejribe we beýleki esaslarda döredilýär. Bir ulgama degişli bolan analitiki düzümleriň özara utgaşykly işlemekleri wajyp häsiýete eýedir we şeýle ýagdaýda netijeli geosyýasy çözgütleri kabul etmeklige uly ýardam berilýär.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Seljerişiň nähili guramaçylyk esaslary bar?*
*2. Maglumatyň derwaýyslygy haýsy görkezijiler bilen kesgitlenýär?*
*3. Daşary-syýasy ulgamda seljeriş işiniň nähili derwaýys wezipeleri bar?*

## §7. Seljerişde çözgüdi tapmak meselesi we onuň gözleg giňişligi

Syýasy seljerişiň çylşyrymly taraplarynyň biri hem öwrenilýän mesele boýunça dogry çözgüdi tapmak üçin ýardam berjek anyk teklibi bermekdir. Munuň üçin birnäçe meseleler toplumy öwrenilýär we olaryň çözgüt tapmaga ýaramly bolanlary saýlanylyp alynýar. Şeýle toplumlaryň umumylykdaky çäklerine «gözleg giňişligi» diýilýär. Şu hili gözleg giňişlikleriniň birnäçesi bolup biler we olar özara logiki

arabaglanyşyga eýedir. Çözgüdi özünde saklaýan gözleg giňişliginiň içinde syýasy liderler, partiýalar ýa-da täsirli şahsyýetler bilen bagly maglumatlar bolup biler.

Bu babatda, meşhur italýan alymy Wilfredo Paretonyň (iňlisçe: Vilfredo Pareto, 1848-1923) ady bilen bagly «Paretonyň ýörelgeleri» atly logiki usul has-da uly meşhurlyga eýe boldy. Paretonuň ýörelgeleri seljerişiň dürli ugurlarynda ulanylýar we ol netijeli çözgütleri özünde jemleýän gözleg giňişligini anyklamaga gönükdirilendir. Bu ýörelgäniň esasy mazmunyny şeýle görnüşde beýan edip bolar: maksada ýetmek üçin amala aşyrylýan hereketleriň diňe bäşden biri netijeli bolup durýar. Hereketleriň beýleki bäşden dört bölegi bolsa diňe üpjün ediji ýa-da netijesiz, boş häsiýete eýedir. Şunuň bilen baglylykda Pareto syýasy ulgamda täsirli çeşmeleri anyklamak üçin «syýasy maksat we ulanylýan serişdeler» atly logiki ýörelgäni teklip etdi. Bu ýörelgä görä, syýasy maksada ýetmek üçin amala aşyrylýan tagallalaryň 20% ahyrky ýetilen netijäniň 80% üpjün edýär. Tagallalaryň beýleki 80% bolsa ýetilen netijäniň diňe 20% üpjün edýär.




***6-njy surat.*** *Paretonyň ýörelgesi*

Geosyýasy jähtden bu ýörelgäniň mysalyny halkara gatnaşyklarynyň ýagdaýyny kesgitleýän kuwwatly döwletler toplumynda görmek bolýar. Hususan-da, dünýäde 200 töweregi döwlet bolsa-da, olardan diňe 25-30 sanysy halkara syýasatynyň mazmunyny kesgitleýärler we global güýç deňagramlylygyny üpjün etmekde esasy orny eýeleýärler.

Elbetde, bar bolan tejribä görä, Paretonyň ýörelgesi arassa 20:80 gatnaşygynda bolmaýar. Bu gatnaşyk dürli şertlere görä iş ýüzünde 5:95 – 30:70 aralygynda bolýar.

Syýasy ýagdaýlaryň ýa-da hereketleriň sebäplerini we çeşmelerini gözlemekde we öwrenmekde britan alymy Stafford Biriň (iňlisçe: Anthony Stafford Beer, 1926–2002) teklip eden «Gözleg konusy» atly çemeleşmesi hem gyzyklydyr. Bu çemeleşmä görä, seljerişde çözgüdi gözlemek hereketleri gözleg giňişligini yzygiderli daraltmak arkaly amala aşyrylýar. S.Biriň pikirine görä çözgüt gözlenende ähli paýhas hereketleri ulgamlaýyn we logiki taýdan esaslandyrylan bolmalydyr. Gözleg konusyna görä, ilki bilen, giňişleýin çäkler seljerilýär. Soňra gözlegler içinde çözgüt bolmagy çaklanylýan giňişlige çenli çäklendirilýär. Şeýle hereketler çözgütli giňişligiň anyk çäkleri kesgitlenýänçä dowam edýär.




***7-nji surat.*** *«Gözleg konusy» we «Agaç şahalary»*

Seljeriş ýoly bilen dogry çözgüdi tapmakda emeli aň teoriýasynda giňden ulanylýan «Agaç şahalary» atlandyrylýan usul üns bererlikdir. Onda «kök», «şaha», «düwün» diýen ýaly düşünjeler bar. Ulgamlaýyn gurluşyň özi agaç görnüşinde şekillendirilýär we onuň şahalary çözgüt baradaky deslapky çaklamalary, güman etmeleri, ylmy çaklamany emele getirýärler. Düwünler bolsa seljerişiň her tapgyryndaky aralyk netijeleri aňladýar.

Emeli aň teoriýasynda «graflar» usuly hem ulanylýar. Onda «düwünler» diýlip atlandyrylýan nokatlar töweregiň dugasy görnüşindäki çyzyklar bilen logiki esasda birleşdirilýär. Graflar çözgüdi gözlemegiň özboluşly algoritmini aňladýar. Gözlegiň ugry giňligine we çuňlugyna gönükdirilip bilner.

Şeýlelik bilen, syýasy seljerişiň meselesini kesgitlemek işi bellibir derejede çylşyrymly bolup durýar. Ýokarda agzalan usullar iş ýüzünde ulanylanda hem hakyky geosyýasy ýagdaýlary hasaba almaly bolýar. Bu iş tapgyrlaýyn ýerine ýetirilýär. Hususan-da, geosyýasy seljerişiň maksady, ilkinji nobatda, öwrenilýän sebitdäki bolup geçýän syýasy ýagdaýlara we olaryň sebäplerine, olaryň ösüş ugruna we geljegine baha bermek bilen baglydyr. Seljeriş netijesinde alnan maglumatlar bolsa degişli çözgütleri kabul etmek esaslary döredilýär.

Şunuň bilen baglylykda, seljerişiň ilkinji basgançagy syýasy ýagdaýlary we olaryň sebäplerini hakykata mümkin boldugyça ýakyn görnüşde beýan etmek bilen baglydyr. Ikinji basgançakdaky wezipe bolsa ilkinji seljeriş netijesinde alnan maglumatlary haýsy maksatlar bilen ulanmak barada bolup durýar. Birinji basgançaga empiriki, ýagny tejribeden gelip çykýan, seljeriş diýilýär. Empiriki seljerişiň maglumatlarynda geosyýasy ýagdaýyň görkezijileri mukdar we hil taýdan öz beýanyny tapýar. Mukdar taýdan beýan edilende, esasan, statistiki deňeşdirme usuly ulanylýar we onuň üsti bilen ýagdaýlaryň ösüşi görkezilýär. Seljeriş maglumatlaryny hil taýdan beýan edilende, geosyýasy ýagdaýlaryň ösüş ugruna, çaltlygyna, çylşyrymlylygyna we başga-da ençeme häsiýetlerine baha berilýär.

Empiriki derejedäki seljeriş bilen bir hatarda, normatiw seljerişiň usullary hem ulanylýar. Normatiw seljeriş diýlende seljerilýän geosyýasy ýagdaýlaryň bellibir şertlerdäki ylmy-teoretiki nukdaýnazardan bolmaly derejesini aňladýar. Munuň üçin, geosyýasata gatnaşýan taraplaryň syýasy gymmatlyklary, bähbitleri, kuwwatlyklary we başga-da köp dürli görkezijiler esas bolup durýar. Mysal üçin, eger-de haýsydyr bir geosyýasy giňişlikde esasy taraplar hökmünde hereket edýän ABŞ, Russiýa, Hytaý we ş.m. bolup durýan bolsalar, onda wakalaryň sebäpleri we geljekki ösüş ugurlary barada deslapdan çaklap bolar. Bu ýerde, ilkinji alnan empiriki maglumatlar bilen bir hatarda, halkara gatnaşyklary, syýasat, taryh we beýleki ylymlaryň çäklerinde gazanylan ylmy-teoretiki garaýyşlar hem ulanylýar.

7. Sargyt № 850

Geosyýasy seljerişi iş ýüzünde amala aşyrmak üçin aşakda görkezilen birnäçe tapgyrlaýyn çäreleri ýerine ýetirmeli bolýar:

1. Seljeriş usullaryny teoretiki taýdan esaslandyryş;

2. Seljerişiň her bir tapgyrdaky öňde goýlan wezipä laýyklykda çözmeli meselelere görä zerur bolan usullary saýlap almak;

3. Ol usullary ulanmagyň ädimleýin algoritmini beýan edýän anyk amallary işläp düzmek;

4. Geosyýasy ýagdaýlara we wakalara syn bermek;

5. Alnan maglumatlary seljermek;

6. Seljeriş netijelerini taýýarlamak;

7. Çözgüde gelmek üçin hödürlenmeli teklipleri taýýarlamak.

Seljeriş usullaryny teoretiki taýdan esaslandyryş tapgyrynyň ilkinji ädimi öňde goýlan wezipäni ýerine ýetirmek üçin çözmeli meseleleri kesgitlemek zerurdyr. Şol bir wagtda olaryň arasyndan esasy meseläni saýlamak we onuň derwaýyslygyny esaslandyrmak gerek bolup durýar. Oňa seljeriş meselesi diýilýär we ol umumy häsiýete eýe bolup biler. Seljeriş meselesi kesgitlenenden soňra ony ylmy esasda öwrenmek üçin degişli teoretiki esas saýlanyp alynýar. Şeýlelikde, umumy baş mesele işlenilip düzülýär. Seljeriş meselesi işlenilip düzülenden soňra onuň bilen bagly seljerişi alyp barmagyň baş ugry kesgitlenýär. Soňra ol ugur boýunça seljeriş geçirmek üçin ulanyljak usullar ylmy-teoretiki taýdan esaslandyrylýar.

Seljerişde ulanyljak usullary anyk amallar görnüşine getirmek tapgyrynyň wajyp häsiýete eýedigine ünsi çekmek zerur. Başgaça aýdylanda, amallar görnüşe getiriş bu konseptual garaýyşlary ýönekeýleşdirmek we usulyň her bir ädimini iş ýüzünde ýerine ýetirmek üçin ýönekeýleşdirmekdir. Geosyýasy seljerişiň usullaryny ulanmak bilen öwrenilýän wakalaryň we ýagdaýlaryň özara umumylyklaryny we tapawutlylyklaryny kesgitlemek möhümdir. Olar esasynda, wajyp geosyýasy akymlara hem-de olary hereketlendirýän täsirli güýçlere baha berip bolýar.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Seljeriş maksatnamasynyň ähmiýeti nämede?*

*2. Seljerişiň ikinji basgançagyny nähili häsiýetlendirip bolar?*

*3. Geosyýasy seljerişiň esasy tapgyrlary haýsylar?*

## §8. Geosyýasy seljerişde milli bähbitleri, obýektiw we subýektiw faktorlary hasaba almak

Geosyýasy seljerişde milli bähbitler nukdaýnazaryndan sebitlerdäki bar bolan obýektiw we subýektiw faktorlary hasaba almak wajypdyr. Has giň manyda aýdylanda bähbitler baradaky düşünjeler köp ugurly bolup durýar. Geosyýasy giňişlikde olar milli bähbitleri, döwlet bähbitlerini, jemgyýetçilik bähbitlerini, korporatiw ýa-da toparlaýyn bähbitleri öz içine almak bilen, bähbitleriň ulgamyny emele getirýärler. Mundan başga-da, her bir döwletiň özüne mahsus bolan harby-syýasy, söwda-ykdysady, milli ösüş we beýleki bähbitleri tapawutlandyrylýar. Daşary we içeri syýasat bilen baglylykda ýurduň içeri we daşary bähbitleri barada hem aýdyp bolar. Şeýle görnüşli bähbitler barada sebitleriň, halkara guramalarynyň ýa-da döwlet bileleşikleriniň çäklerinde hem aýdyp bolar.

Ýokarda agzalan bähbitleriň ählisi hem bellibir ugur boýunça geosyýasy maksatlary kesgitlemekde esas bolup hyzmat edýärler. Milli bähbitleriň düýp mazmuny döwletiň garaşsyz we özbaşdak halkara subýekti hökmünde ösmegini, howpsuzlygyny we abadan ýaşaýşyny üpjün etmek bilen baglydyr. Häzirki zaman globallaşmak şertlerinde milli bähbitleriň mazmuny has hem çylşyrymly häsiýete eýe bolýar. Şunuň bilen baglylykda, sebit we dünýä ösüşiniň geosyýasy ýagdaýlary öwrenilende bähbitleriň ähli bar bolan görnüşlerini hasaba almaly bolýar.

Halkara ulgamynda milli bähbitleri kesgitlemek we olary üpjün etmek üçin sebit döwletleriniň, şeýle hem dünýäniň kuwwatly syýasy merkezleriniň bähbitlerini hem öwrenmeli bolýar. Mundan başga-da halkara jemgyýetçiliginde ileri tutulýan ahlumumy parahatçylyk, howpsuzlyk we durnukly ösüş bilen bagly bähbitleri göz öňünde tutmak zerur. Olar, ilkinji nobatda, bilelikdäki tagallalary amala aşyrmak, dürli howplara garşy göreşmek, ösüş ugrundaky hyzmatdaşlygy barha giňeltmek ýaly ugurlary öz içine alýarlar. Ählumumy bähbitleriň üpjün edilişiniň nusgasy hökmünde BMG-niň çäklerindäki hyzmatdaşlygy görkezip bolar.

Mundan başga-da, goňşy we sebit döwletleri üçin özara umumy bähbitler bolup biler. Şol bähbitler serhetüsti çäklerdäki tebigy

baýlyklardan bilelikde peýdalanmak, dürli howplaryň öňüni almak, söwda-ykdysady, ulag-aragatnaşyk, medeni-ynsanperwerlik ýaly ugurlardaky hyzmatdaşlygy ösdürmek we ş.m. wezipeleri amala aşyrmaklyga gönükdirilendir. Mysal üçin, Merkezi Aziýa sebitinde ekologiýa we tebigaty goramak, Aral deňzini halas etmek ýaly wezipeleriň hem uly toplumy bar. Suw-energiýa serişdelerini rejeli ulanmak babatynda Türkmenistan birnäçe iri teklipleri öňe sürýär we olar sebit ýurtlarynyň hem bähbitlerine gabat gelýär. Ykdysady hyzmatdaşlyk hem şu hili meseleleleri öňde goýýar. Halkara ulag-aragatnaşyk ulgamlaryny ösdürmek, söwda-ykdysady geçelgelerini döretmek hem derwaýys meseleleriň hatarynda durýar we milli bähbitleriň özara utgaşmagyny talap edýär.

Geosyýasy seljerişde obýektiw we subýektiw faktorlar diýlip atlandyrylýan şertleri hasaba almak zerurdyr.

Obýektiw faktorlar adamlaryň erk-islegine bagly bolmadyk, emma olara täsir edýän sebäplerdir. Olar, esasan, tebigy häsiýete eýe bolýarlar. Geosyýasatda bu geografiki şertleri, goňşy ýurtlaryň bolmagyny, taryhy şertleri we ş.m. ýagdaýlary aňladýar. Obýektiw faktorlaryň hataryna medeni-taryhy miras, asyrlaryň dowamynda emele gelen milli özboluşlyklar hem girýär.

Subýektiw faktor adamlaryň alyp barýan işleri bilen şertlendirilär. Halkara gatnaşyklarynyň subýekti bolan döwlet subýektiw faktoryň esasy çeşmesi hökmünde çykyş edýär. Şunuň bilen baglylykda, döwlet ýolbaşçylary we olaryň daşary-syýasy ugurlary hem subýektiw faktorlaryň toplumyny emele getirýär. Şunuň bilen bir wagtda, geosyýasatda meşhur syýasatçylaryň we diplomatlaryň, akyldarlaryň, filosoflaryň, alymlaryň, bilermenleriň, syýasy partiýalaryň we hereketleriň täsiri uludyr.

Global kuwwatly döwletleriň geosyýasy strategiýalarynyň gapma-garşylygynda bolsa güýç faktory we harby kuwwat esasy şert bolmagynda galýar. Bu ýagdaý olaryň arasyndaky bäsleşigi, gapma-garşylygy we başga-da ençeme çylşyrymly ýagdaýlary emele getirýär.

Ýokardaky aýdylanlar nukdaýnazarlardan, iň kyn mesele hökmünde dürli bähbitleriň özara utgaşyklygyny gazanmak we gapma-garşylyklary aradan aýyrmak bolup durýar. Bu babatda bitaraplyk syýasaty uly ähmiýete eýe bolup durýar. Bitarap Türkmenistanyň

ileri tutýan daşary-syýasy ugurlarynyň köp babatda goldawa eýe bolmagy hem onuň geosyýasatdaky eýeleýän ähmiýetli orny we derwaýys halkara başlangyçlary bilen baglydyr.

Milli bähbitler toplumlaýyn görnüşde daşary syýasatda, şol sanda geosyýasy strategiýada hem öz beýanyny tapýar. Bu strategiýanyň esasynda olar geosyýasy bähbitler manysynda düşünilýär. Geosyýasy bähbitleri seljermek ählumumy we sebit deňagramlylygyny saklamakda ýa-da üýtgetmekde, milli, sebit we global howpsuzlygyny üpjün etmekde aýgytlaýjy häsiýete eýe bolan syýasy, ykdysady, harby-strategiki, tebigy we jemgyýet kuwwatyny öwrenmekde aýratyn orun tutýar.

Milli we geosyýasy bähbitleriň umumy esasy hökmünde howpsuzlygyň bitewüligi meselesi çykyş edýär. Bu babatda Türkmenistanyň ileri tutýan konseptual düşünjesi wajyp ähmiýete eýedir. Howpsuzlygyň bitewüligi milli, sebit we global derejelerde howpsuzlygy üpjün etmegiň özara aýrylmaz baglydygyny görkezýär. Şu nykdaýnazardan hem milli we geosyýasy bähbitler özara baglanyşyklydyr. Mysal üçin, Merkezi Aziýada howpsuzlyk meseleleri – ýaragsyzlanmak, Owganystanda parahatçylygy dikeltmek, terrorçylyga, ekstremizme, neşeleriň bikanun dolanyşygyna, guramaçylykly jenaýata garşy göreşmek – ählumumy häsiýete eýedir.

***Barlag üçin soraglar***

1. *Bähbitleri geosyýasy taýdan nähili häsiýetlendirip bolar?*
2. *Milli we geosyýasy bähbitleriň umumy esasy nämede?*
3. *Parahatçylyk bähbitleriniň manysy nämede?*

## §9. Geosyýasy giňişlikdäki maglumat akymlaryny seljermek meselesi

Geosyýasy seljerişiň özeni hökmünde maglumat ulgamy bolup durýar. Şonuň üçin hem seljerişiň maglumat üpjünçiligine örän möhüm, hatda esasy orun degişldir. Maglumat işiniň esasy wezipesi halkara maglumat ulgamynda ýurduň milli bähbitlerini goramak, daşary-syýasy maksatlaryň amala aşyrylmagyny üpjün etmek hem-de

döwletiň maglumat taýdan howpsuzlyk meselelerini çözmek bilen baglydyr.

Bu babatda maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek babatynda şu esasy wehimleri mysal getirip bolar:

• Mazmuny we maksady boýunça dostlukly bolmadyk maglumatlary ýaýratmak arkaly döwletiň içki işlerine we syýasy-jemgyýetçilik durmuşyna ýaramaz täsir etmek synanyşyklarynyň bolmagy;

• Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde döwletiň halkara abraýyna zeper ýetirmek üçin ýörite maksatly wagyz işlerini amala aşyrmak synanyşyklary;

• Hakykata laýyk bolmadyk ýa-da öjükdiriji häsiýetli maglumatlary ýaýratmak synanyşyklary;

• Halkara maglumat giňişliginden bir ýurt baradaky oňyn maglumatlary gysyp çykarmak we «maglumat boşlugyny» döretmek synanyşyklary.

Aýdylyşyna görä, «Maglumata eýe bolan agalyga eýedir». Munuň özi halkara maglumat ulgamynda ýiti bäsleşigiň mydama dowam edýänligine şaýatlyk edýär. Etimologiki gelip çykyşy boýunça «maglumat» arapça «ma:limat», ýagny «mälimlik» diýen manyny aňladýar. Häzirki zaman maglumat alyş-çalşygy baradaky ylmyň – kibernetikanyň düýbüni goýujy hasaplanýan Norbert Winer bu babatdaky düşünjä şeýle kesgitleme berýär: «Maglumat – bu biziň özümiziň we duýgularymyzyň daşky gurşawa uýgunlaşmaklygynyň barşynda toplanýan tejribäniň mazmun taýdan kämilleşýänliginiň alamatydyr». Dünýäniň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri halkara ýagdaýlary baradaky habarlary ýaýratmak bilen, adamlaryň dünýägaraýşyna güýçli täsir edýärler. E.Toffler (iňlisçe: Alvin Toffler, 1928–2016) özüniň «Üçünji tolkun» (iňlisçe: «The Third Wave», 1980) atly kitabynda bu barada aýtmak bilen, «maglumat bombasynyň täsiri» diýen düşünjäni açyp görkezýär. Munuň düýp manysy bellibir maksada gönükdirilen maglumat strategiýasynyň uly geosyýasy tolgunmalara hat-da döwletleriň arasynda ýaragly çaknyşyklara çenli alyp baryp biljekdigini aňladýar. Gönükdirilen häsiýetli maglumatlar we habarlar geosyýasy giňişligiň bellibir bölekleri üçin niýetlenýär. Şeýle maglumatlar syýasy çözgütleri kabul etmekde täsirli orun eýeleýän toparlara zarba urmak üçin hem niýetlenip bilner.

Geosyýasy seljerişde analitik işgär maglumatlaryň örän uly, bimöçber toplumyna duşýar we onuň içinden diňe zerur habarlary saýlap almak üçin birnäçe ýörelgelere eýermeli bolýar. Olaryň esasy häsiýetnamalary şulardan ybaratdyr:

1. Maglumat ynamly derejede bolmalydyr we ol çözgüt kabul etmekde hem-de onuň netijelerine baha bermekde ygtybarly hyzmat etmelidir. Şu nukdaýnazardan, maglumat *absolýut ygtybarly* hem-de *takmynan ygtybarly* derejelerde bolup biler. Adatça resmi çeşmelerde beýan edilen maglumatlar absolýut ygtybarly hasap edilýär. Oňa ilkinji nobatda döwlete we onuň ýolbaşçylaryna degişli çeşmeler girýär.

2. Maglumat *obýektiw* ýa-da *subýektiw* häsiýetli derejelerde bolup biler.

3. Maglumatyň *dolulyk* derejesi boýunça ol *ýeterlik doly* ýa-da *toplumlaýyn jähtden umuman doly* bolup biler. Sebäbi *absolýut doly* maglumata iş ýüzünde örän seýrek duş gelinýär.

4. Maglumatyň *elýeterlilik derejesi,* köplenç halatda, onuň «gizlin» ýa-da «gulluk» häsiýetli belgilenmeginden gelip çykýar. Mundan başga-da, maglumatyň elýeterliligi wagt, giňişlik ýa-da çeşmeleriň azlygy babatyndan hem çäklendirilip bilner. Mysal üçin, zerur wagtynda alynmadyk maglumat soňra peýdasyz hala gelýär.

5. Maglumatlaryň çeşmeleriniň gelip çykyş derejelerine görä olar ilkinji *çeşmeden* ýa-da *gaýtadan işlenen* görnüşde *ikinji derejeli çeşmeden* alnyp biler. Geosyýasy ýagdaýlaryň bolup geçýän ýerinden göni habar berýän çeşmeler maglumatyň ilkinji çeşmesi hökmünde hasaplanýar. Bu babatda resmi wekilleriň, diplomatlaryň berýän maglumatlary, habar agentlikleriniň we beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň maglumatlary we habarlary uly ähmiýete eýedir. Olar köp dürli we uly göwrümli bolýarlar. Şonuň üçin hem, seljeriş işinde şeýle maglumatlaryň arasyndan diňe zerurlaryny saýlap almak we ulgamlaşdyrmak wezipesi durýar.

6. Maglumatlaryň *täzelenip durmagy* hem wajyp ähmiýete eýedir. Bu nukdaýnazardan, *hemişelik we üsti ýetirilip durulýan* maglumatlary tapawutlandyrýarlar. Mysal üçin, döwletler we olaryň geografiki häsiýetnamalary hemişelik bolup, olarda bolup geçýän wakalar baradaky maglumatlar bolsa täzelenip durýar.

Maglumaty aňladyş serişdeleri arkaly taýýarlamagyň görnüşleri hem dürli-dürli bolýar we olary şu aşakdaky toparlara bölüp bolar:

1. Simwollar arkaly aňladylan maglumatlar (elipbiý harplary, sanlar, belgiler);

2. Tekst ýazgysy görnüşinde beýan edilen maglumatlar (simwollaryň bellibir tertibi we yzygiderliligi arkaly maglumatyň beýan edilmegi);

3. Grafiki, ýagny dürli çyzgy keşpleri, wideo, audio we ses görnüşdäki maglumatlar;.

Maglumatlaryň saklanyş serişdesine görä çeşmeler, esasan, aşakdaky üç görnüşde bolup biler:

1. Maglumatlary maddy görnüşde saklamak üçin döredilen çeşmeler, ýagny *resminamalar*. Olara adatça *dokumental çeşmeler* diýilýär.

2. Maglumata eýe bolan we ony berip biljek *adamlar*.

3. Wakalara şaýat bolan ýa-da seljeriş geçirýän adamyň hut özüniň toplan *hususy maglumatlary we pikirleri*.

Dokumental çeşmeler olaryň beýan edilen serişdelerine görä dürli görnüşli bolup bilerler. Mysal üçin olar adaty kagyz, audio-, wideo-, HDD, CD, DVD, fleş-karta we ş.m. görnüşlerdäki maglumat göterijilere salnyp biler.

Dokumental çeşmeler olary emele getirýän esaslara görä:

– Köpçülikleýin habar beriş çeşmeleri;

– Statistiki maglumatlar;

– Kada-hukuk resminamalary;

– Syýasy-ideologiki resminamalar;

– Çagyryş-wagyz ediş materiallary görnüşlerde bolup biler.

Häzirki zaman globallaşma şertlerinde maglumatyň möçber we hil taýdan artmagy bolup geçýär. Adamzadyň ýaşaýyş-durmuşynyň möhüm bölegi bolan maglumat ulgamy – wagt geçdigiçe azalman, eýsem diňe köpelýän häsiýetlidir. Mysal üçin, maddy baýlyklar we ýerasty gorlar azalýar, emma maglumat bolsa adam durmuşyny üpjün ediji serişdeleriň hatarynda bolmak bilen, ulanyldygyça diňe köpelýär. Bu aýratyn hem XX asyryň ortalarynda has aýdyň ýüze çykyp ugrady. Geçen asyryň 70-nji ýyllarynda dünýäde maglumatyň mukdary her 5–7 ýyldan iki esse köpelýärdi. 80-nji ýyllarda bolsa her 20 aýdan iki esse köpelip başlady. 90-njy ýyllarda bolsa her ýylda, ýagny 12

aýda iki esse köpelip ugrady. Häzirki döwürde maglumat ulgamynyň möçberi geometriki progressiýanyň kanunalaýyklyklaryna görä ösýär. Muňa ilkinji nobatda **www**., ýagny dünýä internet ulgamynyň giňelmegi uly täsir edýär. Mysal üçin, dünýä ykdysadyýetiniň ösüşi nukdaýnazaryndan 1990–1999-njy ýyllar aralygynda ABŞ-da internet tehnologiýalarynyň berýän girdejisi iki esse artdy we 624 milliard dollara ýetdi. Şu günki gün bolsa onuň möçberi eýýäm trilliondan hem agýan sanlar bilen ölçenilýär.

Maglumat akymynyň ummanlardaky sunami tolkunlaryna meňzeş şeýle kuwwatly we giň akymyny dolulygyna we obýektiw häsiýetde kabul etmek hem-de özleşdirmek başartmaýar. Şonuň üçin hem maglumatlar olaryň zerurlyk derejesine görä saýlanyp alynýar. Emma zerur maglumatlary dolulygyna almakda dürli päsgelçilikler bolýar we olara «maglumat böwetleri» diýilýär. Hususan-da, ýokarda agzalan maglumat akymynyň ägirt uly bolmagy hem şeýle böwetleriň biridir. Mundan başga-da, maglumat böwetleriniň şu aşakdaky esasy iki topary tapawutlandyrylýar:

1. *Kommunikatiw böwetler*. Maglumatyň dürli tapgyrlarynda gaýtadan işlenilmegi sebäpli, onuň mazmunynyň we manysynyň ýoýulmagy bolup geçýär. Netijede, maglumatyň asyl durky ýitirilýär hem-de onuň hakykaty aňladyş derejesi peselýär;

2. *Dünýä dilleriniň biri-birine terjime edilmegi mynasybetli hem-de olaryň içki häsiýetleri bilen düşündirilýän maglumat böwetleri*. Şeýle böwetler şol bir maglumatyň dürli dillerde berilmegi, lingwistiki we elipbiý ulgamlarynyň özara gabat gelmezligi, adalgalary ulanmakdaky kynçylyklar we beýleki ençeme sebäpler bilen düşündirilýär;

***Barlag üçin soraglar***

*1. Maglumat düşünjesiniň etimologiýasy nähili?*
*2. Maglumatlaryň köpeliş depginleri nähili ösýär?*
*3. Maglumatyň geosyýasy ölçegini nähili häsiýetlendirip bolar?*

## §10. Seljerişiň ýörite usullarynyň ulanylyşy

Geosyýasy seljeriş mazmun taýdan teoretiki we amaly-tejribe häsiýete eýedir. Hatda oňa sungat hökmünde hem häsiýetnama

berilýär. Geosyýasat ylmynyň esasynda goýlan ynsanperwerlik we takyk ylymlaryň usullary, garaýyşlary hem-de netijeleri onuň çäklerindäki seljerişe hem mahsusdyr.

Şol bir wagtda-da, geosyýasat özbaşdak ylym hökmünde özüniň teoretiki, usuly we amaly esaslaryna eýedir. Olar ylmy-barlaglaryň netijesinde ýyl-ýyldan kämilleşýär. Olaryň hatarynda umumy-ylmy häsiýetli usullar: ulgamlaýyn, ýagny sistemalaýyn çemeleşme, deňeşdirme, taryhy, behawioristiki, funksional, struktur-funksional, institusional, umumy logiki we beýleki çemeleşmeler hem bar. Şunuň bilen baglylykda, geosyýasy seljerişde dürli ylymlaryň çäklerinden gelip çykýan we syýasy ýagdaýlary öwrenmeklige uýgunlaşdyrylan usullaryň ençemesi ulanylýar.

**Ulgamlaýyn çemeleşme usuly.** Ulgamlaýyn çemeleşme usuly, esasan, ylmyň struktur-funksional teoriýasynyň çäklerinde ulanylýar. Bu usulyň umumy-ylmy çäklerde nusgalyk ulanyş mysallaryny K.Marksyň (nemesçe: Karl Heinrich Marx,1818–1883), T.Parsonsyň (iňlisçe: Talcott Parsons, 1902–1979) we beýlekileriň eserlerinde görmek bolýar. T.Parsonsyň eserleri geçen asyryň 50-60-njy ýyllarynda sosiologiýada we syýasaty öwrenişde ulgamlaýyn çemeleşmäniň esaslaryny döretmekde binýatlyk häsiýete eýe boldy.

Ulgamlaýyn usulyň düýp manysy jemgyýetçilik durmuşynyň islendik böleginiň, mysal üçin, syýasatyň ýa-da geosyýasatyň bitewi, öz-özüni kadalaşdyryjy çylşyrymly gurluş görnüşinde seredilmegi bilen baglydyr. Aýratyn alnan her bir ulgamlaýyn gurluş mydama-da hereketde bolýar we onuň daşky gurşawy bilen aragatnaşyklary kesilmeýär. Daşky gurşawyň üýtgeýän ýagdaýlarynda, islendik ulgam, şol sanda geosyýasy ulgam hem özüniň durnukly ýagdaýyny saklamaga ymtylýar. Şu mynasybetli bolup geçýän hereketler ulgamyň «giriş» we «çykyş» çäklerindäki daşky gurşaw bilen aragatnaşyklarda bolup geçýär. Giriş çäklerinde ulgam daşky gurşawdan bolan täsirleri kabul edýär we çykyşda olara jogap berýär. Haýsydyr bir geosyýasy ulgamyň içki ýagdaýlary baradaky maglumatlar ýetmezçilik edende, onuň giriş we çykyş çäklerindäki ýagdaýlar öwrenilýär. Bu usula «gara guty» ýa-da iňlis dilinde «black box» usuly hem diýilýär.

**Ulgama hereket-dinamiki taýdan çemeleşmek usuly.** Bu usulyň çäklerinde şahsyýetleriň ýa-da toparlaryň has uly toparlara goşulanlarynda özlerini alyp baryşlary, milletleriň, jemgyýetçilik gatlaklarynyň, jemagatlaryň, kiçi toparlaryň özlerini alyp baryşlary öwrenilýär. Geosyýasy nukdaýnazardan bolsa, bu usul arkaly sebitlerdäki halkara we daşary-syýasy gatnaşyklaryň özgeriş çaltlygyna ýa-da dinamikasyna syn berilýär. Şu esasda hem geosyýasy ýagdaýlaryň emele gelşi we ösüşi, dartgynlylyklaryň döremegi, olaryň güýçlenmegi ýa-da gowşamagy, geosyýasy ösüşiň döwürleýin häsiýeti we tapgyrlary öwrenilýär. Şeýle seljeriş esasynda daşary-syýasy maksatlary işläp düzmek we çözgütleri kabul etmek, öňde goýlan sepgitlere ýetmäge gönükdirilen işlere gözegçilik etmek we olaryň netijelerini seljermek, täze maksatlary we wezipeleri kesgitlemek amala aşyrylýar.

**Bihewioristik usul.** Bihewioristik usulyň manysy geosyýasy ulgamyň ýa-da onda çykyş edýän taraplaryň özüni alyp barşyny öwrenmekden gelip çykýar. Bihewioristik çemeleşme psihologiýanyň we sosial-psihilogiýanyň garaýyşlaryna we netijelerine esaslanýar. Bu babatda Wudro Wilsonyň 1880-nji ýylda beýan eden syýasatyň şahsyýet ölçegi baradaky garaýyşlary möhüm ähmiýete eýe boldy. Milli lider ýa-da ýolbaşçy döwletiň, syýasy partiýanyň ýa-da tutuş halkyň milli garaýyşlaryny özünde jemleýär. Şu esasda daşary syýasaty amala aşyrýan milli lider ol garaýyşlary özüniň öňe sürýän taglymaty, şahsy häsiýetleri we ussatlygy bilen baýlaşdyrýar. Şonuň üçin hem, syýasy şahsyýeti psihologiki we beýleki jähtlerden öwrenmeklik, bu babatda ynsanperwerlik, tebigy we takyk ylymlaryň usullaryny hem ulanmaklyk ileri tutulýar. Şu usul bilen bilelikde antropologiki çemeleşme usuly hem giňden ulanylýar. Ol, adyndan belli bolşy ýaly, adam tebigaty bilen bagly täsirleri öwrenýär we aýratyn hem maddy, ruhy, saglyk-ömür bilen bagly zerurlyklar bilen bagly hereketler seljerilýär.

**Deňeşdirme usuly.** Deňeşdirme usuly ylymda giňden ulanylýar we örän gadymyýetden bäri bellidir. Deňeşdirme usulyny jemgyýetçilik-syýasy ylymlaryna girizen alym O.Kont (1798–1857) hasaplanýar. Bu usulyň düýp manysy gurluş taýdan birmeňzeş

görnüşli obýektleri özara deňeşdirmek bilen baglydyr. Bu esasda optimal, ýagny iň oňaýly çözgütler saýlanyp alynýar we kabul edilýär.

Deňeşdirme esasynda dürli döwletleriň, halklaryň we jemgyýetleriň tejribeleri hem öwrenilýär. Geosyýasy tejribede deňeşdirme usuly ulanylanda anyk ýerleriň, syýasy gurluşlaryň, taryhy eýýamyň we beýleki faktorlaryň özboluşlyklary hasaba alynmalydyr. Başga bir tejribäni beýleki şertlerde köre-körlük bilen ornaşdyrmak netije bermeýär ýa-da ters netije berýär.

**Taryhy taýdan çemeleşmek usuly.** Ylymda taryhy taýdan çemeleşmek usuly hem gadymyýetden bäri ulanylýar. Ol Gerodotyň, Aristoteliň, Nyzam al-Mülküň, Makiawelliniň işlerinde has aýdyň görünýär. Bu usulyň çäklerinde jemgyýet-syýasy durmuşyň ösüşi siwilizasion ösüş we taryhy döwürler babatynda hemmetaraplaýyn öwrenilýär. Netijede, geçmişiň, häzirki wagtyň we geljegiň arabaglanyşygy aýan edilýär. Munuň özi bolsa, taryhy ýalňyşlyklary gaýtalamazlygy, sapak edinmekligi we oňat terbiýelerden ugur almagy öwredýär.

**Normatiw-gymmatlyk usuly.** Bu usul geosyýasy wakalary we hereketleri umumyadamzat, milli we döwlet gymmatlyklarynyň bähbitleri nukdaýnazaryndan baha bermek bilen baglydyr. Munuň esasynda bolsa adalatlylyk, borja wepalylyk, mertebe hem-de hormat goýmaklyk ýaly düýpli etiki-ahlak ýörelgeler bardyr. Umumy kabul edilişine görä, syýasatçy ýa-da döwlet işgäri, halkara gatnaşyklarynyň subýekti – döwlet ýokarda agzalan ýörelgelerden ugur almaly hasaplanýar. Emma durmuş hakykaty, şol sanda iş ýüzündäki syýasat kähalatlarda öz talaplaryny öňe sürýär. Syýasatçy bolsa bar bolan mümkinçiliklere görä hereket etmeli bolýar. Şu ýagdaýlarda bellibir şertlerde iň ýokary netijeleri gazanmagy başarmagyň özi syýasy sungat hasaplanýar. Şeýle çemeleşme geosyýasy ulgamlarda ýalňyşlyklara, milli bähbitleriň ýoýulmagyna ýol bermezlikde uly ähmiýete eýedir. Bu aýratyn hem uruş we parahatçylyk, milli bähbitleri üpjün etmek, halkara gatnaşyklarynda dostlukly we dostlukly däl hereketleri tapawutlandyrmak ýaly meselelerde wajypdyr.

**Funksional usul.** Funksional usulyň çäklerinde geosyýasy giňişlikdäki döwletleriň özara arabaglanyşyklary öwrenilýär. Şu esasda ýurtlaryň ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklary, olaryň

bähbitleriniň özara utgaşmagy ýa-da garşy gelmegi, hyzmatdaşlyk, ýa-da gapma-garşylyk we beýleki ugurlar seljerilýär. Bu usulda esasy öwrenilýän obýekt hökmünde durmuş hakykaty we geosyýasy ulgamy emele getirýän güýçler bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda bolup geçýän wakalara, yglan edilýän däl-de, eýsem iş ýüzünde alnyp barylýan syýasata, bahbitleri araýan hereketlere aýratyn üns berilýär. Bu ýerde pragmatik garaýyşlar ileri tutulýar. Mysal üçin, Makiawelli özüniň «Hökümdar» eserinde syýasy maksatlara islendik serişde arkaly ýetmegi kabul ederlik hasaplaýar. Ol etiki-ahlak gymmatlyklaryny durmuş hakykaty nukdaýnazardan beýan edýär we olary esasy orunda görmeýär.

**Struktur-funksional we institusional usul.** Bu usulyň çäklerinde jemgyýet, döwlet, geosyýasy giňişlik we ş.m. seljeriş obýektleri çylşyrymly gurluşa eýe bolan ulgamlar hökmünde kabul edilýär. Bu ulgamlaryň esasy maksady deňagramlylygy saklamak we bellenen wezipäni ýerine ýetirmek bolup durýar. Institusional çemeleşme arkaly döwlet, jemgyýet, partiýa, etniki, milli we beýleki gurluşlaryň kanunalaýyklyklary, olaryň geosyýasatda tutýan orny we täsiri öwrenilýär.

**Paýhas-logiki usullarynyň geosyýasy seljerişde ulanylyşy.** Ylmy-logiki usullar, ilkinji nobatda, aň ýetiriş we paýhasly netije çykaryş bilen bagly seljerişiň logikasy, induksiýa we deduksiýa, hyýaly pikirleri iş ýüzüne geçirmek, garaýyşlary tejribede tassyklamak ýaly enҫeme binýatlyk ylmy-barlag ýörelgelerine daýanýar.

**«Beýni zabty»** diýlip atlandyrylýan usul ýokarda agzalyp geçilen «think tanks» tejribelerinde ýygy-ýygydan ulanylýar. Onuň barşynda geosyýasy ýagdaýlar babatyndaky dürli garaýyşlary seljermek bilen, hakykata has ýakyn çözgüt saýlanyp alynýar. Bu usulyň düýp mazmuny öňde goýlan seljeriş meselesi boýunça dürli ugurdan bolan bilermenleriň pikirini bilmekden ybaratdyr. Soňra olaryň arasyndan hakykata has ýakyny saýlanyp alynýar we çözgüt kabul etmek üçin teklip taýýarlamakda ulanylýar. «Beýni zabtynda» öňe sürülýän ähli pikirler olaryň bolşy ýaly we tankydy göz bilen seretmezden kabul edilýär. «Beýni zabtyna» gatnaşýan bilermenler adatça iki topara bölünýär. Birinji topar pikirleri öňe sürýär we ikinji topar olara baha berýär we netije çykarýar. Köpçüligiň goldan netijesi kabul edilýär.

Bu usulyň giňden ýaýramagy bilen geosyýasy seljerişde «Paýhas merkezleri» ýa-da «Pikir fabrikalary» atly analitiki düzümler emele geldi. Olaryň ilkinji dörän ýurdy hökmünde ABŞ tanalýar we prezidentler T.Ruzweltiň hem-de W.Wilsonyň döwürlerine gabat gelýär. Soňlugy bilen dürli paýhas merkezleriniň binýadynda ýöriteleşdirilen ylmy-barlag edaralary we guramalary döredildi. Olaryň ilkinjileriniň mysaly hökmünde 1910-njy ýylda ABŞ-da döredilen Karnegi halkara parahatçylyk gaznasyny (CEIP) görkezip bolar. Bu gaznanyň baş wezipeleri hökmünde uruş we parahatçylyk, dawalary çözmek we kadalaşdyrmak ýaly meselelerini seljermeklik hasaplanýardy. 1921-nji ýylda onuň düzümine maliýe wekilleri, hukukçylar we meşhur alymlar hem girizildi. Şondan ol Halkara gatnaşyklary baradaky Geňeş (CFR) diýlip atlandyryldy. Bu Geňeş Milletler Ligasynyň esasy resminamasy bolan Hartiýanyň taslamasyny işläp düzdi.

Paýhas merkezleriniň soňraky dörediliş tapgyrlary Ikinji Jahan urşunyň tamamlanmagy bilen täze derejelere çykdy. Dünýäde meşhur merkez bolan RAND korporasiýasy hem 1946-njy ýylda döredilipdi. RAND ady bu korporasiýanyň şygaryny düzýän sözleriniň esasynda emele gelýär, ýagny: Research AND Development.

**Delfi usuly** geosyýasy seljerişde giňden ulanylýan usullaryň hatarynda durýar we onuň taryhy kökleri gadymy Gresiýanyň Delfi şäherinde bolan Apollon ybadathanasynda amala aşyrylan dessurlar bilen baglydyr. Bu ybadathana gelýänler ýapyk perdäniň aňyrsynda oturan ruhany gyza öz şahsy meseleleri bilen ýüzlenipdirler we degişli jogaplary alypdyrlar. Hatda, serkerdeler hem bu ýere ybadata gelip, ýörişe başlamagyň sähedini sorar ekenler. Sokratyň ýazgylarynda Delfidäki Pifiýa atly ruhany gyz baradaky hekaýatlar beýan edilýär. Pifiýa ybadathana gelýän her bir zyýaratçyny üns bilen diňlär ekeni we degişli maslahatlary berer ekeni. Ol şeýle hem çaklamalary aýdar ekeni. Mundan başga-da, bu ýere gelen her bir zyýaratçy özi barada we dürli ýagdaýlar barada Pifiýä gürrüň berer ekeni. Şeýlelik bilen, Delfi ruhanysy ummasyz maglumata eýe bolupdyr.

Geosyýasy seljerişdäki delfi usuly hem Pifiýanyň ýörelgesine esaslanýar. Ýagny seljeriş üçin birnäçe bilermenleriň aýratynlykda pikir-garaýyşlary öwrenilýär we olar seljerilýär. Soňra, hakykata ýakyn ýa-da agdyklyk edýän pikir-garaýyş saýlanyp alynýar. Bu esasda seljeriş netijesine we degişli çözgüde gelinýär.

**Oýun teoriýasyna esaslanan usullar** geosyýasy giňişlikdäki bäsdeşlik ýagdaýyny seljermekde we çaklaýyşda ulanylýar. Oýun teoriýasy bu taraplaryň özara strategiki gatnaşyklaryny seljermegiň matematiki usuly bolup durýar. Bu teoriýa esasynda dürli bähbitlere eýerýän taraplaryň paýhas çözgütlerini hem-de strategiki hereketlerini aýdyňlaşdyrmak bolýar. Oýun teoriýasynyň kökleri XVIII asyra gidýän bolsa-da, bu baradaky ilkinji çynlakaý kitap Jon fon Neýman (iňlisçe: John von Neumann, 1903–1957) we Oskar Morgenştern (iňlisçe: Oskar Morgenstern, 1902–1977 ) tarapyndan 1944-nji ýylda çap edildi. Olar taraplaryň garşylykly strategiýalaryny ähtimallyk teoriýasynyň oýun düzgünlerine esaslanmak bilen düşündirdiler. Amerikan alymy Jon Neş (iňlisçe: John Forbes Nash, Jr., 1928–2015) 1950-nji ýyllaryň başynda taraplaryň utuşlaryny ýa-da ýeňlişlerini seljermegiň matematiki oýun teoriýasyna esaslanýan usulyny işläp düzýär. Bu teoriýa görä, taraplaryň ählisi ýa-da käbirleri utuş gazanýarlar ýa-da utulýarlar. Şonuň üçin hem bu seljeriş usulyna daýanmak bilen, geosyýasatda optimal strategiýany tapmak wezipesi ileri tutulýar.

Oýun teoriýasyna esaslanan usulyň birnäçe amaly görnüşleri bar we olar ahyrky bolup biljek netijäni anyklamaga gönükdirilendir. Olaryň arasynda «zero sum» game - «utuşsyz» oýun, «non-zero-sum» game - «hemmeler üçin utuşly ýa-da utuşsyz» oýun we «win-win» game – hemme taraplar üçin hem utuşly oýun has ýörgünlidir.

«Zero sum» game – ýagny «0» netijeli oýun teoriýasy meşhur matematikler Jon Neýman we Oskar Morgenstern tarapyndan öňe sürüldi. Bu ýagdaýda, eger geosyýasy bäsdeşlikde taraplaryň biriniň gazanan ýeňşi beýleki tarapyň utulyşynyň möçberine deň bolsa, onda umumy utuşyň jemi «0» deň bolýar. Mysal üçin, kuwwatly geosyýasy merkezler özara gapma-garşylyk zerarly, ählumumy howpuň ýaýramagyna ýol berip bilerler. Bu ýagdaýda, olaryň haýsy utsa-da, ählumumy howpuň ýaýramagy mynasybetli, umumy ýeňiş bolmaýar we netijede tagallalaryň jemi «0» bolýar.

Bu görnüşli oýun taraplaryň gapma-garşylygyny artdyrmak bilen, olaryň tagallalarynyň birleşdirilmegine päsgelçilik döredýär. Bu usulyň netijesini barlamak üçin ýokarda ýatlanan W.Paretonyň ady bilen bagly «Pareto efficiency» - «Paretonyň netijeliligi» we «Pareto improvement» - «Paretonyň kämilleşdirmegi» diýilýän ýörelgeler ulanylýar.

Paretonyň ýörelgelerine görä, geosyýasy bäsdeşlige gatnaşýan taraplaryň haýsy-da bolsa biriniň ýeňiş gazanmagy üçin, haýsy-da bolsa beýleki biriniň utulmagy hökmandyr. Eger-de geosyýasy bäsdeşlige gatnaşýan taraplaryň haýsy-da bolsa biriniň ýeňiş gazanmagy, haýsy-da bolsa beýleki biriniň utulmagyna getirmese, onda bu ýagdaýa «Paretonyň kämilleşdirmegi» diýilýär.

«Non-zero-sum» game - «hemmeler üçin utuşly ýa-da utuşsyz» oýun usuly arkaly ähli gatnaşýan taraplar üçin bilelikde alanda utuşly ýa-da utuşsyz netije getirýän ýagdaý öwrenilýär.

«Win-win» game – hemme taraplar üçin hem utuşly oýun özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny öwrenýär. Mysal üçin, ýaragsyzlanmak baradaky gepleşikleriň oňyn netije bermegi ýa-da ekologiki meseläni bilelikde çözmek hemmeler üçin bähbitli bolup durýar.

Şeýlelik bilen, seljerişiň ylmy-teoretiki we usuly esaslarynyň barha giňelýänligini we bu işe dürli ylymlaryň gatnaşýandyklaryny görmek bolýar.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Geosyýasy seljerişiň nähili ýörite usullary bar?*
*2. Delfi usulynyň ähmiýeti nämede?*
*3. «Paretonyň netijeliligini» nähili häsiýetlendirip bolar?*

## §11. Geosyýasy seljerişde kompýuter tehnologiýalarynyň ulanylyşy

Häzirki zaman geosyýasy seljeriş tejribesinde örän uly möçberdäki maglumat toplumlary bilen iş salyşmaly bolýar. Köplenç ýagdaýlarda olar çylşyrymly häsiýetde bolmak bilen, bolup geçýän wakalara we ýagdaýlara düşünmekde, olaryň sebäplerini anyklamakda çuňňur seljermeleri geçirmek talap edilýär. Şunuň ýaly ýagdaýda «emeli aň» adyna eýe bolan serişdelere esaslanan kompýuter tehnologiýalary ulanylýar. Ekspert ulgamynyň iň giň ýaýran görnüşlerini lukmançylyk-kesel anyklaýyş merkezleriniň ýa-da kompýuterde küşt we beýleki oýunlaryň mysallarynda görmek bolýar.

Syýasy seljerişiň tejribesinde oňa «ekspert sistemalary», ýagny bilermençilik ulgamlary hem diýilýär. Olary döretmek işi esasy iki tapgyrdan durýar:

1. Syýasaty öwreniji tarapyndan kompýuter programmalary üçin zerur bolan «bilimleriň binýady» döredilýär.

2. Bilimleriň binýady esasynda dürli maglumatlary hakyky hasaplanýan nusgalyk etalon maglumat bilen deňeşdiriji programma işlenilip düzülýär. Bu programmada ýagdaýlara baha beriji algoritmler goýulýar we olar netije çykarmak üçin ulanylýar. Mysal üçin, «EGER waka şeýle ugurda ösende, ol ŞEÝLE netijä getirer» we ş.m.

Bu ýerde, syýasy seljeriş ugrunda iş alyp barýan alymlara we bilermenlere uly orun degişlidir. Ekspert ulgamlary ägirt uly maglumat toplumlaryny seljermekde netijeli kömekçi bolup çykyş edýär. Adam we kompýuter birek-biregiň üstüni doldurýan ulgam bolup durýar. Olaryň her biriniň artykmaçlygy we bärden gaýtmalary bardyr.

*1-nji tablisa*

| **Adam aňynyň bärden gaýtmalary** | **Kompýuteriň artykmaçlyklary** |
|---|---|
| *Hemişelik saklap bolanok* | *Hemişelik saklap bolýar* |
| *Göni geçirmekde kynçylyklar döreýär* | *Aňsat göni geçirilýär* |
| *Resmileşdirmekde kynçylyklar bolýar* | *Aňsat resmileşdirilýär* |
| *Durnukly däl* | *Durnukly* |
| *Özüne düşýän gymmaty ýokary* | *Gymmaty elýeterlik derejede* |
| ***Adam aňynyň artykmaçlyklary*** | ***Kompýuteriň bärden gaýtmalary*** |
| *Döredijilik häsiýetli* | *Öňünden kesgitlenen maksatnama görä* |
| *Uýgunlaşýar* | *Goşmaça görkezmelere mätäç bolýar* |
| *Duýgylara daýanýar* | *Algoritm elipbiýi esasynda işleýär* |
| *Giň dünýägaraýyşa esaslanýar* | *Kesgitli ylym binýadyna esaslanýar* |
| *Adam öz akylyna eýerýär* | *Ýöriteleşdirilen bilim goruna eýerýär* |

Ekspert ulgamy bilermene zerur maglumatlary saýlap almaga we çözgütleriň dürli görnüşlerini çalt kesgitlemäge ýardam berýär. Şeýlelik bilen, bilermeniň iş öndürijiligi has hem artýar we ol wagtyny tygşytlaýar.

Ekspert ulgamynda azyndan iki bilermen bilelikde işleýär. Olaryň biri syýasy seljeriş ugrundan bilermen bolsa, beýlekisi emeli aň we maglumatlary kompýuterde ýerleşdirmek boýunça hünärmen bolýar. Ikinji görnüşli bilermene, adatça, «bilimleriň inženeri» hem diýilýär.

Ekspert ulgamlarynyň esasy häsiýetleri hökmünde şu aşakdakylary görkezip bolar:

1. Ýokary hilli, faktlara we usullara baý tejribä eýe;
2. Çaklama mümkinçilikleriniň giň möçberli bolmagy;
3. Ýatkeşligiň ägirt uly göwrümi;
4. Kämilleşmek we uýgunlaşdyrma mümkinçiligi, hünärmenleriň goýberen ýalňyşlyklaryny hasaba almak bilen, olary geljekde gaýtalamazlyk häsiýetine eýe bolmagy.

Ekspert ulgamyny ulanmagyň ilkinji tejribelerini «SPLInternational» atly amerikan kompaniýasynyň mysalynda görkezmek bolar. Ol «Shell» nebit-gaz konserni üçin daşary ýurtlaryň birinde maýa goýum taslamasyna degişli geosyýasy töwekgelçiligiň derejesini anyklamak babatynda teklipleri işläp taýýarlapdy.

Ekspert ulgamlaryny döretmekde bir obýekte gönükdirilen seljeriş usuly hem giňden ulanylýar. Bu usul bilen şu görnüşdäki modeller döredilýär:

1. Maglumat modelleri;
2. Geosyýasy ýagdaýlaryň modelleri;
3. Geosyýasy akymlaryň modelleri.

Ekspert ulgamlaryny döretmekde iň kyn meseleleriň biri hem ilkinji tapgyrda toplanan maglumatlary kompýuteriň emeli aňynyň diline geçirmek ýa-da başgaça aýdanda – formallaşdyrmakdyr. Mundan başga-da, geosyýasy ulgamyň özi köp babatda syýasatçylaryň maksatlaryna we meýillerine garaşly subýektiw faktorlara bagly bolup durýar. Aslynda adamzat jemgyýetinde bolup geçýän syýasy ýagdaýlaryň üýtgeýşini çaklamagyň kyn meseledigini ýatlatmak hem ýerliklidir.

Geosyýasy ýagdaýlar baradaky maglumatlar sözleýiş serişdeleri bilen beýan edilýär we olary kompýuteriň matematiki diline geçirmek tejribesi şu güne çenli doly ösen däldir. Şonuň üçin hem, geosyýasy wakalara hil taýdan baha berip bolsa-da, olary matematiki formula ýa-da amallar görnüşinde görkezmek kyndyr. Mundan başga-da, geosyýasy ýagdaýlary anyk mukdar görkezijileri bilen ölçemek meselesi hem entek öz çözgüdine garaşýar. Mysal üçin, howanyň gyzgynlygyny ýa-da elektrik togunyň derejesini «gradus» ýa-da «wolt» belgileri bilen aňladyp bolýar. Emma haýsydyr bir sebitdäki syýasy dartgynlylygy diňe söz bilen beýan edip bolýar. Şeýle ýagdaýyň dartgynlyk derejesini matematiki aňlatmalar bilen görkezme mümkinçiligi ýok diýen ýalydyr.

Syýasy seljeriş tejribesinde ekspert ulgamlaryny döretmek wezipesi birnäçe usuly meseleleri çözmegi talap edýär. Olaryň hatarynda seljeriş birliklerini kesgitlemek we olary kompýuter diline girizmek bilen baglydyr. Emma seljerilýän ulgam çylşyrymly boldugyça, ony mukdar görkezijiler arkaly beýan etmek şonçada kyn bolýar. Syýasy, onda-da geosyýasy ulgamlary kompýuterde modelirlemek üçin howa çaklaýjy-meteorologiýa modelinden hem çylşyrymly bolan modeli işläp düzmeli bolýar. Bu babatda mukdar görkezijileriň ornuna söz bilen beýan edilýän hil we hereket görkezijileri girizilýär. Mysal üçin, syýasy ösüş we onuň ugurlary, sebitdäki syýasy dartgynlygyň derejesi we geljegi ýaly hil taýdan görkezijileri matematiki formulalaryň üsti bilen beýan etmek mümkin däl diýen ýalydyr.

Şeýle-de bolsa, kompýuter modellerini döretmek üçin takyk ylymlaryň beýan ediş usullaryny ulanmaly bolýar. Mukdar taýdan anyk kesgitläp bolmajak ýagdaýlarda geosyýasy wakalary hil taýdan häsiýetlendirmek kabul edilendir. Bu çemeleşmeleriň biri «maglumatyň ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda çözgüde gelmek» adyny alan usulyň mysalynda has aýdyň görünýär. Bu usul matematikada «aýdyň bolmadyk köplükler» teoriýasyna esaslanýar. Bu teoriýada esasy birlik hökmünde «lingwistik birlikler» çykyş edýärler. Bu meseleler aýratyn beýan etmäge degişlidir.

Şeýlelik bilen, geosyýasy seljerişde kompýuter tehnologiýalarynyň giň mümkinçiliklerini görmek bolýar.

***Barlag soraglary***

*1. Ekspert ulgamynyň ähmiýeti nämede?*
*2. Adam akylynyň we kompýuteriň aratapawutlary nämede?*
*3. Kompýuter modelleri nähili döredilýär?*

## § 12. Seljeriş obýektine gönükdirilen kompýuter modelleri

Analitiki işde, şol sanda geosyýasy seljerişde hem kompýuter modellerini döretmegiň usullary öwrenilýän obýektleriň görnüşlerine görä işlenilip düzülýär. Seljerişiň obýekti boýunça halkara gatnaşyklarynyň modellerini üç topara bölmek mümkin:1.Halkara dawalarynyň we konfliktleriň modelleri; 2.Dartgynly ýagdaýlarda çözgüt kabul ediş modelleri; 3.Güýç deňagramlylygynyň we dünýä ösüşiniň modelleri.

**1. Halkara dawalarynyň we konfliktleriň modelleri**

Halkara dawalarynyň we konfliktleriň modelleri jemgyýet ösüşiniň gaýtalanyp durýan, ýagny sikilli häsiýeti baradaky umumy häsiýetli gipoteza esaslanýar. Şeýle hem bu ýerde adam tebigatyna mahsus bolan daşky gurşawa görä özüňi alyp barmak we dürli täsirlere jogap gaýtaryş refleksi hasaba alynýar. Bu modeli döretmek üçin ilki bilen dawalar we konfliktler baradaky giňişleýin maglumat binýady döredilýär we ol dürli häsiýetnamalara görä ulgamlaşdyrylýar hem-de kompýuter diline geçirilýär. Şu esasda maglumat binýadyndaky her bir dawa ýa-da konflikt baradaky maglumatlar mazmun taýdan we ösüş häsiýetleri boýunça yzygiderli tapgyrlara bölünýär. Her tapgyryň içki ýagdaýlary we beýleki tapgyrlar bilen arabaglanyşygy kompýuter modeline girizilýär.

Soňlugy bilen, iş ýüzünde seljerilýän dawa ýa-da konflikt baradaky görkezijiler kompýuter modeliniň maglumatlar binýadynda öň hasaba alnan we meňzeş nusgalar bilen deňeşdirilýär. Netijede, seljerilýän ýagdaýyň mümkin bolup biljek ösüş ugurlaryna çaklama beýanatlary berilýär. Adatça, şeýle modelleriň maglumat binýatlary iki görnüşde taýýarlanylýar:

1.Halkara gatnaşyklarynyň subýektleri we geosyýasy taraplar baradaky maglumatlar. Munuň mysaly hökmünde WEIS (iňlisçe: World Event Interaction Survey) we COPDAB (iňlisçe: Conflict and Peace Data Bank) maglumat binýatlaryny görkezip bolar.

2. Halkara gatnaşyklarynyň we geosyýasy ýagdaýlaryň dürli meseleleri baradaky maglumatlar. Munuň mysaly hökmünde COW (iňlisçe: Correlates of War) we CASCON (iňlisçe: Computer-Aided System for the Analysis of Local Conflicts) maglumat binýatlaryny görkezip bolar.

**2. Dartgynly ýagdaýlarda çözgüt kabul ediş modelleri**

Dartgynly ýagdaýlarda çözgüt kabul ediş modelleriniň ilkinjileriniň hatarynda adatdan daşary ýagdaýlarda dolandyryş boýunça işlenilip düzülen CRISISCOM (iňlisçe: Crisis Computer) kompýuter ulgamyny görkezip bolar. Maglumat ulgamynyň CREON (iňlisçe: Comparative Research on the Events of Nations Data Set) modeli hem halkara dawalaryny we konfliktlerini kadalaşdyrmak boýunça köptaraplaýyn çözgütleri kabul etmekde uly ähmiýete eýe boldy.

**3. Güýç deňagramlylygynyň we dünýä ösüşiniň modelleri**

Güýç deňagramlylygynyň we dünýä ösüşiniň modelleri halkara gatnaşyklarynyň subýektleri bolan taraplaryň, ilkinji nobatda, iri döwletleriň harby, syýasy we ykdysady kuwwatlaryny seljermäge gönükdirilendir. Döwletiň umumy harby kuwwaty onuň ýaragly güýçleriniň görnüşleriniň her biriniň aýratynlygyny hasaba almak bilen ortaça görkezijiler derejesinde kesgitlenýär. Wagt babatynda güýç deňagramlylygynyň seljerilýän pursadyndaky ýagdaýy (statiki model) we geljekki döwürlerdäki (dinamiki model) ösüş ýagdaýy üçin modeller döredilýär.

Güýç deňagramlylygynyň dinamiki modeli ilkinji gezek 1940-njy ýyllarda ulanylypdyr we onuň kömegi bilen Birinji Jahan urşunyň öň ýanynda Ýewropa döwletleriniň arasyndaky bäsdeşlik seljerilipdir. Bu model arkaly soňra ýaraglanyşygyň haýdadylmagy bilen bagly ençeme seljeriş işleri amala aşyryldy.

Güýç deňagramlylygynyň aýratyn görnüşli modeli hem dünýä ykdysadyýetiniň geosyýasy netijelerini çaklamak bilen baglydyr. Bu babatda Rim klubynyň çaklaýyş modelleri, ABŞ-nyň Massaçusets

tehnologiki uniwersitetiniň WIM (iňlisçe: World Integrated Model) atly kompýuter ulgamy irki döwürlerde uly meşhurlyga eýe boldy.

Soňky döwürlerde güýç deňagramlylygynyň dinamiki modelleri dünýä ösüşiniň ugurlaryny emeli aň bilen keşplendirýän stimulýator ulgamlary görnüşde ösdürilýär. Bu babatda Berlin ylmy merkezinde döredilen GLOBUS ulgamy aýdyň mysal bolup biler. 2000-nji ýyllardan başlap has kuwwatly «CoVaTrAN» (iňlisçe: Consumer Values Trends Analysis), SAG (iňlisçe: Strategic Assessments Group), TERRA ulgamlary işe girizildi.

Şeýlelik bilen, modelirlemegiň iş ýüzünde ulanylýan mysallarynda häzirki zaman tehnologiýalarynyň barha giňden ornaşdyrylýanlygyny görmek bolýar. Şeýle bolsa-da, seljeriş we meýilleşdiriş işinde adam faktory esasy orunda durýar we ähli tehnologiýalar diňe kömekçi häsiýete eýedir.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Kompýuter modelleriniň ähmiýeti nämede?*
*2. Haýsy esasy modelleri mysal getirip bolar?*
*3. Modeller üçin nähili binýatlar döredilýär?*

## §13. Geosyýasy ýagdaýlary modelirlemekde takyk we amaly ylymlar usullarynyň ulanylyşy

Seljeriş işinde geosyýasy ýagdaýlary modelirlemek giňden ulanylýar we bu usulyň düýp manysy hakyky ýagdaýlaryň amaly nusgasyny döretmekden ybaratdyr. Ol nusga matematiki formula ýa-da aňlatma, kompýuterde döredilen wirtual şekil başga görnüşlerde bolup biler. Modelirlemek daşary-syýasy çözgütleri taýýarlamakda we meýilleşdirişde wajyp tapgyrlaryň hatarynda durýar. Modelirlemekde takyk we amaly ylymlaryň usullary çemeleşmeleri esasy orun tutýar. Bu ýöne ýerden däl, sebäbi häzirki zaman ösüşi we geosyýasy ýagdaýlaryň üýtgeýiş çaltlygy köptaraplaýyn häsiýete eýedir. Olaryň beýanaty ägirt uly maglumat toplumyny ulgamlaýyn ýagdaýa getirmekligi talap edýär. Soňky döwürlerde käbir sebitlerde döreýän geosyýasy hadysalary seljermek we olara baha bermek meselesi hatda däp bolan garaýyşlaryň we usullaryň çäklerinden hem has daşlara çykýar.

Modelirlemek üçin binýatlyk esas hökmünde sistemalaryň, ýagny ulgamlaryň umumy teoriýasy bolup durýar. Ulgamlar teoriýasy ylmyň aýratyn bir pudagyny düzýär we ol seljerişiň ençeme çäklerinde binýatlyk orny tutýar.

Islendik seljeriş modelini döretmekde tapgyrlaýyn we ädimme-ädim hereketler amala aşyrylýar. Bu hereketleriň yzygiderli beýanatyna «algoritm» diýilýär. Algoritmi döretmekde birnäçe ylmy çeşmeler, usullar ulanylýar we olaryň arasynda şu aşakdakylary görkezip bolar:

1. Iş ýüzündäki hakyky ýagdaý we ol baradaky toplanan maglumatlar;
2. Hakyky ýagdaý baradaky subýektiw häsiýetli hyýaly model;
3. Ylmy taglymatlar we garaýyşlar, teoriýalar we konsepsiýalar;
4. Ylmy-dil we beýleki aňladyş serişdeleri;
5. Ylmy-tejribe usullar;
6. Hakyky ýagdaýy seljermek üçin hyzmat edýän ylmy-model.

Algoritmiň tapgyrlaryna görä, ilki bilen hakyky ýagdaý baradaky toplanan maglumatlaryň esasynda hyýaly model emele gelýär. Soňra ol hyýaly model ylmy dil arkaly beýan edilýär. Netijede, özboluşly ylmy-model döredilýär. Soňra ol model degişli usullary ulanmak bilen hakyky ýagdaýy öwrenmeklige hyzmat edýär.

Filosofiýanyň «mukdar-hil» gatnaşyklary kanunyna görä, hadysalaryň mukdar taýdan ösmegi umumy ýagdaýyň hil derejesiniň hem üýtgemegine getirýär. Şonuň üçin geosyýasy ýagdaýlara mukdar we hil taýdan baha bermek möhümdir. Geosyýasy ýagdaýlarda käbir täsir ediji faktorlar bilniksiz ýagdaýda ösýär we bu ilkibada göze ilip durmaýar. Emma wagtyň geçmegi bilen, olaryň täsir ediş güýji mukdar taýdan artyp, aýgytlaýjy derejä ýetip bilýär. Munuň özi bolsa umumy ýagdaýyň mazmun we hil taýdan üýtgetmegine getirip bilýär. Mysal üçin, seljerilýän sebitde howpsuzlygy üpjün ediji çäreleriň peselmegi bilen, dürli wehimleriň artmagy mümkin. Dartgynlygyň derejesi bellibir derejä göterilende bolsa, ol wehimler hakyky howpa öwrülip bilerler.

Geosyýasy ýagdaýlary modelirlemekde matematika, fizika, himiýa, termodinamika, meteorologiýa, akustika, gidrawlika ýaly ylymlaryň hem usullary ulanylýar. Himiýa ylmynda dürli jisimleriň

arasyndaky reaksiýalar, maddalaryň özara birleşmegi ýa-da birleşmezligi, olaryň esasynda täze maddalaryň döredilmegi bilen bagly meseleler teoriýa, tejribe we usulyýet taýdan ösendir. Olaryň esasynda goýlan ýörelgeler geosyýasy seljerişde, şol sanda modelirlemekde hem ulanylýar. Termodinamikanyň 3-nji kanunynyň çäklerindäki gaýtadan dikelýän we dikelmeýän ýagdaýlar baradaky garaýyşlar halkara ulgamyndaky ýagdaýlary öwrenmäge ýardam berýär.

Ýokarda aýdylyp geçilişi ýaly, geosyýasy ýagdaýlar modelirlenende kompýuter we maglumat tehnologiýalary hem giňden ulanylýar. Bu babatda ylmy-teoretiki hem-de usulyýet konsepsiýalarynyň binýatlyk düzüminiň emele gelmegi meşhur alymlar N.Winer (1894–1964), U.Eşbi (1903–1972), I.Prigožin (1917–2003), E.Lorens (1917–2008), Benua B.Mandelbrot (1924–2010), L.Zade (1921-2017) we beýlekileriň atlary hem-de eserleri bilen baglanyşyklydyr.

Takyk we binýatlyk ylymlarynyň geosyýasy seljerişdäki täsiri, köplenç, ulanylýan käbir düşünjeleriň mysalynda hem görünýär. Fizikada, himiýada, matematikada, mehanikada we beýleki binýatlyk hem-de amaly ylymlarda esaslandyrylan «reaksiýa», «dinamika», «dartgynlyk», «deňagramlyk», «wektor» we ş.m. düşünjeler syýasy, şol sanda geosyýasy ylymlarda hem giňden ulanylýar.

Umuman ylmy-barlag garaýyşlaryň taryhy ösüşindäki bolup geçen düýpli öwrülişikleriň tebigata, adamzat jemgyýetine, şol sanda halkara syýasatyna akyl ýetiriş usullaryna hem uly täsir edenligini ýatlamak zerurdyr. Şunuň bilen baglanyşykda ylmyň klassyky – nýutonçylyk döwrüni we ondan soňraky, ýagny XX asyryň başynda otnositellik teoriýasy dörediléninden soňraky eýýamy özara deňeşdirmek gyzyklydyr.

Nýutonçylyk garaýyşlarda deterministik, ýagny «sebäp-netije» sepleşiginiň özara ýakyndan bagly bolmagy ykrar edilipdi. Bu garaýşa görä, islendik wakany onuň emele getirýän sebäbi bilen düşündirip bolýar.

Ýagdaýyň düýp sebäplerini, onuň ösüşiniň haýsy kanunlaryň çäklerine degişlidigini we ilkinji maglumatlaryny bilmek bilen, onuň soňky üýtgeýişlerini hem anyk kesgitläp bolar diýip klassyky, ýagny däp bolup gelýän nýutonçylyk ýörelgelerine eýerýänler aýdýardylar.

Türkmen nakyllarynda hem «sebäp-netije» arabaglanyşygy barada çuňňur manyly jümleler bar. Mysal üçin, «Boljak oglan başdan belli», «Tüssesiz ot bolmaz» we ş.m. nakyllar giňden bellidir.

A.Eýnşteýniň XX asyryň başynda öňe süren otnositellik teoriýasy kwant fizikasynyň döremegine we ösmegine ýol açdy. Munuň netijesinde deterministik garaýyşlar düýpli özgerişlere sezewar boldy we ylymda hadysalaryň ähtimallyk hem-de tötänlik meselesi uly orun aldy. Şunuň bilen baglylykda, geosyýasy ýagdaýlary seljermek we çaklamak işinde hem täze ylmy garaýyşlar we usullar emele geldi.

Mysal üçin, globallaşmak netijesinde ulag-aragatnaşygyň, esasan hem, howa we deňiz gatnawlarynyň uniwersal ulgamy emele geldi, senagatda we oba hojalygynda täze tehnologiýalar esasynda haryt öndürilişi ençeme esse artdy we dünýä bazarynyň durnuklylygyny üpjün etmek wezipesi öň hatara çykdy. Munuň özi bolsa seljeriş, çaklama we meýilleşdiriş usullarynyň täze ugurlarynyň döredilmegine bolan talaby artdyrdy. Seljerişiň konseptual-teoretiki we amaly-tejribe çemeleşmelerini ösdürmek zerurlygy öňe çykdy. Hususan-da, halkara we sebit syýasatynda subýektiw faktoryň täsiriniň ösýänligi sebäpli, durnuklylyk we durnuksyzlyk, ewolýusion we rewolýusion, göni we diskret ösüş baradaky ylmy konsepsiýalara zerurlyk döredi. Şu nukdaýnazardan, geosyýasy seljerişde takyk we amaly ylymlaryň usullarynyň ulanylyşy XX asyryň 30-njy ýyllarynda başlandy hasaplanýar. Ol döwürde geosyýasat ylmy hem işjeň ösüp başlapdy.

Geosyýasy seljerişde takyk ylymlaryň zerurlygy, ilkinji nobatda, ägirt uly maglumat ulgamlaryny gaýtadan işlemek bilen baglydyr. Halkara gatnaşyklarynyň barha çylşyrymlaşýan şertlerinde olary öwrenmek maksady bilen, dürli görnüşli we ummasyz diýen ýaly maglumatlar toplanýar. Häzirki zamanda olar kompýuter tehnologiýalary arkaly gigabaýt, terabaýt mukdarlarda ölçenýän maglumat göterijilerde tekst, audio- wideo ýazgylarda saklanýar. Şol bir wagtda-da, degişli çözgüt kabul etmek üçin zerur bolan maksatlaýyn häsiýetli maglumatlar mydama ýetmezçilik edýär. Şunuň ýaly ýagdaýlarda logiki we matematiki usullary ulanmak arkaly bar bolan maglumatlar seljerilýär. Soňra olar kompýuter tehnologiýalaryny ulanmak bilen modelirlenýär.

Şu nukdaýnazardan, aşakda görkezilen birnäçe derwaýys ugurlarda seljeriş we çaklaýyş işleri boýunça ylmy-barlaglar alnyp barylýar:

1. Geosyýasy giňişlikdäki bar bolan ulgamlaýyn arabaglanyşyklar we olaryň dinamiki deňagramlylygy;

2. Göni we göni däl ýa-da haotik grafik bilen ösýän we özgerýän geosyýasy ýagdaýlar;

3. Doly bolmadyk maglumatlar esasynda ýa-da ýagdaýlar nämälim bolan şertlerde çözgüt kabul etmek.

Ýokarda agzalan ugurlar barada aýdylanda: Prigožiniň entropiýa, gaýtadan dikelýän we dikelmeýän ýagdaýlar, haotiki ýagdaýlar, bifurkasiýa nokady, deňagramly bolmadyk we dissipatiw düzümler baradaky düşünjeleri soňky ýyllarda syýasy seljerişde hem ulanylyp ugrady.

Wakalaryň haotiki ösüşi ýagdaýynda oňyn çözgüde gelmegiň ýollaryny anyklamak üçin ulanylýan usullarynyň esasynda takyk ylymlar bilen bir hatarda, ýörite teoriýalar hem ýatyr. Mysal üçin, 1992-nji ýylda amerikan alymy, diplomat Stiwen Mann «Parameters» žurnalynda bu barada özüniň düýpli işini çap etdi.

Seljeriş maksatlary bilen deslapky toplanýan maglumatlar geosyýasy ýagdaýy aýdyň açyp görkezmek üçin ýeterlik derejede bolmalydyr. Seljeriş netijesinde alnan maglumatlar hem ýokary aýdyňlyk derejede bolmalydyr. Emma iş ýüzünde, maglumatlar aýdyň bolsa-da, geosyýasy ýagdaýyň gümürtik ýagdaýda bolmak ähtimallygy aradan aýrylmaýar. Geosyýasy ähmiýeti bolan çözgütleri kabul etmek üçin zerur teklipleri taýýarlamakda analitikler, köplenç, maglumat azlygy ýa-da «ýapyk» ýagdaýlarda döreýän şertlerinde işlemeli bolýarlar. Bu ýagdaý bilen bagly düşünjä «nämälimlik» diýilýär we ol geosyýasy wakalaryň sebäplerini anyklamakda we olaryň geljekki ösüş ýollaryny kesgitlemekde köp duş gelýär.

Doly bolmadyk ýa-da gümürtik häsiýetli maglumatlara daýanmak bilen çözgüde gelmek we karar kabul etmek üçin ulanylýan usullaryň biri «göni däl logika» diýlip atlandyrylýan teoriýa esaslanýar. Onuň awtory Kaliforniýa uniwersitetiniň professory Lütfi Zade özüniň bu baradaky ilkinji makalasyny 1965-nji ýylda çap edipdi we gysga wagtda uly meşhurlyga eýe boldy. Göni däl logika

ylymda täze söz bolmak bilen, ol Aristoteliň döreden we däp bolan logikasynyň çygryndan has giň çäklere çykdy. Mysal üçin, däp bolan logikada bellibir çözgüt kabul etmek üçin «hakykat» we «ýalan» kesgitlemeler arkaly netije çykarylýar. Zade bolsa, «doly däl hakykat» we «doly däl ýalan» düşünjeleri girizdi. Bu logika görä, öwrenilýän meseläniň çözgüdiniň gözlenýän giňişligine «kesgitsiz giňişlik» (fuzzy area) diýilýär. Beýle diýilmegi çözgüdiň şol giňişlikde bar bolmagynyň hem gümanadygyny aňladýar.

Aristoteliň logikasyna görä «A» we «B» şertlerde ýagdaý hakyky (1) ýa-da hakyky däl (0) bolup biler. Lütfi Zadäniň logikasyna görä, hakyky (1) we hakyky däl (0) ýagdaýlaryň arasynda üznüksiz baglanyşyk bar. Olaryň aňlatmasyny şu üýtgeýän yzygiderlilik görnüşinde berip bolar:

<1111111000000011111111110000000000000>

Eger Aristoteliň logikasy statiki ýagdaý barada dogry bolsa, onda Zadäniň logikasy üznüksiz hereketde bolan dinamiki şertler üçin dogrudyr.

Göni däl logika usuly ylmyň ençeme pudaklarynda ulanylýar. Ol aýratyn hem geosyýasy ýagdaýlary seljermekde wajypdyr. Şeýle logika mälimlige görä nämälimligiň agdyklyk edýän ýagdaýlaryna baha bermekde netijeli bolup durýar. Mysal üçin, haýsydyr bir geosyýasy giňişlikdäki dartgynlyk ýagdaýyna kesgitli baha berip bolmaýan wagty az däl. Ol aýratyn hem ýaragly çaknyşyklaryň bir peselip, bir güýçlenýän we uzak ýyllar dowam edýän ýerleri üçin häsiýetlidir. Elbetde, hakykat ýüzündäki şeýle geosyýasy ýagdaýlarda oňyn çözgüt kabul etmek üçin «absolýut parahatçylyk» ýa-da «absolýut uruş» hakynda gürrüň etmek kyn bolýar.

Şeýle çylşyrymly şertlerde urşuň ýa-da parahatçylygyň derejesini mukdar görkeziji bilen ölçäp bolmaýar we olaryň ähtimallygy bellibir şertlere görä kesgitlenýär. Has anyk aýdylanda, bir tarapdan, parahatçylyk ýagdaýy uruş turmak mümkinçiligini aradan aýyrmaýar. Beýleki tarapdan bolsa, uruş hereketleri parahatçylyga gelmek ýoluny inkär etmeýär. Şonuň üçin hem, çylşyrymly geosyýasy ýagdaý seljerilende, wakalaryň haýsy tarapa ösjegine üns berilýär. Eger-de dawalaryň soňunyň urşa ýazmak ähtimallygy uly

bolsa, onda ony peseltmegiň ýoly gözlenýär. Eger-de parahatçylygy dikeltmek mümkinçilikleri bar bolsa, onda olary berkitmeklige üns berilýär.

L.Zadäniň işläp düzen logikasy Edward Lorensiň «kebelek effekti» ady bilen belli çaklama teoriýasyna ýakyn durýar. Geçen asyryň 60-njy ýyllarynda howa ýagdaýlaryny çaklamak bilen meşgullanýan meteorolog we fizik E.Lorens islendik dinamiki ýagdaýlaryň ösüşinde ilkinji şertleriň wagt geçdigiçe üýtgeýänligine üns beripdir. Onuň bu teoriýasyny häsiýetlendirmek bilen, beýleki bir amerikan alymy Riçard F.Feýnman şeýle diýipdir: «... kebelegiň ganatjyklarynyň şu günki yrgyldysy ertir Nýu-Ýorkda tupan turuzar». Kebelek effektini suratlandyrýan grafiki çyzgy hakykatdan hem kebelegiň ganatlaryny meňzeş keşbe getirýär we oňa «Lorensiň attraktory» diýilýär.




***8-nji surat.*** *«Kebelek effektiniň» grafiki şekili*

Lorensiň garaýşyna görä, haotiki ýagdaýda bolup geçýän hadysalaryň her biriniň wagt birligindäki ösüşiniň iň soňky nokadynyň ýagdaýy onuň öň ýanyndaky ýagdaýyna baglydyr. Şunuň ýaly şertde, ýagdaýyň ösüş depginlerini häsiýetlendirýän iň soňky waka ol ýagdaýyň ilkinji başlangyç şertlerinden düýpden tapawutly bolmagy mümkin. Şeýle tapawutlary emele getirýän sebäpleriň esa-

synda hem ilkinji ädimlerde göze ilmeýän, emma wagt geçdigiçe barha güýjeýän «kebelek effektiniň» täsirleriniň durandygyny bellemek zerur.

Has ýönekeý görnüşde düşündirmek üçin şu rowaýaty getirip bolar. Aýdylyşyna görä, gadymy döwletleriň biriniň şöhratly serkerdesi uly söweşe çykmaly bolupdyr. Ýöne ussahanada çüý bolmansoň, onuň bedewiniň aýagyna nal kakylmandyr. Şu sebäpli, çaknyşyk wagtynda bedew agsapdyr we serkerde atdan agdarylyp heläk bolupdyr. Serkerdesiz galan atly goşun derbi-dagyn edilipdir. Netijede, tutuş goşun ýeňlişe sezewar bolupdyr. Şeýlelik bilen, duşman ýurdy basyp alypdyr. Emma munuň ilkinji sebäbi at aýagyna nal kakmaga ussahanada çüý ýoklugyndan başlapdy.

Adamzat taryhynda düýpli yz galdyran iri Parfiýa, Seljuk, Osman, Mongol imperiýalarynyň döremeginiň we ösmeginiň geosyýasy kanunalaýyklyklarynda hem ýokarda agzalan «kebelek effektiniň» täsirini görmek bolýar. Sebäbi olar dünýäde höküm ediji iri imperiýalaryň «kölegesinde» birbada göze ilmeýän çarwa taýpalarynyň okgunly hereketleriniň ösüşini görkezýär. Olar taryhy nukdaýnazardan gysga döwrüň içinde ägirt uly giňişlikleri eýelediler we halkara arenasyna çykdylar.

Geosyýasy seljerişde ses tolkunlaryny öwrenýän akustika ylmynyň usullary hem ulanylýar. Bu usul haýsydyr bir geosyýasy giňişlikde garaşylmadyk «ýarylyş» effektiniň ýüze çykmagy we onuň täsiriniň uzaklara ýaýramagy bilen bagly şertler seljerilýär. Mysal üçin, tekiz suw giňişligine daş atylanda tolkunlaryň emele gelip daş-töwerege ýaýraýşy ýaly, akustika modeli hem haýsydyr bir duýdansyz täsiriň geosyýasy giňişligi «tolgundyryşy» we täsiriň ýaýraýyş çaltlygy öwrenilýär.

Şeýleleik bilen, geosyýasy seljerişde dürli ylymlaryň usullarynyň ulanylýanlygyny görmek bolýar. Seljeriş usullarynyň sany köpelýär hem-de olar mazmun taýdan kämilleşýär.

***Barlag soraglary***

*1. Geosyýasy ýagdaýlara hil we mukdar taýdan baha bermekligiň ähmiýeti nämede?*
*2. Kebelek effekti näme?*
*3. Ylmy we seljeriş modelleri nähili döredilýär?*

# ÜÇÜNJI BÖLÜM

## STRATEGIKI MEÝILLEŞDIRIŞ WE ONUŇ YLMY-USULY ESASLARY

### §1. Daşary syýasatyň uzak möhletleýin wezipeleriniň strategik häsiýetnamasy

2015-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Türkmenistan özüniň hemişelik bitaraplygynyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan biragyzdan ykrar edilmeginiň şanly ýigrimiýyllyk senesini giňden belledi. Bu taryhy sene mynasybetli, 2015-nji ýyl Parahatçylyk we bitaraplyk ýyly diýlip yglan edildi. Parahatçylykly daşary-syýasy strategiýany amala aşyrýan Türkmenistan häzirki zamanyň öňdebaryjy we okgunly ösýän döwletleriniň hatarynda durýar. Milli Liderimiziň baştutanlygynda ösüşiň we rowaçlygyň ýoly bilen öňe tarap ynamly barýan Türkmenistan dünýä döwletleri bilen dostlukly gatnaşyklary barha ösdürýär. Türkmenistanyň halkara giňişliginde alyp barýan işleri yzygiderli we toplumlaýyn esasda, ýurdumyzyň hemişelik bitaraplyk halkara-hukuk derejesine laýyklykda, şeýle hem sebitde we dünýäde emele gelen ýagdaýlary nazara almak bilen amala aşyrylýar. Munuň özi ýakyn goňşy dünýäniň beýleki ýurtlary bilen syýasy-diplomatiki, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwerlik ugurlarda gatnaşyklary ösdürmäge mümkinçilik berýär.

Türkmenistanyň halkara abraýynyň berkemegi köp babatda hormatly Prezidentimiziň çuňňur paýhasy bilen esaslandyrylan we tutanýerli durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň strategiki ugurlary boýunça kesgitlenýär. Şunuň bilen baglylykda, uzak möhletleýin özgertmeleriň amala aşyrylmagynyň ilkinji ädimleri strategik maksatnamalary işläp düzmekden başlanýar. Munuň şeýledigini biz ençeme mysallarda, ilkinji nobatda «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli Maksatnamasynyň» hemmetaraplaýyn we üstünlikli amala aşyrylyşynda görýäris. Bu maksatnamanyň strategiki ýörelgeleri hormatly Prezidentimiz

Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna» atly eserinde we beýleki ylmy işlerinde öz beýanyny tapdy. Ýokarda agzalan strategiki maksatnamada Türkmenistanyň häzirki zaman şertlerinde ösüş ugurlary bellenendir. Bu maksatnamanyň maksady bolsa ilatyň durmuş derejesiniň ýokarlanmagy, her bir maşgalanyň bolelinlikde ýaşamagy bolup durýar. Bu Maksatnamada jemgyýeti ösdürmegiň syýasy, kanunçylyk, ykdysady, durmuş, medeni meselelerine biri-birleriniň üstüni ýetirýän, biri-birlerini baýlaşdyrýan meseleler hökmünde berk baglanyşyklylykda garalýar. Şeýle hem, Türkmenistanyň strategik ösüş ugurlary global ösüşiň çäklerinde we halkara jemgyýetçiliginiň ileri tutýan gymmatlyklaryna laýyklykda alnyp barylýar.

Ýokarda aýdylanlar bilen baglanyşykda, daşary-syýasy strategiýa we strategiki meýilleşdiriş meselelerini ylmy taýdan öwrenmeklik şu günki günüň derwaýys meseleleriniň hatarynda durýar. Aýratyn hem, daşary syýasat işinde strategiki meýilleşdiriş we onuň çäklerinde kesgitlenen wezipeleri yzygiderli, talabalaýyk we netijeli görnüşde ýerine ýetirmeklik uly ähmiýete eýedir.

Mälim bolşy ýaly, döwletiň daşary syýasaty onuň içeri syýasaty bilen berk baglanyşykda durýar we ol milli ösüşi üpjün ediji oňyn halkara şertlerini döretmekde wajyp orun tutýar. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly eseriniň birinji tomunda «Türkmen döwleti jemgyýetde, içerki durmuşda parahatçylygy söýüjiligiň, agzybirligiň, jemgyýetde hoşniýetliligiň we ynsanperwerligiň ýörelgelerini yglan etmek we amala aşyrmak arkaly bu düşünjeleri dünýä bilen özara gatnaşyklaryna hem geçirýär» diýip aýratyn nygtaýar. Şu jähtden Milli Liderimiz ýurduň realistik, oýlanyşykly daşary syýasat strategiýasynyň içerki döwlet gurluşynyň ahlak taýdan berk binýadyna esaslanyp, onuň logiki dowamyna öwrülýändigine hem-de türkmen halkynyň iň oňat häsiýetlerini äşgär edýändigine ünsi çekýär. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz özüniň «Türkmenistanyň Bitaraplyk daşary syýasaty we onuň sebitde hoşniýetli gatnaşyklaryň ösüşini üpjün etmekdäki ähmiýeti» atly 2009-njy ýylyň 10-njy dekabrynda bolan halkara maslahatyna gatnaşyjylara iberen gutlagynda «*Biz daşary syýasa-*

*tymyzy öz milli ýörelgelerimize we halkymyzyň bähbitlerine laýyklykda, yzygiderli alyp barýarys. Bu syýasat geljekde-de biziň alyp barýan strategiýamyzyň esasy bolar*» diýip nygtady. Türkmenistanyň Prezidenti Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 65-nji sessiýasynda 2010-njy ýylyň 20-nji sentýabrynda eden çykyşynda Türkmenistanyň häzirki zamanyň meselelerine çemeleşmeleriniň esasynda global gatnaşyklaryň geljeginiň täze ýörelgelerine çykmak düşünjeleriň durandygyny bellemek bilen bir hatarda «*Biz muny geljegiň Strategiýasy diýip atlandyrýarys we bu düşünjäni ösüşiň esasy meseleleri – syýasy, durmuş-ykdysady, energetika, ekologiýa meseleleri boýunça giň we berk halkara ylalaşygyny gazanmak bilen baglanyşdyrýarys*» diýip nygtady. Bu düşünjäni has çuňňur açyp görkezmek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti özüniň 2010-njy ýylyň 30-njy sentýabrynda metbugat konferensiýasynda bu strategiýanyň howpsuzlygyň bitewüligi bilen berk baglanyşyklydygyny beýan etdi. Hususan-da Türkmenistanyň Lideri häzirki zaman dünýäsiniň bitewi bolşy ýaly, howpsuzlygyň hem bitewüdigini aýtdy: «*Şoňa görä-de, biz dünýä bileleşigine häzirki zamanyň esasy meselelerini çözmek boýunça döwletleriň mundan beýläk-de bilelikde hereket etmegi üçin başlangyç syýasy-dünýägaraýşyň esasy hökmünde ýeke-täk howpsuzlyk konsepsiýasyny döretmek barada oýlanmagy teklip edýäris*», - diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow belledi. - *Men özümiň Birleşen Milletler Guramasynda eden çykyşymda ony Geljegiň strategiýasy diýip atlandyrdym. Şonuň bilen bilelikde, bu düşünjede geosyýasy bäsleşik, çäklere we serişdelere gözegçilik etmek ugrundaky göreş, täsir ediş çäklerini bölüşmek we şoňa meňzeş garaýyşlar agdyklyk eden öňki ýörelgelerden ýüz öwürmek baradaky garaýşy jemledim. Biz umumy strategik maksatlaryň hatyrasyna bölekler, taktiki meseleler boýunça gapma-garşylyklary ýeňip geçmegi dogry talap edýän häzirki zamanyň hakyky ýagdaýlary barada oýlanmagyň täze derejesine çykmagy teklip edýäris. Men ählumumy howpsuzlygy we ösüşi üpjün etmek boýunça köpçülikleýin tagallalar bilen baglylykda döwletleriň özara gatnaşyklarynyň nusgasyny «Bähbitleriň köpdürlüligi–maksatlaryň bitewüligi» diýip beýan ederdim*».

2015-nji ýylyň sentýabr aýynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 70-nji ýubileý sessiýasynda durnukly ösüş meselesi esasy orny eýeledi. Ilkinji nobatda, 2015-nji ýyldan soňky döwür üçin ösüş baradaky gün tertibine bagyşlanan sammitde öňde durýan wezipeleri çözmek boýunça hereketleriň köpugurly, toplumlaýyn meýilnamasyny kabul etmek barada giňişleýin pikir alşyldy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň bu täze global strategiýany işläp taýýarlamaga gös-göni gatnaşandygyny bellemek gerek. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan degişli milli geňeşmeleri geçirmek üçin Birleşen Milletler Guramasynyň derejesinde seçilip alnan döwletleriň toparyna girdi. Munuň özi dünýä bileleşiginiň Türkmen döwletiniň oňyn tejribesine gyzyklanmasynyň artýandygynyň nobatdaky subutnamasyna öwrüldi. Çünki Türkmenistan durmuşyň ähli ugurlarynda oňyn özgertmeler syýasatyny amala aşyrýar hem-de durmuş-ykdysady taýdan ösüşinde uly üstünlikleri gazandy. Şu mynasybetli, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 70-nji mejlisinde sözlän sözünde şeýle diýdi: *«Häzir biz Müňýyllygyň jarnamasynda beýan edilen Ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmekde gazanylan üstünlikleriň ýakyn 15 ýyllyk döwürde bilelikde işlemek üçin berk esas bolup hyzmat etjekdigini ynam bilen aýdyp bileris. Şunuň bilen birlikde, bu ugurda gutarylman galan işleri tamamlamak hem möhümdir. Şunuň bilen baglylykda, dünýä bileleşigine häzirki döwrüň hakyky ýagdaýlaryna esaslanýan we uzakmöhletleýin geljege gönükdirilen hyzmatdaşlygyň täze, ählumumy strategiýasy zerurdyr. Ýokary derejedäki şu duşuşykda tassyklamak üçin hödürlenen, 2015-nji ýyldan soňky döwür üçin ösüş baradaky Gün tertibi şeýle strategiýa bolup durýar. Türkmenistan bu resminamany doly goldaýar we onuň kabul edilmeginiň tarapdary bolup çykyş edýär».*

***Barlag soraglary***

*1. Daşary syýasatyň nähili strategiki wezipeleri bar?*
*2. Türkmenistanyň täze global strategiýa baradaky garaýyşlary nähili?*
*3. Global ösüş maksatlarynyň mazmuny nämede?*

## §2. Daşary syýasatyň strategiki meýilleşdirilişi we onuň ähmiýeti

Daşary syýasat işinde strategiki meýilleşdiriş üçin kesgitlenen baş wezipeleri yzygiderli, talabalaýyk we netijeli görnüşde ýerine ýetirmeklik uly ähmiýete eýedir. *Strategiýa* – bu degişli çäklerde, mysal üçin, daşary syýasatda uzak möhlete gönükdirilen ösüş ugrydyr. Strategiki meýilleşdirişde uzak döwürde ýetilmeli daşary-syýasy maksatlar, ösüşiň esasy tapgyrlary, syýasy-diplomatiki hereketleriň logikasy, usullary we serişdeleri görkezilýär.

Strategiýa düşünjesiniň etimologiki gelip çykyşy «strategia» diýlen gadymy grek sözünden emele gelen hasaplanýar. Onuň manysy, ilkinji nobatda, harby mana eýe bolupdyr we serkerdelik sungatyny aňladýar. Strategiýa öz mazmuny boýunça giň çäklere eýe bolsa-da, onuň harby-syýasy manysy häli-häzire çenli bellibir derejede saklanyp gelýär. Gadymy Gresiýada meşhur serkerdeleriň halk arasyndaky şöhraty giňden ýaýrapdyr we olaryň uruş alyp barmak sungatyna hem strategiýa diýlipdir. Şol bir wagtda, strategiýa sungaty dünýäniň beýleki çäklerinde hem ösdürilipdir. Gadymy Hytaýda b.e.ö. 480–221-nji ýyllar aralygynda Sun-zy atly akyldaryň «Strategiýa sungaty» atly eseri şu günlerde hem meşhurdyr.

Strategiýa düşünjesi dürli oýunlar üçin hem mahsusdyr we ol oýunçynyň ýa-da oýunçylar toparynyň öňbaşçysynyň utuşly hereketlerini öňünden kesgitleýär. Häzirki döwürde strategiýa düşünjesi jemgyýetçilik we döwlet durmuşynyň ençeme ugurlary üçin mahsusdyr. Mysal üçin, durnukly ösüş strategiýasy, ykdysady strategiýa, işewürlik strategiýasy, ylym-bilim we tehnologiki ösüş strategiýasy we ş.m. Şeýle bolsa-da, britan alymy Laurens Fridman (iňlisçe: Sir Lawrence David Freedman, 1948) özüniň «Strategiýa» (iňlisçe: Strategy, 2013) atly eserinde bu düşünje barada henize çenli umumy kabul edilen ýeke-täk kesgitleme ýokdur diýip belleýär.

Uzak maksada gönükdirilen strategiki çemeleşmäniň mazmuny daşary-syýasy maksatlaryň, baş ugurlaryň we serişdeleriň özara deňagramlylygyny hem üpjün etmekdir. Munuň çäklerinde ýetilmeli sepgitler, mümkinçilikler we serişdeler, usullar kesgitlenýär. Şol bir wagtyň özünde-de, strategiýanyň amala aşyrylyşynda ahyrky maksat-

lar, olara ýetmegiň usullary we serişdeler iş ýüzündäki tejribä laýyklykda kämilleşdirilýär.

Strategiki meýilleşdiriş işinde uzak geljekde ýetilmeli maksatlar, amala aşyrylmaly tapgyrlar, päsgelçilikleri ýeňip geçmegiň ýollary kesgitlenýär. Strategiýa bellibir derejede çuňňur paýhasa esaslanan öňden görüjilik we çaklamalary işläp düzmek ukyplary bilen baglydyr. Bu ýerde U.Çerçilliň aýdan ýarym degişme maslahatyny hem ýatlamak ýerliklidir. Ol strategiki garaýyşlaryň anyk we paýhasly bolmalydygyny ýatlatmak bilen şeýle diýipdir: «Uzaga seretmek zerurdyr. Emma çendenaşa uzaga seretmeklik uzakdan görüjiligi aňlatmaýar».

Şunuň bilen bir hatarda, strategiýany amala aşyrmagyň özi bellibir meýilleşdiriş çärelerini göz öňünde tutýar. Şu mynasybetli, strategiki meýilleşdiriş – bu strategiki dolandyryşyň, şol sanda daşary syýasaty amala aşyrmagyň esasy wezipeleriniň biridir. Onuň ilkinji wezipesi strategiki maksatlary kesgitlemek, olaryň arasyndan iň wajyplaryny saýlap almak we olara ýetmegiň ýollaryny anyk beýan etmek bilen baglydyr. Strategiki meýilleşdiriş – ähli dolandyryş çözgütleriniň esasynda durýar. Strategiki meýilnama taýýarlanylanda daşary-syýasy ulgamyň amala aşyrmaly işleri we olaryň wajyplygy, daşary-syýasy çäreleriň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmegiň usullary esaslandyrylýar.

Strategiki meýilleşdiriş bu döwletiň uzak möhletleýin ösüşini üpjün etmegiň esasy gurallarynyň hatarynda durýar. Şunuň bilen bilelikde, ýurduň içki ösüşine we gurşap alýan geosyýasy giňişlikdäki ornunyň berkemegine gönükdirilen maksatlar kesgitlenýär. Strategiki maksatlara laýyklykda daşary-syýasy hereketleriň baş ugurlary anyklanýar. Olaryň çäklerinde ileri tutulýan strategiki wezipeler, olary üpjün ediji serişdeler we çäreler bellenýär.

Döwlet syýasatynda, şol sanda daşary syýasatda hem strategiki wezipeleri kesgitlemek paýhas-parasat we hemme tarapdan ölçerilen öňden görüjilik bilen baglydyr. Olary durmuşa geçirmäge gönükdirilen strategiki dolandyryş döwürleýin ýa-da gündelik dolandyryşdan has ýokary derejede durýar. Döwürleýin we tapgyrlaýyn sepgitler we maksatlar strategiki meýilleşdirişiň bölegi hökmünde işlenilip düzülýär we amala aşyrylýar.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Strategiýa düşünjesiniň manysy nämeden ybarat?*
*2. Strategiýa we meýilnama özara nähili tapawutlanýar?*
*3. Strategiki meýilleşdirişiň nähili ähmiýeti bar?*

## §3. Strategiki meýilleşdirişiň görnüşleri

Strategiki meýilleşdiriş degişli tejribe bilen bir hatarda, çuňňur ylmy esasda ýerine ýetirilýär. Onuň çäklerinde döwletiň we jemgyýetiň ösüşi, onuň sebitde, dünýäde eýeleýän ähmiýetli we täsirli orny, häzirki zamanyň globallaşmak akymlary hasaba alynýar. Şeýle hem, halkara gatnaşyklarynyň derwaýys meseleleri, dürli mümkinçilikler we kynçylyklar, başga-da ençeme faktorlar göz öňünde tutulýar. Bu iş aýratyn hem ylmyň öňdengörüjilik we çaklaýyş mümkinçilikleriniň kämilleşmegi bilen baglydyr. Strategiýanyň mazmuny dünýä ösüşiniň kanunalaýyklyklaryna hemmetaraplaýyn aň ýetirmekligi we bu esasda milli bähbitlere laýyk jogap berýän daşary syýasaty amala aşyrmaklygy aňladýar.

Strategiki meýilleşdirişde uzak möhlet üçin utgaşykly hereketleriň tapgyrlary hem kesgitlenýär. Bellibir döwrüň öňe süren şertlerine görä maksadalaýyk bolsa, onda öň bellenen çäreleriň üsti ýetirilip bilner. Eger-de strategiki meýilleşdiriş amala aşyrylmasa, daşary-syýasy ulgamyň düzüm bölekleriniň arasy üzňe bolýar we olaryň her biri umumy maksada düşünip bilmeýär. Şeýlelik bilen, strategiki meýilleşdiriş – daşary-syýasy ulgamyň ähli düzüm böleklerini bir umumy ulgam görnüşde bir ugra gönükdirmegiň we dolandyrmagyň esasydyr.

Daşary syýasatda strategiki meýilleşdiriş işi birnäçe esasy tapgyrlardan durýar:

1. Daşary syýasatyň baş maksadyny kesgitlemek we ony milli bähbitler nukdaýnazaryndan esaslandyrmak;
2. Döwletiň geosyýasy taýdan güýçli we gowşak taraplaryny öwrenmek, mümkinçiliklerini hasaplamak, gurşap alýan daşary-syýasy ýagdaýlara baha bermek;
3. Daşary-syýasy strategiýany saýlap almak;
4. Daşary-syýasy strategiýany durmuşa geçirmek;

5. Daşary-syýasy strategiýanyň amala aşyrylyşyna gözegçilik etmek we aralyk netijelere baha bermek;

6. Daşary-syýasy strategiýany amala aşyrmagyň umumy netijelerini öwrenmek we geljekki döwür üçin teklipleri hödürlemek.

Daşary-syýasy strategiýadan ugur almak bilen gündelik we döwürleýin, orta we uzak möhletleýin işler meýilleşdirilýär. Şeýle hem daşary syýasatyň uzak möhletleýin maksatnamasy strategiki we çaklaýyş döwürlerini öz içine alýar. Gündelik we döwürleýin meýilleşdiriş –strategiki meýilleşdirişiň anyk işlenilip düzülen çärelerini ýerine ýetirmegiň tapgyrlaryna degişli bolup durýar. Olaryň çäklerindäki amala aşyrylýan usullaryň we hereketleriň toplumyna taktika ýa-da taktiki çäreler diýilýär. Taktikanyň çäklerinde, emma gündelik şertlere görä işleri amala aşyrmak boýunça meýilleşdirmeklige – operatiw meýilleşdirmek diýilýär.

Adatça, operatiw meýilleşdiriş uly bolmadyk möhletiň içinde anyk daşary-syýasy hereketleri ýa-da çäreleri amala aşyrmak boýunça işlenilip düzülýär. Operatiw meýilleşdirişiň her bir ädimi jikme-jik işlenilip düzülýär we ol bir maksada gönükdirilen çäreler toplumyny, ýagny operasiýalary amala aşyrmak bilen baglydyr. Onuň mazmunynda anyk hereketler ýa-da çäreler, olaryň yzygiderliligi, jogapkär taraplar we adamlar, serişdeler we işgärler toplumy we beýleki zerur maglumatlar grafiki görnüşde beýan edilýär.

Gündelik meýilleşdiriş – diplomatik wekilhana berilýän dürli tabşyryklar esasynda düzülýär. Mazmuny boýunça ol diňe 24 sagatlyk möhletden has giň wagty öz içine alýar. Ol tabşyryklar hem döwürleýin we strategiki meýilnamada görkezilen çärelerden ugur alýar. Her bir diplomatik işgär hem özi üçin gündelik meýilnama düzýär we onuň esasynda işlerini guraýar. Gündelik meýilnama ýüze çykýan dürli ýagdaýlara görä üýtgetmelere sezewar bolup biler onuň berjaý edilişi mydama gözegçilik astynda bolmalydyr.

Ýokarda bellenilişi ýaly, strategiki meýilnamany işläp düzmeklik birnäçe tapgyrlardan durýar. Strategiki meýilnama işläp düzülende düýpli seljeriş netijesinde kesgitlenen hakyky şertler göz öňünde tutulmalydyr. Howaýy maksatlar ýa-da aýdyň bolmadyk hereketler bolmaly däldir. Strategiki meýilleşdirişde indikatiw we direktiw çemeleşmeler tapawutlandyrylýar.

Indikatiw çemeleşmede daşary-syýasy işleri amala aşyrmagyň esasy ugur görkezijileri (oriýentirleri) kesgitlenýär. Onuň mysaly hökmünde strategiki nukdaýnazardan ileri tutulýan ugurlar bolup biler. Indikatiw çemeleşmede hereketleriň görnüşleri ýa-da serişdeleriň möçberleri çäklendirilmeýär. Olar üçin esasy ugur ýa-da uzak möhletde ýetilmeli sepgit, jemleýji görkeziji ýa-da maksat kesgitlenýär. Indikatiw meýilleşdirişde bellenilen möhlet boýunça daşary syýasatyň strategiki taýdan ileri tutulýan ugurlary esasy orun tutýarlar.

Direktiw çemeleşmede her ugur boýunça amala aşyrylmaly çäreler umumy we maksatlaýyn görnüşde beýan edilýär. Strategiki meýilleşdiriş tejribesinde indikatiw we direktiw çemeleşmeleriň özara utgaşdyrylyp ulanylmagy maksadalaýyk hasaplanýar.

Strategiki meýilleşdiriş üçin zerur bolan geljekki çäreleri işläp düzmekde çaklaýyş işi örän möhüm ähmiýete eýedir. Meýilnama – bu ýerine ýetirilmegi hökmany bolan resminamadyr. Onda amala aşyrylmaly işler we çäreler wagt we giňişlik nukdaýnazaryndan beýan edilýär. Çaklama bolsa uzak möhletiň dowamynda bolup biljek ösüşiň we özgermeleriň takmynan beýanyny aňladýar. Umuman aýdylanda, meýilleşdiriş, çaklaýyş özara ýakyn arabaglanyşykly bolmak bilen, strategiki maksatlary kesgitlemäge ýardam berýärler. Çaklaýyş gözýetimi strategiki döwürden uzaklara tarap gönükdirilýär. Daşary-syýasy we geosyýasy çaklaýşyň usullaryny kämilleşdirmek ylmy-tejribe taýdan hem derwaýys mesele bolup durýar. Ylmy-gipotezalar esasynda dünýäniň we sebitiň geosyýasy ösüşiniň ugurlary çaklama beýanaty (iňlisçe: scenario) görnüşinde işlenilip düzülýär.

Beýanatlar haýsydyr bir geosyýasy hadysanyň bolup biljek ösüş ugurlaryny çaklama ýaly birnäçe görnüşde görkezýärler. Olaryň hakykata has ýakyny çözgüt üçin esas hökmünde saýlanylyp alynýar we meýilleşdirişde ulanylýar.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Daşary syýasatda strategiki meýilleşdirişiň nähili ähmiýeti bar?*
*2. Meýilleşdirişiň haýsy görnüşleri bar?*
*3. Çaklamanyň mazmuny nämeden ybarat?*

## §4. Daşary-syýasy meýilleşdiriş we çaklama işlerine ylmy esasda çemeleşmek

Daşary-syýasy meýilleşdirişiň ylmy esaslary giň mazmuna eýe bolup durýar we olaryň esasynda umumy usulyýet ýörelgeleri işlenilip düzülýär. Meýilleşdirişde ulanylýan seljeriş we çaklama işleriniň ylmy-usuly tejribesi dünýä jemgyýetiniň we halkara gatnaşyklary ulgamynyň ösüş kanunalaýyklyklary hasaba almak bilen baýlaşdyrylýar.

Çaklama wezipeleri ösüşiň umumy filosofiki ýörelgelerinden ugur alýar we gapma-garşylygyň bitewüligi we özara göreşi, mukdar taýdan ösüşiň hil taýdan bolan özgermelere getirmegi, inkär etmegi inkär etmek ýaly kanunlardan ugur alýar.

Halkara gatnaşyklarynyň, daşary syýasatyň, sebit we dünýä syýasatynyň ösüşi baradaky garaýyşlary emele getirmekde halkara gatnaşyklary we geosyýasy teoriýalara esasy orun degişlidir. Olaryň çäklerine döredilen usulyýet ulgamlary daşary syýasatda çaklaýyş we meýilleşdiriş işinde binýatlyk ähmiýete eýedir. Usulyýet ulgamlarynyň çäklerinde esasy ýörelgeler, çemeleşmeler we anyk usullar, çaklamalary işläp düzmegiň we olary subut etmegiň logikasy kesgitlenýär.

Çaklama ýörelgeleri meýilleşdirmäniň esasgoýujy düzgünlerini döretmekde hem uly orun tutýarlar. Has giň manyda ýörelgeler meýilleşdirişe we çaklama işine bildirilýän talaplary aňlatmak bilen, yzygiderli tapgyrlaryň ugruny kesgitleýärler. Ýörelgelere görä meýilnamalaryň maksada gönükdirlen bolmagy, ulgamlaýyn düzülmegi, meýilnamanyň gurluş düzümi, logikasy we işlenilip düzülmeginiň guramaçylyk çäreleri kesgitlenýär.

Çaklamanyň logikasy we usulyýeti strategiki meýilleşdirişde esasgoýujy häsiýete eýedir. *Logika* – bu çaklama geçirilende we meýilleşdirişiň çözgütleri esaslandyrylanda hereketleriň bir tertibe görä yzygiderli bolmagyny üpjün edýän ylmy usuldyr. Meýilleşdirişiň logikasy hereket edýän çäkleri boýunça şu esasy wezipeleri kesgitlemekde ulanylýar:

1. Meýilleşdirişiň we çaklaýşyň maksatlar ulgamyny taýýarlamak;

2. Daşary-syýasy strategiýanyň geçen döwürdäki we häzirki wagtdaky ýagdaýyny seljermek, onuň amala aşyrylyşyna baha bermek we geljekki ugurlaryny anyklamak;

3. Daşary-syýasy şertleri öwrenmek, milli bähbitleri amala aşyrmagyň oňaýly ýollaryny we çemeleşmeleri kesgitlemek;

4. Daşary-syýasy strategiýany durmuşa geçirmek üçin zerur bolan serişdeleri we mümkinçilikleri anyklamak;

5. Ähli göz öňünde tutulan sepgitleri, çäreleri milli bähbitler nukdaýnazaryndan seljermek we baha bermek.

Usulyýet toplumy kesgitli görnüşdäki çaklama we meýilleşdiriş çözgütleri işlenilip düzülende ulanylýan anyk usullaryň we çemeleşmeleriň toplumydyr.

Usullar we olaryň dürli görnüşleri meýilnamalar, çaklamalar, maksatnamalar işlenilip düzülende ulanylýar. Olar çaklamanyň we meýilleşdirmäniň metodologiki ýörelgelerini amala aşyrmagyň gurallary bolup durýar.

Strategiki çaklamalar işlenilip düzülende birnäçe usulyýet ýörelgelerine esaslanylýar we olar esasan şulardan ybaratdyr:

• *Taryhy nukdaýnazardan çemeleşmek ýörelgesi* - her bir daşary-syýasy strategiýa meýilleşdirilende oňa taryhda mälim bolan analoglar (meňzeş bolan) taýdan baha bermeli. Presendent (öň bolan) bar bolan ýagdaýynda, mälim bolan ýalňyşlyklary we üstünlikleri göz öňünde tutmaly.

• *Toplumlaýyn çemeleşmek* ýörelgesiniň çäklerinde genetiki we maksatlaýyn çemeleşmeler özara arabaglanyşykly ulanylýar.

• *Genetiki çemeleşme* – bu daşary-syýasy we halkara ýagdaýlarynyň mümkin bolan ösüş ýollaryny seljermek esasynda häzirki we geljekki ösüşlere çaklama bermegi aňladýar. Ol esasda ösüşiň kanunalaýyklyklary ýüze çykarylýar we geçmişde ýa-da şu wagtda haýal ýüze çykýan, emma geljege täsir edip biljek ýagdaýlar anyklanýar. Genetiki çemeleşme mazmun taýdan geçmiş bilen geljegi birleşdiriji häsiýetdäki barlag bolup durýar.

• Maksatlaýyn çemeleşmede ýetilmeli maksatlar anyklanýar hem-de olara ýetmegiň ýollary, serişdeleri we usullary kesgitlenilýär.

• *Çaklamanyň alternatiw ýörelgesi* – köp wariantly (alternatiw) çaklamalary taýýarlamagy talap edýär. Olaryň esasynda iň oňat we talabalaýyk görnüşi saýlanylyp alynýar.

• *Ulgamlaýyn çemeleşme ýörelgesi* - halkara gatnaşyklary we daşary-syýasy ulgamlarynyň mukdar we hil taýdan özgeriş kanunalaýyklaýklary öwrenmekligi aňladýar. Ol esasda seljerilýän meselä ulgamlaýyn häsiýetnama berilýär. Şu esasda hem umumy maksat we oňa ýetmek üçin ähli düzümleriň bir ugra gönükmegini üpjün ediji çäreler bellenýär.

Strategiki meýilleşdirişiň şu aşakdaky ýörelgeleri has möhüm häsiýete eýedir:

• Meýilleşdirmegiň çaklama bilen özara yzygiderli arabaglanyşygyny üpjün etmek. Mysal üçin, orta möhletli meýilnamalar strategiki möhletli meýilnamalara baglanyşykly bolmaly we olardan gelip çykmaly. Gysga möhletli meýilnamalar bolsa öz gezeginde orta möhletli meýilnamalardan gelip çykmaly we ş.m. Uzak möhletli meýilnamalara döwürleýin esasda gaýtadan seredip durmaly we hakyky ýagdaýlardan ugur alyp oňa degişli düzedişleri ýa-da goşmaçalary girizmeli.

• Maksada gönükdirmek ýörelgesine görä her bir meýilnama bellenilen maksada gönükdirilen bolmalydyr. Onuň esasynda daşary syýasatda ileri tutulýan ugurlar we garaýyşlar durýar.

• Ileri tutulýan ugurlar we toplumlaýyn amala aşyrmak ýörelgesi – amala aşyrylmaly işlere we çärelere hemmetaraplaýyn seretmeli, seljermeli we baha bermeli. Olaryň milli bähbitlere laýyklygyny üpjün etmeli.

• Optimallyk ýa-da maksadalaýyklyk ýörelgesi daşary syýasat ulgamynyň netijeli işlemegi üçin ileri tutulýar. Optimal diýmeklik mümkin bolan wariantlardan iň oňadyny saýlap almaklygy aňladýar.

• Laýyklyk ýörelgesi halkara we geosyýasy ýagdaýlar modelirlenende ulanylýar. Laýyklyk ýörelgesi strategiki meýilleşdirişde hakyky ýagdaýlary hasaba almaklygy we olara görä daşary-syýasy çäreleri amala aşyrmaklygy talap edýär.

• Deňagramlylyk we deňölçeglilik ýörelgesi ähli görkezijileriň özara baglanyşygyny aňladýar we iş ýüzünde olary gyradeň berjaý etmegi talap edýär. Başgaça aýdylanda, göz öňünde tutulan işler bar bolan mümkinçiliklerden ugur almalydyr.

Strategiki meýilleşdirişiň we çaklamanyň özara utgaşyklygyny üpjün etmeklik daşary syýasatda örän möhüm ähmiýete eýedir. Syýasy ugur hakykata laýyk we üstünlige niýetlenen bolmalydyr. Munuň üçin öňünden zerur bolan serişdeler jikme-jik öwrenilýär we geljekde amala aşyrylmaly syýasy hereketleriň bolup biljek görnüşlerine deslapdan baha berilýär. Ol ýa-da beýleki syýasy hereketleriň oňyn ýa-da ýaramaz netijelere getirip biljegi hem hasapdan aýrylmaýar. Wagt we giňişlik çäklerinde ýüz berip biljek daşary-syýasy wakalaryň utgaşykly gelmek ähtimallygy hem göz öňünde tutulýar. Bularyň ählisi strategiki meýilleşdirişiň esasynda goýulýar.

Kabul edilen daşary-syýasy çözgütler, strategiki we beýleki meýilnamalar dürli dolandyryş derejelerinde ýerine ýetirilýär we olara degişli işler maksatlaýyn amala aşyrylýar. Bu babatda döwletiň strategiki ösüşi we bähbitleri, milli garaşsyzlygyň we howpsuzlygyň üpjün edilmegi, maksatlara ýetmek üçin zerur bolar serişdeleriň ýerlikli ulanylmagy uly ähmiýete eýedir.

Şu nukdaýnazardan, strategiki meýilnamanyň ýerine ýetirilmegi iň ýokary döwlet dolandyryş derejesinde amala aşyrylýar we gözegçilik edilýär. Strategiki meýilleşdirişiň netijeli bolmagynda ony ýerine ýetirmek bilen bagly wezipeleriň anyk bolmagy we hakyky degişli edaralara paýlanmagy wajypdyr.

Bu iş tapgyrlaýyn wezipeleri diwersifikasiýalaşdyrmak we ýöriteleşdirmek esasynda amala aşyrylýar. Bu ýerde möhüm wezipe seljeriş we çaklaýyş işleri bilen baglydyr. Sebäbi meýilnamany we çözgütleri amala aşyrmazdan ozal olaryň ahyrky berjek netijelerini düýpli öwrenmeli bolýar.

Strategiki meýilleşdirişiň çärelerini taýýarlamagyň iki sany ýörgünli usuly bar. *Birinji usula laýyklykda*, umumy, ähli ýerine ýetirijilere degişli bolan baş ugur saýlanylyp alynýar. Bu usulyň oňaýsyz taraplarynyň biri hem şol görnüşi saýlamakda ähli taraplar bilen deslapdan ylalaşmagyň uzak wagty talap edýänligi bilen baglydyr. Sebäbi hemmäni kanagatlandyrýan umumy netijä gelmekde belli utgaşdyryjy we ylalaşdyryhy tagallalar zerur bolup durýar. *Beýleki usula görä*, turuwbaşdan strategiki ugurlaryň birnäçe özara bäsdeş bolan ugurlary kesgitlenýär we ara alyp maslahatlaşmak üçin teklip edilýär. Ýöne bu ýagdaýda, ahyrky bolup biljek netjeleri özara deňeşdirip görmeli we iň oňaýly ugry saýlap almaly bolýar.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Meýilleşdirişiň logikasy näme?*
*2. Çaklama näme üçin zerur?*
*3. Strategik meýilleşdiriş ýörelgeleriniň mazmuny nämeden ybarat?*

## §5. Strategiki meýilleşdirişiň maglumat üpjünçiligi

Maglumat işiniň esasy wezipesi geosyýasy giňişlikde bolup geçýän ýagdaýlardan, mälim bolan wakalardan we habarlardan netije çykarmak bolup durýar. Ol esasda teklipler taýýarlanylýar we degişli ugurda, mysal üçin, diplomatik işiň bähbitleri üçin ulanylýar. Munuň özi strategiki meýilleşdirişi ýerine ýetirmekde hem örän wajypdyr. Şu nukdaýnazardan çemeleşmeklik halkara gatnaşyklarynyň şu günki we ertirki ösüşine baha bermekde ygtybarly esas bolup durýar. Hakykata has ýakyn maglumatlary saýlamak üçin dürli çeşmelerden bolan habarlary özara deňeşdirip netije çykarmak möhümdir.

Strategiki meýilleşdirişde we meýilnamalaýyn işleri amala aşyrmakda oňat ýola goýlan maglumat alyş-beriş çärelerini ýola goýmak zerur. Bu babatda ýörite maglumat-dolandyryş ulgamlary döredilýär we bu babatda kompýuter tehnologiýalary giňden ulanylýar.

Mälim bolşy ýaly, maglumatyň mazmuny dil üsti bilen ýa-da ýazmaça, dürli görnüşler, yşaratlar ýa-da başga ýol bilen (şertli signallar, tehniki serişdeler we ş.m. arkaly) berilýän habarlardan durýar. XX asyryň ortalaryndan başlap maglumatlary kompýuter dilinde aňlatmak giňden ýaýrady. Şeýle hem, maglumatlar diňe adamlaryň arasynda däl, eýsem dürli gurallaryň arasynda alşylyp ugrady. Şunuň bilen baglylykda geçen asyryň ikinji ýarymyndan başlap kibernetika ylmy giňden ösüp ugrady we meýilleşdiriş, dolandyryş işinde maglumat üpjünçiligini amala aşyrmakda öňdäki hatarlara çykdy.

Aslynda kibernetika gadymy grek «kibernetes» – «gämini dolandyryjy, ýol görkeziji» sözünden emele gelmek bilen, soňlugynda «ýolbaşçy» manysyna eýe bolupdyr. Bu sözden iňlis dilindäki «government» – hökümet we «governor» – dolandyryjy atly düşünjeler hem

döräpdir. Şeýlelik bilen, *kibernetika* – bu meýilleşdiriş we dolandyryş maglumatlary baradaky ylym bolup, özi hem häzirki zamanyň iň çalt ösýän pudaklarynyň hatarynda durýar.

Kibernetika ylmyny, aýratyn hem, ýörite maglumat teoriýasyny döredijileriň we häzirki zaman sanly (digital) aragatnaşygyň esasyny goýmakda ilkinjileriň biri hökmünde Klod Şennon (iňlisçe: Claude Elwood Shannon, 1916–2001) hasaplanýar. Ol 1948-nji ýylda «Mathematical Theory of Communication» atly uly meşhur işini çap etdi. Bu eserinde Şennon iki sanly koduň maglumat bermek üçin ulanylyp boljakdygyny görkezdi. Ilkinji kompýuter mukdar ölçeglerde aňladylan maglumatlary gaýtadan işlemek üçin ulanylýardy. Soňra personal kompýuterleriň döredilmegi bilen tekst, san, audio we wideo maglumatlary saklamak, gaýtadan işlemek üçin mümkinçilikler döredi. Häzirki wagtda kompýuterlerde işlenýän maglumatlaryň 80% bölegi tekst görnüşdäki maglumatlardyr. Global «www» torunda dolanyşykda bolan maglumatlaryň mukdary örän çalt ösýär we maglumat howpsuzlygy baradaky derwaýyslyk barha artýar.

Maglumata şu günki gün öňdüriji güýç hökmünde we ýaşaýşyň iň zerur şertleriniň biri hökmünde garalýar. Maglumat pikir edişiň, içki we gurşap alýan dünýä aň ýetirişiň, hereket edişiň çeşmesi, serişdesi bolup durýar. Ol intellektual önüm bolup, akyl zähmeti bilen baglydyr we onuň netijesidir. Bu babatda maglumat örän giň mana eýedir. Maglumat döredilýär, iberilýär, alyş-çalyş edilýär, gaýtadan işlenilýär, yzyna iberilýär we ş.m. Maglumat esasynda ýagdaýlar seljerilýär, çözgüt kabul edilýär we hereket edilýär. Şu nukdaýnazardan, daşary-syýasy maglumat akyl eleginden geçirilen, anyk we ygtybarly faktlara esaslanyp, bir wagtda, paýhas zähmetiniň önümidir.

Strategiki meýilleşdiriş üçin, ilkinji nobatda, geosyýasy seljerişiň netijesinde döredilen maglumatlar we teklipler ulanylýar. Şeýle bolsa-da, beýleki zerur maglumatlar hem dürli çeşmelerden ýygnalýar, rejelenýär we olara baha berilýär. Jemleýji maglumatlar aýdyň we esaslandyrylan görnüşde beýan edilmeli. Deslapky, ýagny strategiki meýilleşdirmäniň taslamasyny işläp düzmek üçin «çig mal» hökmündäki maglumatlary we iň soňky taýýar hasabat görnüşindäki maglumaty özara tapawutlandyrmaly.

Maglumatlar özüniň wajyplygy we ähmiýeti boýunça dürli derejelere bölünýär. Olaryň hatarynda:

1) strategiki ähmiýetli, ýagny iň ýokary derejede ulanmak üçin niýetlenen maglumatlar;

2) döwürleýin ähmiýetli, ýagny orta derejede ulanmak üçin niýetlenen maglumatlar;

3) gündelik seljeriş işinde ulanylýan maglumatlar;

4) daşary-syýasy edaranyň we diplomatik wekilhananyň içerki maglumatlary tapawutlandyrylýar.

Strategiki maglumatlaryň esasy bölekleri şulardan ybaratdyr, ýagny:

1. *Ylmy taýdan esaslandyrylan maglumatlar.* Ýurduň ylmy kuwwaty, onuň dürli pudaklarynyň ösüşi we jemgyýetde ulanylyşy. Ylmy kadrlar. Ylym we ykdysady pudaklar. Ylym we tehnologiki ösüş. Saglygy goraýyş. Gurluşyk, senagat, ulag-aragatnaşyk we energetikada ylym we tehnologiýalar;

2. *Geografiki maglumatlar.* Howa-klimat şertleri we suw gorlary. Ýollar we geçelgeler. Deňiz aýlaglarynyň we buhtalaryň ýerleşişi;

3. *Ulag-aragatnaşyk ulgamy*. Ýol infrastrukturasy we aragatnaşyk tehnologiýalarynyň ösüşi. Internetiň ösüş we ulanylyş derejesi;

4. *Ykdysady maglumatlar*. Senagat we oba hojalygy. Maliýe we maýa goýumlar. Öndüriji güýçler;

5. *Döwletiň halkara we diplomatik gatnaşyklary* we olaryň ösüşi. Daşary syýasy çözgütleriň kabul edilişi we durmuşa geçirilişi;

6. *Sosiologiki maglumatlar.* Demografiýa we ilat. Medeniýet we dini garaýyşlar. Milli däpler we halkyň ruhy-ahlak garaýyşlary;

7. *Syýasy-jemgyýetçilik gurluşy*. Döwleti dolandyryş ulgamy we syýasy partiýalar. Kanunçylygyň ösüşi;

8. Täsirli we ýolbaşçy döwlet işgärleri, syýasatçylar we beýleki meşhur şahslar barada maglumatlar.

Maglumat işiniň giň manysy bar we mazmuny boýunça köp taraply bolup durýar. Anyk görnüşde maglumat işi bu diplomatik işgäre berlen tabşyryk esasynda ýerine ýetirilýän bellibir tema ýa-da mesele boýunça maglumat resminamasyny taýýarlamakdyr. Maglumat işiniň dowamynda görnüşdäki deslapdan toplanan habarlar we faktlar gutarnykly görnüşe getirilýär we ol bellibir talaplara jogap

berýän özboluşly önüm bolup durýar. Daşary-syýasy tejribede şeýle maglumat önümi diplomatik we daşary-syýasat maksatlary üçin ulanmaklyga niýetlenendir we talap edilen ýerine berilýär. Maglumat işi şeýle hem meýilleşdiriş, gözegçilik ediş we utgaşdyryş, maglumat resminamalaryny taýýarlaýyş we olary gutarnykly redaktirlemek ýaly ähli degişli çäreleri öz içine alýar.

Hususan-da maglumat ulgamynyň özüniň içki kanunalaýyklyklary bar we olaryň iň ýokary maksady hakyky we ýoýulmadyk maglumaty ony ahyrky bermeli derejesine çenli üýtgetmän ýetirmek bilen baglydyr. Şu nukdaýnazardan maglumaty taýýarlamak işi birnäçe tapgyrdan durýar:

1. Degişli maglumaty taýýarlamak baradaky tabşyrygyň berilmegi. Maglumat resminamasynyň görnüşiniň we taýýar edilmeli möhletiň kesgitlenmegi;

2. Meseläni teoretiki we metodiki taýdan öwrenmek;

3. Öwrenilmeli meseläniň umumy taraplaryny işläp düzmek we olaryň özara arabaglanyşygyny anyklamak;

4. Maglumaty taýýarlamagyň meýilnamasyny düzmek;

5. Maglumat çeşmelerini anyklamak we materiallary toplamak;

6. Maglumatyň deslapky taslama tekstini taýýarlamak;

7. Esasy we esasy däl maglumatlary saýhallamak we gyzykly bolsa-da ünsi gapdala çekiji maglumatlary saplamak;

8. Maglumat resminamasyny ýazmak.

Ýokarda aýdylyşy ýaly, maglumat-seljeriş işine halkara tejribesinde, köplenç, analitiki iş diýlip atlandyrylýar we onuň netijesinde gyzyklanma bildirilýän mesele öwrenilýär. Onuň netijesinde öň doly mälim bolmadyk ugurlar boýunça bar bolan maglumatlaryň üsti ýetirilýär we daşary-syýasy çözgüt üçin esas döredilýär. Ahyrky görnüşde taýýarlanan analitiki resminama gutarnykly görnüşde bolýar we degişli teklipleri öz içine alýar. Analitiki maglumata bolan ilkinji talap – ol hem daşary-syýasy we diplomatik iş üçin zerur we döwlet bähbitleri nukdaýnazaryndan gerekli döwür üçin peýdaly bolmagydyr.

Analitiki maglumatyň diplomatik işde ýaramly bolmagy, ilkinji nobatda onuň şu talaplara laýyk gelmegi bilen şertlendirilýär:

1. Maglumatyň doly bolmagy;
2. Maglumatyň anyk we takyk bolmagy;
3. Maglumaty taýýarlamaga sarp edilýän wagt tygşytlylygy;
4. Maglumatyň öz wagtynda berilmegi.

Mundan başga-da, ýokary derejede okalýan maglumat resminamalary çalt we düşnükli okamak talaplaryna laýyk bolmalydyr. Aýratyn hem, netije we teklipler bölümi gysgadan gelen aýdyň bolmalydyr. Şonuň üçin hem, köplenç ýagdaýlarda, gündelik ulanmak üçin niýetlenen şeýle resminamalar 1–2 sahypadan ybarat bolýar.

Ýokarda aýdylanlary jemlemek bilen, biz käbir netijeleri beýan edip bileris. Bu babatda daşary-syýasy strategiýany üstünlikli amala aşyrmakda maglumat üpjünçiliginiň iň esasy talaplarynyň biri bolmak bilen bir hatarda, bu wezipäniň hakykata laýyk bolan maglumat çeşmesine esaslanmak bilen baglydygyny biz görýäris. Daşary-syýasy işde hakykata laýyk bolan maglumat çeşmesiniň wajyplygynyň ýene bir sebäbi ondan alnan maglumat esasynda degişli çözgüt kabul edilýär we diplomatik hereketler amala aşyrylýar. Bu meseläniň möhümligi, *ilkinji nobatda*, häzirki zaman ýagdaýlarynda dünýäniň maglumat giňişliginde dürli akymlaryň emele gelýänligi we emele gelýän gapma-garşylygyň ösýänligi bilen hem düşündirilýär. *Ikinji tarapdan*, halkara habarlar ulgamynda, aýratyn hem www, ulgamynyň giňden ösmegi bilen, dürli maglumat çeşmeleriniň sany örän köpeldi. Şol bir waka barada birnäçe dürli häsiýetli teswirleriň berlişi adaty ýagdaýa öwrüldi. Şu şertlerde ygtybarly we obýektiw maglumat almak meselesi has-da derwaýys bolup durýar. *Üçünjiden*, halkara maglumat-habar giňişliginde parahatçylyga we howpsuzlyga wehim salyjy faktorlara hem duş gelmek bolýar. Şonuň üçin hem halkara maglumatlaryna dogry baha bermek we obýektiw mazmundaky habarlary taýýarlamak diplomatik işde esasy orunlaryň hatarynda durýar.

Häzirki zaman şertlerinde netijeli meýilleşdirmek üçin ygtybarly we doly maglumat üpjünçiligi bolmalydyr. Ol maglumatlara görä meýilleşdirişde göz öňünde tutulýan maksatlar we çäreler esaslandyrylýar.

Maglumat toplaýyş işi hemişelik tertipde dynuwsyz alnyp barylmalydyr. Maglumatlar maksatlaýyn temalar esasynda toplanýar. Şu

nukdaýnazardan, maglumatlar many-mazmuna görä toplanýar we degişli ugurlar boýunça ýerleşdirilýär.

Toplanylan maglumatlar umumy temalaryň içinde has anyk temalar boýunça hem rejelenýär.

Meýilnama üçin niýetlenen maglumatlara bellibir talaplar bildirilýär:

• Islendik meýilnama howaýy häsiýetli bolmaly däldir.

• Ol hakyky maglumatlar bilen esaslandyrylmalydyr.

Maglumatlar meýilnamanyň maksatlaryna baglylykda içki we daşky çeşmelerden ýygnalýar. Içki çeşmelerden alynýan maglumatlar normatiw häsiýetli bolýar. Daşky çeşmelerden alynýan maglumatlar bolsa gurşap alýan obýektiw şertleri öwrenmek we nämälimlikleriň derejesini peseltmek üçin ulanylýar. Gelýän täze maglumatlar esasynda meýilnamanyň öňde goýan wezipelerine wagtal-wagtal syn berilýär we zerur düzedişler girizilýär.

Maglumatyň üpjünçiligi maksatlaýyn häsiýete eýe bolmalydyr. Maglumat üpjünçiligi meýilleşdirişde üznüksiz häsiýetli bolmalydyr we ol şu aşakdaky tapgyrlaryň ählisinde amala aşyrylýar:

1. Meýilnamany taýýarlamaga taýýarlyk;

2. Meýilnamanyň işlenilip düzülmegi;

3. Meýilnamanyň durmuşa geçirilmegi we gözegçilik;

4. Meýilnamanyň tamamlanmagy bilen netijeleri seljeriş we täze teklipleri hödürlemek tapgyry.

Maglumat çeşmeleriniň ygtybarlylyk derejesine düýpli üns bermek zerur. Maglumatlaryň ynamlylyk derejesine baha bermek üçin elipbiý-hasap ulgamy ulanylýar. Olar esasynda maglumat çeşmesiniň ygtybarlylygyna we hakykylygyna baha berilýär.

Maglumat çeşmesiniň ygtybarlylyk derejesi:

A – absolýut ygtybarly we ynamly çeşme;

B – adaty ygtybarly we ynamly çeşme;

C – umuman ygtybarly we ynamly çeşme;

D – hemişe ygtybarly däl çeşme;

E – ygtybarsyz we ynanyp bolmajak maglumat çeşmesi;

F – ygtybarlylygyny we ynamlylygyny kesgitläp bolmaýan çeşme;

Maglumatlaryň hakykata laýyklyk derejesi

Maglumatlaryň hakykata laýyklygy:

1. Maglumatlaryň hakykata laýyklygy beýleki çeşmeler arkaly hem tassyklanýar;

2. Maglumatlaryň hakykata laýyklygy hakynda aýtmaga esas bar;

3. Maglumatlar belki hakykata laýykdyr;

4. Şübheli maglumatlar;

5. Ynanyp bolmajak maglumatlar;

6. Maglumatlaryň hakykata laýyklygyny kesgitlemek mümkin däl.

Şeýlelik bilen, seljeriş we strategiki meýilleşdiriş işlerinde maglumat üpjünçiligi we olary gaýtadan işlemek usullary möhüm ähmiýete eýedir. Häzirki zaman tehnologiýalarynyň ösmegi bilen bu işe ylmyň dürli pudaklarynyň wekilleri, ilkinji nobatda, takyk ylymlar, kompýuter we aragatnaşyk ugurlarynda meşgullanýan alymlar has işjeň gatnaşýarlar.

***Barlag soraglary***

*1. Maglumat üpjünçiliginiň wezipesi näme?*

*2. Maglumat çeşmeleriniň ygtybarlygynyň nähili derejeleri bar?*

*3. Maglumat toplumy nähili döredilýär?*

## §6. Strategiki meýilleşdiriş we daşary-syýasy gurşaw

Meýilleşdirişde daşary-syýasy gurşawyň döredýän şertlerini hasaba almak zerurdyr. Daşary-syýasy gurşaw ýurduň daşyndaky halkara gatnaşyklary ulgamyny we onuň bilen bagly ýagdaýlary aňladýar. Daşary-syýasy gurşaw babatynda dürli ýurtlaryň, syýasy merkezleriň we hereketleriň täsiri öwrenilýär. Şunuň bilen baglylykda, gönüden-göni serhetdeş goňşy ýurtlar, sebitdäki ýakyn ýurtlar, sebitden daşarda ýerleşen, emma sebite täsirini ýetirýän ýurtlar bilen bolan gatnaşyklara has aýratyn üns berilýär.

10. Sargyt № 850




***9-njy surat.*** *Daşary-syýasy gurşaw*

Mundan başga-da, daşky gurşawyň düzüminde halkara guramalarynyň hereket çäkleri hem hasaba alynýar.

Parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek meselesinde dürli wehimleriň öňüni almak we olara garşy durmak wezipesi derwaýysdyr. Şunuň bilen baglylykda daşky gurşawda halkara jenaýatçylykly hereketleriň, aýratyn hem terrorçylyk, guramaçylykly jenaýatçylyk, neşeleriň bikanun söwdasy bilen meşgullanýan düzümleriň garşysyna netijeli göreş çäreleri işlenilip düzülýär we amala aşyrylýar.

Döwletiň daşary-syýasy gurşawy öwrenilende strategiki taýdan ähmiýetli bolan geografiki şertleriň (halkara söwda-ulag çatryklary, adalar we ýarymadalar, derýalar we ş.m.) hem göz öňünde tutulmagy zerur.

Daşary-syýasy gurşawyň göni we göni däl täsirini hasaba almak wajyp bolup durýar. Daşary-syýasy gurşawyň täsiri geosyýasy ýagdaýlaryň ösüşi we üýtgeýşi bilen bagly bolup durýar. Daşary-syýasy gurşawyň göni täsiri ikitaraplaýyn gatnaşyklarda ýüze çykýar. Daşary-syýasy gurşawyň göni däl täsiri ikitaraplaýyn gatnaşyklarda hem, üçünji taraplaryň özara gatnaşyklarynyň netijesinde hem ýüze çykýar. Muňa dürli mysallary getirip bolar.

Halkara ýagdaýynyň özgeriş çaltlygy we ösüş ugurlary hem strategiki meýilleşdiriş üçin wajyp ähmiýete eýedir. Häzirki zaman şertleri üçin halkara ýagdaýlarynyň örän çalt özgerişlere sezewar bolmagy häsiýetlidir. Şu şertlerde geosyýasy meýilleşdirişde döwürleýin

deňeşdirme barlaglary geçirilýär we öň göz öňünde tutulan çärelere gaýtadan seredilýär.

Dünýä we sebit ýagdaýlarynyň ewolýusion we diskret ösüşi bilen baglylykda, dürli ýagdaýlaryň özara baglanyşykly bolmagy we çylşyrymlylygy hasaba alynmaly bolup durýar. Meýilleşdiriş işinde dürli geosyýasy ýagdaýlary we şertleri özara deňeşdirmek bilen, olaryň biri-birine baglylygyny ýüze çykarmak wajypdyr. Mysal üçin, nebitiň bahasynyň üýtgemeginde bolan dürli täsirler, halkara ulag-aragatnaşygynyň ösmegi üçin howpsuzlyk şertleri zerur we ş.m.

Meýilleşdirişde takyk we takyk däl, doly we doly däl maglumatlaryň öwrenilişi hem möhüm ähmiýete eýedir. Meýilleşdiriş üçin maglumatlar ýygnalanda we seljerilende, şol bir maglumatyň birnäçe çeşme arkaly barlanmagy zerur.

Maglumatyň takyklyk derejesi wagt ölçegi taýdan hem möhümdir. Mysal üçin, alnan maglumatyň takyklyk derejesi bellibir möhlet üçin dogry bolýar we wagt geçdigiçe görkezijileriň üýtgemegi ahmal. Şonuň üçin hem maglumatlaryň üsti doldurylyp durulýar. Doly maglumat – bu degişli daşary-syýasy çözgüdi kabul etmek üçin ýeterlik esas döredýän maglumatdyr. Şonuň üçin maglumatyň doly bolmagynyň hem meýilleşdirişde ähmiýeti uludyr. Maglumat dolulygyny üpjün etmegiň kyn ýeri ol hem geljekdäki ýagdaýlara baha bermek we ony meýilleşdiriş maksatlary üçin çaklamalar bilen doldurmakdyr.

***Barlag soraglary***

*1. Ewolýusion ösüş näme?*
*2. Diskret ösüş näme?*
*3. Doly maglumat näme?*

## §7. Strategiki meýilleşdirişde durnuklylyk we durnuksyzlyk ýagdaýlaryny hasaba almak meselesi

Halkara ulgamy mydama hereketde bolmak bilen, oňa durnuklylyk we durnuksyzlyk, ösüş ýa-da yza gaýdyş ýaly ýagdaýlar mahsusdyr. Häzirki zaman şertlerinde dürli sebitlerdäki geosyýasy ýagdaýlaryň çylşyrymlaşmagy köp babatda «sowuk urşuň» tamamlanmagy bilen başlanan dünýädäki uly özgerişlikler döwrüniň dowam

etmegi bilen düşündirilýär. Bilermenleriň pikirlerine görä, «Gündogar-Günbatar» bipolýar ulgamynyň dargamagy çärýek asyrdan gowrak wagt bäri dowam edýär. Şu sebäpli hem häzirki döwrüň ýagdaýlaryndan çen tutmak bilen, dünýäde täze görnüşli halkara tertibiniň emele gelendigini aýtmakdan entek ir hasaplanýar.

Halkara gatnaşyklary ulgamyndaky durnuklylyk köp babatda onuň subýektleri bolan döwletleriň içki durnuklylygy bilen baglydyr. Şeýle hem, halkara gatnaşyklarynyň durnuklylygy dünýä ulgamyndaky we dürli sebitlerdäki geosyýasy deňagramlylyga hem baglydyr.

Sebitlerdäki geosyýasy durnuklylyk ol ýerdäki döwletleriň içki we özara rahatlygyna, şeýle hem olaryň halkara hukugyna hormat goýmaklaryna hem-de öz borçlaryny berjaý etmeklerine garaşlydyr. Bu ýagdaýda däp bolan gatnaşyklaryň mazmuny hem durnukly bolup galýar. Halkara gatnaşyklary ulgamyndaky subýektleriň arasynda deňagramlylygy bozmak meýliniň ýa-da ymtylmalaryň bolmazlygy şeýle durnuklylygyň esasy görkezijisi hökmünde bolup durýar.

Şol bir wagtda-da, halkara gatnaşyklary ulgamynyň durnuklylygy örän inçe arabaglanyşyklaryň toplumyna daýanmak bilen saklanýar. Eger-de «kebelek effektiniň» täsirini ýada salsak, onda şeýle arabaglanyşyklaryň sähel gowşamagy bilen tutuş ulgamda durnuksyzlyk hadysalary başlanyp biljekdigi barada aýdyp bolar. Şonuň üçin hem dostlukly we birek-birege hormat goýmak esasyndaky gatnaşyklar we ähli dawalaryň diňe syýasy-diplomatiki ýollar bilen çözülmegi örän möhüm ähmiýete eýedir.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Hormatly Assambleýasynyň 66-njy mejlisinde (Nýu-Ýork ş., 23.09.2011 ý.) edilen çykyşynda aýdan şu sözlerini getirmekligi maksadalaýyk hasaplaýarys: «*BMG-niň Tertipnamasyna berk eýerilmegini uzakmöhletleýin parahatçylygy we strategik durnuklylygy üpjün etmegiň binýatlaýyn şerti hasaplamak bilen, Türkmenistan parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we ylalaşdyryjylyk proseslerine işjeň goldaw bermek syýasatyny gyşarnyksyz we maksadalaýyk durmuşa geçirýär. Biz daşary syýasatyň we halkara gatnaşyklarynyň guraly hökmünde harby güýji düýbünden ret edýäris. Häzir meseleleri güýç ulanyp çözmegiň geljeginiň ýok-*

*dugyna, onuň gapma-garşylyklaryň çeşmelerini we sebäplerini aradan aýyrmaýandygyna hem-de köp halatlarda dawalardan soňky döwürlerde ýüze çykýan sowallaryň köpüsine oňyn jogaplar üçin şertleri döretmeýändigine düşünýäris. Şoňa görä-de, Türkmenistan islendik ýagdaýlary parahatçylykly serişdeler we usullar arkaly kadalaşdyrmaga birinji derejeli ähmiýet berýär. Şu jähtden we BMG-niň esasy resminamalaryna laýyklykda biz şu mejlisde halkara meselelerini çözmekde syýasy-diplomatik serişdeleri ileri tutup ulanmak hakyndaky Jarnamany işläp taýýarlamaga girişmegi we soňra oňa BMG-niň Baş Assambleýasynda seretmegi teklip edýäris. Biziň pikirimizçe, şeýle Jarnamanyň kabul edilmegi döwletara gatnaşyklarynda gapma-garşylyklary çözmekde güýç ulanmak usullaryndan peýdalanmagyň mümkinçiligini ep-esli azaltmaga, umumy durnuklylyk we howpsuzlyk üçin şunuň bilen bagly wehimleri hem-de howplary peseltmäge ýardam eder*».

Käbir hasaplamalara görä, halkara gatnaşyklary ulgamynyň durnukly bolmagy üçin onuň düzüm bölekleriniň wagt babatynda- uzakmöhletleýin çäklerde - iň bärkisi 25–40 ýylyň dowamynda, durnukly bolup galmagy zerurdyr. Şonuň üçin hem «nesil» ýa-da «nesilden-nesile» diýen täryhy döwürleri häsiýetlendirilýän düşünjeler uzak dowam edýän halkara ýagdaýlaryny öwrenmekde ýa-da beýan etmekde köp ulanylýar.

Halkara gatnaşyklaryny durnuklylaşdyryjy gurluşlaryň taryhda mälim bolan esasy iki görnüşini tapawutlandyrýarlar. Olaryň mazmuny halkara tertibini saklaýjy güýçleriň: a) ýokardan aşak, ýagny iýerarhiki görnüşde hem-de b) gorizontal-gyradeň ýa-da deňagramly paýlanmagynda ýüze çykýar. Bu görnüşler, köplenç, özara utgaşykly ýagdaýda gelýärler we dürli taryhy eýýamlarda dürli häsiýetde hereket edýärler.

Halkara ulgamynyň iýerarhiki görnüşinde bir ýa-da birnäçe kuwwatly döwlet agalyk ediji derejede durýar we beýleki subýektler hem bu ýagdaý bilen ylalaşýarlar. Şeýle ulgamyň wagt babatyndaky durnuklylygy agalyk ediji subýektiň täsir ediji we boýun egdiriji kuwwatynyň saklanmak möhletine baglydyr. Munuň taryhy mysaly hökmünde gadymy Rim imperiýasyny görkezip bolar. Mundan başga-da, halkara gatnaşyklarynyň beýleki subýektleriniň arasyn-

da agalyga dalaş edip biljek bäsdeş güýçleriň peýda bolmagy bilen hem iýerarhiýanyň durnuklylygy yranyp biler. Mysal üçin, Beýik Britaniýanyň XIX asyryň ikinji ýarymynda dünýäde agalyk ediji kuwwaty iň ýokary derejä ýeten hem bolsa, ol halkara gatnaşyklarynyň durnukly bolmagyny kepillendirip bilmedi. Halkara giňişliginde käbir kuwwatly we täsirli güýçleriň peýda bolmagy bilen, olar däp bolan britan agalygynyň astyndaky ýerlere eýelik etmek ugrundaky bäsdeşlige girişdiler.

Halkara gatnaşyklary ulgamynyň ikinji görnüşi, ýagny dünýä tertibini saklaýjy güýçleriň gorizontal-gyradeň ýa-da deňagramly paýlanmagy iki ýa-da ondan köp subýektiň özara güýç deňagramlygyndan gelip çykýar. Olaryň mysaly hökmünde «Mukaddes ýaranlygy» we «sowuk uruş» döwründäki bipolýar ulgamy görkezip bolar.

Halkara gatnaşyklarynyň durnukly ýa-da durnuksyz ýagdaýlaryny öwrenmekde «dünýä tertibi», «halkara tertibi» we «global tertip» düşünjeleri ulanylýar. Dünýä tertibi (iňlisçe: World order) ilki dörän düşünje bolmak bilen ol filosofiki ahlak-hukuk garaýyşlaryna esaslanýar. Ondan soňra dörän halkara tertibi (iňlisçe: International order) baradaky düşünje, esasan, döwletara gatnaşyklaryndan emele gelýän ulgamy seljermekde ulanylýar. Global tertip (iňlisçe: Global order) baradaky düşünje geçen asyryň 70-nji ýyllarynda emele geldi we ol globallaşma ýagdaýlaryny hasaba almak bilen ählumumy häsiýete eýedir.

Halkara gatnaşyklary ulgamynyň deňagramlylygyna wehim salýan faktorlaryň globallaşma şertlerinde barha artýanlygyna üns bermek zerurdyr. Bu babatda, ýurtlaryň, sebitleriň we kontinentleriň dürli derejede ösmegi, tebigy baýlyklaryň gyradeň bolmazlygy, öwezini dolup bolmaýan serişdeleriň möçberiniň azalmagy, şunuň bilen baglylykda Arktikanyň, Antarktidanyň we Dünýä ummanynyň baýlyklaryna eýe bolmak ugrundaky bäsdeşligiň güýçlenmegi ýaly ençeme faktorlary strategiki meýilleşdirişde hasaba almaly bolýar.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Durnuklylyk we durnuksyzlyk düşünjeleriniň mazmuny nämede?*
*2. Gadymy Rim döwrüniň durnuklylygy nämä baglydy?*
*3. Häzirki zaman şertlerinde nähili durnuklylyk meseleleri bar?*

## §8. Daşary-syýasy çözgütleriň kabul edilişi we meýilleşdiriş

Daşary-syýasy çözgüt – bu döwlet ýa-da hökümet derejesinde kabul edilýän resmi karardyr. Ol çözgüt kanun çäklerindäki resminama hökmünde kabul edilse, onda ol kanuny güýje eýedir we ýerine ýetirilmegi hökmandyr.

Daşary-syýasy çözgütler dürli derejelerde kabul edilýär:

1. Iň ýokary döwlet we hökümet baştutany derejesinde kabul edilýän çözgüt;
2. Daşary-syýasy edara ýolbaşçylygy derejesinde kabul edilýän çözgüt;
3. Degişli hökümet topary ýa-da ilçihana derejesinde kabul edilýän çözgüt.

Her bir döwlet üçin daşary syýasatyň we halkara gatnaşyklarynyň strategiki ugurlary we derwaýys meseleleri boýunça daşary-syýasy çözgüt taýýarlamak we kabul etmek wezipesi örän wajyp bolup durýar. Bu babatda ýokary netijeli hereket edýän edaralar we düzümler döredilýär. Olar daşary-syýasy çözgüt taýýarlamak, kabul etmek we ýerine ýetirmek işinde uly orun tutýarlar. Şeýle edaralar we düzümler öz işlerini hemmetaraplaýyn geňeşmeler we pikir alyşmalar esasynda guraýarlar. Olar düýpli analitiki seljermelere esaslanýarlar we hökümet we hökümete degişli däl, ylmy-barlag we bilermençilik-tejribe derejesindäki taýýarlanýan maglumatlary öwrenýärler.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda daşary-syýasy çözgütleri taýýarlamakda we kabul etmekde MHG - Milli Howpsuzlyk Geňeşi (iňlisçe: National Security Council) uly ähmiýetli orun tutýar. Ol ABŞ Prezidentine göni garaşly bolup durýar. MHG ýolbaşçy derejesinde prezident, döwlet sekretary, prezidentiň milli howpsuzlyk boýunça geňeşçisi, Pentagonyň baştutany, Ştab serkerdeleriniň birleşen komitetiniň Başlygy, Merkezi razwedka müdirliginiň (CIA) direktory girýärler.

Soňky iki wezipedäki resmiler dünýädäki ýagdaýlar barada maglumat bilen üpjün edýärler. Döwlet departamenti hem daşary-syýasy ýagdaýlar barada hasabatlary we teklipleri berýär.

Şular esasynda MHG milli howpsuzlyk we bähbitler nukdaýnazaryndan strategiki, konseptual häsiýetli iň möhüm meseleler boýunça çözgütleri taýýarlaýar. MHG işgärler düzümi uly däl we ol 40 töweregi adamdan durýar. Olar prezidentiň milli howpsuzlyk boýunça geňeşçisiniň ýolbaşçylygynda işleýärler. MHG maksatlary üçin dürli pudagara toparlar döredilýär. Daşary-syýasy çözgütleri kabul etmekde ABŞ Kongresi hem möhüm orun eýeleýär we şol bir wagtda onuň bellibir aýratynlyklary bar. Mysal üçin, ABŞ Kongresiniň agzalary MHG hataryna girmeýärler. Kanun çykaryjy häkimiýet DSÇ kabul etmeklige gönüden-göni gatnaşmaýar.

Emma Kongres gapdallaýyn häsiýetde bu işe uly täsir ýetirýär. Ol býujet, diňlenişikler, halkara resminamalary, şertnamalary we ylalaşyklary tassyklamak, gözegçilik etmek, maslahatlaşmak we ş.m. arkaly bu işe gatnaşýar.

Ýerine ýetiriji häkimiýet kanun çykaryjy häkimiýete öz wagtynda maglumatlary we hasabatlary ýetirip durýar.

Daşary-syýasy çözgütleri kabul etmekde we olary meýilnamalara girizmekde strategiki maksatlara uly orun degişlidir. Daşary-syýasy maksatlaryň mazmun taýdan birnäçe derejesi bolýar:

1. Düýpli maksatlar – bu wagt babatynda kesgitli çäk goýulmadyk, emma uzak möhletleýin bähbitleri göz öňünde tutýar;

2. Anyk möhletleri görkezilen maksatlar – kesgitli ugurlar boýunça üpjün edilmeli bähbitleri göz öňünde tutýar;

3. Strategiki maksatlar – ilkinji nobatda döwletiň garaşsyzlygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça bähbitleriň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutýar;

4. Daşary syýasatyň anyk çäreleri boýunça maksatlar – bu möçberi we göwrümi boýunça dürli-dürli bolup biler.

Daşary syýasy çäklerde çözgüt kabul etmegiň algoritmi şu ädimleri göz öňünde tutýar, ýagny:

1. Strategiki we taktiki wezipeleriň öňde goýulmagy;

2. Zerur serişdeleriň hasabyny çykarmak;

3. Syýasy ugry we onuň esaslandyrylmasyny işläp düzmek;

4. Konsepsiýalary we maksatnamalary esaslandyrmak, işläp düzmek hem-de olara baha bermek;

5. Zerur maglumatlary toplamagy we seljermegi ýola goýmak;

6. Çözgüdiň dürli wariantlaryny işläp düzmek;

7. Aralyk möhletdäki alnan netijelere gözegçilik etmek;

8. Aralyk gözegçilik netijesinde, ilki göz öňünde tutulan çözgütlere gaýtadan seretmek, täzeden kesgitlemek; mazmunyny anyklamak we ş.m.

9. Ahyrky netijelere baha bermek;

10. Gazanylan üstünliklere baha bermek we ýol berlen kemçilikleri derňemek. Ýerine ýetirilmedik çözgütler üçin jogapkärçilik derejesini kesgitlemek.

Adatça, birnäçe algoritm ýa-da algoritmleriň toplumy (paket) taýýarlanylýar. Olaryň arasynda konseptual strategiki meýilnamalary işläp düzmek, taktiki maksatlara ýetmek, ýagdaýlaryň üýtgeýşine operatiw we gyssagly tertipde çemeleşmegi amala aşyrmak, adatdan daşary ýagdaýlarda syýasy hereketleri durmuşa geçirmek we ş.m. göz öňünde tutulýar.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Daşary-syýasy çözgüt näme?*

*2. Daşary-syýasy çözgüt nähili kabul edilýär?*

*3. Daşary ýurt tejribesinde daşary-syýasy çözgütleriň haýsy mysallary bar?*

## §9. Strategiki pikirlenmegiň usullary

Geosyýasy wezipeleri, şol sanda seljeriş we meýilleşdiriş işlerini netijeli amala aşyrmak üçin strategiki pikirlenme usullarynyň ähmiýeti uludyr. Şu babatda aşakda birnäçe ýörgünli çemeleşmeler gysgaça beýan edilýär.

**1. Netijeli işlemegiň usuly: Eýzenhauer matrisasy**

ABŞ-yň Prezidenti bolan Duaýt Eýzenhauer (iňlisçe: Dwight David Eisenhower, 1890–1969) öz wagtynda şeýle sözleri galdyrypdyr: «*Iň gyssagly halatlarda kabul edilen çözgütler hem wajyp çözgütleriň hatarynda bolup biler*». Bu jümläniň manysy az wagt sarp etmek bilen birlikde dogry çözgüdi tapmaklygy aňladýar. D.Eýzenhauer iş wagty tygşytly we netijeli ulanmagyň ussady hasaplanýar. Başgaça aýdylanda, ol ýerine ýetirilmeli işi öz wagtynda amala aşyrmagy başaran adam bolupdyr. Eýzenhaueriň usulyna görä strategiki çemeleşmede

wajyp işleriň arasynda olaryň gaýragoýulmasyz ýagdaýda duranlaryny tapawutlandyrmak zerur. Oňa görä, taktiki häsiýetli häzirki wagtda ýerine ýetirilmeli işleri we strategiki häsiýetli uzak möhletlik nukdaýnazaryndan wajyp işleri hem kesgitlemek zerur.

Şuňa meňzeş beýleki bir çemeleşme meşhur işewür, amerikan millarderi Uorren Baffetiň (iňlisçe: Warren Edward Buffett, 1930) tejribesi bilen baglydyr. Ol her iş gününi öňde duran wezipeleriň wajyplygy boýunça rejelemekden başlamagy endik edinipdir. Ol «*Hiçden giç ýagşy. Emma gijä galmak hiç haçan hem ýagşy däldir*» diýen ýörelgä eýerýär. Şu nukdaýnazardan, öňde bellibir ýerine ýetirilmeli wezipeleriň toplumy goýlanda, Baffetiň diagrammasyny ulanmak netijeli bolup biler. Oňa laýyklykda, amala aşyrmaly işler üçin dört sany meýdança kesgitlenýär:

1. *Wajyp, emma gyssagly bolmadyk işler.* Olary haçan oňaýly pursat bolanda ýerine ýetirmegi meýýilleşdirmeli;

2. *Wajyp we gyssagly işler*. Olary gaýragoýmazdan ýerine ýetirmeli;

3. *Wajyp däl we gyssagly bolmadyk işler*. Olary ýerine ýetirmegi soňa goýup bolar;

4. *Gyssagly, emma wajyp bolmadyk işler.* Olary ýerine ýetirmegi başga birine tabşyryp bolar.

**2. SWOT seljeriş usuly**

SWOT strategiki seljeriş usulyna iňlisçe «The SWOT Analysis» diýilýär we ol şu sözleriň baş harplaryndan emele gelendir:

1. **S**trengths (Güýç-kuwwat),
2. **W**eaknesses (Gowşaklyk),
3. **O**pportunities (Mümkinçilikler),
4. **T**hreats (Howplar).

SWOT usuly ABŞ-nyň Stenford Uniwersitetiniň (iňlisçe:Stanford University) 1960-njy ýyllarda geçiren ylmy-barlaglarynyň netijelerinden gelip çykýar. Bu usula görä, öňde goýlan maksatlar we olaryň iş ýüzünde amala aşyrylyşy seljerilýär. Şeýlelik bilen, maksatlaryň hakykata laýyklygy hem-de olaryň ýerine ýetirilmezliginiň sebäpleri anyklanýar. SWOT strategiýasy maksatlara ýetmegiň her tapgyrynda amala aşyrylýan işleri, ýol berlen kemçilikleri we gazanylan üstünlikleri düýpli öwrenmage mümkinçilik berýär.

Ol güýçli taraplary netijeli ulanmaklyga, gowşaklygyň öwezini dolmaklyga, mümkinçilikleri doly ulanmaklyga we howplaryň öňüni alyp, olardan goranmaklyga ünsi çekýär. Margaret J.Uitliniň (iňlisçe: Margaret J. Wheatley, 1941) nygtaýşy ýaly, «*Guramaçylyk işinde biziň iň howatyrlanýan ýagdaýlarymyzy, ýagny – kadadan çykmalar (fluctuations), tolgunyşyklar (disturbances), deňagramlylygyň bozulmagy (imbalances) döredijiligiň iň esasy çeşmeleri bolup durýarlar. Ýagny kynçylyklar we garaşylmadyk ýagdaýlar ýalňyşlyklara ýol bermezlik üçin täze tejribeleri toplamaklyga esas bolup bilýärler*».

*2-nji tablisa. SWOT diagrammasy*

| | |
|---|---|
| +<br>GÜÝÇ-KUWWAT<br>(Strengths) | MÜMKINÇILIKLER<br>(Opportunities) |
| -<br>GOWŞAKLYK<br>(Weaknesses) | HOWPLAR<br>(Threats) |

**3. Jon Uaýtmoruň (John Whitmore) usuly**

Bu usul hakyky maksatlary deslapdan kesgitlemegi ileri tutýar. Bu usula laýyklykda, ahyrky maksatlary (final goals) we olara ýetmek üçin amala aşyrylmaly maksatlar, ýagny üpjün ediji maksatlar (performance goals) tapawutlandyrylýar.

Mysal üçin, Türkmenistan özüniň hemişelik bitaraplyk halkara-hukuk derejesini BMG-de ykrar etdirmek maksadyna ýetmek üçin tapgyrlaýyn maksatlary amala aşyrdy. Anyk aýdylanda, Türkmenistanyň bitaraplygyny ykrar etmek ýolunda abraýly howpsuzlyk guramasy bolan ÝHHG tarapyndan, sebit ykdysady guramasy bolan EKO we giň halkara wekilçiligini öz içine alýan Goşulyşmazlyk Hereketi tarapyndan goldawlara eýe bolmak maksatlary amala aşyryldy.

Bu usulyň düýp manysy amala aşyrmakda iň çylşyrymly algoritmi bolan maksatlary hem ýönekeýleşdirmek we anyk hem-de hakykata laýyk maksatlara bölmekden ybaratdyr.

**4. Feedback - netijä baha bermek usuly**

Gazanylan netijelere berilýän oňyn ýa-da tankydy garaýyşlardan dogry many çykarmak wezipesi seljerişde we strategiki meýilleşdi-

rişde möhüm mesele bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, aşa oňat ýa-da aşa tankydy häsiýetli bahalar işleriň mundan beýläk kämilleşmegi üçin oňyn ähmiýete eýe däldir. Türkmen halkynyň belli atalar sözi bolan «Aýazhan çarygyňa bakarak!» diýen duýduryş sözleri biziň günlerimizde hem ähli babatda dogrudyr. Bu usula laýyklykda, oňyn we tankydy bahalary seljermek bilen bir hatarda, «Tankydy tekliplerden nähili netije çykarmaly?» we «Geljekki hereketleri we netijeleri nähili kämilleşdirmeli?» diýen soraglara jogap gözlense maksadalaýyk bolýar.

Bu ýerde ýol berlen kemçilikleriň sebäpleri seljerilse we geljek üçin meýilnamalarda hasaba alynsa ýerlikli bolýar. Şunuň bilen baglylykda, şu gadymyýetden galan nesihatda aýdylan sözleri ýada salmak peýdaly bolar, ýagny:

- Pikirleriňe üns ber, sebäbi olar geljekki sözleriňdir!
- Sözleriňe üns ber, sebäbi olar geljekki hereketleriňdir!
- Hereketleriňe üns ber, sebäbi olar endikleriňe öwrüler!
- Endikleriňe üns ber, sebäbi olar seniň häsiýetiňi emele getirýär!
- Häsiýetiňe üns ber, sebäbi ol seniň ykbalyňdyr!

**5. «Töwekgelçilikli çözgüt» usuly.**

Kähalatlarda entäk maglumatlaryň ýeterlik ýa-da olaryň aýdyň bolmadyk ýagdaýynda gyssagly çözgüt kabul etmeli bolýar. Bu ýerde uly töwekgellik bar we kabul edilen çözgüdiň oňyn ýa-da ýaramaz netijeleri bolup biler. Eger mümkinçilik bar bolsa, onda gyssagly ýa-da bar bolan ýagdaýlaryň basyşy astynda karara gelinmese gowy. Şu ýagdaýda gümürtik meseleleri anyklamaly we maglumatlaryň nätakyklyk derejesini peseltmeli. Emma köplenç ýagdaýlarda, içki duýgulara, ýagny intuisýa we tejribä esaslanyp karar kabul etmeli bolýar. Gyssagly çözgüt kabul etmeklik, köplenç halatda, gündelik işde gabat gelýär we onuň strategik ähmiýeti birbada ýüze çykmaýar.

Şu halatda birnäçe häsiýetnamalar özara deňeşdirilýär we çözgüt kabul edilýär. Özara deňeşdirmede meseläniň derwaýyslygy, töwekgellik faktorlary hasaba alynýar.




***10-njy surat.*** *Töwekgelçilik grafigi we çözgüt nokady:*
*T – töwekgellik*
*M – maglumat*

**6. «Gara guw» modeli**

Halkara ýagdaýlarynda bolup geçýän wakalar kähalatlarda garaşylmadyk öwrüme eýe bolup, öňden güman edilmedik ugur boýunça ösüp ugraýar. Hatda köp tejribe toplan bilermenler hem şeýle pursatlarda kesgitli netije çykarmakda kynçylyk çekýärler. Şonuň üçin hem seljerme bilen meşgullanýan syýasy bilermenler üçin şu üç sany mesele mydama derwaýys häsiýetli bolmagynda galýar, ýagny:

1. Öz bilim we tejribe derejäňi dogry kesgitlemek;
2. Geçmişe seredip geljegi çaklamak;
3. Garaşylmadyk ýagdaýlar ýa-da wakalar ýüz berende dogry karara gelmek.

Bu meseleler häzirki döwrüň geosyýasy ösüşi seljerilende wajyp bolmak bilen, köplenç halatda, öňden mälim bolmadyk ýagdaýlaryň ýüz bermegine häzir bolmagy aňladýar. Filosofiki nukdaýnazardan, bu «sebäp-netije» gatnaşyklarynyň hemişe dogry bolup durmaýanlygyna ýa-da köp babatda mälim bolmadyk sebäpleriň bardygyna şaýatlyk edýär. Mysal üçin, belli bolan nakyla görä «Mal eýesiniň gözünden suw içer» diýilse-de, ol mal özüniň haýsy-da bir gün söwüş ediljekdigini öňünden bilmeýär. Şuňa meňzeşlikde, iki sany ak guw maşgalasynda gara reňkli guwjagaz dünýä inse, bu örän geň we garaşylmadyk ýagdaý hökmünde kabul edilip bilner. Şeýle meňzetme arkaly liwan ýazyjysy Maksim Nikolas Talebi özüniň bir hekaýasynda gara guw hakynda, ýagny geçmişe ýa-da bar bolan tejribä görä geljegi bilip bolmaýandygy barada gürrüň berýär.

**7. «Puç bolmak – rowaç almak» modeli**

Geosyýasy giňişliklerde dürli hereketleriň ýüze çykmagy, rowaç almagy we ýitip gitmegi taryhda mydama-da bar ýagdaý. Şeýle bolsa-da, kähalatlarda, birbada uly üns berilmeýän akymlar ýa-da hereketler gysga wagtyň içinde güýçlenip gidýär we durnukly häsiýete eýe bolýar. Tersine, uly tutum bilen başlanan käbir hereketler birbada okgunly ösüşe eýe bolsa-da, köp wagt geçmänkä syýasy sahnadan ýitirim bolýar. Ir açylan gülüň çalt solşy ýaly, yglan edilen uly maksatlar hem puç bolup bilýär.

Birbada gowşagrak görnen hereketleriň ýa-da haýal ösýän wakalaryň garaşylmadyk çaltlykda we giňden ýaýramak halatyna bilermenler «diffusion effekt» diýýärler. Şeýle wakalar giňden ýaýramazdan öň birnäçe tapgyry geçýärler we olar «ownuk mesele», «ünsi çekiji», «haýran galdyryjy», «kabul edilen», «kada giren» we ş.m. görnüşde häsiýetlendirilip bilner. Olaryň Orta we Ýakyn Gündogarda, Aziýanyň dürli sebitlerinde bolan mysallaryny häsiýetlendirmek bilen, Mahatma Gandi: «*Olar ilkibada inkär ediler, soňra olaryň üstünden gülner, ondan soň olara garşy uruş yglan ediler...*» diýipdir.

Şeýlelik bilen, strategiki pikirlenmegiň uly ähmiýetine göz ýetirmek bolýar we ol dürli usullar arkaly ylmy taýdan ösdürilýär.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Eýzenhauer matrisasynyň mazmuny nämeden ybarat?*
*2. SWOT seljeriş düşünjesiniň haýsy ölçegleri bar?*
*3. «Gara guw» usulyny nähili düşündirip bolar?*

## §10. Milletiň paýhas hazynasy seljeriş we strategiki meýilleşdiriş üçin ähmiýetli çeşme hökmünde

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda üstünlikli amala aşyrylýan ýurdumyzyň daşary-syýasy strategiýasy anyk ýörelgelere, aýdyň maksatlara esaslanmak bilen bilelikde, diplomatik paýhasyň we halkara meselelerine hemmetaraplaýyn çemeleşmegiň hakyky nusgasy bolup durýar. Türkmenistanyň hoşniýetli ikitaraplaýyn döwletara gatnaşyklary, şeýle hem abraýly halkara we sebit guramalarynyň çäklerindäki giň özara hyzmatdaşlyk iş ýüzünde özüniň anyk netije-

lerini berýär we türkmen diplomatiýasynyň mazmunyny hil taýdan baýlaşdyrmak bilen bilelikde, parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmekdäki halkara tagallalaryna täze badalgalaryň berilmegi bilen häsiýetlendirilýär. Parahatçylygy dörediji we ylalaşdyryjy merkeze öwrülen paýtagt şäherimiz Aşgabatda döwletara duşuşyklaryň we iri halkara maslahatlaryň yzygiderli geçirilmegi Türkmenistanyň oňyn daşary syýasy ugruny sazlaşykly durmuşa geçirýändiginiň aýdyň subutnamasy bolup durýar.

Milli Liderimiziň nygtaýşy ýaly, Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy umumadamzat gymmatlyklaryna, dünýä döwletleriniň we halklarynyň medeniýetine, däp-dessuryna hormat goýmak, halkara hukugyna hem-de ondan gelip çykýan borçlara ygrarly bolmak ýaly düýpli we gyşarnyksyz ýörelgeden ugur alyp, ähli hyzmatdaş taraplaryň goldawyna eýe bolýar. Şeýle syýasatyň esasynda duran parahatsöýüjilikli ýörelgeleri köp babatda türkmen halkynyň paýhas çeşmesinden, şol sanda gadymyýetden bäri nesilden-nesle geçip gelýän hoşniýetli gatnaşyklar we myhmansöýerlik däplerinden gözbaş alýarlar. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Beýik Ýüpek ýolunyň ugrundaky diplomatiýa: taryhdan geljege» atly halkara ylmy maslahata gatnaşyjylara iberen gutlagynda şeýle sözler bar: «*Diplomatiýa kadaly we ýokary medeniýetli döwletara gatnaşyklaryň hakyky guraly bolmak bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmaga, onuň üçin zerur syýasy-hukuk binýadyny üpjün etmäge özara hereketleriň kabul ederlik görnüşini emele getirmäge ukyplydyr. Bu ugurda hem geçmişi öwrenmek, baý taryhy tejribä daýanmak, özara düşünişmegiň we ynanyşmagyň asyrlarboýy dowam edip gelýän däplerine eýermek örän uly ähmiýete eýedir*».

Şeýle çuňňur paýhasa ýugrulan sözler türkmen diplomatlary üçin ýol görkeziji nesihat bolup durýar we şol bir wagtda-da olara bildirilýän ýokary talaplary aňladýar. Bu babatda, ýurdumyzyň milli bähbitlerini üpjün etmek we olary halkara giňişliginde hemmetaraplaýyn goramak wezipesi öňde goýulýar. Şu sebäpli hem daşary-syýasy ulgamda iş alyp barýan hünärmenler mydama-da özleriniň başarnyklaryny we tejribelerini we ylym-bilimlerini artdyrmak ugrunda yzygiderli kämilleşmäge borçludyrlar.

Daşary syýasaty, şol sanda bu ugurdaky strategiki çözgütleri iş ýüzünde amala aşyrmagyň serişdesi bolan diplomatiýa köp babatda akyl-paýhas, milli-medeni we taryhy miras, dilewarlyk we suhangöýlük, strategiki garaýyş we taktiki hereket ediş ýaly ençeme çeşmelerden gözbaş alýar. Şu nukdaýnazardan seredenimizde, beýik akyldarlaryň eserlerinde, rowaýatlarda we taryhy maglumatlarda, görnükli syýasatçylaryň wesýetlerinde, nakyllarda we atalar sözlerinde ençeme paýhasly pikirleri görüp we öwrenip bileris. Mysal üçin, Magtymguly Pyragynyň meşhur «Türkmeniň» şygryna hem türkmen topragyny geosyýasy taýdan häsiýetlendirme hökmünde hem baha berip bolar:

Jeýhun bilen bahry-Hazar arasy,
Çöl üstünden öser ýeli türkmeniň.
Gül-gunçasy – gara gözüm garasy,
Gara dagdan iner sili türkmeniň.

Hak sylamyş bardyr onuň saýasy,
Çyrpynşar çölünde neri, maýasy,
Reňbe-reň gül açar ýaşyl ýaýlasy,
Gark bolmuş reýhana çöli türkmeniň

- diýen setirlerde ýurdumyzyň tebigy-geografiki keşbi beýan edilýär. Hakykatdan hem, Türkmenistanda geosyýasy taýdan ähmiýetli geografiki faktorlaryň ählisi diýen ýaly bardyr. Baý tebigy gorlar, daglyk we düzlük, çöl giňişlikleri, deňiz we derýa, söwda ýollary we ekerançylyk-maldarçylyk üçin oňyn şertler we ş.m. geosyýasy we geoykdysady faktorlary Pyragynyň ýokardaky setirlerinde görmek bolýar.

Halkymyzyň jemgyýetçilik gurluşyny beýan etmek bilen Magtymguly şu jümleleri ýazypdyr:

Al-ýaşyl bürenip çykar perisi,
Kükeýip bark urar anbaryň ysy,
Beg, töre, aksakal ýurduň eýesi,
Küren tutar gözel ili türkmeniň.

Ol merdiň ogludyr, mertdir pederi,
Görogly gardaşy, serhoşdyr seri,
Dagda, düzde kowsa, saýýatlar diri
Ala bilmez, ýolbars ogly türkmeniň.

Köňüller, ýürekler bir bolup başlar,
Tartsa ýygyn, erär topraklar-daşlar,
Bir suprada taýýar kylynsa aşlar,
Göteriler ol ykbaly türkmeniň.

Hormatly Liderimiziň parasatly döredijiliginiň netijesi bolan köpsanly saldamly ylmy eserleri, onuň çuňňur manyly öwüt-nesihatlary aýratyn ähmiýete eýe bolmak bilen, diplomatik işgärleriň ýan kitabyna öwrüldiler. Hususan-da, 2016-njy – Mirasa sarpa goýmak, Watany özgertmek ýylynda çapdan çykan «Paýhas çeşmesi» kitabyna hormatly Prezidentimiziň ýazan sözbaşysynda şeýle diýilýär: «*Gündogar bilen Günbataryň, Demirgazyk bilen Günortanyň arasynda ynsanperwer gatnaşyklaryň döremegine öz täsirini ýetiren milli medeniýetimiziň altyn hazynalary Ýer ýüzünde millet hökmünde tanalmagymyzyň we hormatlanmagymyzyň esasydyr, hiç bir düşündirişi talap etmeýän bakylyk mertebämizdir, ýüreklere mähir paýlaýan jadylaýjy mukamdyr*».

Parasatly sözüň we akyl-paýhasyň milli mirasdan gözbaş alýan çeşmeleri barada aýtmak bilen, hormatly Prezidentimiz Oguz hanyň, Adybeg soltanyň, Jygaly begiň, Göroglynyň watansöýüjilik, ynsanperwerlik, adalatlylyk, halallyk hakyndaky öwütleriniň Gyratyň duýgurlygynyň hem wepadarlygynyň milletimiziň ruhy dünýäsine düşünmegiň özboluşly açarydygyna we ynsan kalbyny lerzana getiriji gudratdygyna ünsi çekýär. Durmuş hadysalarynyň, watançylyk, edermenlik, ygrarlylyk, edep-terbiýe ýaly ahlak gymmatlyklaryň esasynda döredilen atalarymyzyň paýhas çeşmesiniň biziň günlerimizde täze ideýalar, täze garaýyşlar bilen baýlaşyp, ýaşamagyny dowam edýänligi we gül açýanlygy barada aýratyn nygtaýar.

Bu kitapda halkara gatnaşyklar ulgamynda we hususan-da, diplomatik gullukda işleýän hünärmenler üçin, şeýle hem geljekki hünärmenler üçin hem bahasyna ýetip bolmajak paýhas ýörelgeleri bar

diýsek ýerlikli bolar. Olar ilkinji nobatda, Watana wepalylyk, beýik adamkärçilik we ahlaklylyk, halallyk, lebze ygrarlylyk, başarnyklylyk we ugurtapyjylyk, mylakatlylyk, dilewarlylyk ýaly zerur häsiýetler barada söz açýar.

Parasatly we paýhasly nakyllaryň, atalar sözleriniň diplomatiki gepleşiklere taýýarlyk görmekde we olary geçirmekde, diplomatiki protokolyň kadalaryny berjaý etmekde, bilimi kämilleşdirmekde, ylmy we tejribäni iş ýüzünde ulanmakda hakyky ýerine düşýän jümleleri öz içine alýar. Mälim bolşy ýaly, halkara gepleşiklerini geçirmek we degişli ylalaşyklara gelmek diplomatik işiň iň wajyp serişdeleriniň biri bolup durýar. Gepleşikler bilen bir hatarda, diplomatiki gürrüňdeşlikler we söhbetdeşlikler hem ähmiýetli orun tutýarlar. Islendik diplomatiki gepleşik, gürrüňdeşlik ýa-da söhbetdeşlik daşary-syýasy ulgamdaky işgärlerden ýokary hünär taýýarlygyny, giň dünýägaraýyşly bolmagy we başga-da ençeme häsiýetleri talap edýär. Diplomatlaryň öz wezipelerini netijeli ýerine ýetirmekleri üçin olaryň geçirýän diplomatik gürrüňdeşlikleri birinji orunda durýar. Dürli gürrüňdeşlikleriň netijesinde alnan maglumatlar, metbugat habarlary, beýleki çeşmelerden gelen maglumatlaryň seljerilmegi netijesinde belli mesele ýa-da bellibir ýurt babatynda umumy ýagdaýyň şekili jemlenýär.

Şeýle şekiliň takyklygy, diplomatlaryň geçirýän gürrüňdeşlikleriniň hiline we ýygnaýan maglumatlarynyň anyklygyna bagly bolýar. Gepleşikleriň barşynda söz bilen alynýan maglumatlar bilen birlikde, synlamak we duýmak arkaly hem wajyp çözgütlere gelmek mümkindir. Şol bir wagtda-da, milli bähbitleri goramakda öz döwletiň garaýyşlaryny berk goramak wezipesi öňde durýar. Munuň özi bolsa, ýumşaklyk we mylakatlylyk bilen birlikde batyrgaýlygy we berkligi aňladýar. «Paýhas çeşmesi» kitabynda getirilýän «Dosta «bolar» diýme «ýagşy» diý, duşmana «ýagşy diýme», «göreris diý», «Ätiýaçlylyk –ýigidiň ýaraşygy» ýa-da «Duşman seni tanamanka – sen duşmany tana» ýaly nakyllarda gepleşiklerde bähbitleriň gapma-garşy gelen ýagdaýynda aýratyn üns bermeli taraplary görkezilýär.

Wajyp diplomatik ädimleri amala aşyrmazdan öň dürli duşuşyklary geçirmek we özara maslahatlaşyklaryň barşynda pikir alyşmak örän uly ähmiýete eýedir. Şunuň bilen baglylykda, durmuş tejribesine gönükdiriji nakyllar hem ýerliklidir. Mysal üçin, bu barada «Geňeşli biçilen don gysga bolmaz» ýa-da «Geňeşli salamat bolar» ýaly nakyllar üns bererlikdir. Gepleşiklerde mylakatly we ünsli bolmak hem-de diňlemegi başarmak ýaly häsiýetler hem wajypdyr. Bu babatda «Hoş söz gahary ýeňer», «Az gürle, uz gürle», «Bir sözle, iki diňle», «Dil akyldan ozup ýöremez», «Egri otur-da, dogry sözle», «Kişiniň özüne garama, sözüne gara» ýaly we beýleki nakyllar hakyky paýhas çeşmesidir.

Bu ýerde meşhur ýazyjy Nurmyrat Saryhanowyň «Şükür bagşy» atly taryhy powestinde baş gahrymanyň türkmen diplomatiýasynyň ruhy kuwwatynyň çeşmelerine şaýatlyk edýän şu edebi-çeper beýanatyny getirmeklik maksadalaýyk bolup durýar: «*Men göni hanyň öz ýanyna barmakçy. Emma hanyň alnynda çöke düşjek däl. Baş egip, boýun boljak däl. Näme üçin baş egip barmalymyşym? Ýüzümi ýokary tutup bararyn. Siz arkamda duran wagtyňyzda, men adam öňünde baş egerinmi? Bararyn-da iň ilki bilen siziň şu maslahatyňyzy, şu bolup oturyşyňyzy bolşy-bolşy ýaly edip oňa aýdaryn. «Seniň üstüňe obamyň ýigitleri bilen atly-ýaragly hem gelip bilýärdim, horjuny puldan dolduryp, düýäni halydan ýükläp hem gelip bilýärdim» diýerin. «Emma şeýle gelmekligi maslahat bilmedim, şunuň üçin-de, ine, şeýle geldim*» diýerin-de, oňa dutarymy görkezerin... Garaňky dulda sakgaly kätebir agaryp görünýän ýaşuly bardy. Ol kän geplemeýärdi. Emma welin, göwnüne ýakmadyk zat bolsa, ol hakda iki agyz aýdyp, ýene-de edil ýok ýaly bolup oturýardy. Oňa Oraz aga diýerdiler. Onuň sakgaly ýene-de agaryp göründi, ol ýanynda oturan ýigitleriň egninden ýapyşyp, ileri süýşdi-de şeýle diýdi. – Adamlar, «Hile hem bir batyrlykdyr ýerinde» diýip, weli Magtymgulynyň bir aýdany bardyr. Keýmir hem özüniň gaýduwsyz batyrlygynyň daşyndan abaý-syýasat bilen-de birnäçe işleri bitirip gelipdir. Seredip otursak, bagşynyň aýdanlary ýaňky aýdanlaryma dogry gelýär. Biziň bagşa düşünmegimiz gerek. Biz diňe bir ýigitlere, at-ýaraga daýanyp, bir ýerini depip hem

durmaly däldiris. Bu harapçylyga tarap ýöremekdir. Asla batyrlyk hil-hil bolýandyr. Heý, Görogly ýaly batyr bolarmy? Ol hem: «Gaçyşym bar, kowşuma bermenem» diýip aýdypdyr ahyry. Eger peýdaly bolsa, barymyzdan peýdalanybermegimiz gerekdir. Goý, bagşy barsyn-da: «Üstüňe çozup hem agamy alyp gidip bilýärdim, ýöne, bagşy bolanym üçin, bir-iki sany heň edip bereýin diýip, sazymy aldym-da gaýdyberdim» diýip aýtsyn. Hana-da jan gerekdir. Onuň hem at toýnagynyň aşagyndan çykýan tozanyň astynda galasy gelip duran däldir. Goý, bagşynyň aýdanyna gulak asman görsün, ony masgaralap görsün, onuň elini-aýagyny gandallap görsün. Geliň, bir synanyp göreliň. Eger bagşa başartmaz ýaly bolsa, biz onsoňam bar...».

Bu babatda aýtmak bilen, häzirki zaman halkara tejribesinde hem kybapdaş pähimleriň duş gelýänligini ýatlamak ýerlikli bolar. Mysal üçin, görnükli amerikan alymy, diplomaty we döwlet işgäri Genri Kissinjer özüniň meşhur «Diplomatiýa» eserinde «*Diplomatiýa-bu gara güýji nogtalamagyň sungatydyr*» diýip belleýär.

Gepleşiklerde dilewarlyk, täsirli we ynandyryjy sözleýiş sungaty, şol bir wagtda-da, syr bildirmezlik we içki duýgulary aňdyrmazlyk örän möhümdir. Şunuň bilen baglylykda «Paýhas çeşmesinde» şeýle nakyllar getirilýär: «Agzy gulply sandygy diş açmasa, dil açar», «Galam gylyçdan ýitidir», «Dil bilen dünýäni gezer», «Bugdaý nanyň bolmasa, bugdaý sözüň ýokmudy», «Dil gylyçdan ýiti», «Dil bar – bal getirer, dil bar – bela getirer», «Ýagşy söz ýylany hinden çykarar», «Ýerini bilip sözleseň, dildir başyň galasy, ýerini bilmän sözleseň, dildir başyň belasy», «Hakykaty tyg kesmez», «Manysyz gep bolmaz, dänesiz – çöp», «Söz dogrusy demir diler», «Aýdylan söz atylan ok», «Akmak çynyny aýtjak bolup, syryny aýdar», «Akylla yşarat, akmaga – kötek», «Bekli gapyny sabyr açar», «Syr saklamak – diliň aşagynda köz saklamak». Diplomatiki tejribede başarnykly bolmak we zerur bolan ýagdaýlarda dürli usullary ulanmaklyk hem zerur bolýar. Bu babatda, «Ýolbars ýaly batyr bol, tilki ýaly hilegär», «Haýbat zoruň ýary» we başga-da ençeme pähimler özüne çekiji bolup durýarlar.

Dünýä syýasatynda we halkara gatnaşyklarynda uly yz galdyran meşhur şahslaryň hem bu talaplar bilen bagly aýdan pähimli sözleriniň köp babatda ýokardaky getirilen nakyllar bilen ugurdaş gelýänligi üns bererlikdir. Mysal üçin, meşhur britan döwlet işgäri we akyldary Winston Çerçiliň şeýle sözleri bar: «*Diplomat–bu hiç zat aýtmazdan öň iki gezek oýlanýan adamdyr*». Geçen asyryň ortalarynda Beýik Britaniýanyň daşary işler ministri, premýer-ministri wezipelerinde işlän Garold Makmillan hem şu dana sözleri galdyrypdyr: «*Pähimli diplomat özüniň ýatdan çykarmalysyny mydama ýatda saklaýar*».

Hoşniýetli we dostlukly gatnaşyklary saklamak, öýke-kinä ýol bermezlik, islendik çylşyrymly ýagdaýlarda-da diplomatiki ýollary agtarmak ýaly ýörelgeler barada hem «Paýhas çeşmesinde» köpsanly pähimler bar. Hususan-da, «Haýyr dile goňşyňa, rysgal gelsin aşyňa», «Hormat etseň, hormat görersiň», «Dostuň könesi ýagşy, donuň – täzesi», «Barjak ýeriňe kesek atma, çykan gapyňy batly ýapma», «Bir ýagşylyk müň belany gaýtarar», «Göwni açygyň ýoly açyk», «Güler ýüz hem hormat, hem sowgat», «Uruş, sögüş, ýaraşmaga ýer goý», «Iki dost uruşsa, böriniň işdäsi açylar», «Öýkäň öý ýaly bolsa-da, öýüňe gelende aýtma», «Ýagşa ýagşy diý – bereketi artsyn, ýamana ýagşy diý – pälinden gaýtsyn», «Ýagşy iliniň ýamanyny ýaşyrar, ýagşysyny aşyrar», «Ýagşylyga ýagşylyk her kişiniň işidir, ýamanlyga ýagşylyk – är kişiniň işidir» ýaly nakyllar hakyky maslahatçynyň ýerini tutup bilerler diýilse, hakykatdan daş düşüldigi bolmaz.

Diplomatik kadalar we protokol däpleri babatynda hem «Ilçä ölüm ýok», «Adam edebinden tanalar, ýurt – tugundan», «Altyn görüp azma, kümüş görüp gyzma», «Toýa gitseň doýup git, toý donuňy geýip git», «Myhman az otursa-da, köp synlar», «Adamyň iki gözi – terezi» ýaly we beýleki pähimler hem üns bererlik bolup durýarlar.

Strategik pikirlenmek babatynda birnäçe nakyllar üns bererlikdir: «Anyk ýoly bar millet bagtlydyr», «Boljak oglan ýaşlykdan bellidir», «Pikiriň ömrüňden öňde bolsun!», «Pikiriňem dury, göwnüňem dury,

gözüňem dury bolsun!», «Pikirlenmegi öwrenmek – içi bimöçber, sansyz tyllaly hazynanyň açaryny edinmekdir».

Şeýlelik bilen, türkmen halkynyň milli mirasynda häzirki zaman diplomatiki tejribede we iş ýüzünde eýermek üçin gymmatly ýörelgeleriň bardygyna biz «Paýhas çeşmesi» kitabynyň mysalynda we beýleki miras çeşmelerinde aýdyň göz ýetirýäris.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Milli mirasyň diplomatiki sungatda nähili ähmiýetli orny bar?*
*2. Türkmen nakyllarynyň strategiki pikirlenişde nähili ähmiýeti bar?*
*3. Daşary ýurt diplomatiýasynyň haýsy mysallaryny getirip bolar?*

# DÖRDÜNJI BÖLÜM

## TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASY STRATEGIÝASYNYŇ ESASY UGURLARY

### §1. Bitaraplygyň taryhy tejribesi we onda Türkmenistanyň daşary-syýasy strategiýasynyň ähmiýeti we orny

Türkmenistanyň Prezidentiniň pähim-paýhasy mynasybetli döwletimiz halkara gatnaşyklary ulgamynda hemmetaraplaýyn ölçerilen we deňagramly syýasaty amala aşyrýar. Öňe sürülýän möhüm halkara başlangyçlary we iri taslamalary sebit we giň dünýä jemgyýetçiliginiň halklar we ýurtlar üçin berk parahatçylygy we abadan durmuş-ýaşaýşy üpjün etmek boýunça tagallalaryny birleşdirmäge gönükdirilendir. Milli ösüşiň ägirt uly gerimleri we daşary-syýasy strategiýanyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi durnukly ösüşi üpjün etmegiň maksatlaýyn wezipelerine laýyk gelýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen yglan edilen Bitaraplyk we parahatçylyk ýyly bolan 2015-nji ýyl Türkmenistanyň halkara abraýynyň ýokary derejesine aýdyň şaýatlyk etdi. Milli baýramçylyk senesi bolan 12-nji dekabrda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 20 ýyllygynyň dabaraly bellenilmegi ýurt möçberinde we uly halkara derejesinde hem wajyp daşary-syýasy waka öwrüldi.

Taryha nazar aýlanyňda halkara syýasatynda bitaraplyk strategiýasynyň ençeme mysallaryny görmek bolýar. Olar, esasan uruş döwrüniň bitaraplygy ýa-da emele gelýän uruş-dawalardan çetde durmak üçin bitaraplyk ýörelgelerine eýermek bilen şertlendirilendir. Şu taryhy tejribe nukdaýnazaryndan, Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk derejesine eýe bolmagynyň parahatçylyk şertlerinde, ýaş we garaşsyz döwletiň hut özüniň başlangyjy bilen halkara ulgamynyň iň ýokary derejesi bolan Birleşen Milletler Guramasynda ykrar edilmegi bilen resmileşdirilendigini aýratyn nygtamak ýerlikli bolar.

Daşary syýasatda bitaraplyk düşünjesi giň mazmuna eýedir we onuň dürli ölçegleri bardyr. Mälim bolşy ýaly, bitaraplyk düşünjesi özüniň etimologiki gelip çykyşy boýunça «neuter» -«ol hem däl, bu hem däl» diýen manyny aňladýan gadymy latyn sözünden emele gelipdir. Halkara gatnaşyklary nukdaýnazaryndan bolsa döwletiň uruş-dawalara gatyşmazlygyny we harby-syýasy bileleşiklere goşulmazlygyny aňladýar. Şeýle döwlet beýleki taraplara deň garaýyş bilen bakýar hem-de dawaly meselede haýsy-da bolsa aýratyn bir döwletiň tarapynda durmaýar.

Mazmun taýdan, bitaraplygyň daşary-syýasy, syýasy-hukuk we halkara-hukuk ölçegleri bardyr. Daşary-syýasy we syýasy-hukuk nukdaýnazaryndan bitaraplyk döwletiň syýasy erkini aňladýar we onuň mazmuny harby bileleşiklere gatnaşmazlyk, uruşýan taraplara goşulmazlyk ýaly ýörelgeleri öz içine alýar. Halkara-hukuk jähtinden bitaraplyk düşünjesi haýsydyr bir döwletiň şeýle halkara-hukuk derejesiniň beýleki döwletler tarapyndan ykrar edilmegini we bu barada degişli resminamada beýan edilmegini, bitaraplyk bilen bagly borçlary we hukuklary we başga-da degişli ýörelgeleri öz içine alýar.

Halkara gatnaşyklarynda bitaraplyk ýörelgeleriniň döremeginiň we iş ýüzünde amala aşyrylmagynyň baý tejribesi bar. Şu babatda bitaraplyk derejesi dürli görnüşlere eýe bolýar: 1. Bitaraplygyň dowamlylygy nukdaýnazardan: a) hemişelik bitaraplyk we b) wagtlaýyn bitaraplyk; 2. Bitaraplygyň taryhy we halkara-syýasy şertlere görä döremegi nukdaýnazaryndan: a) uruş şertlerinden gelip çykýan bitaraplyk we b) dürli döwletleriň milli we daşary-syýasy bähbitlerinden gelip çykýan bitaraplyk; 3. Halkara-hukuk taýdan resmileşdirilişine görä: a) köptaraplaýyn we b) ikitaraplaýyn şertnamalar arkaly döredilen bitaraplyk derejeleri tapawutlandyrylýar.

Islendik ýagdaýda-da, bitaraplyk – bu halkara meselelerine çemeleşmekde parahatçylyk ýoluny saýlap alan döwletiň daşary-syýasy garaýşyny we halkara gatnaşyklar ulgamyndaky ornuny aňladýar. Şunuň bilen baglylykda, bitaraplygyň hereket ediş mümkinçiliklerine we halkara ýagdaýyna täsir ediş çäkleriniň gerimine görä: a) oňyn we b) işjeň bitaraplyk hem tapawutlandyrylýar.

Halkara gatnaşyklarynyň taryhyndan mälim bolşy ýaly, bitaraplygyň ilkinji görnüşleri harby-syýasy mazmuna eýe bolupdyr we soňraky taryhdöwürlerde bitaraplygyň syýasy-hukuk we halkara-hukuk ýörelgeleri esaslandyrylypdyr. Bitaraplyk düşünjesiniň giň mazmunynyň çäklerinde onuň daşary-syýasy ýörelgesi we halkara-hukuk kadasy hökmündäki jähtleri bir-biriniň üstüni doldurýarlar.

Mysal üçin, hindileriň gadymy mukaddes kitaby bolam Manu kanunlarynda (b.e.ö. 1-nji müňýyllyk) bitaraplyk hakynda ilkinji düşünjelere duşmak bolýar. Käbir bitarap döwletleriň beýleki özara dawaly taraplary parahatçylyga mejbur eden ýagdaýlary hem bolupdyr. Mysal üçin, Müsür döwleti b.e.ö. 206-njy ýylda Makedoniýany we Etoliý ýaranlygyny özara urşy ýatyrmaga we parahatçylyk şertnamasyny baglaşmaga mejbur edipdir. Munuň üçin, ilkinji nobatda, Müsüriň uruşýan taraplara bolan bitarap syýasaty, uly kuwwaty we abraýy esas bolup hyzmat edipdir.

Orta asyrlarda ulanylan bitaraplyk ýörelgeleri erkin deňiz söwdasyny üpjün etmekde uly ähmiýete eýe bolupdyr. Olar, esasan, deňiz söwda ýollarynyň howpsuzlygy we bitarap ýurtlaryň söwda gämileriniň päsgelsiz hereket etmekleri baradaky aladalar bilen baglydyr. Beýle diýildigi, söwda gämileriniň dartgynly ýagdaýdaky suw giňişliklerinden pasgelçiliksiz geçmek hukugynyň berjaý edilmegine degişli özara ylalaşylan halkara kadalarynyň ýerine ýetirilmegini aňladýar

Halkara deňiz gatnaşyklaryndaky bar bolan söwda we söwda ýollarynyň howpsuzlygy, gäminiň baýdagy we ýüküň eýeçiligi ýaly ençeme meseleler bilen bagly halkara-hukuk kadalarynyň kabul edilmegi bitaraplyk ýörelgeleriniň iş ýüzünde ulanylmagyny has-da kämilleşdiripdir. Muny XIV asyrda rejelenen görnüşe getirilen «Deňiz konsulaty» (ispança: Consolato del Mare) atly deňizde ýüzüş kadalarynda hem görmek bolýar. Ol kadalar XI–XIV asyrlarda toplanan gadymy ispan deňiz söwdasynyň däplerini öz içine alypdyr.

Bitaraplyk düşünjesi eldegrilmesizlik ýörelgesi bilen bir manyda hem ulanylypdyr. Bu babatda Şweýsariýa, Belgiýa, Lýuksemburg baky bitarap döwletler hökmünde hasaplanypdyr. Wagtyň geçmegi

bilen, bitarap ýurtlaryň ähmiýeti artyp ugrapdyr we bu halkara-hukuk derejesiniň üýtgewsiz berjaý edilmeginde gyzyklanmalar barha ösüpdir. Şu mynasybetli, bitarap döwletiň uruş hereketlerine düýbünden goşulmazlyk ýörelgesi has giň goldawa eýe bolupdyr. Bitaraplykda tarapgöýsizlik ýörelgesini işläp düzen şweýsar alymy Wattel 1758-nji ýylda şeýle ýazypdyr: «*Uruş wagtynda hakyky bitarap ýurtlar hiç hili söweşlere gatnaşmaýarlar, emma uruşýan taraplara bolan deň derjedäki dostlukly garaýyşlaryny saklap galýarlar we olara zyýan ýetirjek hereketlerden saklanýarlar*».

Taryhy we syýasy tejribäniň baýlaşmagy bilen, bitaraplyk ýörelgeleri has kesgitli görnüşe eýe boldy we onuň kadalaryny gyşarnyksyz berjaý etmek babatyndaky halkara-hukuk resminamalary kabul edildi. Olaryň arasynda 1907-nji ýylda baglaşylan V Gaaga konwensiýasyny we oňa degişli 1937-nji ýylyň London protokolyny, 1928-nji ýylda kabul edilen deňiz bitaraplygy baradaky Gawana konwensiýasyny, 1949-njy ýylda kabul edilen dört sany Ženewa konwensiýalarynda berkidilen ýörelgeleri görkezip bolar.

Garaşsyz ýurtlaryň hemişelik bitaraplygyň hukuk taýdan berkidilmeginiň birnäçe ýollar bilen amala aşyrylýandygyna taryh şaýatlyk edýär. Mysal üçin, gyzyklanýan döwletler haýsydyr bir beýleki döwletiň bitaraplygy barada degişli halkara şertnamasyny baglaşyp biler. Şeýle şertnamanyň güýji wagt babatynda çäklendirilmeýär we ol geljege tarap gönükdirilendir.

Häzirki döwürde Türkmenistan bilen bir hatarda, birnäçe döwletler hemişelik bitaraplyk halkara-hukuk derejesine eýedir we olaryň arasynda ilkinji nobatda Şweýsariýany (1815 ý.), Lihtenşteýni (1868 ý.), Watikany (1929 ý.), San-Marinony (1939 ý.), Awstriýany (1955 ý.), Laosy (1962 ý), Maltany (1981 ý.) we Kambojany (1991 ý.) görkezip bolar.

Şweýsariýanyň hemişelik bitaraplygyny ykrar etmek baradaky ylalaşyk Awstriýa, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Russiýa we Portugaliýa tarapyndan 1815-nji ýylyň 8-nji noýabrynda gol çekilýär we 1919-njy ýylyň Wersal parahatçylyk şertnamasy bilen tassyklanýar. Ylalaşyk baglaşan döwletler Şweýsariýanyň hemişelik bitaraplygyny ykrar etmek bilen, onuň bitaraplygy bilen bilelikde döwlet çäkleriniň eldegrilmesizligini hem kepillendirdiler. Munuň özi bolsa Şweýsariýanyň

bitaraplygy bozulan ýagdaýynda onuň goragyna çykmaga borçlanýandyklaryny aňladýar. Şol bir wagtda-da, Şweýsariýanyň syýasy we harby-syýasy bitaraplyk taryhynyň has irki döwürlerden başlanýandygy barada birnäçe garaýyşlaryň bardygyny ýatlamak ýerlikli bolar. Käbir alymlaryň nygtamagyna görä, Şweýsariýanyň bitaraplygy 1516-njy ýylyň 29-njy noýabrynda başlanýar. Bu senede Şweýsariýa Fransiýa bilen ýaraşyk şertnamasyny baglaşypdy we «baky parahatçylyk» yglan edilipdi. 1713-nji ýylda Şweýsariýanyň bitaraplygy Utreht ýaraşyk şertnamasyny baglaşan Fransiýa, Ispaniýa, Niderlandlar we Angliýa tarapyndan ykrar edildi.

Şweýsariýanyň hemişelik bitaraplygynyň ykrar edilmegi bilen bir wagtda, onuň hemişelik bitaraplyga gyşarnyksyz eýermek we döwletleriň arasynda ýüz berýän uruşlaryň hiç birine-de gatyşmazlyk baradaky borçlaryny hem esaslandyrdylar. Şunuň bilen baglylykda, hiç bir döwlet tarapyndan Şweýsariýanyň haýsy-da bolsa bir urşa gatnaşmagyny talap etmeklige hem ýol berilmeýär.

Şeýlelik bilen, Wena kongresinden soňra geçen iki asyrlyk döwrüň içinde, şol sanda XIX–XX asyrlaryň dowamynda bolup geçen örän çylşyrymly döwürlere we taryhy şertlere garamazdan, Şweýsariýa özüniň hemişelik bitaraplygyny berjaý edip gelýär. Şol bir wagtda-da, Şweýsariýa sözüň doly manysynda beýik döwletleriň arasynda harby-syýasy babatda ylalaşdyryjy merkeze öwrüldi. Ýurduň Ženewa we beýleki şäherlerinde ençeme, yzygiderli gepleşikler, konferensiýalar geçirildi we wajyp halkara resminamalary kabul edildi.

ABŞ-nyň ilkinji Prezidenti J.Waşington 1793-nji ýylda ýörite Bitaraplyk Jarnamasyny uglan etdi we onda Ýewropa döwletleriniň işlerine goşulmazlyk baradaky garaýyşlaryny beýan etdi. 1796-njy ýylyň 19-njy sentýabrynda nobatdaky ABŞ prezidentlik saýlawlarynyň öň ýanynda J.Waşington özüniň «Millete hoşlaşyk ýüzlenmesini» çap etdi we onda amerikan döwletiniň geljegine bolan garaýyşlaryny beýan etmek bilen, daşary syýasatda bitaraplyk ýörelgelerine bolan goldawyny ýene bir gezek tekrarlady. Şunuň bilen baglylykda, ol «ähli ýurtlar bilen parahatçylygy we ylalaşyklygy saklamagy, ...söwda gatnaşyklaryny ösdürmekligi we ...mümkin boldugyça syýasy çolaşyklara girmezligi» wesýet etdi. Şunuň bilen baglylykda, ABŞ-nyň taryhynda 1917-nji, 1935-nji, 1937-nji we 1939-njy ýyllarda bitaraplyk baradaky kanunlaryň kabul edilendigini ýatlamak

ýerliklidir. Mundan başga-da, ABŞ-nyň Federal jenaýat Kodeksinde «Bitaraplyga kast edilmegi» atly ýörite babyň bardygyny hem ýatlamak zerur.

Taryhy şertlerde bitaraplyk ýörelgesine eýermeklik döwletiň özygtyýarlylygyny, çäk bitewüligini saklamak we goramak babatynda netijeli gurala öwrüldi. 1868-nji ýylda German bileleşiginiň dargamagy bilen Lihtenşteýn özüniň bary-ýogy 80 adamdan ybarat goşunyny ýatyrdy we özüniň hemişelik bitaraplygyny yglan etdi we ol häzire çenli dowam edýär. 1929-njy ýylyň 11-nji fewralynda Lateran Apostol köşgünde (Palazzo Laterano) Italýan döwleti bilen Watikanyň arasynda ylalaşyklar baglaşyldy. «Lateran ylalaşyklary» ady bilen taryha giren bu ylalaşyklaryň esasyny tutýan Şertnamada Rim Papasyny halkara gatnaşyklarynda baky bitaraplyga we ýüz tutulmadyk ýagdaýynda jedellerde araçyllyga girişmekden saklanmaga borçly edýär.

Awstriýanyň parlamenti 1955-nji ýylyň 26-njy dekabrynda «Awstriýanyň bitaraplygy baradaky» Federal konstitusion kanuny kabul etdi. Bu kanunyň 1-nji maddasynda görkezilişi ýaly, Awstriýa özüniň halkara ulgamyndaky garaşsyzlygyny we öz çäkleriniň eldegrilmesizligini uzak döwürleýin we hemişelik berkarar etmek maksady bilen, özüniň hemişelik bitaraplygyny meýletin aýan edýär.

Bu maksatlaryň üpjün edilmegi üçin bu kanunda Awstriýanyň hiç hili harby bileleşiklere goşulmajakdygy we öz çäklerinde beýleki döwletleriň harby gurluşlarynyň döredilmegine ýol berilmejekdigi baradaky düzgün berkidilýär.

1962-nji ýylyň 23-nji iýulynda Ženewada 14 sany döwletiň gatnaşmagynda Laos meselesini kadalaşdyrmak baradaky halkara maslahaty bolup geçdi we onda Laosyň bitaraplygy baradaky Jarnama gol çekildi. Kabul edilen bu resminamada maslahata gatnaşyjylar Laosyň hökümetiniň ýurduň bitaraplygy baradaky 1962-nji ýylyň 9-njy iýulyndaky Beýannamasyny dykgata alýandyklaryny we Laosyň özygtyýarlylygyna, garaşsyzlygyna, birligine we çäk bitewüligine hormat goýjakdyklaryny we berjaý etjekdiklerini ykrar etdiler.

Maltanyň hökümeti 1981-nji ýylyň 14-nji maýynda «Maltanyň bitaraplygy baradaky» Jarnamany tassyklady. Bu Jarnamada Malta bitarap döwlet hökmünde yglan edilýär we onuň islendik harby

bileleşiklere gatnaşmakdan ýüz öwürýändigi aýan edilýär. Beýan edilişine görä, Maltanyň hiç bir desgasyny daşary ýurt ýaragly güýçleriniň bir ýere toplanmagyna sebäp bolup biljek görnüşde ulanylmaga ýol berilmeýär.

Kambojanyň bitaraplyk derejesi 1991-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda bolan Kamboja boýunça Pariž maslahatynyň Jemleýji akty bilen kesgitlendi. Bu resminamanyň esasy bölegi bolan Kambojanyň özygtyýarlylygynyň, garaşsyzlygynyň, çäk bitewüliginiň we eldegrilmesizliginiň, bitaraplygynyň we milli birliginiň ykrar edilmegi baradaky Ylalaşyk bolup durýar. Bu ylalaşykda Kambojanyň öz bitaraplygyny milli kanunçylykda berkitmek baradaky borçnamasy berkidilýär. Ylalaşyga gatnaşyjy taraplar Kambojanyň bu halkara-hukuk derejesini ykrar etmekligi we hormatlamagy borç edindiler. Hemişelik bitaraplyk baradaky borçnama eýýäm 1957-nji ýylyň 6-njy noýabrynda güýje giren Kambojanyň bitaraplygy baradaky kanunynda öz beýanyny tapypdy.

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň 20 ýyllyk tejribesi halkara derejesinde uly gyzyklanma bilen öwrenilýär we oňyn nusga hökmünde kabul edilýär diýilse hakykata laýyk bolar. Mysal üçin, 2015-nji ýylyň 9-njy sentýabrynda Mongoliýanyň Prezidenti Sahiagiýn Elbegdoržyň teklibi bilen bu ýurduň Milli howpsuzlyk Geňeşi Mongoliýanyň hemişelik bitaraplyk derejesine eýe bolmagy hakyndaky karary kabul etdi. Beýik Döwlet Huralyna Mongoliýanyň taze halkara-hukuk derejesini kanunçylyk taýdan berkitmeklik teklip edildi. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 70-nji sessiýasynda çykyş etmek bilen Prezident S.Elbegdorž Mongoliýanyň hemişelik bitaraplyk derejesine eýe bolýandygyny yglan etdi. Bu ýurduň daşary işler ministriniň aýan etmegine görä, Mongoliýanyň 1992-nji ýylda kabul eden Konstitusiýasynda hem bitaraplygyň binýatlyk ýörelgeleri bardy. Olara görä mongol döwleti harby-syýasy ýaranlyklara goşulmaýar we deňagramly daşary syýasaty alyp barýar.

Taryhda diňe bir ýurduň däl, eýsem käbir sebitleriň ýa-da aýry-aýry syýasy-geografiki zolaklaryň hem bitaraplygynyň yglan edilen ýagdaýlary bolupdyr. Mysal üçin, 1970-nji ýylyň sentýabr aýynda Goşulyşmazlyk hereketiniň Lusaka (Zambiýa) şäherinde bolan maslahatynda Malaýziýanyň şol wagtky premýer-ministri Tun

Abdul Razak Günorta-Gündogar Aziýa sebitini bitaraplygyň we parahatçylygyň zolagyna öwürmek barada teklip bilen çykyş etdi. Onuň pikirine görä, bitaraplygyň bu görnüşi däp bolan Şweýsariýanyň ýa-da Awstriýanyň bitaraplygyndan tapawutlydy. Bu bitaraplyk harby bileleşiklere goşulmaklyk ýa-da ýaragly güýçleri döretmek mümkinçiligini aradan aýyrmaýardy we şonuň üçin ýaragly güýçler bitaraplyk düşünjesine ýakyn bolup durýardy. Munuň hem öz sebäbi bardy we ol, ilkinji nobatda, kuwwatly we iri döwletleriň kiçi we orta döwletleriň içki işlerine goşulmaklygyna garşy durmagyň bir görnüşi bolup durýardy. 1970-nji ýylyň noýabr aýynda ASEAN agza döwletler Kuala-Lumpur şäherinde Günorta-Gündogar Aziýany parahatçylygyň, erkinligiň we bitaraplygyň zolagy hökmünde yglan edýän Jarnama gol çekdiler.

1977-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda ABŞ bilen Panama Respublikasynyň arasynda «Panama kanalynyň hemişelik bitaraplygy we ulanylmagy baradaky Şertnama» gol çekildi. Bu Şertnamanyň 2-nji maddasynda beýan edilişine görä, Panama Respublikasy Kanaldyň bitaraplygyny yglan edýär we munuň özi parahatçylyk wagtynda-da, uruş wagtynda-da ähli ýurtlaryň doly deňligini üpjün etmek bilen olaryň gämileriniň parahatçylykly geçmegi üçin Kanaldyň howpsuz we açyk bolup galmagyny üpjün etmeklige gönükdirilendir.

Şeýlelik bilen, bitaraplyk ýörelgeleriniň iň ýokary görnüşi bolan hemişelik bitaraplyk derejesine diňe halkara hukugynyň doly hukukly subýektiniň, ýagny garaşsyz we özygtyýarly döwletiň eýe bolup biljekdigine halkara gatnaşyklarynyň we diplomatiýanyň taryhy aýdyň şaýatlyk edýär. Şol bir wagtda, hemişelik bitaraplykdan gelip çykýan borçlar ol döwletiň özygtyýarlylygyny çäklendirmeýär. Häzirki zaman halkara hukugy hemişelik bitaraplyk borçnamalarynyň ak ýürekden ýerine ýetirilmegi ýörelgesini berkitmek bilen, şeýle belent derejä eýe bolan döwletler üçin goşmaça kepillikleri hem emele getirýär. Munuň hut şeýledigini biz Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň häzirki zaman şertlerindäki derwaýyslygynyň barha ösmeginde we halkara jemgyýetçiligi tarapyndan giňden goldaw tapmagynda görýäris.

1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýörite «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly rezolýusiýasynyň kabul edilmegi ýaş türkmen döwletiniň parahatçylyksöýüjilikli we ynsanperwer daşary syýasatyna halkara bileleşiginiň beren iň ýokary bahasyna şaýatlyk etdi. 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly rezolýusiýasynyň ýene bir gezek biragyzdan kabul edilmegi bolsa Türkmenistanyň sebit we dünýä möçberinde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen netijeli daşary syýasatynyň ählumumy ykrar edilmeginiň doly subutnamasy bolup durýar. Rezolýusiýada sebitde parahatçylygyň we howpsuzlygyň berkidilmeginde Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesiniň taryhy tejribesi we aýgytlaýjy ähmiýeti, halkara gatnaşyklary ulgamynda dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmekdäki hyzmaty ykrar edilýär.

Dünýä jemgyýetçiligi Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesini almagyna ýokary baha berýär we onuň ähmiýeti zamananyň öňde goýýan wezipelerine mynasyp jogap bermegiň täze sepgitlerini öz içine alýar. Hut şonuň üçin hem Türkmenistanyň Bitaraplyk güni bolan 12-nji dekabr senesi milli baýramçylyk hökmünde has giň gerime eýe bolýar hem-de täze asyryň ýönekeý bolmadyk şertlerindäki taryhy eýýamyň we öňde duran siwilizasion wezipeleriň çäkleri bilen ölçelýär. Bitaraplygyň türkmen nusgasy sebitde durnuklylygy we howpsuzlygy, parahatçylyksöýüjilikli başlangyçlaryň durmuşa geçirilmeginiň, halkara derejesinde derwaýys meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylmagynyň we olary çözmegiň wajyp guraly hökmünde kabul edilýär. Türkmenistanyň öňe sürýän başlangyçlary diňe sebitdäki goňşy döwletleriň çäklerinde däl, eýsem ählumumy derejede dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň we özara hereketleriniň giňelmegine gönükdirilen, sebit we ählumumy geosyýasy meseleleri çözmek üçin zerur bolan şertleri döredýär.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Bitaraplygyň nähili görnüşleri bar?*
*2. Deňizde ýüzüş kadalary nämäni aňladýar?*
*3. Türkmenistanyň bitaraplyk tejribesiniň ähmiýeti nämede?*

## § 2. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk strategiýasynyň parahatçylygy dörediji mazmuny

Türkmenistan öz özüniň Konstitusiýasy we BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda kabul eden «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly 50/80 belgili ýörite Rezolýusiýasy esasynda hemişelik Bitaraplyk halkara-hukuk derejesine eýe bolan döwletdir. BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan halkara gatnaşyklarynyň taryhynda ilkinji gezek şeýle ýörite Rezolýusiýanyň kabul edilmegi dünýä bileleşigi tarapyndan Türkmenistanyň parahatsöýüjilikli daşary syýasatynyň, onuň halkara syýasatyndaky oňyn ugrunyň ykrar edilmegidir.

BMG-niň Baş Assambleýasy her bir döwletiň öz daşary-syýasy strategiýasyny kesgitlemekde özygtyýarlylyk hukugynyň bardygyny, şeýle hem Türkmenistanyň sebit we bütin dünýä döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmäge gönükdirilen işjeň we oňyn ornuny goldady.

Dünýä bileleşigi şu günki gün hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygyndaky bitarap Türkmenistanyň daşary-syýasy kuwwatynyň barha ösýänliginiň şaýady bolýar. Bu kuwwat bolsa syýasy-diplomatiki serişde hökmünde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde doly derejede hereket edýär. Türkmenistanyň bitaraplygy sebit durnuklylygynyň, ýurtlaryň arasynda geosyýasy we milli bähbitleri berjaý etmek bilen siwilizlenen gepleşikleriň wajyp faktory bolup durýar. Bitarap Türkmenistanyň umumy dünýä ýagdaýlaryna oňyn we hemmetaraplaýyn ölçerilen çemeleşmeleri döwletleriň we halklaryň arasynda özara düşünişmek, deňhukuklylyk, milli bähbitlere hormat goýmak derejelerini üpjün etmäge ýardam berýär. Türkmenistanyň bitaraplygy halkara hukugynyň we diplomatiýanyň, şeýle hem parahatçylygy döredijі gepleşikleriň oňyn tejribesiniň, halkara hyzmatdaşlygyny berkitmäge ýardam berýän iri başlangyçlary öňe sürmek bilen öňüni alyş çäreleriniň aýrylmaz utgaşygyny emele getirýär.

2015-nji ýylyň Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 20 ýyllygyna bagyşlanyp, Bitaraplyk we parahatçylyk ýyly hökmünde yglan edilme-

gi çuňňur mana eýedir. Maksatnamalaýyn çäreleriň iň ýokary derejesi bolsa 2015-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda üstünlikli geçirilen ýokary derejeli «Bitaraplyk syýasaty: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň hatyrasyna halkara hyzmatdaşlygy» atly halkara maslahaty boldy. Bu şanly sene milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň amala aşyrýan parahatçylyksöýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, açyklyk, netijeli ykdysady we medeni-gumanitar hyzmatdaşlyk ýörelgelerine eýerýän daşary syýasatynyň beýanaty boldy. Halkara jemgyýetçiligi tarapyndan giň goldaw tapan we ösüşe gönükdirilen bu syýasat Türkmen döwletiniň BMG-niň iki gezek ýörite Rezolýusiýasy bilen ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk derejesinde aýdyň ýüze çykýar. Bitaraplyk syýasatynyň durmuşa geçirilmegi ýurdumyzyň milli bähbitlerini üpjün etmek bilen, sebit we global möçberlerde ähluмumy maksatlara laýyk gelýär.

2016-njy ýylyň 27-nji oktýabrynda Türkmenistanyň köpmilletli halky özüniň iň täze taryhyndaky şanly senäni – Döwlet Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyny giňden belläp geçdi. Garaşsyzlyk gadymy türkmen topragynda erkin we abadan durmuşy gurmaga mümkinçilik döretdi. Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň mähriban Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllyk şanly senesine bagyşlap ýazan «Türkmenistan» atly kitabynda Türkmen döwletiniň döremeginiň we häzirki zaman ösüşiniň binýatlyk esaslaryny beýan etdi. Bu kitapda Diýarymyzyň 25 ýyllyk özygtyýarly döwlet hökmünde ösüşiniň şöhratly taryhy barada aýdylýar.

Wajyp wakalaryň mysalynda Garaşsyzlygyň diňe taryhy nukdaýnazardan däl-de, eýsem ýurduň geljegi üçin hem örän uly ähmiýeti görkezilýär. Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, geçmiş häzirki zamana gulluk edýär, şu günki günüň we geljegiň gymmatlyklaryna doly we hakyky düşünmäge ýardam berýär. Milli Liderimiziň aýdyşy ýaly, geçen 25 ýylyň içinde halkyň aňynda, medeni we ruhy durmuşynda örän uly üýtgeşiklikler bolup geçdi, düýbünden täze jemgyýetçilik gatnaşyklary emele geldi. Döwlet özygtyýarlylygy milli ruhy we maddy gymmatlyklary, şeýle hem türkmen halkynyň ýokary adamkärçilikli däplerini gaýtadan dikeltmek üçin oňaýly mümkinçilikleri döretdi. Olaryň kökleri müňýyllyklara tarap uzalyp gidýär we nesillerden-nesillere geçip gelýär.

Garaşsyzlyk we Bitaraplyk, Türkmenistanyň döwlet esaslarynyň bitewüligini we berkligini, türkmen halkynyň taryhy ýoluny we üstünliklerini aňlatmak bilen, biziň döwletimiziň halkara giňişligindäki ýokary abraýyny we täsin ornuny görkezýärler. Olar aýratyn hem hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda okgunly we yzygiderli amala aşyrylýan daşary-syýasy strategiýasynda aýdyň görünýär. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy özüniň manysy we ähmiýeti boýunça diňe bir döwletiň çäklerinden has uzaklara çykýar. Şu gün Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesi dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan Merkezi Aziýada we umuman tutuş dünýäde geosyýasy deňagramlylygy, howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmegiň möhüm faktory hökmünde hasap edilýär.

Şu günki gün Türkmen döwletiniň we onuň Lideriniň halkara arenasyndaky abraýy taryhda görlüp-eşidilmedik belentliklere göterildi. Häzirki zamanyň daşary-syýasy fenomeni hökmünde Türkmenistanyň Bitaraplygy barha derwaýys häsiýete eýe bolýar. Bu aýratyn hem giň syýasy gepleşikleri ýola goýmagyň we ösdürmegiň işjeň guraly hökmünde ýüze çykýar. Bu ýerde ileri tutulýan ýörelgeler hökmünde deňhukuklylyk, özara hormat we ylalaşyklara gelmäge ymtylmak, planetada parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen binýatlyk wezipeleri göz öňünde tutmak ýaly meselelerde has aýdyň görünýär. Türkmen Bitaraplygynyň açyk we parahatsöýüjilikli häsiýetini hem-de onuň häzirki zaman meselelerini bilelikde çözmeklige ygrarlylygy onuň oňyn keşbiniň geografiki çäklerini düýpli giňeldýär. Bu ýerde Türkmenistanyň Baştutanynyň Birleşen Milletler Guramasynyň belent münberinden aýan edilen iri halkara başlangyçlarynyň we tekliepleriniň aýratyn ähmiýetli orun tutýandygyny bellemek zerur.

Konstitusion derejede jemgyýetiň iň ýokary gymmatlygynyň adam bolup durýandygy barada yglan edilen Türkmenistanda her bir raýat hakynda, aýratyn hem ýaşlar babatynda çuňňur alada edilýär. «Döwlet adam üçindir!» atly şygaryň astynda iri maksatlaýyn çäreleriň durmuşa geçirilmegi Türkmenistanda düýpli özgerişlikleriň döwletimiziň Garaşsyzlygynyň esaslaryny berkitmäge we onuň kuwwatyny artdyrmaga hyzmat edýändigini görkezýär. Özgerişlikler

ýurdumyzyň durnukly durmuş-ykdysady ösüşini üpjün etmäge, mähriban halkymyzyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli gowulandyrmaga mümkinçilik berýär.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap amala aşyrýan oňyn bitaraplyk daşary syýasatynyň BMG derejesinde ykrar edilmegi halkara gatnaşyklary ulgamynda synagdan geçen institutlaryň biri bolan bitaraplygyň taryhynda-da ilkinji tejribe boldy. Halkara bileleşigi Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň mysalynda halkara gatnaşyklarynyň hil taýdan täze nusgasynyň döremeginiň şaýady boldy. Türkmenistanyň bitaraplygy Merkezi Aziýa sebitinde we ondan hem has giň çäklerde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň, durnukly ösüşiň özboluşly we netijeli guraly hökmünde herekete girdi.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň esasy maksady nämeden ybarat?*
*2. BMG-niň Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýasynyň esasy bölümlerini häsiýetlendiriň.*
*3. Türkmenistanyň bitaraplygynyň nähili kepillikleri bar?*

## §3. Bitarap Türkmenistanyň geosyýasy strategiýasy

Türkmenistanyň bitaraplygy, daşary syýasy ugry onuň harby-syýasy birleşiklere goşulmazlyk we dünýäniň ähli halklary bilen hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny ösdürmek bilen, baglydyr.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzyň Bitaraplygynyň şanly 20 ýyllyk senesi mynasybetli 2015-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda geçirilen «Bitaraplyk syýasaty: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň ugrunda halkara hyzmatdaşlyk» atly ýokary derejeli halkara maslahatynda sözlän sözünde şeýle diýdi: «*Biz daşary syýasatda oňyn Bitaraplyk diýip atlandyran ugrumyzy saýlap aldyk. Parahatçylyk söýüjiligi, beýleki döwletleriň işlerine gatyşmazlygy, olaryň özygtyýarly ösüş ýoluna we çäk bitewüligine hormat goýmagy, halkara harby guramalara we şertnamalara gatnaşmazlygy daşary syýa-*

*sat ugrumyzyň esasy düzgünleri hökmünde kesgitledik. Biz näme üçin şeýle ýoly saýlap aldyk? Ilkinji nobatda, elbetde, biz ýurdumyzyň milli bähbitlerinden ugur aldyk. Ýaş türkmen döwleti öz goňşy ýurtlary bilen parahatçylyga we agzybirlige eýerip hyzmatdaşlyk etmek isleýärdi. Dünýäniň ähli ýurtlary bilen dostlukly, deňhukukly gatnaşyklary saklamagy, özara bähbitli ykdysady, söwda gatnaşyklaryny ösdürmegi maksat edinýärdi. Diňe şeýle şertlerde mähriban halkymyzyň asudalygyny we abadançylygyny üpjün edip, ykdysady hem-de durmuş taýdan ösüşiň maksatnamalaryny ýerine ýetirip boljakdygyna biz berk ynanýardyk*».

Türkmenistan özüniň anyk ýörelgelerine we aýdyň maksatlaryna esaslanýan köptaraplaýyn we toplumlaýyn häsiýetdäki daşary syýasaty amala aşyrýar. Şu jähtden, parahatçylyksöýüjilikli ugruň mundan beýläk-de ösmeginde täze başlangyç sepgit hökmünde «Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2013–2017-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynyň» durmuşa geçirilmegi bolup durýar.

Konsepsiýanyň esasynda türkmen döwletiniň oňyn bitaraplygynyň düýbüni tutýan ýörelgeler goýlandyr. Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda işlenilip düzülen maksatnamalaýyn daşary-syýasy resminama geljekki bäş ýyl döwürde Türkmenistanyň alyp barjak halkara işiniň mazmunyna we ileri tutulýan ugurlaryna garaýyşlarynyň toplumyny öz içine alýar. Konsepsiýanyň esasy mazmuny Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary syýasat meselelerine bagyşlanan maksatnamalaýyn çykyşlarynda, şeýle hem bu ugurda kabul eden degişli çözgütlerinde öňe sürlen strategik wezipelerden gelip çykýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy we daşary syýasat babatdaky milli kanunçylygy, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgeleri we kadalary, şeýle-de biziň döwletimiziň goşulýan halkara şertnamalary bu resminamanyň hukuk binýadyny emele getirýär.

Konsepsiýa öňde duran döwür üçin Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň işini kesgitleýän esasy resminama bolup durýar we ol Türkmenistanyň döwlet edaralary üçin gündelik we geljek üçin meýilnamalar, şeýle hem halkara hyzmatdaşlygynyň meseleleri boýunça çözgütler taýýarlanylanda syýasy-hukuk taýdan esas bolup durýar.

Türkmenistanyň daşary-syýasy ugruny emele getirmekdäki strategiki häsiýetli wezipeler Konsepsiýada öz beýanyny tapýar.

Olar halkara ýagdaýlaryň güýçli ösüşe eýe bolan döwründe uzakmöhletleýin milli maksatlaryň we bähbitleriň syýasy-diplomatiki çäreler arkaly üpjün edilmegi babatyndaky ileri tutulýan wezipeleriň we usullaryň anyk kesgitlenmegini talap edýär.

Munuň özi Türkmenistan üçin birnäçe hakyky şertlerden gelip çykýan, bar bolan mümkinçilikleri netijeli ulanmagy aňladýar. Türkmenistanyň halkara bileleşigi tarapyndan ykrar edilen özboluşly bitaraplyk hukuk ýagdaýy, onuň giň serişde mümkinçilikleri we geografiýa taýdan amatly ýerleşmegi, döwletara meselelerini dawasyz çözmegiň toplanan oňyn tejribesi olaryň hatarynda iň möhümleri bolup durýar.

Konsepsiýa Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ýörelgelerini, maksatlaryny we ileri tutulýan ugurlaryny anyk we aýdyň kesgitleýär. Türkmenistanyň Bitaraplygy we bu hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan borçnamalary hem-de halkara syýasatynyň meselelerine çemeleşmeleri, ýagny daşarky gapma-garşylyklara gatyşmazlygy, köptaraplaýyn harby, syýasy, şeýle hem milli çäklerden daşary häsiýete eýe bolan beýleki gurluşlara gatnaşmazlygy, döwletara gapma-garşylyklary parahatçylykly, syýasy-diplomatik ýollar arkaly çözmäge eýerýänligi, döwletleriň özygtyýarlylygyny we çäkleriniň bitewüligini hormatlamagy, parahatsöýüjiligi we hoşniýetli goňşuçylygy Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň esasyny tutýar, onuň başlangyç ýörelgesi we dünýä baha bermeginiň binýady bolup durýar.

Halkara giňişliginde ýurdumyzyň milli-döwlet bähbitlerini yzygiderli goramak, döwletiň we jemgyýetiň parahatçylykly hem-de durnukly ösmegi, şahsyýetiň bähbitleriniň we hukuklarynyň berjaý edilmegi üçin amatly daşarky şertleri üpjün etmek Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan baş ugry bolup durýar.

Türkmenistanyň daşary-syýasy işleriniň esasy maksatlarynyň hatarynda ýurdumyzyň howpsuzlygynyň toplumlaýyn we ygtybarly ulgamyny üpjün etmek, onuň Garaşsyzlygyny, özygtyýarlylygyny we çäkleriniň bitewüligini gorap saklamak hem-de berkitmek bolup durýar.

Türkmenistan, şeýle hem berk we uzak möhletli parahatçylygy, strategiki durnuklylygy we howpsuzlygy halkara hukugynyň

we Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň umumylykda ykrar edilen kadalary esasynda üpjün etmekde halkara bileleşiginiň tagallalaryna işjeň ýardam bermegini dowam edýär.

Türkmenistanyň daşary syýasat babatdaky işiniň esasy wezipesi parahatçylygy, durnuklylygy we howpsuzlygy ählumumy we sebit möçberlerinde hemmetaraplaýyn pugtalandyrmak bolup durýar. Şu babatda ählumumy howpsuzlygy üpjün etmek meselesine öz çemeleşmelerini kesgitlemek bilen, Türkmenistan şu düşünjäni bitewüliliginden we bölünmezliginden, onuň aýry-aýry taraplarynyň – geosyýasy, harby, ykdysady, energetiki, azyk, ekologiýa, tehnogen we beýleki taraplarynyň özara baglanyşyklydygyndan ugur alýar.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti dünýä we sebit syýasatynyň derwaýys ugurlary boýunça iri halkara başlangyçlary bilen yzygiderli çykyş edýär. Olaryň durmuşa geçirilmegi hem, Konsepsiýada esasy maksatlaryň hatarynda goýlan. Hususan-da, gürrüň Orta Aziýa we Hazar sebitlerinde hoşniýetli goňşuçylyk hem-de hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny yzygiderli ösdürmek, gapma-garşylyklarynyň öňüni almak we olaryň çözülmegine işjeň gatnaşmak, Owganystandaky ýagdaýy parahatçylykly we syýasy ýollar bilen kadalaşdyrmak, bu ýurdy durmuş-ykdysady taýdan dikeltmäge ýardam bermek hakynda barýar. Mundan başga-da, Türkmenistanyň daşary ykdysady, söwda, medeni-gumanitar gatnaşyklaryny ösdürmek we diwersifikasiýalaşdyrmak, ykdysadyýeti ösdürmek, ilatyň durmuş derejesini ýokarlandyrmaga ýardam berýän oňyn halkara şertlerini döretmek boýunça ulgamlaýyn häsiýetdäki işler alnyp barlar.

Daşary ýurtlarda Türkmenistanyň raýatlarynyň hukuklaryny we bähbitlerini hemmetaraplaýyn goramaklyk daşary syýasy işiň möhüm bölegi hökmünde dowam etdiriler. Türkmenistan durnukly, parahatsöýüjilikli, açyk, güýçli depginler bilen ösýän demokratik döwlet hökmündäki özüniň dünýädäki eýeleýän ornuny mundan beýläk hem yzygiderli berkider.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň strategiki ugry hökmünde parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmek meselelerine işjeň gatnaşmak bolup durýar. Bu ýöne ýerden däldir, sebäbi howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmek durnukly ösüş boýunça global meseleleriň tutuşlaýyn toplumyny çözmegiň hökmany şerti bolup durýar. Türkmenistanyň Prezidenti global howpsuzlygyň häzirki za-

man ösüşiniň ugurlaryny kesgitleýän aýgytlaýjy faktorlaryň özara bölünmezligine esaslanýan bir bitewi ulgamdygy baradaky konseptual ideýany öňe sürdi. Şu jähtden, ol faktorlar ykdysady, energetiki, ekologiki, azyk, gumanitar we beýleki meseleleriň çözülmegini, şeýle hem parahatçylygyň we özara ylalaşykly ýaşamagyň milli, sebit derejelerinde hem üpjün edilmegini göz öňünde tutýarlar.

Şeýle çemeleşme dünýädäki parahatçylyk ideallarynyň we olaryň üç sütüniniň, ýagny howpsuzlygyň, hyzmatdaşlygyň we ösüşiň özara aýrylmaz baglanyşygynyň çuňňur we hemmetaraplaýyn öwrenilmegine esaslanýar. Şu binýatlaýyn pikirden ugur almak bilen, global we sebit derejelerinde parahatçylygyň, durnuklylygyň we howpsuzlygyň hemmetaraplaýyn berkidilmegi Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy wezipesi bolmagynda galýar.

Ählumumy howpsuzlygy üpjün etmek meselesine Türkmenistan bu babatdaky düşünjäniň bitewüliginden we bölünmezliginden, onuň aýry-aýry taraplarynyň – geosyýasy, harby, ykdysady, energetiki, azyk, ekologiýa, tehnogen we beýleki taraplarynyň özara baglanyşyklylygyndan ugur alýar.

Ol wezipeleri amala aşyrmak boýunça Türkmenistan özüniň strategiki ähmiýetli hyzmatdaşy hökmünde ählumumy hyzmatdaşlygyň ähli häzirki zaman ulgamynyň esasy daýanjy, parahatçylygy goramagyň we saklamagyň kepili we halkara giňişliginde bähbitleri sazlaýjy, howpsuzlygyň bar bolan binýadyny durnuklylaşdyryjy bolan Birleşen Milletler Guramasyny saýlady. Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlygynda ozaly bilen, Orta Aziýa hem-de Hazar sebitlerinde döwletara gatnaşyklaryny sazlaşykly we durnukly ýola goýmak, durnukly ykdysady, ýaşaýyş-durmuş we gumanitar ösüş üçin esasy şert hökmünde sebitleýin parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň berk gurallaryny döretmek boýunça maksatlar durýar. Türkmenistanyň halkara giňişligindäki işleri BMG-ä we onuň syýasy-diplomatiki serişdelerine daýanmak arkaly alnyp barlar.

Türkmenistanyň ileri tutýan ugurlary iri halkara guramalarynyň, şol sanda, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň çäklerinde işjeň daşary syýasy we diplomatik çäklerdäki özara hereketleriň dowam edilmegini öz içine alýar.

ÝHHG bilen hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan wezipeleri hökmünde halkara gapma-garşylyklarynyň öňüni almak we olary

kadalaşdyrmak, syýasy we dini ekstremizme, terrorçylyk howplaryna, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna we serhedüsti jenaýatçylyga garşy göreşiň netijeli usullaryny döretmek, şeýle hem ykdysadyýet, energetika, ekologiýa jähtlerinde halkara hyzmatdaşlygynyň netijeli ugurlaryny işläp taýýarlamak bolup durýar.

Türkmenistan beýleki abraýly halkara we sebit guramalary bolan Goşulyşmazlyk Hereketiniň, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň çäklerinde hem, özüniň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna laýyklykda gatnaşmak bilen, netijeli we oňyn gepleşikleri dowam eder.

Döwletiň Lideriniň gujurly we täzeçillik häsiýetli iş alyp barmagy netijesinde Türkmenistanyň halkara gatnaşyklaryndaky ähmiýeti barha ösýär we ol global syýasy giňişlikde ýakyn hyzmatdaşlygyň täze gözýetimlerini açýar. Durnukly ösüş boýunça ileri tutulýan we derwaýys meseleler babatyndaky Türkmenistanyň oňyn we yzygiderli garaýyşlary häzirki zamanyň bütindünýä ösüşine gabat gelýär. Şu jähtden, Konsepsiýada Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-niň Baş Assambleýasynda we beýleki iri forumlarynda öňe süren möhüm halkara başlangyçlaryny durmuşa geçirmeklige aýratyn üns berilýär. Olaryň hatarynda:

– Halkara meseleleri çözülende syýasy-diplomatik serişdeleri ileri tutmak baradaky Jarnamanyň halkara bileleşigi tarapyndan işlenip taýýarlanmagyny we kabul edilmegini;

– Energiýa serişdelerini ibermek, olary elýeterli ýagdaýda we netijeli görnüşde ulanmak boýunça döwletleriň we kompaniýalaryň halkara energetiki giňişligindäki işlerini düzgünleşdirýän BMG-niň uniwersal häsiýetli syýasy-hukuk resminamasyny işläp düzmekligi;

– Şu günki hem-de geljekki ösüşiň has möhüm meselelerine özara kabul ederlikli çemeleşmeleri işläp taýýarlamaklyga gyzyklanma bildirýän sebit döwletleriniň we oňa goňşy ýurtlaryň, şeýle-de halkara guramalarynyň gatnaşmaklarynda köptaraplaýyn syýasy gepleşikleriň hemişelik hereket edýän guraly bolup biljek Orta Aziýada parahatçylyk we hyzmatdaşlyk boýunça forumy emele getirmekligi;

– «Demirgazyk – Günorta» we «Gündogar – Günbatar» ugurlary boýunça ulag-üstaşyr geçelgelerini döretmäge we olaryň netijeli işlemeklerine gönükdirilen anyk, täsirli we ulgamlaýyn çäreleriň işlenilip taýýarlanylmagyny;

– BMG bilen hyzmatdaşlykda ýöriteleşdirilen gurluşy – Howanyň üýtgemegi bilen bagly meseleleri çözmek boýunça sebitara merkeziň döredilmegini görkezmek bolar.

Türkmenistan ýaragsyzlanmak, ýaraglaryň, ozaly bilen, köpçülikleýin heläkçilige getirýän ýaraglaryň möçberlerini azaltmak işine işjeň ýardam bermegi dowam eder.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow 2017-nji ýylyň 18-nji fewralynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde ýakyn geljekdäki ýedi ýyl üçin Türkmenistanyň daşary saýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitledi we «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2017–2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyny» tassyklady we onuň mazmunyny özüniň çuňňur strategiki mazmunly çykyşynda açyp görkezdi. Milli Liderimiz öz çykyşynda döwletimiziň daşary syýasatynyň ýakyn ýyllar üçin esasy wezipelerini şeýle beýan etdi:

1. Birleşen Milletler Guramasy bilen giňden we köptaraply hyzmatdaşlyk etmek Bitarap döwletimiziň halkara işiniň strategik ugry boldy we şeýle bolmagynda hem galýar;

2. Bitarap döwletimiz möhüm meseleleri çözmäge işjeň gatnaşmagyny geljekde hem dowam eder. Bu meseleler daşky gurşawy goramak, suw serişdelerini dolandyrmak, tebigy we tehnogen häsiýetli betbagtçylyklardan goranmak bolup durýar. Biziň ýurdumyz şu halkara meselelerine Birleşen Milletler Guramasynyň has giňden we täsirli çekilmegine ýardam berer;

3. Türkmenistanyň ekologiýa we suw diplomatiýasynyň aýratyn ähmiýete eýedigini bellemek bilen, ýurdumyzyň 2016–2019-njy ýyllarda Araly halas etmegiň Halkara gaznasynda başlyklyk etmegi göz öňünde tutulanda, bu ugurda degişli Konsepsiýanyň düzgünlerini durmuşa geçirmek zerur bolup durýar. Şoňa görä-de bu işe anyk

häsiýet bermek we ony ahyrky netijeleri gazanmaga gönükdirmek möhümdir;

4. Energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmek boýunça Baş Assambleýanyň kabul eden rezolýusiýalarynyň düzgünlerini anyk hem-de gyşarnyksyz ýerine ýetirmek üçin zerur işleri geçirmek bilen bu ugurda Birleşen Milletler Guramasyna agza döwletler, bu Guramanyň Sekretariaty bilen hyzmatdaşlygy işjeň dowam etmeli. Energetika howpsuzlygy babatda we durnukly energetika ulgamynda Guramanyň köptaraply halkara-hukuk resminamasyny işläp taýýarlamak boýunça halkara bilermenler toparynyň işlemegi üçin amatly şertleri döretmeli. Türkmenistanyň 2017-nji ýylda Energetika Hartiýasynyň Konferensiýasynda başlyklyk etmegi bilen, bu ugurda öňde duran işleri ýokary derejede guramaçylykly hem-de many-mazmunly geçirmeli;

5. Ulag ulgamy hem Birleşen Milletler Guramasy, onuň ýöriteleşdirilen agentlikleri bilen hyzmatdaşlyk etmegiň esasy ugurlarynyň biri bolmalydyr. Şoňa görä-de ulag geçelgelerini döretmek boýunça ýurdumyzyň başlangyçlaryny işjeň durmuşa geçirmeli we Merkezi Aziýany kontinent ähmiýetli iri üstaşyr geçiriş çatrygyna öwürmek üçin ähli işleri amala aşyrmaly. 2016-njy ýylyň noýabrynda Aşgabatda geçirilen Durnukly ulag ulgamy boýunça Ählumumy maslahaty ulag meselesi boýunça giň halkara gatnaşyklaryny iş ýüzünde durmuşa geçirmekde badalga öwrüldi. Bu ugurda alyp barýan işlerimizi geljekde hem dowam etmeli we Aşgabatda kabul edilen jemleýji resminamanyň düzgünleriniň ýerine ýetirilmegini gazanmaly;

6. Garaşsyz ýurdumyz beýleki halkara we sebit guramalary – Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy, Goşulyşmazlyk hereketi bilen gatnaşygy yzygiderli giňelder. Şoňa görä-de parahatçylygy we howpsuzlygy, ykdysady hem-de ynsanperwer hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak maksady bilen, anyk halkara işlerini alyp barmak üçin bu guramalaryň mümkinçiliklerini işjeň peýdalanmaly. Şol bir wagtda Türkmenistan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna assosirlenen agza bolmak bilen,

Arkalaşygyň çäklerindäki işini öz bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň esasy kadalaryna laýyklykda mundan beýläk-de ösdürer. Soňky ýyllarda ýurdumyzyň Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen alyp barýan arkalaşykly işinde hem bellibir derejede ilerleme boldy. Şunuň bilen baglylykda, bu iri sebit halkara guramasy bilen hyzmatdaşlyk etmegiň mümkin bolan görnüşlerini öwrenmeli;

7. Ýakyn goňşularymyz bilen ysnyşykly we köptaraply gatnaşyklary ösdürmek hem Bitarap döwletimiziň daşary syýasatynyň örän möhüm ugrudyr. Sebitiň döwletleri bilen hyzmatdaşlyk etmek, özara düşünişmek we ynanyşmak Merkezi Aziýada parahatçylygy hem-de howpsuzlygy gorap saklamagyň we pugtalandyrmagyň esasy şerti bolup durýar. Sebitiň ykdysady we durmuş taýdan depginli ösüşini kesgitleýär. Dünýä hojalyk gatnaşyklaryna işjeň goşulmaga, maýa goýumlaryny giňden çekmäge mümkinçilik berýär. Şoňa görä-de Türkmenistanyň sebit strategiýasynyň mazmuny giň halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek we möhüm ösüş meselelerini çözmek üçin, Merkezi Aziýada amatly geosyýasy hem-de ykdysady şertleri döretmäge doly ýardam bermekden ybaratdyr. Şundan ugur alyp, Garaşsyz ýurdumyz sebitiň döwletleri bilen ikitaraplaýyn görnüşde hem, halkara guramalarynyň ugry boýunça hem anyk maksada gönükdirilen işleri mundan beýläk hem dowam eder. Türkmenistanyň alyp barýan bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik we özara hormatlamak syýasaty netijesinde, bize Azerbaýjan, Owganystan, Eýran, Gazagystan we Özbegistan bilen, Merkezi Aziýanyň beýleki döwletleri – Gyrgyzystan hem-de Täjigistan bilen dostluk, hyzmatdaşlyk we özara düşünişmek gatnaşyklaryny ýola goýmak başartdy. Türkmenistan bu ýurtlary, olarda ýaşaýan halklary doganlyk ýurtlar we halklar hasaplaýar. Olar bilen biziň ýurdumyzy geografiýa taýdan ýerleşmegimiz, taryhymyz, medeniýetimiz we däp-dessurlarymyz birleşdirýär. Şoňa görä-de biz sebitde alnyp barylýan hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn berkideris. Söwda, ykdysady we ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmäge ýardam bereris. Şunuň bilen baglylykda, biz Owganystana aýratyn ähmiýet berýäris. Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda bu ýurtda ýagdaýyň parahatçylykly, syýasy taýdan düzgünleşdirilmegi ugrunda çykyş edýäris.

Owganystanyň durmuş-ykdysady taýdan dikeldilmegine iş ýüzünde kömek bermekde dünýä bileleşiginiň tagallalaryny birleşdirmäge çalyşýarys.

8. Biz Hazar deňzi boýunça bäştaraplaýyn hyzmatdaşlyga hem işjeň gatnaşmagy dowam ederis. Soňky ýyllarda Hazar deňzi bilen bagly birnäçe esasy meseleler, şol sanda onuň hukuk ýagdaýyna çemeleşmeleri ylalaşmak boýunça düýpli öňegidişlik gazanyldy. Türkmenistanyň öňe süren we ähli gatnaşyjy döwletleriň makullan, Hazar deňziniň suw biologik serişdelerini gorap saklamak we rejeli peýdalanmak hakyndaky hem-de Hazar deňzinde adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we ýok etmek babatda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky Ylalaşyklara gol çekildi. Biz Hazar deňzinde söwda-ykdysady we ulag ulgamlarynda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky resminamalaryň üstünde işlemek baradaky başlangyç bilen hem çykyş etdik. Şoňa görä-de hazarýaka ýurtlary bilen şu başlangyçlary goldamak boýunça yzygiderli iş alyp barmaly. Hyzmatdaşlygyň geljegi uly bolan bu ugurlarynda yzygiderli we anyk maksada gönükdirilen gatnaşyklary ýola goýmaly;

9. Russiýa Federasiýasy Türkmenistanyň strategik hyzmatdaşy bolup durýar. Russiýa bilen ikitaraplaýyn görnüşde, şeýle hem halkara guramalarynyň çäklerinde alnyp barylýan hyzmatdaşlyk özüniň netijelidigini, iki ýurduň hem düýpli bähbitlerine laýyk gelýändigini subut etdi. Biz Russiýanyň sebitleri bilen göni hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdüreris. Bu sebitler türkmen bazaryna barha uly gyzyklanma bildirýärler;

10. Biz Zakawkazýe döwletleri, Ukraina, Belarus Respublikasy, Moldowa Respublikasy bilen gatnaşyklary giňeltmegi dowam ederis. Bu ýurtlar däp bolan hyzmatdaşlarymyz bolup durýar. Olar bilen ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn gatnaşyklar möhüm ähmiýete eýedir. Söwda-ykdysady, maýa goýum, medeni-ynsanperwer ugurlarda hem bu döwletler bilen hyzmatdaşlyk etmekde uly mümkinçilikler bar diýip hasap edýärin;

11. Hytaý Halk Respublikasy bilen ýurdumyzy ysnyşykly dostluk we strategik hyzmatdaşlyk gatnaşyklary baglanyşdyrýar. Häzirki döwürde Hytaý Türkmenistanyň iri daşary söwda hyzmatdaşy bolup

durýar. Bu ýurt bilen hyzmatdaşlyk etmek özara bähbitli we uzak möhletli esasda ýola goýulýar. Daşary syýasatymyzyň gündogar ugry bilen baglylykda, biz Aziýa-Ýuwaş ummany sebitiniň beýleki döwletleri bilen gatnaşyklarymyzy hem pugtalandyrarys. Soňky ýyllarda Ýaponiýanyň, Malaýziýanyň we Koreýa Respublikasynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklar geçirildi. Bu duşuşyklar hyzmatdaşlyk etmäge taraplaryň özara gyzyklanýandygyny, munuň üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny doly tassyklady;

12. Biz Ýewropa ýurtlary, Amerikanyň Birleşen Ştatlary bilen, ilkinji nobatda, Merkezi Aziýada parahatçylygy hem-de durnuklylygy saklamak ýaly möhüm meselelerde işjeň hyzmatdaşlygy dowam ederis. Täze wehimlere we howplara garşy göreşde, energiýa howpsuzlygyny üpjün etmekde netijeli gatnaşyklary alyp bararys;

13. Latyn Amerikasy ýurtlary bilen hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini hem düýpli öwrenmeli diýip hasap edýärin. Bu sebitiň birnäçe uly döwletleri Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyk etmäge uly gyzyklanma bildirýärler. Şoňa görä-de, dürli halkara çärelerinde bu ýurtlar bilen syýasy taýdan hyzmatdaşlyk etmegiň mümkinçiliklerini işjeň ulanmaly. Olaryň ösýän ýurtlaryň bähbitlerini goramak babatda däp bolan garaýyşlaryndan peýdalanmaly;

14. Biz daşary syýasatymyzyň Afrika ugruny hem işjeň alyp barmalydyrys. Afrika Birleşigi bilen başlan gatnaşyklarymyzy berkitmelidiris hem-de giňeltmelidiris;

15. Halkara maliýe-ykdysady edaralary bilen hyzmatdaşlyk etmek häzirki döwürde dünýä hojalyk gatnaşyklaryna Türkmenistanyň üstünlikli goşulmagynda örän möhüm wezipedir. Şunuň bilen baglylykda, biz geljekde hem Bütindünýä banky, Halkara Pul gaznasy, Ýewropanyň Täzeleniş we Ösüş banky, Aziýanyň Ösüş banky, Yslam Ösüş banky we beýleki iri maliýe guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlygy alyp bararys. Bütindünýä Söwda guramasyna girmegi düzgünleşdirýän amallary öwrenmegi dowam ederis;

16. Däp bolşy ýaly, biz halkara medeni hyzmatdaşlygyny ösdürmäge uly ähmiýet berýäris. Bu hyzmatdaşlygy parahatçylygyň, adamlaryň özara düşünişmeginiň we ýakynlaşmagynyň örän möhüm usuly hasaplaýarys. Türkmenistan medeni taýdan giňden alyşmak,

döredijilik wekilleri bilen gatnaşyk etmek üçin açykdyr. Ýurdumyzda her ýyl halkara bäsleşikleri we festiwallary geçirilýär. Şeýle çärelere bütin dünýäden medeniýet we sungat işgärleri, özi-de diňe bir ykrar edilen ussatlar däl-de, eýsem ýaşlar we çagalar hem gatnaşýarlar. Bu çäreler dürli halklaryň we dinleriň wekilleriniň arasynda birek-birege hoşniýetli garamak, dostlaşmak, özara hormatlamak hem-de ynanyşmak gatnaşyklaryny ýola goýmaga ýardam berýär;

17. Nesip bolsa, şu ýyl Aşgabatda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlary geçirildi. Bu bolsa, Aziýanyň Olimpiýa komitetiniň ýurdumyza bildiren uly ynamydyr. Türkmenistanyň sport ulgamynda gazanan üstünlikleriniň, dünýä olimpiýa hereketine, sporty we sagdyn durmuş kadalaryny wagyz etmäge goşan goşandynyň ykrar edilmegidir. Şunuň bilen baglylykda, bu Oýunlaryň başlanmagyna çenli galan döwürde ýurdumyzyň taryhynda örän möhüm bolan bu halkara çäresine görülýän taýýarlyk barada dünýä jemgyýetçiligini habardar etmekde alnyp barylýan işleri güýçlendirmeli. Şu meselede halkymyzyň açyklygyna, özboluşlylygyna, beýleki medeniýetlere hormat goýýandygyna aýratyn ähmiýet bermeli. Dürli ýurtlardan bu çärä gatnaşyjylary hem-de myhmanlary örän ýokary derejede guramaçylykly kabul etmäge taýýardygymyzy habar bermeli. Olaryň ählisini türkmen halkynyň ajaýyp däp-dessurlaryna laýyklykda myhmansöýerlik we göwnaçyklyk bilen garşylamaly.

Hormatly Prezidentimiz  ýurdumyzyň Daşary işler ministrligine Konsepsiýany durmuşa geçirmek, bu resminamada bellenen wezipeleri ýerine ýetirmek boýunça işleri üpjün etmegi tabşyrdy. Şeýle hem Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudak edaralarynyň we beýleki döwlet edaralarynyň ýolbaşçylaryna öz halkara işleriniň gündelik hem-de geljek üçin meýilnamalary düzülende, şu resminama esaslanmak tabşyryldy.

Türkmenistanyň Prezidenti döwletimiziň daşary syýasatynyň haýsy ugurda amala aşyrylsa-da, hemişe sazlaşykly we oýlanyşykly alnyp barylmalydygyny aýratyn nygtamak bilen, daşary syýasat baradaky şu talaplary öňe sürdi:

1. Daşary syýasatymyz bir maksada – Türkmenistanyň içerki ösüşi üçin amatly halkara şertlerini döretmäge gönükdirilmelidir;

2. Daşary syýasatymyz dünýä giňişliginde Bitarap döwletimiziň kanuny bähbitlerini üpjün etmäge ýardam bermelidir;

3. Daşary syýasatymyz ygrarly we durnukly hyzmatdaş hökmünde onuň abraýyny ýokarlandyrmaga hyzmat etmelidir.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň daşary syýasatynyň strategiki ugurlarynyň çuňňur oýlanyşykly we hemmetaraplaýyn işlenilip düzülen ylmy-tejribe binýadyna daýanýan konseptual çemeleşmelere esaslanýandygyny görmek bolýar.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Häzirki zaman ösüşiniň ugurlaryny kesgitleýän nähili faktorlar bar?*
*2. Türkmenistanyň daşary-syýasy başlangyçlarynyň haýsy ugurlary bar?*
*3. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň strategiki ugruny nähili häsiýetlendirip bolar?*

## §4. Bitarap Türkmenistanyň geoykdysady strategiýasy

Türkmenistanyň halkara giňişliginde barha ösýän täsiri we ähmiýeti nukdaýnazaryndan, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan ýurdumyzyň geoykdysady strategiýasynyň anyk görnüşe eýe bolýandygyny aýratyn nygtamak gerek. Üstünlikli durmuşa geçirilýän «Açyk gapylar» syýasatynyň mysaly hökmünde täze transkontinental ulag-aragatnaşyk ýollarynyň, energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlaryna eltilmeginiň tygşytly ugurlarynyň döredilmegine gönükdirilen iri möçberli taslamalaryň we beýleki teklipleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi bolup durýar.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň halkara gatnaşyklarynyň ykdysady ölçegi deňhukukly, özara bähbitli, şol sanda, beýleki döwletleriň hem bähbitlerini göz öňünde tutmak esasynda alnyp barylýan söwda-ykdysady aragatnaşyklaryň giňelişinde aýdyň görünýär. Bu maksatlar üçin ähli zerur ykdysady we hukuk gurallary ulanylýar. Olar eýeçiligiň ähli görnüşleriniň bolmagyny we olaryň deňhukuklylygyny, telekeçiligiň höweslendirilmegi-

ni, daşary ýurt maýa goýumlarynyň getirilmegini we maýa goýujylaryň iş alyp barmaklary üçin oňaýly şertleriň döredilmegini kepillendirýärler.

Ýurduň ykdysady kuwwatyny berkitmäge gönükdirilen daşary-ykdysady syýasat Türkmenistana halkara derejesindäki iri taslamalary durmuşa geçirmeklige mümkinçilik berýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan dünýä döwletleri bilen köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň diwersifikasiýalaşdyrylmagyna uly ähmiýet berýär. Ýurduň industrial ýol bilen ösmegi daşary-ykdysady aragatnaşyklaryň hil taýdan täze esaslarda giňeldilmegini we ilkinji nobatda, senagat pudaklarynyň, tutuş ykdysadyýetiň döwrebaplaşmagyny göz öňünde tutýar.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň 2012-nji ýylyň 10-njy dekabrynda bolan giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda şeýle diýdi: «*Häzirki döwürde Türkmenistan sebitde durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmekde esasy orunlaryň birini eýeleýän, dünýäde uly abraýdan peýdalanýan döwletdir. Biziň ýurdumyzyň güýçli depginler bilen ösýän kuwwatly ykdysadyýeti bar. Döwletimiziň ykdysadyýeti daşary ýurt maýa goýumlary üçin hem örän özüne çekiji bolmagynda galýar. Munuň şeýledigini bolsa, üstümizdäki ýylda ýurdumyzyň ösüşiniň netijeleri hem doly tassyklaýar. Şol netijeler ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň ýokary depginler bilen ösýändigini görkezýär. Milli ykdysadyýetimizi ösdürmek bilen, biz ilkibaşdan ony toplumlaýyn döwrebaplaşdyrmak, diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek, tapgyrma-tapgyr bazar gatnaşyklaryna geçirmek ýoluny saýlap aldyk*».

«Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2013–2017-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda» milli ykdysadyýeti ösdürmek, daşary ýurtlar bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmek hem-de diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek, daşary ýurt maýa goýumlaryny, öňdebaryjy tehnologiýalary we innowasion çözgütleri ýurdumyza çekmek maksady bilen, «Açyk gapylar» daşary ykdysady strategiýasyny syýasy-diplomatik taýdan üpjün etmek üçin amatly halkara şertlerini döretmek boýunça işi dowam et-

mek geljekki bäş ýylda Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugruna öwrüler.

Türkmenistanyň beýleki döwletler bilen netijeli söwda-ykdysady aragatnaşyklarynyň hemmetaraplaýyn ösdürilmegi we dünýä ykdysady infrastrukturasyna goşulyşmagy biziň ýurdumyzyň uzak möhletleýin geoykdysady strategiýasynyň ileri tutulýan esaslarynyň hatarynda durýar. Türkmenistanyň halkara söwda-ykdysady gatnaşyklaryna işjeň goşulmagynyň ähmiýetli sebäpleriniň biri hem onuň uglewodorodlaryň gazylyp alynmagyna we eksportyna daýanýan ägirt uly energiýa kuwwatydyr. Türkmenistan bu gün hakykat ýüzünde we sözüň doly manysynda dünýädäki öňdebaryjy energiýa döwleti hökmünde tanalýar. Biziň döwletimiz uzak geljegiň energiýa deňagramlylygyny kesgitleýän möhüm ýangyç bolan tebigy gazy eksport ediji ýurtlaryň sanawynda iň ýokarky orunlarda durýar.

Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň deňhukukly we özara bähbitli halkara hyzmatdaşlygynyň baş ugry onuň özüniň energiýa serişdelerini we ulag-aragatnaşyk mümkinçiliklerini ähli adamzadyň bähbitlerine hyzmat etmek bilen bagly ýokary maksadyna gönükdirilendir.

Türkmenistanyň ýokarda agzalan halkara başlangyçlary hem şu maksada hyzmat edýär we halkara bileleşiginiň tagallalarynyň parahatçylygyň we ösüşiň bähbitlerine gönükdirilendir. Bu bolsa energiýa howpsuzlygynyň ählumumy howpsuzlygy üpjün etmekde esasy orunlaryň hatarynda durýandygyny görkezýär. Bu mesele boýunça Türkmenistanyň garaýyşlary dünýä syýasatynyň esasy akymlaryny häsiýetlendirýär. Olarda halkara parahatçylygynyň, durnuklylygynyň we ösüşiň esasy faktorlarynyň biri hökmünde energiýa howpsuzlygynyň aýgytlaýjy orny anyk görünýär.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenen energiýa howpsuzlygynyň düýp manysy aýratyn möhüm ähmiýete eýe bolýar. Ol global ösüşiň öňe tarap ösüşini üpjün etmekde, köptaraplaýyn esasda özara ylalaşylan çözgütleri işläp taýýarlamakda energiýa howpsuzlygyny aýgytlaýjy faktor hökmünde öňe çykarýar. Şeýle çözgütler dünýä energetiki giňişligindäki

gatnaşyklaryň düýbünden täze nusgasynyň binýady bolmaklyga niýetlenendir.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow şeýle nusganyň esasynda energiýa serişdelerini iberijileriň, üstaşyr geçirijileriň we sarp edijileriň bähbitleriniň özara gabat gelmekligi we utgaşyklygy baradaky ýörelgesini, energiýany dünýä bazarlaryna ýetirmegiň ugurlarynyň geljekki görnüşleri babatynda dünýä bileleşiginiň bir pikire gelmek mümkinçiliklerini goýýar.

Konsepsiýada bellenilen wezipeleri ýerine ýetirmegiň çäklerinde dünýä energetiki giňişligindäki ýagdaýlary öwrenmeklige we seljermeklige, energiýa taslamalary boýunça Türkmenistanyň halkara şertnamalaryny we ylalaşyklaryny taýýarlamaklyga, beýleki döwletler, halkara energetiki guramalary we maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemäge aýratyn üns berler.

Dünýäniň ulag we aragatnaşyk infrastrukturasyna doly möçberde goşulmak Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda durýar. Türkmenistanyň Prezidenti bu ugurda iri möçberli başlangyçlary öňe sürmek bilen, dünýä ykdysadyýetiniň durnukly ösüşini üpjün etmekde, ýurtlaryň hem-de sebitleriň arasynda özara bähbitli hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagynda olaryň uly ähmiýetiniň bardygyny nygtaýar.

Hususan-da, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow «Bitaraplyk we öňüni alyş diplomatiýasy: parahatçylygyň we howpsuzlygyň esaslary» atly maslahata gatnaşyjylara ýüzlenmek bilen, şeýle diýdi: «*Döwletara gatnaşyklary, sebitara hyzmatdaşlygyny ýola goýmak babatda ulag we kommunikasiýalar ulgamynyň ösdürilmegi geljegi uly ugurlaryň biri bolup durýar. Häzirki wagtda syýasat we ykdysadyýet berk baglanyşyklydyr we tejribäniň görkezişi ýaly, bilelikdäki ykdysady, söwda, maýa goýum taslamalary iň çylşyrymly daşary syýasy gapma-garşylyklaryň öňüni almaga we olary aradan aýyrmaga, öňüni alyş diplomatiýasynyň netijeli çäreleri hökmünde çykyş etmäge ukyplydyr*». Şundan ugur almak bilen, Türkmenistanyň Baştutany 2013-nji ýylda Aşgabatda sebitleýin durnuklylygy we

howpsuzlygy berkitmegiň şerti hökmünde ulag-aragatnaşyk infra-strukturasyny ösdürmegiň geljegine bagyşlanan ýörite halkara maslahatyny geçirmek baradaky teklibi öňe sürdi.

Hormatly döwlet Baştutanymyzyň paýhasly ýolbaşçylygy bilen Türkmenistan BMG-niň, şeýle hem häzirki zamanyň derwaýys meselelere bagyşlanan beýleki iri forumlaryň we maslahatlaryň belent münberlerinden öňe süren başlangyçlaryny we tekliplerini yzygiderli durmuşa geçirmeklige ygrarlydygyny iş ýüzünde tassyklaýar.

Munuň aýdyň şaýatnamasy hökmünde Aşgabatda 2016-njy ýylyň 26–27-nji noýabrynda BMG-niň howandarlygynda bolup geçen Durnukly ulag boýunça 1-nji global maslahaty bolup durýar. Bu maslahat durnukly ösüşiň Maksatlaryny durmuşa geçirmekde örän wajyp ädim boldy. Onuň dowamynda öňe sürlen başlangyçlar ulag-aragatnaşyk ulgamynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň utgaşykly gurallaryny emele getirmeklige ýardam berer.

Bu maslahata gatnaşyjylar ýurdumyzyň sebit ykdysady ösüşine goşýan goşandyna ýokary baha berdiler we şonuň bilen birlikde Türkmenistanyň Prezidentiniň durnukly ösüş Maksatlaryny amala aşyrmagyň çäklerindäki birnäçe wajyp halkara başlangyçlarynyň ähmiýetini aýratyn nygtadylar. Aýratyn hem ekologiýa meselesini, energiýa howpsuzlygy we Durnukly ulagyň sebit ölçegindäki meselelerini çözmekde Türkmenistanyň utgaşdyryjy orna eýe bolandygyny nygtadylar. 2016-njy ýylyň 28-nji noýabrynda Aziýa halkara demir ýol ulag geçelgesiniň birinji tapgyry bolan Atamyrat–Ymamnazar–Akina böleginiň ulanmaga berilmegi hakykat ýüzünde taryhy waka bolandygy barada aýratyn aýdyldy. Transmilli polat ýoly ýurduň ulag-üstaşyr kuwwatyny artdyrmaga hyzmat eder we ol Ýewropa, Aziýa–Ýuwaş umman we Günorta Aziýa ugry boýunça möhüm halkara geçelgesi bolmak bilen millionlarça adamlaryň bähbitlerini üpjün eder we söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy berkider.

Türkmenistanyň Prezidentiniň wajyp başlangyçlary dünýä ösüşiniň geljekki ugurlary nukdaýnazaryndan çuňňur esaslandyrylandyr. Bu babatda, global üýtgeşmeler sebit ýagdaýlary we döwletleriň özara netijeli hyzmatdaşlygy bilen şertlendirilýär. Şonuň üçin hem, syýasy gepleşigi hemişelik derejede alyp barmak bilen

bilelikde, ykdysady we maýa goýum ugurlaryndaky, aragatnaşyk we ýokary tehnologiýalar babatyndaky hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi boýunça-da wezipeler öňe çykýar. Şonuň üçin hem, Türkmenistanyň Prezidentiniň Ministrler Kabinetiniň mejlisindäki çykyşynda Hazar, Gara we Baltika deňizleriniň aralaryndaky giňişlikde üstaşyr ulag ýolunyň emele gelmegini hasaba almak bilen, ýurdumyzyň ulag mümkinçiliklerini peýdalanmaklyga ünsi çekmegi ýöne ýerden däldir. Konsepsiýada kesgitlenen Türkmenistanyň halkara ulag-üstaşyr geçiriş aragatnaşyklarynyň ösdürilmegine şu nukdaýnazardan seretmek mümkin.

Biziň döwletimiziň bu ugurdaky strategiýasynyň esasynda Orta Aziýa we Hazar sebitleriniň Ýewraziýada strategik durnuklylygyň berk ulgamy, Ýewropa we Aziýa ýurtlary üçin geljegi uly bolan ykdysady hyzmatdaş, yklymda ähmiýete eýe bolan iri energetika we ulag çatrygy hökmünde seredilmegi durýar. Bu bolsa öz gezeginde häzirki zaman ulag-üstaşyr ulgamynyň döredilmegini talap edýär. Bu ulgam Orta Aziýa ýurtlarynyň, goňşy sebitleriň arasynda ykdysady we söwda hyzmatdaşlygyny hil taýdan täze derejä götermäge mümkinçilik döreder, uzakmöhletli geljek üçin sebitara gatnaşyklaryna kuwwatly itergi berer.

Şeýlelik bilen, bu ýerde gürrüň Ýewropany, Orta we Ýakyn Gündogary Orta Aziýa we Hazar sebitleri bilen birleşdirýän täze geoykdysady giňişligi emele getirmek boýunça ilkinji ädimler hakynda barýar. Geljekde oňa Hytaý, Hindistan we Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň beýleki kuwwatly ykdysady merkezleriniň hem goşulmak mümkinçilikleri göz öňünde tutulýar.

Ekologiýa we daşky gurşawy goramak wezipesi häzirki zamanyň gün tertibinde duran we aýratyn derwaýys häsiýete eýe bolan strategiki ähmiýetli meseleleriň hatarynda durýar. Türkmenistan ekologiýa howpsuzlygy ýaly şu günki günüň iň ileri tutulýan wezipesine toplumlaýyn we ulgamlaýyn çemeleşmegiň tarapdary bolmak bilen bilelikde, özüniň daşary-syýasy işlerini sebit we global hyzmatdaşlygyň çäklerinde guraýar.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowbu ugurda birnäçe möhüm halkara başlangyçlary bilen çykyş etdi we olar Birleşen Milletler Guramasy bilen ekologiýa çäklerindäki hyzmatdaşlygyň täze görnüşlerini emele getirmeklige gönükdirilendir. Olarda sebitara we bütindünýä ähmiýetli meseleleriň tutuşlaýyn we ulgamlaýyn görnüşde öz beýanyny tapmagy Türkmenistanyň bu ugurdaky hereketleriniň netijeliligini şertlendirýär. Şunuň bilen baglylykda, Konsepsiýada görkezilen sepgitler Türkmenistanyň Prezidentiniň Birleşen Milletler Guramasynyň durnukly ösüş boýunça 2012-nji ýylyň iýun aýynda bolan «Rio+20» maslahatyndaky çykyşy we «Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň milli strategiýasyndaky» maksatnamalaýyn wezipeler esasynda kesgitlenýär.

Türkmenistanyň tagallalary BMG we onuň ýöriteleşdirilen gurluşlary – BMG-niň Daşky gurşaw boýunça Maksatnamasy, BMG-niň Ösüş Maksatnamasy we beýleki halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy giňeltmäge gönükdiriler. Şunuň bilen baglylykda, Hazar deňziniň özboluşly tebigy ulgamyny gorap saklamaga we Araly halas etmäge gönükdirilen çäreleriň toplumyny işläp taýýarlamak ileri tutulýan wezipeler bolup durýar. Türkmenistan BMG-niň howandarlyk etmeginde ýöriteleşdirilen gurluşy – Howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly meseleleri çözmek boýunça sebitara merkeziň döredilmegini, şeýle hem BMG-niň işiniň aýratyn ugry görnüşinde Aral üçin Ýörite Maksatnamanyň resmileşdirilmegini gazanmak üçin tagalla eder.

***Barlag üçin soraglar***

*1. Geosyýasy we geoykdysady strategiýalaryň özara tapawudy nämede?*

*2. Türkmenistanyň haýsy geoykdysdy başlangyçlary bar?*

*3. Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlygynyň haýsy ugurlary bar?*

## §5. Bitarap Türkmenistanyň medeni-gumanitar strategiýasy

Medeni-gumanitar çäklerindäki hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň daşary-syýasy ugrunyň iň wajyp düzüm bölegi bolup durýar. Türkmenistan bu ugurdaky hyzmatdaşlyga halklaryň we döwletleriň arasynda özara düşünişmegiň kuwwatly guraly, dürli milletlere we dini garaýyşlara degişli adamlaryň arasynda hoşniýetli we dostlukly gatnaşyklary, özara hormaty we ynanyşmagy ýola goýmagyň iň netijeli usullarynyň biri hökmünde garaýar. Konsepsiýada bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň medeni hyzmatdaşlygy häzirki döwrüň ýagdaýlaryny we adamlaryň isleglerini, maglumat tehnologiýalarynyň kämilleşdirilmegini, häzirki zaman dünýä ösüşinde özara gatnaşyklaryň täze görnüşleriniň ýüze çykmagyny nazara almak bilen ösdüriler.

Daşary ýurtlarda Türkmenistanyň Medeniýet günlerini we Türkmenistanda beýleki ýurtlaryň Medeniýet günlerini geçirmek, Türkmenistanda halkara medeniýet we sungat festiwallaryny guramak dowam etdiriler we giňden alnyp barlar.

Türkmenistan, gumanitar çäklerdäki ähumumy kabul edilen halkara kadalaryna we düzgünlerine ygrarly bolmak bilen, adam hukuklarynyň Ählumumy jarnamasynda görkezilen demokratik hukuklary we azatlyklary üpjün etmek boýunça esasy ýörelgeleri netijeli berjaý etmek üçin syýasy, ykdysady, kanunçylyk we beýleki kepillikleri döredýär. Şu maksatlar üçin Türkmenistan iri we abraýly halkara guramalary bilen, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk boýunça gurama we beýleki düzümler bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk alyp barýar.

Halkara medeni-gumanitar hyzmatdaşlygynyň çäklerinde Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO) bilen hyzmatdaşlygy giňeltmäge we berkitmäge aýratyn ähmiýet berler. Şunuň bilen baglylykda, ÝUNESKO bilen bilelikdäki taslamalary amala aşyrmak we hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny kesgitlemek üçin zerur bolan tagallalar ediler.

Türkmenistanyň halkara ylym-bilim babatyndaky hyzmatdaşlygy yzygiderli giňeldiler we onuň çäklerinde biziň hünärmenlerimiziň ylmy we ylmy-tehniki gatnaşyklara işjeň çekilmegi, daşary ýurtlaryň ylmy-önümçilik merkezlerinde döwletimiz üçin zerur milli kadrlaryň taýýarlanmagy göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, möhüm wezipeleriň hatarynda halkara derejesinde talyplaryň alşylmagyny, Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň dünýäniň bilim we barlag merkezleri bilen bilelikdäki maksatnamalar we taslamalar boýunça giň hem-de köptaraply hyzmatdaşlygyny höweslendirmek, şeýle-de türkmen talyplarynyň Ýewropanyň, Amerikanyň, Aziýanyň, GDA ýurtlarynyň iň gowy okuw mekdeplerinde okamagynyň hilini gowulandyrmak we olaryň sanyny artdyrmak boýunça meseleler durýar.

Halkara gatnaşyklarynyň wajyp ugry hökmünde sporty ösdürmek boýunça hyzmatdaşlyk bolup durýar. Aşgabat şäherinde 2017-nji ýylda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň geçirilmegi nazara alnyp, bu örän möhüm halkara çäresini syýasy-diplomatik maglumatlar taýdan üpjün etmäge aýratyn ähmiýet berildi. Aziýa oýunlarynyň diňe sport bähbitlerinden başgada, olar Türkmenistanyň ykdysady, maýa goýum, syýahatçylyk ugurlarynda özüne çekiji hyzmatdaş bolup durýandygyny görkezdi. Daşary ýurtly myhmanlar Türkmenistanyň myhmansöýerlige we göwnaçyklyga eýerýän, taryhy kökleri asyrlaryň jümmüşine uzap gidýän medeniýete we däplere eýe bolan ýurt hökmündäki çäksiz hormatynyň we mümkinçilikleriniň gözli şaýatlary boldular.

Türkmenistanyň dünýä bileleşigine doly derejede goşulyşmagy, onuň halkara syýasy, ykdysady, maýa goýum, ylym we bilim, medeniýet, tebigaty goraýyş taslamalaryna netijeli gatnaşmagy onuň

içerki kanunçylyk binýadynyň halkara standartlaryna we ölçeglerine laýyk getirilmegini yzygiderli üpjün etmegi talap edýär. Bu işde halkara tejribesini öwrenmek, ony döredijilikli pikir eleginden geçirmek bilen milli özboluşlylyga görä ulanmak möhüm mesele hökmünde ileri sürülýär.

Döwletleriň özara arabaglanyşyklarynyň barha ösýän häzirki zaman şertlerinde, olaryň global hereketlere has-da işjeň goşulmaklary, kanunçylyk işlerinde dünýä tejribesiniň mümkin boldugyça giňden hasaba alynmagy, bu çäklerdäki halkara hyzmatdaşlygy bilen baglylykda parlamentara gatnaşyklaryň derwaýyslygy has-da artýar. Türkmenistanyň halkara konwensiýalaryna we ylalaşyklaryna gatnaşmagynyň yzygiderli giňelmegi, Türkmenistanyň kanunçylygynyň onuň halkara borçnamalaryna laýyk getirilmegi, ýurdumyzyň uzakmöhletli bähbitlerine laýyk gelýän täze halkara resminamalaryna goşulmagy şu şertlerde esasy wezipeler bolup durýar.

Şeýlelik bilen, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan Türkmenistanyň daşary-syýasy ugry ýurdumyzyň halkara gatnaşyklary ulgamyna netijeli gatnaşmaklygynda, ähli adamzady tolgundyrýan häzirki zaman meselelerini çözmeklige, ilkinji nobatda, ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmeklige gönükdirilen iri möçberli ädimlerinde öz beýanyny tapýar.

***Barlag soraglary***

*1. Medeni-gumanitar strategiýanyň nähili manysy bar?*
*2. Medeni-gumanitar strategiýanyň haýsy ugurlary bar?*
*3. Strategiki meýilleşdirişde medeni-gumanitar ugruň nahili orny bar?*

# BÄŞINJI BÖLÜM

# STRATEGIKI MEÝILLEŞDIRIŞIŇ HALKARA TEJRIBESI

## §1. Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamynda strategiki meýilleşdiriş tejribesi

Strategiki meýilleşdirişiň ähliumuny ähmiýetli tejribesini ilkinji nobatda Birleşen Milletler Guramasynyň tejribesinde görmek bolýar. Bu ýöne ýerden däldir, sebäbi bu dünýädäki iň iri we uniwersal mandatly halkara guramasynyň sazlaşykly işlemegi parahatçylyk, howpsuzlyk we durnukly ösüş ugrunda dünýä döwletleriniň bilelikdäki tagallalaryny bir ugra gönükdirmeklige hyzmat edýär.

BMG-niň çäklerinde strategiki meýilleşdirişiň ilkinji tejribeleri Bütindünýä Saglyk Guramasynyň (iňlisçe: World Health Organisation - WHO) 1952-nji ýylda bäşýyllyk maksatnamasynyň kabul edilmegi bilen başlandy. Soňra 1960-njy ýyllarda beýleki guramalar, ýagny Azyk we oba hojalyk guramasy (iňlisçe: Food and Agricultural Organisation – FAO), Halkara Zähmet Guramasy (iňlisçe: International Labor Organisation – ILO) we BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet baradaky guramasy (iňlisçe: UNESCO) özleriniň orta möhletli strategiki maksatnamalaryny kabul etdiler.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 20-nji mejlisinde agza döwletleriň goldamagy bilen 1965-nji ýylyň 13-nji dekabrynda 2049 (XX) belgili ýörite rezolýusiýa kabul edildi. Bu resminama laýyklykda BMG-niň we onuň ýöriteleşdirilen agentlikleriniň maliýe işlerini öwrenmek üçin ýörite Bilermenleriň Komiteti (iňlisçe: ad hoc Committee of Experts) döredildi. Bu Komitet özüniň barlaglarynyň netijesinde BMG-niň işlerini kämilleşdirmek, serişdeleri rejeli ulanmak we uzak möhletler üçin maddy-tehniki hem-de maliýe üpjünçiligini meýilleşdirmek baradaky tekliplerini yzygiderli berdi. Netijede, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 21-nji mejlisinde 1966-njy ýylyň

4-nji noýabrynda 2150 (XXI) belgili rezolýusiýa kabul edildi we onda esasy ýörelgeler kesgitlenildi. Soňra BMG-niň Baş Assambleýasynyň 22-nji mejlisinde 1967-nji ýylyň 19-njy dekabrynda 2370 (XXII) belgili rezolýusiýada gysga, orta we uzak möhletler üçin býujet we meýilleşdiriş işlerini ýerine ýetirmegiň tertibi bellenildi.

Bu işler BMG-niň Baş Assambleýasynyň soňraky döwürlerde bolan mejlislerinde hem yzygiderli seredilip gelindi we degişli rezolýusiýalar kabul edildi.

BMG-niň çäklerindäki strategiki meýilleşdiriş işleriniň kadalary Baş Assambleýanyň 37-nji mejlisinde 1982-nji ýylyň 21-nji dekabrynda kabul edilen 37/234 belgili rezolýusiýasyna görä kodifikasiýa edildi, ýagny umumylaşdyryldy. Ol resminama «Meýilleşdirmek, býujetiň maksatnamalaýyn ugurlary, ýerine ýetirilişe gözegçilik etmek we kämilleşdiriş usullary baradaky kadalar we düzgünler» diýlip atlandyryldy (iňlisçe: Regulations and Rules governing programme planning, the programme aspects of the budget, the monitoring of implementation and the methods of evaluation - PPBME).

Halkara gatnaşyklary ulgamynda strategiki meýilleşdirişiň ählumumy häsiýetli resminamasy BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Müňýyllygyň Assambleýasy» atlandyrylan 55-nji mejlisinde 2000-nji ýylyň 8-nji sentýabrynda kabul edildi. Baş Assambleýanyň 55/2 belgili rezolýusiýasynyň esasynda BMG-niň Müňýyllygyň Jarnamasy (iňlisçe: UN Millennium Declaration) kabul edildi we onda 2015-nji ýyla çenli döwür üçin ösüş maksatlary kesgitlendi. Bu Jarnamada 8 sany maksat we olary amala aşyrmak üçin 21 sany wezipe öňde goýuldy. Ol maksatlar şulardan ybarat:

1. Garyplygy we açlygy ýok etmek;
2. Ählumumy başlangyç bilimi üpjün etmek;
3. Jynslaryň deňligini üpjün etmeklige we aýallaryň hukugyny giňeltmeklige ýardam bermek;
4. Çaga ölümini azaltmak;
5. Eneleriň saglygynyň goralyşyny gowulandyrmak;
6. Wirusly immun ýetmezçiligi, garahassalyk we beýleki keselleriň garşysyna göreşmek;
7. Ekologiki durnuklylygy üpjün etmek;

8. Durnukly ösüş maksatlary ugrunda bütindünýä arkalaşygyny emele getirmek.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 70-nji sessiýasynda müňýyllygyň maksatlarynyň ýerine ýetirilişine giňişleýin baha berildi we 2015-nji ýyldan soňky döwür üçin Gün tertibi kabul edildi. Onuň çäklerinde 2030-njy ýyla çenli döwürde durnukly ösüş maksatlary we wezipeleri kesgitleniildi.

Geljekki uzak möhletli döwür üçin strategiki maksatnamany taýýarlamakda we ara alyp maslahatlaşmakda Türkmenistan hem şu mynasybetli ýörite saýlanylyp alnan maslahatçy döwlet hökmünde özüniň mynasyp goşandyny goşdy.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň Baş Assambleýasynyň 70-nji mejlisinde 2015-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda eden çykyşynda şeýle diýdi: «*Häzir biz Müňýyllygyň jarnamasynda beýan edilen Ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmekde gazanylan üstünlikleriň ýakyn 15 ýyllyk döwürde bilelikde işlemek üçin berk esas bolup hyzmat etjekdigini ynam bilen aýdyp bileris. Şunuň bilen birlikde, bu ugurda gutarylman galan işleri tamamlamak hem möhümdir. Şunuň bilen baglylykda, dünýä bileleşigine häzirki döwrüň hakyky ýagdaýlaryna esaslanýan we uzakmöhletleýin geljege gönükdirilen hyzmatdaşlygyň täze, ählumumy strategiýasy zerurdyr. Ýokary derejedäki şu duşuşykda tassyklamak üçin hödürlenen, 2015-nji ýyldan soňky döwür üçin ösüş baradaky Gün tertibi şeýle strategiýa bolup durýar. Türkmenistan bu resminamany doly goldaýar we onuň kabul edilmeginiň tarapdary bolup çykyş edýär. Ählumumy maksatlaryň 17-sinde we wezipeleriň 169-synda beýan edilen täze Gün tertibiniň ösüş babatdaky meseleleri çözmäge esasy çemeleşmeleri öz içine alýandygyna doly ynanýarys. Bu meseleler häzirki döwürde adamzadyň öňünde duran möhüm wezipelerdir. Şol wezipeleriň esasy häsiýeti halkara bileleşiginiň durnukly ösüşi sazlaşykly we toplumlaýyn esasda üç ugur boýunça, ýagny ykdysady, durmuş we ekologiýa babatda gazanmagyna gönükdirilendir*».

Şeýlelik bilen, halkara gatnaşyklary ulgamynyň iň ýokary derejesini alamatlandyrýan BMG derejesindäki strategiki meýilleşdiriş boýunça baý tejribäniň toplanandygyny görmek bolýar.

Bu mesele boýunça BMG ulgamynda strategiki meýilleşdiriş işlerini öwrenmek üçin döredilen Bilelikdäki Barlag bölüminiň (iňlisçe: Joint Inspection Unit - JIU) 2012-nji ýylda çap eden «Strategic planning in the United Nations System» atly hasabaty wajyp çeşmeleriň biri hökmünde üns bererlikdir. Bu seljeriş we meýilleşdiriş düzüminiň beýan edişine görä, BMG ulgamynyň tejribesinde strategiki meýilleşdirişe iki görnüşli çemeleşme bar:

1. Dünýä syýasatynyň we halkara gatnaşyklary ulgamynyň iň ýokary derejeli meselelerine degişli strategiki meýilleşdiriş ugry. Bu babatda giň möçberli, uzak möhletli we ählumumy häsiýetli wezipeler boýunça strategiki maksatnamalar işlenilip düzülýär.

2. Guramanyň netijeli işlemegini üpjün etmegiň meseleleri boýunça korporatiw, ýagny içerki çäklerdäki strategiki meýilleşdiriş ugry. Bu ugra baglylykda BMG-niň hususan-da özbaşdak hereket edýän gurama hökmündäki we onuň düzüm bölekleriniň wezipelerini öz içine alýan strategiki maksatnamalar taýýarlanylýar.

BMG-niň çäklerinde resmi görnüşde strategiki meýilleşdiriş tory (iňlisçe: United Nations Strategic Planning Network - UNSPN) bolup, onda 30-a golaý düzüm meýilleşdiriş meseleleri bilen meşgullanýar. Bu toruň içine utgaşykly işler ýola goýulmak bilen bilelikde yzygiderli tertipde tejribe we maglumat alyş-çalşygy amala aşyrylýar.

BMG-niň JIU barlag bölüminiň kesgitlemesine görä strategiki meýilleşdiriş üznüksiz we ulgamlaýyn hereket bolmak bilen, onuň dowamynda guramanyň orta we uzak möhletli maksatlary hem-de olary amala aşyrmak boýunça wezipeleri we serişdeleri kesgitlemek boýunça işler alnyp barylýar.

Şeýle kesgitleme daşdan göräýmäge ýönekeý bolsa-da, BMG ýaly bütindünýä möçberinde hereket edýän guramanyň we onuň daşky gurşawynyň şertlerini, halkara hukugynyň kadalaryny we standartlaryny, dürli yklymlardaky geosyýasy ýagdaýlary hemmetaraplaýyn hasaba almaly bolýar. Şeýle strategiki maksatnamalaryň hatarynda BMG-niň Gender deňligi we aýallaryň hukuklaryny üpjün

etmek boýunýa Hereketler meýilnamasyny (iňlisçe: United Nations system-wide Action Plan on gender equality and women's empowerment -UN SWAP), mynasyp iş bilen üpjün etmek boýunça Maksatnamasyny (iňlisçe: Decent Work programmes), BMG-niň Durnukly ösüşi dolandyrmak maksatnamasy (iňlisçe: UN Sustainable development management), BMG-niň Daşky gurşawy dolandyrmak ulgamy (UN Environmental Management System - EMS), BMG-niň Ýurtlara baha bermek boýunça umumy ulgamy (iňlisçe: UN Common Country Assessments - UNCCA) we BMG-niň Ösüşe goldaw bermek boýunça çarçuwaly ulgamy (iňlisçe: UN Development Assistance Framework - UNDAF) görkezip bolar.

Ýokarda görkezilen düzümleriň işinde döreýän bökdençlikleriň biri hem strategiki maksatnamalaryň maliýe we maddy üpjünçiligi boýunça teklipleri taýýarlamak bilen baglydyr. Sebäbi bu meseleler bilen BMG-niň Baş assambleýasynyň Adminitratiw we maliýe işleri boýunça 5-nji Komiteti (iňlisçe: UN General Assembly Administrative and Budgetary - Fifth committee) meşgullanýar we onuň razylygy bolmasa, islendik maksatnama tassyklanmaýar.

Şeýlelik bilen, BMG-niň mysalynda strategiki meýilleşdirişiň iň ýokary derejede ýola goýlan tejribesini görmek bolýar. Bu işde Türkmenistan hem özüniň mynasyp goşandyny goşýar we onuň öňe sürýän teklipleri uly goldaw bilen garşylanýar.

***Barlag üçin soraglar***

*1. BMG üçin strategiki meýilleşdirişiň nähili ähmiýeti bar?*
*2. BMG ulgamynda nähili tejribe toplanypdyr?*
*3. BMG-niň strategiki maksatnamalaryny taýýarlamakda Türkmenistanyň nähili goşandy bar?*

## §2. Täze strategiki ugurlary meýilleşdirmegiň tejribesi

Strategiki meýilleşdirmek uzak möhletleýin wezipeleri öz içine almak bilen, öňde duran dört tapgyrynyň içinde täze ugurlaryň we meseleleriň ýüze çykmagyny hem hasaba alýar. Şunuň ýaly ýagdaýda meýilleşdirişiň ýöriteleşdirilen usullary

ulanylýar. Olardan has ýörgünli usullaryň biri hem «VMOSA» strategiki meýilleşdirilişi diýlip atlandyrylýar. Ol «Vision, Mission, Objectives, Strategies and Action Plans» iňlis sözleriniň baş harplaryndan emele gelendir. Ol sözler strategiki meýilleşdirişi amala aşyrmagyň esasy bäş sany tapgyryny aňladýar, ýagny: 1.Täze garaýyşlar (Vision); 2.Wezipeler (Mission); 3.Maksatlar (Objectives); 4.Strategiýa (Strategies); 5.Hereket ediş meýilnamasy (Action Plans).

VMOSA, esasan, meýilleşdirişiň iş ýüzünde ulanylýan amaly guraly hökmünde hyzmat edýär. Ol adatça däp bolan strategiki meýilleşdiriş usullarynyň netijesiz ýagdaýynda ýa-da täze döwrüň täze wezipeleri orta çykanda ulanylýar. Onuň esasynda döwrüň talaplaryna innowasion çemeleşmeler bilen jogap bermek we adaty öwrenilen meselelere täzeçe garaýyşlar esasynda seretmek ýaly ýörelgeler goýlandyr. Bu usul aýratyn hem strategiki hereketleri täze ugra gönükdirmekde we olara has kuwwatly badalga bermekde netijeli bolup durýar. VMOSA-ny ulanmak bilen strategiki wezipeleriň hil taýdan täze mazmuny aýdyňlaşdyrylýar, gapma-garşylyklar ortadan aýrylýar we baş ugra gönükmegiň iş ýüzündäki derwaýys meseleleri çözülýär.

VMOSA-nyň şu aýratynlyklary has-da üns bererlikdir:

- Meýilleşdirişiň hereketlendiriji güýji hökmünde belent innowasion ideýalar we maksatlar, hatda arzuwlar bolup biler;

- Täze ideýalary we garaýyşlary iş ýüzünde amala aşyrmak üçin esaslary taýýarlamaga we munuň üçin tagallalary birleşdirmäge ýardam berýär;

- Meýilleşdiriş toparynyň bir ugra gönükdirilen arkalaşykly we agzybir işlemegini üpjün edýän umumy esaslary işläp düzmegiň guraly bolup durýar;

- Gysga möhletli çäreleri üstünlikli ýerine ýetirmek bilen bilelikde, uzak geljege gönükdirilen strategiki maksatlary üns merkezinde saklamagy üpjün edýär.

VMOSA usuly aýratyn hem şu ýagdaýlarda giňden ulanylýar:

1. Täze strategiki ugurda ýa-da halkara başlangyjyny durmuşa geçirmek, netijeli çäreleri herekete getirmek üçin;

2. Strategiki maksatnamanyň nobatdaky tapgyryny işe girizmek üçin;

3. Täze döredilen guramanyň ýa-da edaranyň gysga wagtda çalt we okgunly işläp ugramagy üçin;

4. Öňden amala aşyrylyp gelýän strategiki ugra täze güýç we badalga bermek üçin.

VMOSA-nyň her bir tapgyry üçin häsiýetli çäreler ýerine ýetirilýär we olaryň her birini aýratynlykda häsiýetlendirip bolar.

**Täze garaýyşlar.** Bu tapgyrda guramanyň aňrybaş talabalaýyk we döwrebap ýagdaýy göz öňüne getirilýär. Bu babatda hatda utopiki derejedäki hyýala gelmek, arzuw etmek ýa-da ideal ýagdaýy maksat edinmek hem aradan aýrylmaýar. Bu baradaky garaýyşlary kagyz ýüzüne geçirmek üçin birnäçe jümle hem ýeterlik bolýar. Onda guramanyň ýa-da edaranyň strategiki geljege gönükdirilen ugry ýa-da bu baradaky ýokarda agzalan täze garaýyş gysga beýan edilýär. Bu hatda ýönekeý şygar bolup hem biler. Şu esasda strategiki meýilleri iş ýüzünde hakykata öwürmek üçin ýörelgeler döredilýär. Ol meýiller we ýörelgeler özüne çekiji we ynandyryjy häsiýete eýe bolmalydyr. Şeýle hem olar aýdyň we düşnükli, anyk maksatly, özboluşly ylham beriji mazmuna eýe bolmak bilen, ýönekeý we göwnüňe jüňk bolup duran sözlerden düzülmelidir. Mysal üçin, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow jaýdar, çuň mazmunly we ruhlandyryjy birnäçe jümlede döwlet syýasatynyň düýp mazmunyny aňlatmagy başardy. Onuň mysallary hökmünde «Döwlet adam üçindir!», «Öňe, diňe öňe, jan Watanym Türkmenistan!» diýen şygarlary görkezip bolar. Bu şygarlar astynda Türkmenistanda ençeme innowasion maksatnamalar, uzak möhlete gönükdirilen iri möçberli taslamalar amala aşyrylýar.

**Wezipeler.** VMOSA meýilleşdiriş usulynyň ikinji tapgyry hökmünde strategiki wezipeleri kesgitlemek we beýan etmek bolup durýar. Olaryň çäklerinde täze ugurdaky haýsy strategiki wezipeleriň durandygy we näme üçin hut olaryň saýlanyp alnandygy essalandyrylýar. Wezipeler hem garaýyşlar ýaly gysgaça beýan edilip bilner, emma olaryň mazmuny has kesgitli we anyk bolmalydyr. Wezipeleriň beýanaty garaýyşlaryň beýanatyndan tapawutlylykda, iş ýüzündäki amala aşyrylmaly anyk hereketler üçin niýetlenendir. Bu

ýerde kesgitlenen wezipe hökmünde strategiki häsiýetli mesele ýa-da maksat bolup biler. Şeýle hem, wezipeleriň beýanatynda olary amala aşyrmagyň baş ugry hem görkezilýär.

Strategiki wezipeleriň beýanatyny taýýarlamakda şu talaplary göz öňünde tutmak maksadalaýyk bolýar:

1. *Gysga göwrümli*. Beýanat mümkin boldugyça gysga görnüşde bolmaly. Eger-de wezipe bir sözlemde beýan edilse, has talabalaýyk hasaplanýar;

2. *Netijä gönükdirilen*. Beýanaty edilýän wezipede ahyrky maksat ýa-da netije aýdyň görünmeli;

3. *Erkin hereketi üpjün ediji.* Beýanatda wezipäni amala aşyrmak üçin hereketleri çäklendiriji şert goýulmaýar we döredijilikli hereketler üçin ähli mümkinçilikleri ulanmaga ýol berilýär.

Şeýle strategiki wezipeleriň mysaly hökmünde BMG-niň 2015–2030-njy ýyllar üçin durnukly ösüş boýunça strategiki wezipelerini görkezmek bolar. 2015-nji ýyldan soňky onbäşýyllyk döwür üçin durnukly ösüş boýunça amala aşyrylmaly 7-nji strategiki wezipe şeýle atlandyrylýar: «Maksat 7. Hemmeler üçin elýeterli, ygtybarly, durnukly we döwrebap energiýany kepillendirmek». Görşümiz ýaly, bu gysga jümlede ägirt uly many we mazmun bar. Bu wezipe göz öňünde tutulan strategiki döwürdäki amala aşyrylmaly ençeme iri taslamalaryň we maksatlaýyn halkara hyzmatdaşlygy üçin uly esas bolup durýar. Türkmenistanyň hem durnukly ösüş wezipeleriň işlenilip düzülmegine maslahatçy döwlet hökmünde işjeň gatnaşanlygyny nygtap geçmek zerur. Milli Liderimiz umumadamzat bähbitlerini göz öňüne tutmak bilen ekologiýa taýdan arassa energiýa çeşmeleri bilen üpjünçiligi hem-de energiýa howpsuzlygy meselesine aýratyn üns berýär.

Türkmenistan bu mesele boýunça öz garaýşyny beýan etmek bilen, energiýa serişdeleriniň halkara üstaşyr geçirilmeginiň deňhukuklylyk, adalatlylyk esasynda amala aşyrylmaly, ykdysady we söwda babatda esaslandyrylan bolmaly diýen berk ynamdan ugur alýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan anyk kesgitlenen ýörelgeler esasynda hyzmatdaşlar bilen ýakyn gatnaşyklara taýýardygyny beýan edýär. Türkmenistan 2017-nji ýylda Energetika Hartiýasynyň

Başlygy hökmünde şol ýörelgesini - ilkinji nobatda bu meselä doly gabat gelýän çemeleşme hökmünde erkin üstaşyr geçirmek ýörelgesini goldajakdygyny beýan edýär. Hususan-da, Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan (TOPH) gaz geçirijisiniň taslamasyny iş ýüzünde amala aşyrmak boýunça anyk çäreleri görmegi dowam etjekdigini aýan edýär.

**Maksatlar**. Strategiki meýilleşdirişde göz öňünde tutulýan maksatlar öňde goýlan wezipeleri amala aşyrmagyň netijelerini görkezýär. Maksatlar mazmun taýdan bellibir ölçege laýyk gelýän görnüşde beýan edilýär. Ol mukdar, hil we usul babatda many çykarmaga mümkinçilik bermelidir.

Munuň şeýledigini biz ençeme mysallarda, ilkinji nobatda, «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasynyň» hemmetaraplaýyn we üstünlikli amala aşyrylyşynda hem görýäris. Türkmenistanyň nebit-gaz senagatyny ösdürmegiň Maksatnamasyna laýyklykda, 2030-njy ýyla çenli nebiti we gaz kondensatyny çykarmagyň möçberini 110 milliard tonna çenli, tebigy gazy bolsa – 250 milliard kubmetre çenli ösdürmek göz öňünde tutulýar. Bu maksatlar nebitiň we gazyň çykarylyşynyň möçberlerini köpeltmek we geologiýa-gözleg işlerini giňeltmek üçin iri maýa goýumlaryny goýmak esasynda, täzeden işleýiş senagatynda täze önümçilik kuwwatlyklaryny döretmek, Türkmenistanyň nebit-gaz pudagyny çuňňur ösdürmek üçin gönükdirilendir. Olar özara bähbitli halkara hyzmatdaşlygynyň netijesinde mümkindir.

**Strategiýalar**. VMOSA-nyň çäklerindäki amala aşyrylmaly bu tapgyrda strategiki wezipeleri haýsy ýollar bilen we nähili amala aşyrylmalydygy kesgitlenýär. Şu manyda, strategiýalaryň dürli görnüşi bolup olary toplumlaýyn ulanmak hem göz öňünde tutulyp bilner. Hatda, her bir wezipäniň amala aşyrylyş strategiýasy hem bolup biler. Şeýle bolsa-da, strategiýalar toplumy bir esasy strategiýanyň çäklerinde bolmalydyr. Mysal üçin, ähлumumy halkara howpsuzlygy boýunça global hyzmatdaşlyk strategiýasy BMG we oňa agza döwletleriň derejesindäki strategiýalaryň toplumyny öz içine alýar.

**Hereket ediş meýilnamasy.** Strategiki meýilnamany herekete getirmek boýunça guramaçylyk çärelerine esasy orunlaryň biri degişli bolup durýar. Olar köpugurly işleri öz içine alýar we meýilleşdirilen strategiki wezipelere ýetmegiň jikme-jik işlenen hereketlerini görkezýär. Mysal üçin, howanyň üýtgemegi boýunça meýilleşdirilen strategik çärelerde ähli döwletleriň gyradeň hyzmatdaşlygyny gazanmak wezipesi durýar. Munuň üçin bolsa, olar bilen aýratyn işleşmek, maslahatlary we geňeşleri geçirmek ýaly hereketler iş ýüzünde amala aşyrylýar. Bu bolsa öz gezeginde degişli döwletler tarapyndan hem jogap hereketleriniň amala aşyrylmagyny şertlendirýär.

Hereket ediş meýilnamasy şu anyk tapgyrlary öz içine alýar:

1. Iş ýüzündäki ädimler – näme etmeli?
2. Jogapkär taraplar – kim we nämäni ýerine ýetirmeli?
3. Amala aşyrylmaly möhleti – her ädimi wagt babatynda kesgitlemek.
4. Zerur serişdeler we goldawlar.
5. Päsgelçilikler we garşylyklar – olary ýeňip geçmegiň ýollary.
6. Hyzmatdaş taraplar – haýsy taraplar bilen hyzmatdaşlyk etmeli?

Ýokarda beýan edilen usul strategiki meýilleşdirişiň ençeme gurallaryndan bir mysaldyr. Iş ýüzünde şeýle çemeleşmeleriň, usullaryň we gurallaryň onlarça görnüşi ulanylýar we olar strategiki meýilleşdirişiň ugruna we wezipelerine bagly bolup durýar.

***Barlag üçin soraglar***

*1. VMOSA haýsy ýagdaýlarda ulanylýar?*
*2. Bu usulyň haýsy tapgyrlary bar?*
*3. Haýsy anyk mysallary getirip bolar?*

## §3. Strategiki meýilleşdiriş boýunça iş toparynyň tejribesi

Strategiki meýilleşdirişde daşary-syýasy edaranyň geljekki strategiki döwür üçin amala aşyrmaly işleriniň esasy ugurlary kesgitlenýär. Strategiki meýilleşdirişe birnäçe çemeleşmeler bar:

1. *Öňde goýlan maksatlara görä meýilleşdirmek*. Onda maksatlara ýetmegiň ýollary we usullary, amala aşyrylmaly hereketler we aralyk netijeleri jemleýji sepgitler görkezilýär.

2. *Öňde duran wezipelere we çözülmeli meselelere görä meýilleşdirmek*. Bu hili meýilleşdirişde daşary syýasat babatynda wezipeler anyklanýar we olary ýerine ýetirmek boýunça çözülmeli meseleler işlenilip düzülýär. Olar çylşyrymlylyk derejesi boýunça rejelenýär we iş ýüzünde amala aşyrylmaly hereketler bellenýär.

3. *Organiki meýilleşdiriş çemeleşmesi.* Bu babatda strategiki meýilleşdirişiň esasynda döwletiň daşary syýasatda ileri tutulýan garaýyşlary, milli bähbitleri we gymmatlyklary goýulýar.

Strategiki meýilleşdiriş işi daşary syýasaty netijeli alyp barmakda wajyp ähmiýete eýedir we munuň özi aýratyn hem şu ugurlarda ýüze çykýar:

1. Daşary-syýasy edaranyň maksatlaryny we ileri tutýan ugurlaryny aýdyňlaşdyrmak, olaryň bellibir döwür üçin aýratynlyklaryny anyklamak bilen ähli degişli düzüm bölekleriň özara utgaşykly işini ýola goýmak;

2. Baş ugur boýunça bellenen işleri sazlaşykly alyp barmak bilen, sarp edilýän wagty netijeli ulanmak hem-de daşary-syýasy talaplara öz wagtynda jogap bermek. Derwaýyslyk derejeleri boýunça kesgitlenen wezipeleri yzygiderli çözmek we bu babatdaky işleri degişli bölümleriň arasynda deň paýlamak;

3. Daşary-syýasy edaranyň ähli mümkinçiliklerinden we oňaýly şertlerinden doly peýdalanmak. Şol bir wagtda-da, bar bolan serişdeleri rejeli we tygşytly ulanmak. Güýçleri we kuwwatlyklary, ilkinji nobatda, strategik taýdan aýgytlaýjy ugurlara gönükdirmek;

4. Daşary-syýasy edaranyň işini kämilleşdirmek, üstünlikleriň we kemçilikleriň, şeýle hem gazanylan tejribäniň maglumat binýadyny döretmek;

5. Geljekki döwür üçin strategiki meýilleşdirişiň usuly-tejribe esasyny döretmek.

Strategiki meýilleşdirişde guramaçylyk işleriniň birnäçe tapgyry amala aşyrylýar. Bu babatda ilki bilen meýilleşdirişi ýerine ýetirjek bilermenler we işgärler toparyny döretmek zerurdyr. Işgärler toparynyň düzümine degişli wezipeli adamlar bilen bilelikde, bilermenleriň gatnaşmagy wajypdyr. Sebäbi olar meýilleşdiriş işini ylmy-usuly we tejribe esasda ýola goýmaga degerli goşant goşup bilerler. Alymlar we bilermenler öz ugurlaryna çuňňur ýöriteleşen adamlar bolmak bilen birlikde, edara işiniň gündelik hysyrdylaryndan daşda durýarlar. Şu mynasybetli olar geçen döwrüň netijelerine hem-de geljeki döwrüň öňde duran meselelerine strategiki nazar bilen baha bermekde özleriniň gymmatly maslahatlaryny we tekliplerini hödürläp bilýärler.

Meýilleşdiriş boýunça iş toparynyň düzümine ýolbaşçy işgärler, ilkinji nobatda, edaranyň ýa-da ulgamyň baştutany girizilýär. Sebäbi olar ýagdaýlara has giňişleýin nukdaýnazardan bakýarlar we ileri tutulýan ugurlary kesgitlemekde esasy orunda durýarlar. Şeýle hem olar öz wezipeleri boýunça meýilleşdirilen strategiki çäreleriň ýerine ýetirilmeginde hem jogapkär bolup durýarlar. Bulardan başga-da, meýilleşdirişiň ýörite ugurlary we gündelik guramaçylygy, maglumat üpjünçiligi, material-tehniki goldawy ýaly zerur meseleleri boýunça degişli hünärmenler iş toparyna goşulýarlar.

Strategiki meýilleşdiriş boýunça iş topary döredileninden soňra, bu toparyň işini guramak we hususan-da «meýilleşdiriş işlerini meýilleşdirmek» meselesi orta çykýar. Başgaça aýdylanda, bu toparyň netijeli işlemegi üçin hem ýörite meýilnama taýýarlanylýar we ol esasda möhüm resminama bolan strategiki meýilnama taýýarlanylýar.

Iş toparynyň agzalary bellibir möhlet aralygynda umumy duşuşygy geçirip durýarlar we onda meýilleşdiriş işleriniň gidişine

seredilýär. Degişli jogapkär adamlar hasabat berýärler we tekliplerini hem-de zerur bolan meseleleri öňe sürýärler. Şeýle duşuşyklary ýa-da mejlisleriň geçiriliş ýygylygy strategiki meýilleşdirişiň çylşyrymlylyk derejesinde görä kesgitlenýär. Ol aýda bir-iki gezek ýa-da ondan hem ýygyrak geçirilip bilner. Ol mejlislere iş toparynyň ähli agzasynyň hem gatnaşmagy wajyp bolup durýar.

Strategiki iş toparynyň ilkinji mejlisinde toparyň ýolbaşçysy başlyklyk edýär we öňde goýlan wezipeleri düşündirýär. Toparyň agzalarynyň ýerine ýetirmeli işleri kesgitlenýär we jogapkär wezipeler paýlanýar. Iş toparynyň meýilnamasy, tapgyrlaýyn ýerine ýetirmeli wezipeleri bellenýär. Bu babatda, her bir topar agzasynyň öz wezipesine we ondan edilýän talaplara doly düşünmegi zerurdyr. Her bir mejlis geçirilende olar taýýarlykly gelmelidir we öz alyp barýan ugurlary boýunça hasabat bermäge häzir bolmalydyr. Meýilleşdirişiň dowamynda, zerur bolan halatlarda şeýle mejlisleriň nobatdan daşary geçirilmegi hem aradan aýrylmaýar.

***Barlar üçin soraglar***

*1. Strategiki meýilleşdiriş üçin iş toparynyň wezipesi näme?*
*2. Bu iş toparynyň düzümine kimler girýär?*
*3. Iş toparynyň meýilnamasy nähili taýýarlanylýar?*

## Peýdalanylan edebiýatlar


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VI tom, Aşgabat, 2013.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VII tom, Aşgabat, 2014 .
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmen diplomatiýasynyň wezipeleri// Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy.№1, 2011.
4. Türkmenistanyň Bitaraplygy: Parahatçylygyň we ösüşiň syýasaty. Aşgabat, 2015.
5. *Rahmanow A.*. Diplomatik gullugyň esaslary. Aşgabat, 2012.
6. *Караев Б.* Политический анализ. Проблемы теории и методологии. Москва,1994.
7. *Караев Б.* Анализ и моделирование геополитических ситуаций: использование методологии точных и прикладных наук//Внешняя политика и дипломатия Туркменистана. №1, 2015.
8. *Караев Б.* Геополитика нейтралитета: стратегия мира, безопасности и развития в действии//Внешняя политика и дипломатия Туркменистана. №4, 2014.
9. *Караев Б.* Стратегия нейтралитета Туркменистана: за долгосрочный мира и безопасность на планете// Нейтральный Туркменистан. 10.12.2013.
10. *Караев Б.* Стратегия нейтралитета Туркменистана: региональное измерение глобальной координаты// Нейтральный Туркменистан. 30.05.2015.
11. *Karaýew B*. Geosyýasy seljeriş we onuň ylmy-usuly esaslary// «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» žurnaly, 2015 , №2.

12. *Karaýew B.* Daşary syýasatda strategiki meýilleşdirişiň ylmy-tejribe esaslary//«Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» žurnaly, 2015 , №3.

13. *Бердиниязов С.* Информационно-аналитическое обеспечение дипломатической деятельности.// Внешняя политика и дипломатия Туркменистана. №2, 2013.сс.41-45.

14. *Gurbanow O.* Türkmenistanda maglumat tehnologiýalarynyň we innowasion ösüşiň hukuk esaslary// «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» žurnaly, №4, 2012, ss.49-53.

15. *Haitbaýewa Ş.* Türkmenistanyň geosyýasaty: parahatçylygyň we howpsuzlygyň ygtybarly ýörelgeleri iş ýüzünde// «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» žurnaly, №2, 2013, ss.66-69

16. *Ataýew A.* Kämil telekommunikasion maglumatlar ulgamyny ösdürmekde halkara hyzmatdaşlygy. // «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» žurnaly, №3, 2012, ss.51-53.

17. *Примаков Е.М., Хрусталев М.А.* Ситуационные анализы. Методика проведения. Очерки текущей политики. Вып. 1. - М., 2006.

18. *Примаков Е.М.* Методика и результаты ситуационных анализов: мастер-класс по программе «Мировая политика» / МГИМО МИД РФ. – М., 2006.

19. *Симонов К.* Политический анализ. Москва, 2002.

20. *Ахременко А.С.* Политический анализ и прогнозирование. Москва,2006.

21. *Хакен Г.* Информация и самоорганизация. М., 1991.

22. *Хрусталев М.А.* Политология и политический анализ. // Очерки теории и политического анализа международных отношений. М.: Научно-образовательный форум по международным отношениям, 2002. с. 8- 36.

23. *Леонов Н.С.* Информационно-аналитическая работа в загран-учреждениях. М.,1996.

24. *Бузан Б.* Уровни анализа в международных отношениях // Международные отношения: Социологические подходы / Под. ред. П.А.Цыганкова. М., 1998. С. 131–151.

25. *Василик М.А.* Геополитический анализ современных международных отношений. Москва, 2006.

26. *Комеков Т.* Туркменистан: стратегия мира и развития. Баку. 2014.

27. *Колосов В., Мироненко Н.* Геополитика и политическая география. Москва,2001.

28. *Тихонравов Ю.В.* Геополитика.Москва, 2000.

29. *Ли В*. Теория международного прогнозирования. Москва. 2002.

30. *Лефевр В.* Конфликтующие структуры. Москва,1973.

31. *Кулматов К.Н.* Мир в начале третьего тысячелетия: взгляд из России. М., 2001.

32. *Капица С.* и др. Синергетика и прогнозы будущего. Москва. 2003.

33. *Тойнби А*. Постижение истории. Москва. 1991.

34. *Чижевский А*. Физические факторы исторического процесса. Калуга. 1924.

35. *Ахременко А.С.* Политический анализ и прогнозирование. М., 2006.

36. *Спицнадель В.Н.* Основы системного анализа. СПб, 2000.

37. *Колосов.В, Н.Мироненко.* Геополитика и политическая география. Москва, 2001.

38. *Тихонравов Ю.В*. Геополитика.Москва, 2000.

39. *Симонов К*. Политический анализ. Москва, 2002.

40. *Джарол Б. и др*. Политология. Методы исследования. Москва, 1999.

41. *Freedman. L* Strategy. NY, 2013.

42. *Paul Diehe F*. The Politics of Global Governance. London, 2001.

43. *Lawrence Freedman*. Atlas of Global Strategy. London, 1987.

44. *Lawrence Freedman*. Strategy. London, 2015.

45. *Weimer D., Fining A.* Policy Analysis: Concepts and Practice. Englewood Cliffs, 1992.

46. *Patton C., Sawicki D.* Basic Methods of Policy Analysis and Planning. Englewood Cliffs, 1986.

47. *Samuel Huntington*. Clash of Civilisations and the Remarking of World Order. NY, 1996

48. *Zbigniew Brzezinski*. Grand Chessboard. NY. 1997

49. *Blouet B*. Global Geostrategy: Mackinder And The Defence Of The West. Frank Cass Publishers, NY. 2005.

50. *Cohen S.B.* Geopolitics of the World System. - Oxford, 2003.

51. *Zadeh L.* Fuzzy sets. NY. 1965.

52. *D.Marsh, Gerry Stoker*. Theory and Methods in political science. NY, 2002.

53. *Girot & Kofman, Eds*. International Geopolitical Analysis. London, 1987.

54. *Gray & Sloan.* Geopolitics, Geography and Strategy.London, 1999.

55. *Conway M. Feigert F*. Political analysis. NJ. 1991.

56. *Easton D. A* System analysis of Political life. NY. 1965.

57. *Weimer D., Fining A.* Policy Analysis: Concepts and Practice.

Englewood Cliffs, 1992.

58. *Patton C., Sawicki D.* Basic Methods of Policy Analysis and Planning. Englewood Cliffs, 1986.

59. Kissinger H. World order. N.Y 2014.

60. Kissinger H. Diplomacy.N.Y 1994.

## MAZMUNY


Giriş.......................................................................................7

### Birinji bölüm

### HALKARA GATNAŞYKLARY ULGAMYNY GEOSYÝASY WE STRATEGIKI NUKDAÝ-NAZARDAN SELJERMEK

§1. Geosyýasy seljerişiň we strategiki meýilleşdirişiň ylmy-usuly esaslary ..........................................................11

§2. Halkara gatnaşyklarynyň geosyýasy ölçegi.......................................18

§3. Merkezi Aziýa sebitiniň geosyýasy aýratynlyklary we strategiki taýdan özüne çekijiligi.......................................22

§4. Türkmenistanyň geosyýasy artykmaçlyklary we olaryň ähmiýeti.......................................26

§5. Seljeriş işinde we strategiki meýilleşdirişde geosyýasy konsepsiýalaryň orny we ähmiýeti.......................................29

§6. Geosyýasy garaýyşlaryň häzirki zaman şertlerindäki ösüşi.......................................39

§7. Geosyýasy seljerişde hasaba alynýan faktorlar.......................................47

§8. Dünýä tertibi we daşary-syýasy deňagramlylygyň üpjün edilişi.......................................54

§9. Global ähmiýetli geosyýasy deňagramlylyk.......................................59

§ 10. Dünýä uruşlarynyň geosyýasy netijeleri.......................................64

§11. Globallaşmagyň täze şertlerinde ählumumy howpsuzlyk meseleleri ........ 69

## Ikinji bölüm

## GEOSYÝASY SELJERIŞ WE ONUŇ YLMY-USULY ESASLARY

§1. Seljeriş işi we analitika barada düşünje ........ 75

§2. Syýasy seljerişiň konsepsiýalary we olaryň teoretiki esaslary ........ 79

§3. Seljerişiň usulyýet esaslary we çemeleşmeleri ........ 82

§4. Geosyýasy seljerişiň esasy wezipesi, predmeti we maksatlary ........ 85

§5. Dünýä ýagdaýlarynyň çalt özgerýän şertlerinde geosyýasy seljerişe bildirilýän talaplar ........ 89

§6. Daşary-syýasy ulgamda seljeriş işiniň guramaçylyk esaslary ........ 92

§7. Seljerişde çözgüdi tapmak meselesi we onuň gözleg giňişligi ........ 94

§8. Geosyýasy seljerişde milli bähbitleri, obýektiw we subýektiw faktorlary hasaba almak ........ 99

§9. Geosyýasy giňişlikdäki maglumat akymlaryny seljermek meselesi ........ 101

§10. Seljerişiň ýörite usullarynyň ulanylyşy ........ 105

§11. Geosyýasy seljerişde kompýuter tehnologiýalarynyň ulanylyşy ........ 112

§ 12. Seljeriş obýektine gönükdirilen kompýuter modelleri ........ 116

§13. Geosyýasy ýagdaýlary modelirlemekde takyk we amaly ylymlar usullarynyň ulanylyşy ........ 118

## Üçünji bölüm

## STRATEGIKI MEÝILLEŞDIRIŞ WE ONUŇ YLMY-USULY ESASLARY

§1. Daşary syýasatyň uzak möhletleýin wezipeleriniň strategik häsiýetnamasy ........ 126

§2. Daşary syýasatyň strategiki meýilleşdirilişi we onuň ähmiýeti ........ 130

§3. Strategiki meýilleşdirişiň görnüşleri ........ 132

§4. Daşary-syýasy meýilleşdiriş we çaklama işlerine ylmy esasda çemeleşmek ........ 135

§5. Strategiki meýilleşdirişiň maglumat üpjünçiligi ........ 139

§6. Strategiki meýilleşdiriş we daşary-syýasy gurşaw ........ 145

§7. Strategiki meýilleşdirişde durnuklylyk we durnuksyzlyk ýagdaýlaryny hasaba almak meselesi ........ 147

§8. Daşary-syýasy çözgütleriň kabul edilişi we meýilleşdiriş ........ 151

§9. Strategiki pikirlenmegiň usullary ........ 153

§10. Milletiň paýhas hazynasy seljeriş we strategiki meýilleşdiriş üçin ähmiýetli çeşme hökmünde ........ 158

## Dördünji bölüm

## TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASY STRATEGIÝASYNYŇ ESASY UGURLARY

§1. Bitaraplygyň taryhy tejribesi we onda Türkmenistanyň daşary-syýasy strategiýasynyň ähmiýeti we orny ........ 167

§ 2. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk strategiýasynyň parahatçylygy dörediji mazmuny ........ 176

§3. Bitarap Türkmenistanyň geosyýasy strategiýasy ........ 179

§4. Bitarap Türkmenistanyň geoykdysady strategiýasy .......................... 191

§5. Bitarap Türkmenistanyň medeni-gumanitar strategiýasy .......................... 198

## Bäşinji bölüm

## STRATEGIKI MEÝILLEŞDIRIŞIŇ HALKARA TEJRIBESI

§1. Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamynda strategiki meýilleşdiriş tejribesi .......................... 201

§2. Täze strategiki ugurlary meýilleşdirmegiň tejribesi .......................... 205

§3. Strategiki meýilleşdiriş boýunça iş toparynyň tejribesi .......................... 211

Peýdalanylan edebiýatlar .......................... 214

**Begenç Karaýew**

GEOSYÝASY SELJERIŞ WE STRATEGIKI MEÝILLEŞDIRIŞ

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *H. Sapargulyýew* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh.redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Korrektor | *M. Atabaýewa* |
| Kompýuter bezegi | *M. Atajanowa,* |
| | *B. Mämmetgurbanow* |
| Neşir üçin jogapkär | *B. Mätliýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 31.10.2017. Ölçegi 60x90$^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 14,0. Hasap-neşir listi 12,92.
Çap listi 14,0. Şertli reňkli ottiski 36,25.
Sargyt № 850. Sany 700.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat. 2127-nji köçe, (G.Gulyýew) 51/1.